TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# MAGTYMGULY

## Eserler ýygyndysy

Çapa taýýarlan:
*Annagurban Aşyrow,*
dil-edebiýat ylymlarynyň doktory

**Aşgabat**
**MGI**
**2012**

UOK 894.361
M 16

**M 16** **Magtymguly.** Eserler ýygyndysy I jilt. – A.: Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2012.

**REDAKTOR:**
**Godarow Rahmanberdi**

Beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň bu I jiltlik ýygyndysy ajaýyp eserlerden düzülen şygyrlar çemenidir. Bu ýygyndyny okan islendik okyjy şahyryň müň dürli öwüşginli şygyrlar dünýäsine syýahat eder we onuň duýgular älemine siňer. Ýygynda öňki neşirlere girmedik täze şygyrlar hem girizildi.
Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenildi.

TDKP № 184, 2012 KBK 84 tür 1

© TYA-nyň Milli golýazmalar instituty, 2012

# *MAGTYMGULY – YNSAN KALBYNYŇ RUHY LUKMANY*

Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy indi üç ýüz ýyla golaý wagt bäri öz ady bilen hem-de gaýtalanmaýan çeper döredijiligi bilen türkmeni şöhratlandyryp gelýär. Şahyryň mertebesi, onuň türkmeniň taryhyndaky, jemgyýetçilik-syýasy, medeni-edebi durmuşyndaky orny müdimidir. Magtymguly türkmeniň kalbyna iň beýik ynanç, aňyna bolsa durmuşyň ýagşysyny-ýamanyny hatasyz seljerýän mähek daşy, göreçlerine öçmejek nur bolup çaýyldy.

Magtymgulynyň şahyrana-pelsepewi edebi mirasy Beýik Ýaradana, Watana, ynsana, tebigata, adamzat durmuşyna belent söýginiň aýdymy bolup, halkyň ýürek töründe baky orun aldy. Onuň bize galdyran döredijiliginiň gymmatyna diňe bir çeper söz, şygyr jähetinden baha berilse, Magtymgula diňe şahyr hökmünde garalsa, bärden gaýdyldygy bolar. O1 diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem dünýäniň pelsepewi pikirlerini ösdüren, çeperçilik aňyny nurlandyran, dünýewi durmuşy çeper şöhlelendiren akyldar şahyrdyr. Magtymguly dünýä, adamzat, Watan, söýgi baradaky pelsepewi garaýyşlaryny ynsana mahsus inçe duýgular bilen bitewileşdirip, pikir ýöretmegiň iň kämil tärlerinden ussatlarça peýdalanyp, ynsan kalbyna inçelik bilen aralaşypdyr we halk hakydasynda müdimi orun alypdyr.

Magtymguly, ilkinji nobatda, türkmen halkynyň milli şahyrydyr. Akyldar bütin adamzada söýgi bilen sereden hem bolsa, onuň öz halkyna bolan söýgüsini, mährini hiç zat bilen deňäp bolmaýar. Şahyry millilik çäklerinden çykaryp, ony umumyadamzat şahyryna öwren zat – onuň öz halkyna, Watanyna bolan beýik söýgüsidir, il-günüň ykbalyna baglanan söweşjeň oýlanmalarydyr.

Çünki, öz halkyny söýen şahsyýet beýleki halklary hem söýmäge ukyplydyr, öz mertebesini saklap bilen adam ähli adamlaryň mertebesini belent göterip biler. Şahyryň öz döwründe dünýä, ynsan, ýaşaýyş baradaky halka ýaýan oňyn pelsepewi garaýyşlary, jemgyýetiň, adamlaryň ruhy kämilligi baradaky eden wesýetleri öz halkyna bolan çäksiz söýgüsiniň netijesidir. Magtymguly döwürdeşlerini, halky adalatly jemgyýetiň, bagtly ýaşaýşyň gözbaşynyň nämedigine göz yetirmäge, bolup geçýän zatlaryň düýp mazmunyna düşünmäge çagyrdy. Adamlary paýhaslanmaga, özüne düşünmäge, millet hökmünde özüni tanamaga ugrukdyrdy. Öz iliniň asuda, parahat durmuşda ýaşamagyny, ylymly-bilimli bolmagyny, medeniýetiniň beýgelmegini arzuwlan beýik şahyr halkyna pähim- parasatdan we şirin duýgulardan püre-pür bolan ajaýyp şygyrlar hazynasyny miras galdyrdy. Bu ajaýyp şygyrlardaky ýugrumy ýeten, sagdyn pikirler diňe bir türkmen halkynyň geljegi üçin däl, bütin adamzadyň durmuşy we ruhy zerurlyklary üçin mynasyp ýol- ýörelge boldy. Hut şonuň üçin hem, şahyryň şygyrlar dünýäsiniň gymmaty milli çäklerden çykyp, dünýä edebiýatynyň medeni gymmatlyklaryna, adamzat paýhasynyň genji-hazynasyna öwrüldi. Magtymgulynyň döredijiligi bu gün diňe türkmen halkyna däl, eýsem tutuş adamzada ruhy lezzet berýär. Şonuň bilen birlikde, şahyryň döredijiligi durmuş bilen baglanyşykly meseleler babatda oýlandyrýan döredijilikdir. Onuň aýdym bolup dillerde ýaňlanan, parasat bolup aňa siňen ajaýyp şygyrlarynyň dünýä dilleriniň onlarçasyna terjime edilendigi we edilýändigi ine, şol sebäplidir.

Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmanydyr. Şahyryň şygyrlarynyň döwürler dolanyp, heňňamlar öwrülse-de, öz gymmatyny ýitirmän, eýsem gadyrynyň artmagy ondaky öwüt-ündewlerin kalbyňa melhem bolup siňýänligindendir, göwünleri ganatlandyrmagyndandyr, adamlary heýjana getirmegindendir. Onuň şygyrlary ynjan ýüreklere em, argyn bedenlere kuwwat, sussupese ruhy ganatdyr. Hut şonuň üçin hem, halkymyz Magtymgulyny agyran-ynjan, aljyran, gussa batan gününde dertlerden gutarjak lukman tutunypdyr. Şahyryň melhem sygyrlary, tenekar sözleri her döwürde ulynyň-kiçiniň ruhuny

tämizläp, bu owadan dünýä, adamzada, durmuşa söýgi döredipdir, halkyň göwnüni belende galdyryp, tutuş türkmen jemgyýetiniň ruhy sagdynlygyny üpjün edip gelipdir. Hakykatdan hem, Magtymgulynyň şygyrlary dagdan çogup çykan gözbaşy arassa çeşmäniň suwy kimin jana şypalydyr. Ol şygyrlar edil daň-säheriň howasy ýaly tämizdir. Olar läle-reýhanly, gülgülälekli bag-bossanyň hoştap ysy kimin bark urup, ynsanyň janyna hoşluk çaýýar. Bedenleri bogun-bogun söküp, ýüreklere giňlik berýän dutaryň mylaýymdan şirin sazy bolup, heýjana getirýär. Mahlasy, Magtymgulynyň şygyrlary ynsan saglygyna zerur bolan ähli gowy närseleri özünde jemleýän jana şypa beriji ruhy melhemdir.

Magtymgulynyň ýaşan zamanasy örän çylşyrymly we dartgynly döwür boldy. Şol döwrüň ruhy howasyndan dem alan Magtymguly güýçli sarsgynlaryň, dürli ahwallaryň girdabynda ýanyp-bişip, kemala gelen beýik şahsyýetdir. Ol dünýäniň boluş-gelşinden habarly, jemgyýetiň, durmuşyň, adamlaryň ýagşy -ýamanyna düşünýän, adamzadyň gazanan dünýewi we ylahy ylymlaryny çuňňur özleşdiren, taplanmagyň ruhy basgançaklaryny geçen kämil ynsandyr. Akyldar Magtymguly umumyadamzat bähbitli oňyn pikirlenmeleriniň çäginde şol döwürde dünýäniň dürli künjeklerine ýaýran, bitewi döwleti bolmadyk türkmen halkyny döwletlilige, agzybirlige, milli bitewülige çagyrdy. Magtymgulynyň beýikligi şol döwürler dagynyk ýaşan külli türkmen ilini ilkinji bolup, bir bitewi millet hökmünde saýmagyndadyr we muny wagyz etmegindedir.

Şahyryň ýaşlygy owşar türkmenleriniň hökümdarlyk eden döwrüne gabat gelen bolsa, kämillik kelamyny söýlän döwri gajar türkmenleriniň hökümdarlyk eden döwrüne gabat geldi. Elbetde, owşar we gajar hökümdarlary-da türkmenlerdi. Ýöne türkmeniň milli bähbitlerine ýeterlik derejede üns bermedik bu hökümdarlygyň ikisinden hem türkmen halkynyň-da, Magtymgulynyň-da göwni suw içmeýärdi. Bu döwletleri Magtymgulynyň, halkyň isleýän milli türkmen döwleti diýip atlandyrmak kyndy. Şonuň üçin Magtymguly: «Derdim köpdür diýarymdan, döwrümden» diýmek bilen, özüniň zamana bolan garaýşyny açyk aňladypdy. Ine, şu çylşyrymly we ýowuz zamanada Mag-

tymguly halkyň «ykbalynyň oňmagy», «sowulmaz ýaza ulaşmagy» üçin ýol agtarýardy. Magtymguly Buharada ýa-da Hywada, Owganystanda ýa-da Hindistanda, Rumystanda ýa-da başga bir ýurtlarda ýol söküp, «ilden-ile aralap» ýörkä-de, onuň pikir-hyýaly, dert-aladasy türkmen topragy, türkmen halky we onuň ykbaly bolupdyr.

XVIII asyrda Magtymgulynyň öňe süren «türkmen taýpalary birleşmeli» diýen düýpli sosial pikiriniň amala aşmagy üçin uly päsgelçilik bardy. Bu asyrda türkmen taýpalarynyň her biri aýry- aýrylykda öz ýoluny agtarýardy, taýpalaryň arasynda agzalalyk güýçlüdi. Milli türkmen döwletiniň ýoklugy, bu taýpalaryň her ýerden pena agtaryp ýörmegi olaryň agzalalygyny artdyrýardy, olary biri-birinden daşlaşdyrýardy. Türkmenleriň agzala bolmagyny isläp, bu ugurda ýörite maksatly hereket edýän güýçler hem az däldi. Ine, şu ýagdaýda akyldar Magtymguly halkyň iň uly duşmanynyň agzalalykdygyny, il bolup özara düşünişmegiň gerekdigini, ähli taýpalaryň birleşip, bir maksada, bir döwlete gulluk etmelidigini öwran-öwran nygtapdyr. Bitewi türkmen milletini we kuwwatly, mizemez türkmen döwletini berkarar etmek üçin göreşmelidigini, diňe şonda «türkmeniň ykbalynyň göteriljekdigini», diňe şonda halkyň, döwletiň öňünde hiç bir gara güýjüň durup bilmejekdigini özelenip, «gözel iliniň» aňyna ýetirmäge çalşypdyr:

Köňüller, ýürekler, bir bolup başlar,
Tartsa ýygyn, erär topraklar, daşlar,
Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň.

Magtymgulynyň bu ideýasy hemmelere düşnükli we ýakyn ideýadyr. Türkmen halky üçin bu goşgy XVIII-XIX asyrlarda milli Sena bolup hyzmat etdi. Ýöne bu röwşen ideýany – agzala halkyň bir supranyň başyna birleşmegini nädip amala aşyrmaly? Akyldar şahyr munuň üçin «bir agza bakmalydygyny», bir äriň daşyna jemlenmelidigini öňe sürdi. Şahyr her hili ýowuz we çykgynsyz ýagdaýlarda-da öz iliniň bagtyýar geljegine bolan ynamyny ýitirmeýär.

Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň öňündäki iň uly hyzmatlarynyň biri onuň agzybirlik ugrundaky göreşidir hem-de agzalalygy ýazgarmagydyr. Ynha, ençeme wagt bäri akyldar şahyryň agzybirlik sapaklaryndan türkmen halkynyň gör, näçe nesli terbiýelendi we terbiýelenýär. Berkarar döwletiň arzuwynda bolan Magtymgulynyň röwşen ideýalarynyň hakdygyny durmuş subut etdi.

Bu gün şahyryň öz eziz iline arzuw eden bagtyýar geljegi hasyl boldy. Garaşsyz we Bitarap Turkmenistan döwleti dünýä kartasynda asudalygyň we agzybirligiň mekany hökmünde orta çykdy. Agzybirligiň beýik gudratdygyna ynanýan türkmen halky Magtymgula hemişe minnetdardyr. Çünki, döwletimiziň mundan buýana-da mizemezligi we gülläp ösmegi üçin beýik şahyryň röwşen ideýalary, parasatly sargytlary, agzybirlik sapaklary hemişe derwaýysdyr. Berkarar döwletimizde, bagtyýarlyk eýýamymyzda hem Magtymgulynyň mertebesi has-da belende göterilýär, akyldaryň umumyadamzat gymmatlygyna öwrülen pikir-garaýyşlary, durmuş zerurlygy bilen delillenýän köpugurly ideýalary şu günki kämil jemgyýetimiziň ruhy binýadydyr.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI** **GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**

## *TÜRKMENIŇ*

Jeýhun-bahry, deňzi-Hazar arasy,
Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň.
Gül-gunçasy — gara gözüm garasy,
Gara dagdan iner sili türkmeniň.

Hak sylamyş bardyr onuň saýasy,
Çyrpynşar çölünde neri-maýasy,
Reňbe-reň gül açar ýaşyl ýaýlasy,
Gark bolmuş reýhana çöli türkmeniň.

Al-ýaşyly büräp çykar perisi,
Kükreýip bark urar anbaryň ysy,
Beg, töre, aksakal — ýurduň eýesi,
Küren tutar gözel ili türkmeniň.

Ol merdiň ogludyr, mertdir pederi,
Görogly gardaşy, serhoşdyr seri,
Dagda-düzde kowsa, saýýatlar, diri –
Ala bilmez, ýolbars ogly, türkmeniň.

Göwünler, ýürekler bir bolup başlar,
Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar,
Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň.

Göwün howalanar ata çykanda,
Daglar lagla döner gyýa bakanda,

Bal getirer, joşup derýa akanda,
Bent tutdurmaz, gelse sili türkmeniň.

Gapyl galmaz, döwüş güni har bolmaz,
Gargyşa, ne zora giriftar bolmaz,
Bilbilden aýrylyp, solup, zar galmaz,
Daýym anbar saçar güli türkmeniň.

Tireler gardaşdyr, urug ýarydyr,
Ykballar ters gelmez, Hakyň nurudyr,
Mertler ata çyksa, söweş sarydyr,
Alamana ýörär ýoly türkmeniň.

Serhoş bolup çykar, jiger daglanmaz,
Daşlary syndyrar, ýoly baglanmaz,
Gözüm gaýra düşmez, göwün eglenmez,
Magtymguly, sözlär çaly türkmeniň.

## *TÜRKMEN BINASY*

Gurdugym aslynda bilgil, bu zeminiň myhydyr,
Erer ol erkan mydam, budur ki türkmen binasy.

Terki-dünýä eýleýir ol, gelse rakyp gaşyna,
Bil, polatdan bina bolan, budur türkmen galasy.

Süleýman, Rüstem-u Zal, Jemşit oňa bolmuş geda,
Günde ýüz müň salsa leşger, degmez şanyň belasy.

Daglar ondan alar tälim, leşgeri sap-sap durar,
Her salanda Zülpükaryn, artar ýigidiň höwesi.
Teke, ýomut, ýazyr, gökleň, Ahal ili bir bolup,
Kylsa bir jaýa ýöriş, açylar gül lälesi.

Külli gyzylbaş baryny, atdy dag arkasyna,
Gije-saba ýatmaýar, geler olaryň nalasy.

Ger gadam ursa saýýat, bolmaýar ol duşygär,
Bendi kylyp ala bilmez, düşmez türkmen balasy.

Aryplary dem-dem geler, toýy bardyr her zaman,
Merdi-merdan sözlüdir ol, ýokdur göwün hilesi.

Aýdadyr Magtymguly, bolmaz göwünde bir gara,
Hak sylaýyp, kylmyş nazar, bardyr onuň saýasy.

## *«TURGUL» DIÝDILER*

Bir gije ýatyrdym tünüň ýarynda,
Bir dört atly gelip: «Turgul» diýdiler.
«Habarmyz bar saňa pursat jaýynda,
Şol ýerde ärler bar, görgül» diýdiler.

Nazarym ýetişgeç şol dört merdana,
Köňlüm joşa geldi, başym gerdana,
Şol wagtda bar idi iki diwana:
«Durma, oglan, onda bargyl!» diýdiler.

Şol iki diwana tutdy golumdan,
Alyban gitdiler duran ýerimden,
Bir yşarat boldy şol wagt ýanymdan:
«Saýramda boluban durgul!» diýdiler.

Oturypdyk, geldi iki pirzada,
Gözünden ýaş akar, dili dogada,
«Hüw, Hak!» diýip çykdy alty pyýada,
«Adam indi geler, görgül!» diýdiler.

Bir dört atly geldi, bary sebzebaz,
Hasalary ýaşyl, aty teblebaz,
«Mejlis halkasyny gurmaň beýle az,
Adam köpdür, ulug gurgul!» diýdiler.

Daşdan çykdy altmyş atly, gördüler,
«Muhammet!» diýp, bary garşy bardylar,
Saglyk-salamatlyk bir-bir sordular,
«Durmaň, ulug jaýa ýörgül!» diýdiler.

Bir atyň ardyna bizi berdiler,
Saýramda – şol jaýa baryp durdular,
Tamam oturdylar, mejlis gurdular,
«Oglan – maňa – ara girgil!» diýdiler.

«Alydyr» diýdiler, tutdy destimden,
Borýa düşegimi aldy astymdan,
Men bilmedim, bir zat guýdy üstümden,
«Ýolugan döwrandyr, sürgül!» diýdiler.

Haýdardan soradym barça atba-at:
«Hezreti pygamber – oldur, bolma ýat,
Ol – Eslim hojadyr, ol – Baba zürýat,
Ol – Weýsil-Karandyr, bilgil!» diýdiler.

«Ol – Bahaweddindir, ol hem bir ärdir,
Biri Zeňňi Baba ol-da namdardyr,
Ol söýenşip duran dört Çaryýardyr,
Maksadyň ne bolsa aýgyl!» diýdiler.

Şol wagtda duran birki şyhy-şap,
«Bu oglana pata beriň – diýdi – sap –
Ýüz ýigrimi dört müň enbiýa, eshap,
Barysy şolardyr, bilgil!» diýdiler.

Resulalla aýdy: «Ýa, Şahymerdan,
Eý-ä, Eslim hoja, ýa, Baba Selman,
Abu Bekr Syddyk, ýa, Omar, Osman,
Bu guluň maksadyn bergil!» diýdiler.

Eslim, Baba Selman buýurdy merde,
Pyýalany tutup, saldylar derde,
Gitdi akyl-huşum, ýatdym şol ýerde,
«Arşda-ferşde ne bar, görgül!» diýdiler.

Ýel boldum, ýügürdim ýeriň damarna,
Nazarym tokundy Arşyň kemerne,
«Jebrut äleminde Jelil syryna –
Gelip, özüň garap görgül!» diýdiler.

Näge hyýal etsem, ele getirdim,
Kaýda baksam, oňa nazar ýetirdim,
Bu hal ile men parahat ýatyrdym,
Ýüzüme tüýkürip: «Tur, gul!» diýdiler.

Resulalla aýdy: «Eshaplar, ýörüň,
Oglany uzadyň, bir pata beriň»,
Buýurdy dört atla: «Eltip tabşyryň,
Getiren jaýyňda goýgul!» diýdiler.

Turup Magtymguly gözün açypdyr,
Serine ne köýler gelip geçipdir,
Esrek ner dek ak köpükler saçypdyr,
«Oglan, Alla ýaryň, bargyl!» diýdiler.

## *ÄLEME BELGILIDIR*

Dostlar-a, dostum meniň jandan şirin söýgülidir,
Jan kibi pynhan jahanda äleme belgilidir.

Baş bile barsam oňa, handan olursa güzeri,
Tutsam ol ýerde watan, ol ýer ki onuň ýoludyr,

Diýerdi ýar: Men aşygym öz elim-le katl edem,
Ondan owwal gam meni paýmal edip almalydyr.

Özge aşyklaryň olsa paýy bent zülp-taryna,
Men garybyň bent oňa hem aýagy, hem elidir,

Gaýry-le bezm eýleýip, eýlese hoş köňlüni ýar
Mejlis içre ýat edip diý: «Ol garyp gaýgylydyr».

Ýaz geler, wagt-da gider, gaflata batmyş gözlerim,
Açaýyn diýsem açylmaz, ne agyr uýkulydyr.

Bilmeýen soranlara aýdyň bu garyp adymyz,
Asly gerkez, ýurdy Etrek, ady Magtymgulydyr.

## *GÖKLEŇ*

Çöle çykar bolsa, meňzär,
Keýige, gulana gökleň.
Täsip edip, söweş etse,
Döner aç arslana gökleň.

Iliň ýurduny byrakmaz,
Bela bakmaz, ýowuz ýokmaz,
Alladan emirdir, çykmaz –
Bu sözüm ýalana, gökleň.

Ylham etdi Möwlam maňa,
Nazar düşdi senden ýaňa,
Ýok bolar kast eden saňa,
Gaýdyp dol Gürgene, gökleň.

Sözi agzyma Hak salar,
Bir nepes aýdylan bolar,
Ýamanlyk eýleýen geler,
«Nurbat!» diýp, amana, gökleň.

Hyruç eýläp tursa mawyr,
Permana geler Nyşapur,
Öwrüler bu döwran-döwür
Ähli-musulmana, gökleň.

Haraba döner Horasan –
At aýagna galar ýegsan,
Yrak gitse Mazanderan,
Gelerler permana, gökleň.

Diniň durar Hak nury dek,
Güýjün artar Rum zory dek,
Aslyşar sen aç böri dek,
Maşk edip meýdana, gökleň!

Zor biýr sypahyň söweşe,
Döwletiň öňküden daşa,
Gylyç urup gyzylbaşa, –
Dolar sen Eýrana, gökleň!

Beýik dergaha ýüz sürtüp,
Islärin – döwletiň artyp,
Pyragy diýr, doşun tartyp,
Barar sen Tährana, gökleň!

## *ÖŇI-ARDY BILINMEZ*

Gökleň, ýomut täsip edip özünden,
Çekdi goşun, öňi-ardy bilinmez.
Sygmaý çykdy Deşti-Dahan düzünden,
Ýörän ýoly, gonan ýurdy bilinmez.

Garga salsa, tugun bile depişer,
Haýbatyndan daglar-daşlar gapyşar,
Öli turup, dirilere ýapyşar,
Arslany, tilkisi, gurdy bilinmez.

Üç müň naýzabazy bardyr nökerden,
Dört müň pildary bar gala ýykardan,
Teke, salyr ýöriş etse ýokardan,
Duşmanyň namardy, merdi bilinmez.

Ähli sünni namys edip gelerler,
Gala ýykyp, bagyn berbat kylarlar,
Döw çekip, Yspyhan şährin alarlar,
Bu kentleriň üçi-dördi bilinmez.

Magtymguly, Alynyňdyr bu meýdan,
Ne iş tutar, görüň, bu Omar, Osman,
At deminden doldy zemin-u asman,
Horasanyň häki-gerdi bilinmez.

## *DÖKER BOLDUK ÝAŞYMYZ*

Istär – elden çyka döwlet humaýym,
Doga kylyp, döker bolduk ýaşymyz.
Dilegim duş eýle, gözel Allahym,
Ersgin boldy gitdi gyzylbaşymyz.

Hydyr gezen çölde iller ýaýylsyn,
Ýurt binamyz gaýym bolsun, goýulsyn,
Çille mest nerlermiz barça aýylsyn,
Bir suprada eda bolsun aşymyz.

Derwüşler köňli jem dursun namaza,
Ýigitler ýygylsyn söhbete-saza,
Ilimiz ulaşsyn sowulmaz ýaza,
Togsan dolup, tamam bolsun gyşymyz.

Türkmenler baglasa bir ýere bili,
Gurudar Gulzumy, derýaýy-Nili,
Teke, gökleň, ýomut, ýazyr, alili,
Bir patyşa gulluk etsek bäşimiz.

Magtymguly, duýdy, janyň dirligne,
Musulmany goýma, kapyr horlugna,
Rowaç bergil ýomut, gökleň birligne,
Ol Kemal han owgan bolsun başymyz.

## *ÇOWDUR HAN ÜÇIN*

Ahmet patyşadan habar tutmaga,
Umyt etdi iller Çowdur han üçin.
Sag baryp, salamat gaýdyp gelmäge,
Oňmady ykballar Çowdur han üçin.

Baglar doňup galdy, ýagyşlar gezmän,
Bulut böklek saldy, bu derde dözmän,
Zemin zaýa boldy, pelekler lerzan,
Jennet boldy çöller Çowdur han üçin.

Kaza gahra mündi – perin syndyrsa,
Pelek hyýal etdi – mährin indirse,
Derýa joşa geldi – suwdan gandyrsa,
Muştak boldy köller Çowdur han üçin.

Yzyňda galdylar il intizaryň,
Umyt bilen gezdi Annahal ýaryň,
Atanazar boldy çekere zaryň,
Gözleý-gözleý ýollar Çowdur han üçin.

Barsa, paýy belli soltanda-handa,
Iller bilmeý galdy – armany janda,
Kazadyr, kysmatdyr Ýezdde, Kermanda,
Meger tartdy ganlar Çowdur han üçin.

Gurralar güň boldy, pallar şum boldy,
Baranlar bent boldy, ýollar bim boldy,
Çeşmeler höşk boldy, daşlar mum boldy,
Guýa boldy diller Çowdur han üçin.

Söýle, Magtymguly, älem bilsinler,
Jaýy jennetdedir, güwä bolsunlar,
«Hak rehmet etsin!» diýp, doga kylsynlar,
Tamam ulus-iller Çowdur han üçin.

## *ÇOWDUR HAN*

Gökleň, ýomut, ýola çykyp, bakyşyp,
Umyt etdi, geler aman, Çowdur han.
Molla, müfti Haka doga okyşyp,
Gutardylar kitap – Gurhan, Çowdur han.

Guş-gumursy idäp dagdan geçdiler,
Balyklar ýol diýip suwun içdiler,
Gelin-gyzlar gyrmyz donlar biçdiler,
Kamysdan lybaslar hem don, Çowdur han.

Daglar başyn egdi, duman bürendi,
Ýeller galabilmän, ýerde süýrendi,
Aý-Gün batyp, gökde Myrryh göründi,
Bulutlar boldular baran, Çowdur han.

Malyn taşlap geldi çopan-çoluklar,
Kenara çykdylar suwdan balyklar,
Özün tuta bilmän ýerde halklar,
Tartdylar barysy efgan, Çowdur han.

Bezirgenler yrak ýolun unutdy,
Söwdagärler malyn yza uzatdy,
Aýlar-günler batdy, zarlap daň atdy,
Yns-jyns tartyp arman, Çowdur han.

Dolandylar Hindistana baranlar,
Eňreşdiler merdan adyň soranlar,
Kelamylla açyp, ykbal garanlar,
Tapmady derdiňe derman, Çowdur han.

Tartan oky hiç çykmady saýýadyň,
Titretdi älemi Çowdur han adyň,
Sany, hesibi ýok gelýän perýadyň,
Dyza çöküp ýyglar Turan, Çowdur han.

Magtymguly, uçdy ol algyr guşum,
Arkadagym, eziz syrdaş, gardaşym,
Many saça bilmez çalaran başym,
Büräp aldy ony duman, Çowdur han.

## *ZARLAR IÇINDE*

Çowdur han, görejim, göwün diregim,
Sen wepat bolup sen zarlar içinde.
Gökleňde pälwanym, ile geregim,
Halky goýup gitdiň narlar içinde.

Gelebilmez idi badyňdan duşman,
Gelen tapdy gitdi zoruňdan puşman,
Goja dagdan bäri – gökleňe aşman,
Bizi goýup gitdiň marlar içinde.

Pelek seniň gül ömrüňi soldurdy,
Hazan degdi, now gunçaňy ýoldurdy,
Gara daglar dözmeý, serin galdyrdy,
Çeşmin ýaşlar duman-garlar içinde.

Kime nesip etdi yspyhan ýaýyň,
Sözüm galat däldir, behiştdir jaýyň,
Gökleň, ýomut — weýran boldy saraýyň,
Pelek weýran etdi harlar içinde.

Magtymguly, hemdem, akyl-syrdaşyň,
Tutabilmez özün, döküp gözýaşyn,
Duman aldy daglar kemerin, başyn,
Aý-günler batdylar zarlar içinde.

## *DÖWLETALYNYŇ*

Sünnüýe sütündir, kapyra setdir,
Çalsa tygy-tizi Döwletalynyň.
Älemde dessandyr, illerde hatdyr,
Söhbet içre sözi Döwletalynyň.

Sözleri pent bolup galdy dillerde,
Pakyrlar penahy ýaman günlerde,
Yrak ülkelerde, ýakyn illerde,
Dost-duşmany razy Döwletalynyň.

Çoh jahangir etdi ömri bolynça,
Ýaradan ýok edip, ýere salynça,
Ýalançyda ýaýnap, täki ölinçä,
Sowulmady ýazy Döwletalynyň.

Har geçmez her kimi mydam islese,
Takdyrdan daş çykmaz geňeş taslasa,
Bürgüdi alardy laçyn beslese,
Şir alardy bazy Döwletalynyň.

Agyr uruglydyr hem beýik illi,
Köp ýygylsa meşhur, älemde belli,
Meýdanda – gylyçly, diwanda – dilli,
Ýüze taýdyr özi Döwletalynyň.

Dileg etse, doň daşlary erider,
Gazap etse, hökmi daglar ýörüder,
Güneşden göwherdir, Aýdan dürüdir,
Pelekde ýyldyzy Döwletalynyň.

Sansyz ile serkerdedir, soltandyr,
Jeň ýerinde jellat, belki, arslandyr,
Menzili – metjitdir, öýi – diwandyr,
Gijesi-gündizi Döwletalynyň.

Temennasy ýerden asmana deňdir,
Bişede babyrdyr, dagda peleňdir,
Gämige labyrdyr, derýa näheňdir,
Her ýan barsa özi Döwletalynyň.

Naçarlaryň eňreşerler sag-solda,
Hiç biri bolmady derdiňe dalda,
Bedew bagda galdy, ýoldaşy ýolda,
Diýinmez habary Döwletalynyň.

Magtymguly, geçdi dünýäde deňsiz,
Törelikde – taýsyz, ärlikde – eňsiz,
Pygamber – peýsizdir, Süleýman – soňsuz,
Şoňa meňzär yzy Döwletalynyň.

## *GEÇDI DIÝDILER*

Eý ýaranlar, ýowuz dessan bitildi,
Bir goçak panydan geçdi diýdiler.
Ahyrzaman boldy, aftap tutuldy,
Aý-Günüň şuglasy ýaşdy diýdiler.

Nägehan ugrady aýralyk dagy,
Seýdim Tarhan çeker derdi-pyragy,
Ömrüniň hasyly – ýalňyz çyragy,
Bady-hazan urup, öçdi diýdiler.

Gitdi Öwezgeldi, ýene çoh zatlar,
Bozuldy söhbetler, gam boldy şatlar,
Gardaşlar, syrdaşlar, ýakyn-u ýatlar,
Gara geýip, gan ýyglaşdy diýdiler.

Bedew atly, bek kemerli, ýaragly
Döwlete, zynata, malyna bagly,
Myhmanly bir ärdir, zatly, otagly,
Bir belent ordasy çaşdy diýdiler.

Ýekelik hesreti başdan ötermiş,
Ogulsyzlyk barça işden betermiş,
Zürýatsyz ýigidiň orny ýitermiş,
Ýurdy ýok, kerweni göçdi diýdiler.

Magtymguly, Türküstanyň töresi,
Bir goçakdyr – Söýünhanyň seresi,
Ýygyn görki, ýow gününiň öresi,
Uşbu gara ýeri guçdy diýdiler.

## *SEN SOLTANY, ABDYLLA*

Mazanderan seniň mekanyň, ýurduň,
Şul mekanyň sen soltany, Abdylla.
Taňrym, nesibedir bir roýun gördüm,
Ol baglaryň sen reýhany, Abdylla.

Gulluga mätäçdir Bagdad-u Turan,
Gaýrasy Arkaçdyr, ilersi Eýran,
Pereňde, Rumda çoh adyň soran,
Bulgaryň göwheri, käni, Abdylla.

Bulgar şasy saňa iberdi haty,
Taňrym bagş eýlemiş size rehmeti,
Pata berer Muhammediň ymmaty,
Dirilik çeşmäniň jany, Abdylla.

Saňa zardyr Arabystan, Hindistan,
Nagraňdan titirär oldy Türküstan,
Ýollady köp sowgat dagly Gürjüstan,
Owgan halypanyň rany, Abdylla.

Sypatyň ogşaýyr Rüstem-u Zala,
Baş goşduňyz Hatyja deý zülala,
Altmyş oglan sunup berer pyýala,
Bu jahanyň sen pälwany, Abdylla.

Höküminden titrär Türküstan şasy,
Saňa mätäç hany-begi, gedasy,
Bir sözüňniň bardyr müňläp dogasy,
Düzerem men bu dessany, Abdylla.

Pyragy Taňrynyň ýazykly guly,
Hiç kimse bilmeýär nedir ykbaly,
Çohdan  guçsaň ýene hüýr gyz jemaly,
Degräňde ýigitler hany, Abdylla.

## *ALY SIZIŇDIR*

Sür, Fath serdar ogly, geldi wagt,
Ýene bu döwrany-aly siziňdir.
Köne agyr döwlet täze eder bagt,
Beýiklik, serdarlyk ýoly siziňdir.

Ylýas kimin ebr çöken suwlarda,
Kowus kimin duman düşen daglarda,
Gençli şäher, Hydyr gezen çöllerde,
Kadyr beren dünýä maly siziňdir.

Bagşaşyň bent eder biler-bilmezi,
Ykbalyň nist eder dogry gelmezi,
Dükan käni – Jahangiriň almazy,
Badahşan magdany – lagly siziňdir.

Gahryňyza duşan – guma bulaşar,
Keremňize duşan – arşa ulaşar,
Beýiklik besaty size ýaraşar,
Feridunyň fert ykbaly siziňdir.

Samarkant tagtynda gurlan ýaýlara,
Mäti dek hylap siz sebze paýlara,
Süleýman dek sözüň ýörir suwlara,
Isgender dek derýa saly siziňdir.

Maşryga ýüz urup çyksaň Horasan,
Owwal kürt siziňdir, soňra Ýazyr han,
Zir paýy-esbiňiz Yrak, Yspyhan,
Dagystan haşamy-haýly siziňdir.

Sözüm ýerde galmaz, diýdigim geler,
Nazarym kimýadyr, mis altyn bolar,
Parsa çöken döwlet size öwrüler,
Indi bu dünýäniň meýli siziňdir.

Erenler çetr alyp, başyň daldarlar,
Hydyr, Ylýas rekabyňyz ýeldärler,
On bir ymam goluňyzdan goldarlar,
Jylawňyzda ymam Aly siziňdir.

Magtymguly aýdar, Rum dek oýanmaz,
Isgender gorsudyr döwülmez, synmaz,
Dag kimin deprenmez, derýa dek dönmez,
Bu, ýomut, gökleňiň ili siziňdir.

## *ARŞY-AGLAÝA*

Ýa Ahmet şa, ýerde ýaýylyp çawuň,
Adyň asman gider arşy-aglaýa.
Gelen nökeriňdir, gelmeýen awuň,
Beýiklik zinesin kyl paýa-paýa.

Eýrana gylyç ur, ýörüt sypahy,
Başyňda berk olsun döwlet kulahy,
Humaýun dagynda şirleriň şahy,
Göýä bir näheň sen möwji-derýaýa.

Bişeleriň aw aňtaýan şiri sen,
Rumustan beýnisi, döwüň biri sen,
Zal oglunyň almaz peýkan, tiri sen,
Güştasp ogly dek belli belaýa.

Pişäň Eýran bolsa, puştuň Turandyr,
Dost işiňe hoşwagt, duşman haýrandyr,
Ykbalyň açylar, işiň döwrandyr,
Merhemet nazaryň salsaň bir jaýa.

Pyragy diýr, rowaç berer sen dini,
Şalaryň şalary, yslamyň zeýni,
Emriňe mutyg et Eýran zemini,
Roz-u şeb nalyşym budur Hudaýa.

## *FETDAH*

Eýran, Turan indi goluň astynda,
«Sürgün» indi bu döwrany sen, Fetdah.
Külli türkmen oýnar çölüň üstünde,
Dökme, bilgin, nahak gany sen, Fetdah.

Bu gün şa sen, erte geda bolar sen,
Ilden-günden, dinden jyda bolar sen,
Bir gün janyň çykyp, pida bolar sen,
Gazanypsyň çoh günäni sen, Fetdah.

Gözüm ýetýär, bilseň, başym alar sen,
Ýa kündeläp, meni çaýa salar sen,
Men hak diýdim, sen çoh günä galar sen,
Bu alyşyň bilen jany sen, Fetdah.

Sen türkmeniň ilin-günün soldurdyň,
Ganlar döküp, gözel ýurdum doldurdyň,
Şehit bolanlaryň serin galdyrdyň,
Unudar sen tagty-käni sen, Fetdah.

Halkyň öji çohdur, ykbalyň ýaman,
Ýa öler sen, ýa zyndandyr bigüman,
Tagtyň synyp, diýme galar men aman,
Çünki zäher kyldyň nany sen, Fetdah.

Permanyňdan talaň düşdi illere,
Goluň urduň nähak gözde sillere,
Kyrk gamçydan buýrduň näzik billere,
Derýa etdiň gözde huny sen, Fetdah.

Aýyrdyň atadan, ene, gardaşdan,
Gollardan, aýakdan, sakaldan, saçdan,
Dendandan, zybandan, akyldan, huşdan,
Zyndan etdiň bu jahany sen, Fetdah.

Aýyrdyň, aglaýyp galdy ýarlarmyz,
Pelege ýetendir tartan zarlarmyz,
Adamlar asylgy durýar darlarňyz,
Ýüzden tutduň, bil, gassaby sen, Fetdah.

Pyragy, dert aýdyp, derde ýanmaly,
Gan ýuwudyp, zalym Fetdah ganmaly,
Diri özüm, läkin öli sanmaly,
Aňsa öldir, bu dessany ol Fetdah.

## *REÝGAN EÝLEDI*

Gaýgy-gamda eziz ömrüm solduryp,
Şum pelek azabym reýgan eýledi.
Ýazan kitaplarym sile aldyryp,
Gözlerim yzynda girýan eýledi.

Gapyllykda duşman aldy daşymyz,
Dargatdy her ýana deňi-duşumyz,
Bäş ýylda bir kitap eden işimiz –
Gyzylbaşlar alyp, weýran eýledi.

Bir niçämiz goly bagly gul bolup,
Niçeler yzynda sargaryp, solup,
Kimi berip, onuň bahasyn alyp,
Her kime bir belli baha eýledi.

Şum pelek birehim, maňa bildirdi,
Aglamakdan gül ýüzlerim soldurdy,
Golýazma kitabym sile aldyrdy,
Duşmanymy jeýhun derýa eýledi.

Niçeler dünýäde boldy bir kişi,
Niçäniň agzyny doldurmaz aşy,
Niçäniň matamdan gutulmaz başy,
Gije-gündiz waweýleta eýledi.

Köýdürer şum pelek zulmy-jepasy,
Ýalandyr, ynanmaň, ähdi-wepasy,
Magtymguly, ýok bu sözüň hatasy,
Pelek elip kaddym duta eýledi.

## *GÖRÜLSIN INDI*

Gorka-gorka üflis ýagdaýa düşdük,
Takdyr näme bolsa, görülsin indi.
Pikir gazanynda gaýnadyk, bişdik,
Degme, ol joş urup dökülsin indi.

Ozal başda Jepbar bar etdi ýokdan,
Niçäni nurundan, köpi toprakdan,
Habar geldi, dostlar, ýakyn-yrakdan,
Duşmana gurt oýny gurulsyn indi.

Oturmasyn kempir, ýaşlar dul bolup,
Galmaňlar, türkmenler, ile dil bolup,
Rakyp ähli musulmana gul bolup,
Ilersi Soňudaga sürülsin indi.

Göz bilen gördüňiz, köpler gedadyr,
Niçeler azaşdy, niçe pidadyr,
Eý, ýaranlar, kuwwat berjek Hudadyr,
Aly zülpükary syrylsyn indi.

Nähak dökülmesin gyzyl ganymyz,
Duşmana galmasyn beýtin, nanymyz,
Ýada salyň, amanatdyr janymyz,
Taňra zerur bolsa, alynsyn indi.

Üstümizden duşman höküm sürendir,
Mömin bary jebri-jepa görendir,
Ogul-gyzy har öňüne berendir,
Hemmeler ol jaýdan çykylsyn indi.

Pyragy ýüz tutar türkmen iline,
Duşman gol urmasyn gyzyl gülüne,
Dostlar, bizem ahyretiň siline,
Gark etmänkä, rakyp çapylsyn indi.

## ÝÖRMELI BOLDY

Eý ýaranlar, musulmanlar,
Jebirde ýörmeli boldy.
Nije zähmet çeken janlar,
Jepany görmeli boldy.

Jahan giňdir, melamat kän,
Arada köýdi şirin jan,
Üstümizde rehimsiz han,
Bil ahyr urmaly boldy.

Azypdyr gökleň hanlary,
Kän görer bize hallary,
Goýman sürdi bar mallary,
Göz dikip durmaly boldy.

Magtymguly, aýama jan,
Biliň guşa, geý gazap don,
Hetden aşdy bu zalym han,
Ahyr tor gurmaly boldy.

## *GÖZLÄR MEN*

Ýurdum Etrek, ilim gökleň,
Men bir söwer ýar gözlär men.
Jan şährine düşdi talaň,
Kuwwat beren pir gözlär men.

Aýryldym ene-atadan,
Gözüm guwanjy-watandan,
Jan bermek asan hijrandan,
Haryt köp, bazar gözlär men.

Mämmetsapadyr gardaşym,
Molla Matam sapakdaşym,
Abdylla gelse basdaşym,
Pygamber nazar gözlär men.

Ýüregimden ençe pygan,
Gözden akdy bulaklap gan,
Syrdaş imes pelek-döwran,
Gaçsam diýp, mazar gözlär men.

Soňudag, guwanjym meniň,
Gezip men seriňde seniň,
Saýýat men awlap jereniň,
Syýa ýylçyr mar gözlär men.

Magtymguly, bu kyýamat,
Goýdy başyma çoh apat,
Türkmen ilim, eý, adamzat,
Azat sil, güzer gözlär men.

## *MOLLA AZADYM*

Girdim janym şährine, myhman eredir bir nyşan,
Ýa-ha hijran, ýa-da pyrkat galdy, molla Azadym.

Ýel öňünden gaçdy geldi, istedi ol pyrkaty,
Dokuz ýyldyr ýalbaryp, boldy byradar, Azadym.

Jöwlan urup her zaman ol almyş golumdan karar,
Bent kylypdyr bagyny, gül soldy, bil, Azadym.

Bu ne hadys, bu ne jebir, ýyglaýyr aby-kuýaş,
Sylmaýan gözýaşlarym, boldy hyrydar, Azadym.

Derdime derman diýip, gezdi Lukman illeri,
Owazy jümle jahana doldy, molla Azadym.

Gör, meniň bu derdimi äşgär kylarlar illere,
Gorkaram çarhy-pelekden, boldy bizar, Azadym.

Pyragy diýr, derdime eýle sen, atam, nazar,
Erse gitdi ygtyýar, aldy kararym, Azadym.

## *OGLUM – AZADYM*

*Azady*:
Paş eýle syryňy, saklama pynhan,
Emma ki, sözümden çykmagyl, oglum!
Günde ýüz köý geler-geçer bu başa,
Agyrtma köňlümi, ýykmagyl, oglum!

*Magtymguly*:
– Utanardym, syrym paş eýlemezdim,
Paş ederin, habar alsaň, Azadym!
Ýüz köý geler-geçer her gün bu başa,
Istäri bar, sapar kylsak, Azadym!

Jepa urma özüň, çagyr Möwlany,
Arzuwlama hany, begi, soltany,
Besdir bize owwal Taňry bereni,
Aldyrma köňlüňi, gitmegil, oglum!

Gidenmiz ýok alty bile, bäş bile,
Seýran etsek niçe deň-u duş bile,
Meger şonda gamgyn köňlüm hoş bola,
Köňül galkar, karar etmez, Azadym!

Werzişiň ýok, ýaş sen, gide bilmer sen,
Şöwür bar, şowhun bar, çyda bilmer sen,
Her işe baş goşup, ede bilmer sen,
Gitmeklik ýagdaýyn etmegil, oglum!

Kişi sözlemeýen, syry paş olmaz,
Ýagşydan-ýamandan aňlan ýaş olmaz,
Şu gez ibermeseň, köňlüm hoş olmaz.
Raýymyz gaýtarma, goýber, Azadym!

– Bizi beýle niçik terk edesiň bar?
Bu ýol bihudadyr, bir gidesiň bar.
Gel, gitmegil, oglum, çoh terhosym bar,

Gaýga, harajata batmagyl, oglum!
– Kalbyma giripdir yslam höwesi,
Teňňedir, dirhemdir halkyň tamasy,
Köňlüm närow etme, kylma terhosy,
Bir sapar işidir, goýber, Azadym!

– Gurhan okap gezgil, ýagşy kelamdyr,
Birehim owgandyr, dini yslamdyr,
Garakçydyr ýollar, hyzdyr, haramdyr,
Ölermiň, galarmyň, gitmegil, oglum!

Synaýyn, göreýin, bu gün ykbalym,
Ýagşy gün, hoş sähet gelipmi salym,
Kast edip janyma, ýetse ajalym,
Bu ýerde hem bolsa, tapar, Azadym!

– Bilgeşleýin özüň nirä atar sen?
Niçik işdir, muny beýle tutar sen?
Diýgil ahyr, kimiň bile gider sen?
Dem tartyp, her ýana bakmagyl, oglum!

Jylawdary bolam Ýazyr han piriň,
Köňül guşy perwaz urar pakyryň,
Bu gün ýedi gündür, «Alhamd» okyryn,
Şat eýle köňlümi, goýber, Azadym!

– Azady diýr, bile sapa süreli,
Eýsem ibereli, synap göreli,
«Ämin!» diý, tur, oglum, pata bereli,
Bir Taňry ýar olsun saňa git, oglum!

Magtymguly aýdar: galmyşam çohdan,
Köňül guşy telwas urar yrakdan,
Her ýerde saglygym iste ol Hakdan,
Doga kylyp, Haka ýalbar, Azadym!

## *ATAMYŇ*

Altmyş bäşde, nowruz güni, luw ýyly,
Turdy ajal, ýolun tusdy atamyň.
Bu dünýäniň işi beýlemiş, beli,
Ömrüniň tanapyn kesdi atamyň.

Agyr döwletlere köňül goýmady,
Bu jahanyň eşretini söýmedi,
Eski şaldan artyk puşeş geýmedi,
Ahret öýi boldy kasdy atamyň.

Diýrdi: «Dünýä durmaz, ömre baky ýok»,
Gündiz roza, gije bolsa uky ýok,
Müňkür bilmez, muhlyslaryň şeki ýok,
Pygamber destidir desti atamyň.

Görmesem, söýlemen oý bile çenden,
Maksadyna ýeter ýykylan çyndan,
Ýarysy melekden, ýarysy jyndan,
Müjewürsiz bolmaz üsti atamyň.

Nukaba diýrler, üç ýüz eren ugraşdy,
Çiltende atama nazarym düşdi,
Nujaba barsam, heftenlere garyşdy,
Abdallardyr çyn peýwesti atamyň.

Älem içre adam galmaz, at gezer,
Bu syrlardan jahan halky ýat gezer,
Jaýy jennet içre, gökde şat gezer,
Ýerde hoşwagt ýatar posty atamyň.

Magtymguly, gizli syryň bar içde,
Kämil tapsaň, kyl gullugyn dyryşda,
Magşar gün gaýgysyz girer behişte, –
Her kim çyndan bolsa dosty atamyň.

## *AZADYM KANY?*

Pelek, idär idim, sen duçar bolduň,
Gözümiň nurany — Azadym kany?
Ýüregim soguryp, seglere berdiň,
Şährimiň soltany — Azadym kany?

Ymamsyz galandyr metjit-mährabym,
Dogmady nur saçyp ol mahy-tabym,
Ýowuz galdym, sil alypdyr etrabym,
Göwnümiň ummany — Azadym kany?

Şekerlikden zäher boldy sözlerim,
Zagpyran dek sargarypdyr ýüzlerim,
Kuwwat gitdi, gubarlandy gözlerim,
Münberim azany — Azadym kany?

Dört paslym nar boldy, daglar eredi,
Diriler uçdular, öli ýöredi,
Giden baryp Haka maňlaý diredi,
Ilimiň zybany — Azadym kany?

Topraklar sil boldy, siller gum boldy,
Humlar jam boldular, jamlar hum boldy,
Höwesler ýas boldy, pişäm gam boldy,
Ýüregim aramy — Azadym kany?

Ölüler direlip, arza bardylar,
Hakdan bir kelamy ýörip sordular,
Çoh ýalbaryp, «Goýber» diýip durdular,
Öli-diri döwrany — Azadym kany?

Kapyrlar bolupdyr ýyglap musulman,
Haka ýalbarypdyr Hydyr, Süleýman,

Bug bolup göterldi arşa, gör, umman,
Gökleňiň pälwany — Azadym kany?

Armanym ýok, pelek, bir söweş kylsam,
Ýa ýyksaň, basylsam, ýa seriň alsam,
Seglere aş eýläp, bazara salsam,
Bagymyň reýhany — Azadym kany?

Güwşler eşitgende bary ker boldy,
Daglar eräp akdy, daşlar ýer boldy,
Mollalar Gurhansyz, pirler kör boldy,
Sahyplar Gurhany — Azadym kany?

Zemin ýüzün syýa duman eýlediň,
Diýgil pelek kimi aman eýlediň,
Pyragyny, bak, biiman eýlediň,
Namysym imany — Azadym kany?

## *TERK EÝLEME BU MEKANY*

Eý, gardaşym, sen Abdylla,
Terk eýleme bu mekany.
Gurbat bersin saňa Alla,
Hijrana salmagyl jany.

Gider bolsaň bu watandan,
Nyşan algyl şirin jandan,
Öter bolsaň ol ummandan,
Meger, goldar Nuhy nebi.

Ýalňyz munda men galaram,
Pisada hemra bolaram,
Her dem ýatlap, gan aglaram,
Kyblam-atam Azadyny.

Boz dumanly beýik daglar,
Öter boldy ajap çaglar,
Bihasap miweli baglar,
Pynhan kylyp sen bagbany.

Pelek ne iş başa saldy,
Jismimden janymy aldy,
Uly iller nähoş boldy,
Hak, uzatgyl ol Lukmany.

Beýtinler zaryna dözmän,
Bu jahany ýel deý gezmän,
Umman içre girip ýüzmän,
Bikarar kyldym Jeýhuny.
Agam, inim, ol gardaşym,
Öter boldy ýalňyz başym,

Gaflat bolandyr syrdaşym,
Zyndan kyldyň bu jahany.

Hany hemraýym, ýaranlar.
Hindistan sary ýörenler,
Ajap jemaly görenler,
Gördüňizmi Meňli hany?

Terhos eýläp galar boldum,
Jana jepa salar boldum,
Tagna bilen köýer boldum,
Soldum göýä ýyl hazany.

Ýyglap, dökdüm hunum nähak,
Aýrylmady serden pyrak,
Bu sözüme bir bawer ýok,
Ýat kylaýyn ol Hudany.

Ser ornuna bolupdyr paý,
Toprak – häki öwrülip maý,
Kime derdim äşgär kylaý?
Kime aýdyp bu pynhany?

Görmedim men mekan ary,
Kylmyşam bihet nisary,
Hemra kyldym bazygäri,
Ýortup gezip Hindistany.

Ol lukmandan boldum hums,
Tilki-şagal bolmuş bars,
Molla ähli dönüp hyrs,
Unudypdyr ol Gurhany.

Söz diýer men, kelam sorsaň,
Odum ýandyr golaý dursaň,
Bir ak öýe barar bolsaň,
Asla almaz ol myhmany.

Umman içre ýüzer harçeň,
Ýortgul bu dünýäni her çen,
Dem gutarar, bilmez haçan,
Tä gelinçä Hak peýmany.

Kelam getirdim dilime,
Zünnar urmuşam bilime,
Magtymguly diýr, ilime.
Bagş etmişem bar dessany.

### *ABDYLLA*

Sen gideliň dokuz ýyldyr öteni,
Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla?
Dolanmazmy ynsanýetiň gideni,
Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla?

Daga arzym aýdyp, tutdum habaryň,
Lal bolupdyr dili, diýmez azaryň,
Ata-enesiz nedir seniň kararyň?
Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla?

Gorky peýdasy ýok gidejek jana,
Ömür ahyr boldy, doldy peýmana,
Ýa-da sen düşdüňmi düýpsüz ummana?
Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla?

Üstümize hijran ody sepildi,
Kuwwatym gidipdir, dyzym epildi,
Gan ýyglap, atamyň bili büküldi,
Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla?

Ýüzüm tutup çykdym jandar baryna,
Özüm rowa geldim hijran daryna,
Döze bilmen beýtinleriň zaryna,
Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla?

Ilde-günde ýokdur meniň kararym,
Dert üstüne artdy gaýta azarym,
Ýat boldy watanyň, öýüň-öwzaryň,
Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla?

Güwş tutar men her diýilen sözlere,
Jepa berdiň hijran bilen bizlere,
Özüm urar boldum oda-közlere,
Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla?

Gülüp-oýnamadyk bile şat bolup,
Başdan gitdiň, bütin bizden ýat bolup,
Magtymguly zar aglaýyr mat bolup,
Kaýda watan tutduň, gardaş Abdylla?

## *BULAR GELMEDI*

Göçi-gony birle göçdi Abdylla,
Hemme giden geldi, bular gelmedi.
Mämmetsapa gitdi kömek bermäge,
Uzadanlar geldi, bular gelmedi.

Enesinden aýry ýatmaz oglanlar,
Ýa, Rep, gören barmy bulardan, iller,
Aýlanyýar aýlar, dolanyp ýyllar,
Aýlar-ýyllar geldi, bular gelmedi.

Hassadan sagaldy zäher dadanlar,
Algy alyp çykdy goýun güýdenler,
Alty aýlyk ýola – Käbä gidenler,
Hajy bolup geldi, bular gelmedi.

Yrakdan, ýakyndan baryp gelenler,
Barmydyr bulardan görüp, bilenler,
Hindistana bezirgenlik kylanlar,
Malyn satyp geldi, bular gelmedi.

Ýolukdy bir doly, degdi bir baran,
Birin ýurdy bile eýledi weýran,
Birisiniň ýary yzynda haýran,
Gözleri ýoldadyr, bular gelmedi.

Ýykylanyň bagry ýerden galmazmy,
Hiç baran gelmezmi, aglan gülmezmi,
Ötenden-geçenden sorsaň bilmezmi,
Bilinmezler geldi, bular gelmedi.

Magtymguly, derdi goýmaz ýatmaga,
Ugrun bilmez soraý-soraý gitmäge,
Ýerden jogap çykmaz habar tutmaga,
Gören-bilen barmy, bular gelmedi.

## *UÇ KYLDY*

Abdylla gitdi diýp umyt üzüpdim,
Bezirgenler gelip, ondan uç kyldy.
Mejnun bolup, dagdan-daga gezipdim,
Galat boldy, gamly köňlüm öç kyldy.

Gamdan dolup galdy boşan başlarym,
Göz ýumuldy, çytyldylar gaşlarym,
Gurhan okap gezen deňi-duşlarym,
Mal isteýip, çete baryp seç kyldy.

Elip kaddym bolup bardy, neýleý, nun,
Kependir lybasym, içdigimdir hun,
Kaýsy, anyk biliň, eýledi Mejnun,
Ilden-günden ony aýra saç kyldy.

Otly lybas pelek maňa geýdirip,
Ýaksam diýdi gül ýüzümi soýduryp,
Bina kyldym golda barym köýdürip,
Şeýtan demin urdy, söwdam puç boldy.

Kapas içre galmyş guşlar garaşyp,
Dura bilmez atlar böküp, dyzaşyp,
Yşkyň köçesine düşdüm azaşyp,
Ýasawullar gelip, göwnüm paç kyldy.

Magtymguly, munda gelen görüşip,
Ötdüler duşumdan atyn sürüşip,
Deňim-duşum Medinäge ýörüşip,
Ýeke galdym, syrdaşlarym haj kyldy.

## *WEÝRANA GELDI*[1]

Baýram gelin, Hanmeňli gyz, Janesen,
Bu dertleriň haýsy birne ýana sen,
Çarhy-pelek, her gün çepe döne sen,
Kalbymyň dünýäsi weýrana geldi.

Üçüň ykbalyny batyrdyň laýa,
Ömrümi gam bilen ötürdim zaýa,
Şam-u säher golum serdim Hudaýa,
Asman ahym görüp, girýana geldi.

Magtymguly, elip bilim buruldy,
Damarym dartyldy, ganym duruldy,
Ölüm zarby üç tarapdan uruldy,
Akylym dagylyp, haýrana geldi.

[1] a) Halk gürrüňine görä, Magtymgulynyň uýasy Hanmeňli, inisi Janesen, onuň aýaly Baýram üçüsi bir günde aradan çykanynda şahyr bu goşgyny ýazypmyş. Şol wagt Magtymguly 21 ýaşynda bolanmyş.

b) Bu goşgynyň başky bendi ýok.

### *KAÝDA SEN?*

Neýleýin, tagty weýran Süleýmanym, kaýda sen?
Amanady berer boldum, bir imanym, kaýda sen?
Tagty-täjim eýesi, eý soltanym, kaýda sen?
Iki dide görejim, sahypkyranym, kaýda sen?
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Bu peleginň zulmy bilen birje zaman gülmediň,
Waý purum diýip gala, men misgini almadyň,
Toýlarymda şat bolup sen, ajap nazar salmadyň,
Birje zaman eglenip sen ykbalymy bilmediň,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Ser salyban bu zemine, arzymy men sözlesem,
Taparynmy, mähribanym, jemalyňy gözlesem,
Deşte çykyp, zary-giryan, ençe günler bozlasam,
Barça pişeden geçip men bu jahany yzlasam,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Gül roýuň görmemişem, bu pelek gerdişiden,
Bihabar boldy nalaýyp, pelek tutan işiden,
Halas eýläp öter boldy bu pany teşwüşiden,
Indi men geçmişem, waý, bahar, nowruz, gyşydan,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Ne hasraty öturip sen, kördür görmez gözlerim,
Uly jemagatlar içre boldy syýa ýüzlerim,

Asal eripdi bu gün zäher bolmuş sözlerim,
Daglarym deşte dönüp, dag bolupdyr düzlerim,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Ýowuz galyp bu jahanda telmurar bu şirin jan,
Sensiz indi men pakyram boldum, neýleý, natuwan,
Gymmatyndan aýrylypdyr, gözüme zyndan jahan,
Ýörisem misli guýun dek, taparynmy bir nyşan,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Pederim, dözmeý bu derde huna boýýalmyş Kuýaş,
Ol eziz janyň bilen pelek, meger, kylmyş talaş,
Sil ornuna iki dideýimden akmyş ganly ýaş,
Zähri-katyl ýuwudyp men, geýenim kepen puşeş,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Ger ki bir söweş kylardym alnyda bolsam meger,
Bu hijranyň çarhy bilen neýleý ýandy jany-jiger,
Hazan bady urdy güli, kyldy bagy serbeser,
Käýişimi Hak eşitmez, ýanar boldy bu jiger,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Ýyglar boldy dagy-daşlar ol rowany sil bilen,
Hak alnynda nalyş kylmyş Jeýhun bahry, Nil bilen,
Bag içinde ýesir bolmuş bilbil, bakyň, sünbül bilen,

Pederim Azady ýyglar ýomut, gökleň il bilen,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Pany jahandan gidipdir bakyga gözel aýyň,
Soltanyndan jyda düşdi, ýyglar boldy saraýyň,
Üzülipdir kirşi onuň, oksuz weýrandyr ýaýyň,
Diýdigim galat imesdir, meger, behiştdir jaýyň,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Aýdadyr Magtymguly ki, bu dessany bagladym,
Men ki misgin perzendiňem, daga çykyp agladym,
Sorag jaýynda şypa diýp, Ýaradany çagladym,
Goýmaýan panyda bary barçany soragladym,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

## *ŞÄHRI – IMANYM, KAÝDA SEN?*

Wadaryg-a, neýlerem men, mähribanym,
kaýda sen?
Iki dünýä ýoldaşym, şähri-imanym, kaýda sen?
Gözlerimiň röwşeni, ýagty nuranym, kaýda sen?
Neýlerem bag-u çemeni, mahy-tabanym,
kaýda sen?
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Şum pelegiň zulmudan çykmyş jesetden jany, heý,
Gitdi ol şähri-behişte, aýrylyp imany, heý,
Sowuldy daglar başydan, ýagynly dumany, heý,
Turdy naladan bu gün, ol guradyp ummany, heý,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Görmedim öz rastyma, ol bakydan gül deý ýüzün,
Diýdi: «Görmedim çyragym», ýaş edip iki gözün,
«Pyragy! Pyragy!» diýp, unudyban ol sözün,
Berdi ol zemin içre biygtyýar görge özün,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Aýra düşmez käkilik, çölde goýuban balasyn,
Aglaýyr bilbil mydam, äleme ýaýyp nalasyn,
Ak maralyň owlagy çyksa golundan, neýlesin,
Şum pelekde ýok utanç, saldy-la pyrkat hilesin,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Il-güni bolmasa şalar tagtydan düşer gider,
Salsaň ol nara daragty, kül bolar, bişer gider,
Bozsaň ki ary hinini, döwr eýleýip, üýşer gider,
Ölse göz astyda owlak, gäbesi çişer gider,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Ýygnaýyrlar mallary bir kişi eýläp sarywan,
Ukuda ýatsa kişi, mallar ki çaşar bigüman,
Duşadyr börige her dem, galmaýa biri aman.
Düşdi başymga ki, dostlar, beýle bir ahyrzaman,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Il-uluslar zar edip, kyldy özüni har-u zar,
Gyş paslyga öwrülibän, gitdi ol pasly-bahar,
Guýdy bulutlar ýagmyryn, halyma eýläp gahar,
Joşduryp dünýä ýüzün, umman deýin siller akar,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Girmişem baga rowan, solmuş ki gördüm güllerim,
Tyg degmeýen, tamy ösüp ölmüş ki ol bilbillerim,
Çykdy derýa kenaryndan, akdy dünýä sillerim,
Aglaýyr Aýym-Günüm, matam tutuban illerim,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Goç ýigitniň goludan gaçdy bu gün, gör, gylyjy,
Uzamaz, ýetmez, zeminde, ýokdur onuň alajy,
Dökdi ýapragyn birden, ýas tutup serwi agajy.
Daýy, dogan-gardaşy zar eýleýip hem-de bajy.
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

Aýra düşüp käbeden, goýdum Pyragy adyma,
Il-ulus, hazynadan düşmez bir zerre ýadyma,
Gördi garakçy bu gün, gol urdy göwher zadyma,
Eredi daglaryň daşy, çydamady oduma,
Walydam, Mekge-Medinäm, mähribanym,
kaýda sen?

## AÝRYLYP

Gitdi gözlerim röwşeni, şirin jandan aýrylyp,
Tagty-bagtym boldy weýran, şa-jahandan aýrylyp.
Soldy bagym gülleri, anbar-reýhandan aýrylyp,
Kyldy jeňňi ol rakyplar, zor pälwandan aýrylyp,
Gitdi sabrym-takatym mähribandan aýrylyp.

Dadyma hiç kimse ýetmez, bir ýazykly gul menem,
Suw gadryn balyk biler, gadry bilinmez sil menem,
Zähri jandarlar iýerler, zähri-katyl bal menem,
Andalybyn aldyran şol bagty gara gül menem,
Gitdi sabrym-takatym mähribandan aýrylyp.

Ähli beýtin ýyglaşar, nalasy arşa ýetip,
Bendi kyldy men pakyry, görgül ol pelek tutup,
Etdi illere wejera, kylyban oýun edip,
Ýollady hijran şährine, ol ajal peýman satyp,
Gitdi sabrym-takatym, mähribandan aýrylyp.

Ýagşy diýip gol uranym, çykdy bagtyma ýaman,
Depmişem bedew diýip, gör, eşek olmuşdyr çaman.
Dökdi nurun ol pelek, zäheri ýere daman,
Bu halyma rehmi inip, aglady şähri-Ýemen,
Gitdi sabrym-takatym mähribandan aýrylyp.

Gözlerimden uçdy ruhy, göýäki ýaz ýagmyry,
Bakdym ykbalyma açyp, kylmadym men sabyry,
Toba kyldym gara bagtym, eý Hak, algyl ömüri,
Gözlemeý ahyryn işiň, nara saldym bagyry,
Gitdi sabrym-takatym, mähribandan aýrylyp.

Diňlemez arzymy ol Hak, mende, dostum,
çäre ýok,
Eredi janym-jigerim, görgül, tende ýara ýok,
Berdiň ynsana azary, ne pelekde para ýok,
Diýr Pyragy, ne deňsizlik, bu hijranda gara ýok,
Gitdi sabrym-takatym mähribandan aýrylyp.

## *BAGTYM GARADYR*

Bu ne bela, bu ne hasrat, ne gowga,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.
Nalyş etsem, arzym ýetmez ol Huda,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

Pelek dost bolupdyr alagöz bile,
Derdimi diňlemez, diýsem söz bile,
Ilimi ugratdy dagy-düz bile,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

Görogly dek gaýratymdan aýryldym,
Gojalyp men, kuwwatymdan aýryldym,
Iki didäm – zürýadymdan aýryldym,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

Şam-u säher ýata bilmen parahat,
Ýüregim telmurar göwün bitakat,
Käbäm, kyblam, gardaş boldular wepat,
Rehm eden bolmady bagtym garadyr.

Pelege duşan aw gaçyp gutulmaz,
Tartan oky adam ogly, atylmaz,
Ýeke äriň ömür ady tutulmaz,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

3Deňim-duşum her bir käre bulaşdy,
Dostlar yrak düşdi, hijran dolaşdy,
Yhlasym, myradym gama ulaşdy,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

Başyma şum pelek her gün sürüner,
Ýowuz düşen göwre kime direner,
Ýamanlar gözüme eziz görüner,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

Sarwanym azaşdy, dargady malym,
Ykbalym keç turdy, gitdi hyýalym,
Altmyşa azm urdy gartaşan salym,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

Gama erkim berdim, huşum dargatdym,
Saraý weýran, kerwenimi ugratdym,
Meňli hanym – yşk söwdasyn unutdym,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

Bu dünýä çohlara bipeýan boldy,
Garyp golun serdi, gury san boldy,
Namartlar mert boldy, ile han boldy,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

Ah, neýleý, ötürdüm ýigitlik çagym,
Daragty gurady, boş galdy bagym,
Dumany sowuldy, eredi dagym,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

Magtymguly, ýetmez ýyglap kararym,
Boş galdy dükanym, dargady barym,
Paý astyna düşdi namysym-arym,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

## *BAR MENIŇ*

Eý, ýaranlar, neýleýin men, köýen janym
bar meniň,
Bazary weýran bolupdyr, ol dükanym
bar meniň.
Dowzah odundan beter ataş suzanym
bar meniň,
Yşka özün gurban kylan bir perwanym
bar meniň,
Neýleýin sepil gezip, Hindistanym bar meniň.

Gül ýüzüni kylsa puş ol, Aý-Gün ondan uýalar,
Bag içine girse meger, şuglasyndan gül solar,
Nazar salsa gazap bilen, bu jahan weýran bolar,
Ölüler jana girip, betbagtlar ykbal alar,
Neýleýin ol arap zyban, asal zybanym
bar meniň.

Geldi ebir, kyldy söweş suýy-asman saýyda,
Behişt Erem hasyl olmuş bu jahan saraýyda,
Seýil kylyp geler boldy Remezanyň aýyda,
Dowzahlar behişt bolupdyr, toba eýläp jaýyda,
Bu zeminiň üzresinde lämekanym bar meniň.

Külli älem yşky birlen ot alyp nara bişer,
Roýuna muştak bolupdyr, köwkepler ýere düşer,
Serwiler gül bitirip, etrapyna gözel üýşer,
Jemal üzre hindi hala haýrandyr haýrul-beşer,
Külli älem gözelinden zyýat jenanym bar meniň.

Kapas içre telmuryp, yşkyna perwana men,
Bilbil oldum, ýetmedim, ol gözel reýhana men,
Ser salyp kyldym nazar, bu yşky-pynhana men,
Yşky bilen häkister bolan natuwana men,
Istemez men ol behişti, behişt mekanym
bar meniň.

Görenleriň gözi doýmaz, görmegen arman çeker,
Roýuna maýyl bolup men, tütünim asman çykar,
Bagy içre bolsam hasyl, alnymdan reýhan çykar,
Zülpi-syýa käkilinden gözel zerefşan çykar,
Zerefşan dahyl emesdir, Nil – ummanym
bar meniň.

Deşte saýýat bolup girse, gutarmaz bir maraly,
Bent eýlemiş bir zülpüne Kadyr Suhan bu haly,
Bahyllar pälin unudyp, sadaka kylmyş maly,
Bilmenem, janymdamy ol gözeliň hyýaly,
Gül roýuna günde ýanyp, ençe pyganym
bar meniň.

Zaryma toba kylypdyr goňşy, gardaş, illerim,
Bilbile intizardyr bag içinde güllerim,
Zemin bilen süýrenipdir deňzi Hazar ýellerim,
Aýdadyr Magtymguly, asal ermişdir dillerim,
Arş içre mekan tutan ajap dessanym
bar meniň.

## *MENI*

Ýaňňy halym tagna kylyp, bak, kibir etdiň meni,
Ýow-le üflaslara menzil-mekandar etdiň meni.
Gurby giden dyzlarma bigadyr bar etdiň meni,
Kuýaşymy bent kylyp, dünýäge zar etdiň meni,
Biwatan namartlara bagşy-diýar etdiň meni.

Hana içre bent eýleýip, ryzkym Karuna berip,
Çyn-Maçyny, Rum, Horezmi ýördüm ykbal
agtaryp,
Ötdi ýazym, geldi gyşym, galdym indi sargaryp,
Beýtullanyň jaýy içre hasyl boldum köp ýörip,
Zaglar gonan gülleriňde, neýleý, anbar
etdiň meni.
Yşk ataşyn isteýip bir giryany perwana men,
Gähi yşka bolsam duçar, közüne biryana men,
Mejnun kibi Leýli ýaryň roýuna giryana men,
Akly çaşan, bagty ýatan, bir misgin bigäne men,
Daga urup dargaýan ummanda lemmer
etdiň meni.

Saraýymy bada berip girdim Jeýhun bahryna,
Lemmerleri azm urup atlandylar gahryna,
Guwwas kibi ýüzüp çyksam, duşdum aždar
zährine,
Hazan uran kemine men, han kyldy
Lutuň şährine,
Tagt ornuna nar üstünde Ispendiýar etdiň meni.

Daga-daşa takat bermeý, gezdim derman isteýip,
Uçdum suýy-asman üzre men Süleýman isteýip,

Hemra isläp däli-diwan men natuwan isteýip,
Hökm eýlediň Ybraýyma sen ki gurban isteýip,
Şol Ybraýym goly içre, neýleý, pur etdiň meni.

Tanybilmez boldy serim, altynmy sen, zermi sen?
Ýa ki Karun merjeni sen, ýakutmy sen, dürmi sen?
Gül-gunçamy ýa ki baldak, ýa ki ýaprak, permi sen?
Aždarmy sen, jellatmy sen, ýa ki toprak, ýermi sen?
Mert eripdim, kylyp namart, ile güftar
etdiň meni.

Dynmaýan men, ötüp ömrüm bu pelegiň jebriden,
Saldy leşger jem kylypdyr, çykdym gaçyp
şähriden,
Lukman ýüze tartmyş perde men pakyryň
zarydan,
Magtymguly, men geçmişem dünýä – her ne
barydan,
Ol Isaga bagyş kylmaý, namarda har etdiň meni.

## AÝT

Bady-saba, arzymy ol ýowuz dogana aýt,
Elmydam zar eýlegen, gözleri hun-gana aýt.
Şum pelegiň golundan gitgen ol-janana aýt,
Aýra düşüp, gam çeken, garabagt hana aýt,
Dünýäden armanly bolgan ol pahyr perwana aýt.

Ne bolupdyr, ne sebäpdir, görmerem men ýüzüni,
Gara ganlara boýap oturmyş ki gözüni,
Bizaram mal-u mülkden, ger eştmesem sözüni,
Nirde gapyl eýleýip, bent kyldyň sen özüni,
Derdimiň yzharyny ol emin-Lukmana aýt.

Bizleriden ýat kylyp, bent eýlediň ki dilini,
Ata-eneden aýyryp, üzdüň-eý, sen bilini,
Hijrana rowaç eýleýip, ýatyryp sen ýelini,
Agtaram, çaý tapmaýan, iki gözüm silini,
Jany-aramyň takaty ol beýik ummana aýt.

Kyldylar käbämi weýran, ýokdur indi gaçarym,
Çykdy gitdi gollarymdan jan şährimiň açarym,
Üzdüler bu ganatymy, ýokdur-eý meýl uçarym,
Düşdi talaň hazynaga, gutardy mal saçarym,
Halymyň bu teňligin egsilmez dükana aýt.

Haka arzym budur, eý, dost, kylsyn azat gardaşy,
Akyban, derýaga döndi, möwç urup gözler ýaşy,
Goýdy alnyma getirip, pelek aýralyk aşy,
Diý, niçik zar kylmasyn Pyragy, ýokdur syrdaşy,
Iki dünýä geregim, arzuwly imana aýt.

### *ŞIRGAZY*

Mekan eýläp, üç ýyl iýdim duzuňy,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.
Ötürdim gyşyňy, nowruz-ýazyňy,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.

Hakdan bize buýruk, baglydyr bilim,
Sende taglym aldy, açyldy dilim,
Gelsin diýip garar ol gerkez ilim,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.

Seljerer men indi agy-garany,
Dost, rakyp, gardaşym, Haky, ýarany,
Okadym, göterdim kitap, Gurhany,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.

Aklym gysga erdi, käsäm gaýnady,
Jiger telwas urdy, göwün oýnady,
.....................................................[2]
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.

Joşgun ýüregimde möwç urar, ýatmaz,
Gaýnar, gazaplanar, hiç laýa batmaz,
Ylym-taglym alan seni unutmaz,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.

Peýman dolmaý, gelsek takat ýetmeýen,
Pynhan zahyr kylmaz akyl gitmeýen,
Bady-paý atlanyp, seýran etmeýen,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.

[2] Bu setir golýazmada ýok.

Rige girsem-de, guwwas ýüzer men,
Bihasrat ýaýnaýam, bigam gezer men,
Dahan içre asal-zyban ezer men,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.

Kämil bolup, serenjam ki kylyp men,
Muşfykymdan – ol pederden galyp men,
Käbämden aýrylyp, jyda bolup men,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.

Kutbda saý gözläp, gümana duşdum,
Neýsan guýdy, umman – gaýnadym-joşdum,
Hoş gal, bu gün Jeýhun bahrydan aşdym,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.

Magtymguly taşlap göwün hapasyn,
Sylady pirini, molla-sopusyn,
Daýym unutmaz men tylla gapysyn,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.

## *BADY-SABANY GÖRSEM*

Dehistanyň baýrynda,
Bady-sabany görsem.
Bahaweddin, Mirkulal,
Zeňňi Babany görsem.

Nagleýni arşa täçdir,
Ady äleme paçdyr,
Iki jahan mätäçdir,
Arap zybany görsem.

Gelen geçer çäşt edip,
Eglenmez güzeşt edip,
Köňül aýdar keşt edip,
Gezsem, jahany görsem.

Hydyr kimin çöllerde,
Ylýas kimin suwlarda,
Kowus kimin daglarda,
Ýagşy-ýamany görsem.

Ýokarda Hindistany,
Arkada Türküstany,
Öwlüýäler ummany
Ol Rumystany görsem.

Jan däli, jahan şeýda,
Munda ne bolmaz peýda,
Ýedi dag, ýedi derýa, –
Däli dünýäni görsem.

Magtymguly hoş bolsa,
Aksa didäm, ýaş bolsa,
Imanym ýoldaş bolsa,
Barsam, Käbäni görsem.

## *DAŞLAR BILE*

Köňül aýdar: halkdan galyp,
Gezsem daglar-daşlar bile.
Ýazygymy ýada salyp,
Ýüzüm ýuwsam ýaşlar bile.

Her kim, görsem, bir pişede,
Meniň köňlüm endişede,
Köýi-ser içre köşede
Otursam agaçlar bile.

Garry dünýä al içinde,
Adamzat hyýal içinde,
Jahan galmagal içinde,
Her kim ýüz talaşlar bile.

Allanyň yşkynda mestler,
Duş gelişmez zeberdestler,
Köňül perwaz urar, dostlar,
Durmaz ýüz alaçlar bile.

Köp küýler bile oturdym,
Bilmedim, ne iş bitirdim,
Gümra bolup, ýol ýitirdim,
Oturdym biweçler bile.

Bikär goýma ömür tagty,
Oýandyrsak uýmuş bagty,
Doga kylyp, säher wagty,
Nalyş kylsam guşlar bile.

Magtymguly, towpyk alsam,
Bir är tapsam, gulluk kylsam,
Ýürek aýdar: ýoldaş bolsam,
Dem çeken derwüşler bile.

## *GEÇMIŞEM BEGLER*

Belent dag başynda ýoldan
Daň-säher geçmişem, begler.
Erenler ýöregen silden
Keşt edip ötmüşem, begler.

Köllerde gonup gazlary,
Diňleýip hoş owazlary,
Nowjuwan gelin-gyzlary
Keýp eýläp guçmuşam, begler.

Gyr atlar sürüp mekandan,
Säher ys alyp reýhandan,
Zer, tylla-kümüş dükandan,
Misgine saçmyşam, begler.

Gezip gözel, bak, niýetden,
Düşmän ýördüm döwlet atdan,
Aby-Köwser al şerapdan
Kyrk jamy içmişem, begler.

Garyp bolup gezdim aglap,
Jigerim ataşa daglap,
Men bu gün, bak, ganat baglap,
Asmana uçmuşam, begler.

Bulanyp köwser laýyna,
Ok bolup gaşyň ýaýyna,

Ýarymyň jennet jaýyna,
Nesipdir, düşmüşem, begler.

Habar alar munda gelen,
Gadrym biler tälim alan,
Ýigrimi ýaş yşk bilen,
Men gaýnap bişmişem, begler.

Pyragy diýr, men ýaý kibi,
Bak dünýäde saraý kibi,
Görüň şu gün ol Aý kibi,
Döwür edip ýaşmyşam, begler.

## *GOJALAN GÜNLER*

Goja daglar, nazar kylyň,
Siz kibi gojalan günler.
Göteriň, serňize alyň,
Janymdan parçalan günler.

Ata-enemden ýowuz men,
Suwun tartan bir howuz men.
Höwessiz inen bir ýaz men,
Yhlasym parçalan günler.

Abdylla hem Mämmetsapa,
Aýra düşdi, çekdim jepa,
Bu dünýä bermeýdir wepa,
Nähak jan harçlanan günler.

Guwanmadym ogul-gyza,
Goluma almadym jyza.
Hyýal bar — gitsem Töwrize,
Gadamym gargyşlan günler.

Magtymguly, ýok ygtyýar,
Ýüz tutar men, Perwerdigär,
Gökleň ilimdir bikarar,
Ýagysyn garşylan günler.

## *BIR IŞE ULAŞDY*

Deňim-duşum, goç ýigitler,
Her kim bir işe ulaşdy.
Hak her kime bir ýol berdi,
Her kim bir borja dalaşdy.

Kimler girdi Hak ýoluna,
Ýagşylyk düşdi päline,
Kim gylyç aldy eline,
Çaldy, yslam dinin açdy.

Ner-bedewli begler, hanlar,
Atlansa, dolar meýdanlar,
Sökdi zereh, dökdi ganlar,
Goçaklar serinden geçdi.

Biz istedik uly ýaran,
Nesip bizi etdi haýran,
Kimi gitdi Eýran, Turan,
Kim Yspyhan, Töwriz aşdy.

Haka aýan boldy halym,
Halkda bilen bolmaz mälim,
Magtymguly, meniň ýolum
Ol dostlardan aýra düşdi.

## *ÝYGLAP GEÇER HALYMA*

Giň göwräni gam basypdyr özünden,
Baş hem gelse, ýyglap geçer halyma.
Bagyr ýaşyn köňül döker gözünden,
Gaş hem gelse, ýyglap geçer halyma.

Garrylyga döndär ýigit çaglary,
Geda eýlär täç eýesi begleri,
Gurşun deý erider Kap dek daglary,
Daş hem gelse, ýyglap geçer halyma.

Älem içre bir ah ursam bir zarba,
Eda bolar ynsan, pil gelmez gurba,
Gaplaň güýçden galar, döner gurt gürbä,
Guş hem gelse, ýyglap geçer halyma.

Puşmanda men eden-etmiş kärimden,
Biperwaýam bolan-bolmuş barymdan,
Ýoldaş bolan ýata bilmez zarymdan,
Daş hem gelse, ýyglap geçer halyma.

Hak yşkydyr bizi goýan közlere,
Bu közlerdir kysmat bolan bizlere,
Bilbil dilsiz galar, barsam ýazlara,
Gyş hem gelse, ýyglap geçer halyma.

Aňlamaýan yşk derdiniň käninden,
Bu söz geçmez ýakynyndan-ýanyndan,
Yşka düşen umyt üzer janyndan,
Läş hem gelse, ýyglap geçer halyma.

Pähm eýleýen Magtymguly sözüni,
Derde düşüp, ýaşa doldyr gözüni,
Şat gülenler tuta bilmez özüni,
Hoş hem gelse, ýyglap geçer halyma.

## *ÝETIŞDI SALYM*

Garrydykça, goldan gitdi ynsabym,
Eý-ä, dostlar, ellä ýetişdi salym.
Kerim-ä, gün-günden kemelip howpum,
Dembe-demden artdy bu ýaman pälim.

Daryg-a, din üçin ýokdur bir işim,
Ömrüm edalandy, agardy rişim,
Kuwwatym kemeldi, küteldi dişim,
Ýigitlik öwjünde heniz hyýalym.

Köňül dünýä zerin yzlap durupdyr,
Göz hem gözelleri gözläp durupdyr,
Dil hem gybat, ýalan sözläp durupdyr,
Şeýtan bir kapyrdyr, nebis bir zalym.

Senden medet ýetişmese, ýa Jepbar,
Bu beladan baş gutarmak haçan bar?
Howaýy-höwese boldum giriftar,
Hak gullugna ýokdur zerre mejalym.

Dostlar, ygtybarym ýokdur ömüre,
Bagtymyň syýasy reň biýr kömüre,
Talygym güneşi galmyş ümüre,
Eýäm, Sen oýandyr uýmyş ykbalym.

Hudawend-a, gerçe nebsim ýamandyr,
Dilegim dergähden nury-imandyr,
Şer işim bihetdir, günähim kändir,
Sen Özüň geçirgil, ýa, Züljelalym.

Magtymguly, yşk oduna birýanam,
Il malyna, men halyma girýanam,
Gorky, umyt ortasynda haýranam,
Taňla-magşar, ýa, Rep, ne ola halym?

## *LÄŞLER AGLAR HALYMA*

Laçynsyz çöl ýerde galan maslyk men,
Meni görüp, läşler aglar halyma.
Dünýä gadryn bilmez nadan mahluk men,
Akly gidip, başlar aglar halyma.

Sepil boldum, jümle jahany ýörip,
Gapyl galdym, gam öýünde sargaryp,
Uça bilmän, ýaşyn döküp telmuryp,
Sergerdana guşlar aglar halyma.

Kuwwatsyz galyp men, neçün çaşmaz men,
Haýrany men, bent astynda daşmaz men,
Nar üstüne düşdüm, ýanyp-bişmez men,
Kebap bolup, çişler aglar halyma.

Takatsyz ýüregim lerzana döndi,
Ah ursam, tütünim dumana döndi,
Gözden döken ýaşym ummana döndi,
Düwme-düwme ýaşlar aglar halyma.

Nalamdan, gör, daglar lagly döredi,
Bulutlar dargady, baran ýöredi,
Gara daglar suw-sil boldy, eredi,
Ol biçäre daşlar aglar halyma.

Magtymguly, bentdir akyl gapysy,
Dert bolupdyr, iliň-günüň ýapysy,
Zeberdest pirleri, işan-sopusy,
Telpek geýmiş, peşler aglar halyma.

## *BAGYŞLA BIZI*

Resul damadydyr, Öz arslanyňdyr,
Ýa ymam Alyýa bagyşla bizi.
Çeşmi-çyragymdyr, nury-aýnymdyr,
Ýa ymam Hasana bagyşla bizi.

Ýalan dünýä kime berdi wepany,
Ahyrynda anlar sürer sapany,
Şymr ile ol Ýezit berdi jepany,
Ýa ymam Hüseýne bagyşla bizi.

Nasry-Seýýar, Merwan-Hekem döwründe,
Ymamlar galdylar jepa-jöwründe,
Çaýa atdyrdylar Dymaşk şährinde,
Zeýnelabydyna bagyşla bizi.

Patmaýy-Zähradyr onuň enesi,
Zatynda bir zerre ýokdur günäsi,
Humaýun dagydyr ahyr binasy,
Muhammet Bakyra bagyşla bizi.

Kemaly pelekden, aşypdyr arşdan,
Başa goýdy jeddi geýdigi täçden,
Üç keramat bile galdy Hajjajdan,
Ýa ymam Jagfara bagyşla bizi.

Kim biler işiňde niçiksi syr bar,
Akl oňa yetişmez gudratly Jepbar,
Duşmanyga dostuň etdiň giriftar,
Ýa Musa Käzime bagyşla bizi.

Deň-duşlar ýanynda bir bikemalam,
Aşygam, mejnunam, şikeste halam,
Synaýy-Horasan, zuwwary-älem,
Ýa ymam Ryzaýa bagyşla bizi.

Ymamlar yşkynda maňa bergin jam,
Açaýyn zybany, okaýyn Kelam,
Ilähi behakky-Patmaýy-kyýam,
Muhammet Takyýa bagyşla bizi.

Dünýäde çekdiler ýüz derdi-dagy,
Magşar gün münerler saýlap Byragy,
Hakykat ýolunyň şemi-çyragy,
Alyýýyn-Nakyýa bagyşla bizi.

Ýakyn köňül birle muştagam bende,
Ýadyňyz eýlärem tä bar men zinde,
Ady Günden meşhur olmuş älemde,
Ýa ymam Esgere bagyşla bizi.

Kap dagyndan ýol açylsa Ŷajuja,
Dünýä ýüzi dolar zulm ile güýje,
Zaman ahyrynda geler hyruja,
Ýa Sahypzamana bagyşla bizi.

Magtymguly aýdar, men häki-paýam,
Ymamlar ýolunda hem jan pidaýam,
Kemine bendeýem, gelip-gideýem,
Ýa Apbas Alyýa bagyşla bizi.

## *TAPAR BOLDUM*

Eý ýaranlar, halaýyklar,
Mert ýigidi tapar boldum.
Bagt synap, bu panyda,
Ykbalymy çapar boldum.

Gaflatda ötmüşdir günüm,
Yşk oduna ýanyp tenim,
Il gözünden jan-u tenim
Toprak bilen ýapar boldum.

Synaýyp men bu bagtymy,
Weýran kylyp men tagtymy,
Deşt üzre gyr atymy,
Görogly dek deper boldum.

Düşmüşem dünýä küýüne,
Gysdy neýlärem, öýüne,
Dostlar bu gün ýar roýuna
Müşki-anbar seper boldum.

Gezip jahanyň üstünde,
Pelegiň zalym kastynda,
Galyp men paýyň astynda,
Ýamanlara sapar boldum.

Bu dünýäde Nemrut kibi,
Ol dünýäde Syrat kibi,
Ol Isgender, Jemşit kibi,
Gözde ýaşym döker boldum.

Jahanda bar niçe baplar,
Jemaly aý dek sahyplar,
Söweş kylyp agyr tüpler,
Rüstem, Zal dek bozar boldum.

Bilbilem, galdym gülümden,
Sarwanam, düşdüm ilimden,
Neýleý, indi bu dilimden
Agyr bela tapar boldum.

Panyny men göze almaý,
Ýagşylara hemra bolmaý,
Ençe zaman özüm bilmeý,
Her kanda bir ýörer boldum.

Neýleýin, kaýdadyr ýarym,
Bagymda biten enarym,
Gökleňde ol Meňli ýarym
Il-ulusdan sorar boldum.

Geçip men dowzah, Syratyn,
Münüp men behiştiň atyn,
Magtymguly, ýar suratyn,
Kätip eýläp ýazar boldum.

## *SOLUPDYR PYGAN BILEN*

Ömrüm, eý, gül ömrüm, eý,
Solupdyr pygan bilen.
Ataş üstüne düşüp,
Köýüpdir ten jan bilen.

Ömrüm, eý, gara gözüm,
Kimsä derkardyr sözüm,
Gökleň içre bir özüm,
Galyp men arman bilen.

Ömrüm, gülşen baharym,
Düşmeý ajap nazarym,
Magtymguly azarym,
Gitdi ten-u jan bilen.

## *NEÝLEÝ, INDI BIÇÄREÝEM*

Watanymda han idim,
Hanlara perman idim,
Dertlere derman idim,
Misgine dükan idim,
Jansyza men jan idim,
Neýleý, indi biçäreýem.

Gözsüzleriň gözi idim,
Lallaryň men sözi idim,
Il-günümiň ýüzi idim,
Söwer magşuk näzi idim,
Hatam Taýyň özi idim,
Neýleý, indi pukaraýam.

Erem içre reýhan idim,
Watanda zerefşan idim,
Mert ýigitde çaman idim,
Dag başynda duman idim,
Pyragy diýr, aman idim,
Indi weýran bir saraýam.

## *AT GALMADY*

Zalym pelegiň golundan,
Aşyklarda at galmady;
Gara zeminiň pälinden
Uzak ömür, zat galmady.

Pelek saldy bu teşwişi,
Apatdyr her tutan işi,
Dargady ärler geňeşi,
Uly jemagat galmady.

Pelek ne gün başa saldy,
Ýürek ýagym, nurum aldy,
Ilat ähli «alym» boldy,
Bizde nesihat galmady.

Pelek eýleme bahana,
Zulm eýlediň geda, hana,
Açyk göwün ýok myhmana,
Pirlere hormat galmady.

Dagymda bent galdy siller,
Gitdi huşum, egri biller,
Magtymguly aýdar, iller,
Yzymda zürýat galmady.

# *IL GÖZLÄR*

Ýowuzlykda gam laýyna gark bolan,
Ukuly gözlerim gözel il gözlär.
Ençe ah-u zarly kapasda galan,
Azat bolan bilbil, gyzyl gül gözlär.

Gözel ilim, sen diýp sökerem ýollar,
Gözüm gubarlandy, zebundyr hallar,
Kenarda dargaýan eýesiz sallar,
Deprenmeý ýaş döküp, umman, sil gözlär.

Otly lybas geýen göwün yşklar,
Şasyz ýowuz düşen tagty-köşkler,
Ýar diýip sergezdan pakyr-aşyklar,
Uzyn boý, gara göz, inçe bil gözlär.

Kararsyz göwünler, bialaç janlar,
Nähak aksa, şehit — ynsandan ganlar,
Rebig gül üstünde ol perwanalar,
Nowbahar paslynda saba ýel gözlär.

Zybansyz dahanlar, görksüz ýüzler,
Syýa gaş, ok kirpik, ol gara gözler,
Hiç ýersiz gürrüňler, manysyz sözler,
Hylwatdan daş çykar, gün-u lal gözlär.

Akmak şalar, erksiz wezir, ol gullar,
Inçe bil, serwi boý, ak, uzyn gollar,
Göwün nagşy, düýşde görlen hyýallar,
Tylla, göwher, genç-hazyna, mal gözlär.

Magtymguly, biz deý misgin hem baýlar,
Oksuz keman, kirşsiz gurulan ýaýlar,
Aýlanan döwürler, günler-u aýlar,
Çoh gerdiş öwrüler, täze ýyl gözlär.

### *AJAP EÝÝAM GELMEDI*

Nadan menem, düşdüm pelek toruna,
Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi.
Çydamaz men indi hijran zoruna,
Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi.

Kyrka gadam goýdum, käsäm dolmuşdyr,
Ondan efgan dartyp, göwnüm galmyşdyr,
Niýet maňa ýaman hemra bolmuşdyr,
Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi.

Geldi gara bela, ili dolady,
Dahan açyp, dili bilen ýalady,
Seg bolupdyr, gören ilin dalady,
Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi.

Garypda san ýokdur, märeke görmez,
Hak söýse-de ykbalyna mal bermez,
At münüp depsede-de, duşakly, ýörmez,
Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi.

Niýeti ýamandyr, bahyl mal ýygar,
Iýe bilmez, her dem rysgalyn bogar,
Maly haram bolar, başyndan agar,
Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi.

Hak sözüme diýer mollalar galat,
Ýalan söze ýapar boldular halat,

Kasam edip, eretdiler, gör, polat,
Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi.

Pirler roýun açdy, juwansöýerdir,
Namyssyzy sopy alyp eýerdir,
Galat aýdyp: «Şuny Alla diýer» diýr
Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi.

Magtymguly, dili otly, ot saçar,
Ýüz görmez, näkesiň aýbyny açar,
Alla ganat berse, Hindistan uçar,
Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi.

## *HASAR DAGYNDADYR*[3]

Hasar dagy beýik bolar,
Üsti doly keýik bolar,
Mergenlere seýik bolar,
Barsaň, Hasar dagyndadyr.

Hasaryň bardyr töresi,
Göreniň gider höwesi,
Gyz-gelinleriň seresi
Syrsaň, Hasar dagyndadyr.

Kuh erer ýeriň soltany,
Göwsünde gurmuş dükany,
Üç ýüz altmyş pir mekany
Görseň, Hasar dagyndadyr.

Mesgen tutar çarwadarlar,
Ýalçysynda ýatar marlar,
Deresinde biter barlar,
Tirseň, Hasar dagyndadyr.

Peleňler çyrpynyp çykan,
Boz marallar gyýa bakan,
Serkemerdir — deriň döken,
Ýörseň, Hasar dagyndadyr.

Magtymguly diýr bu dagy,
Ýakypdyr heseriň dagy,
Yşk edip sapaly çagy
Sürseň, Hasar dagyndadyr.

---

[3] Goşgynyň birinji bendi ýok.

## *GÜRGENIŇ*

Öňünde belent dag, serinde duman,
Deňizden öwüser ýeli Gürgeniň.
Bulut oýnap, baran dolsa çaýlara,
Akar boz bulanyp sili Gürgeniň.

Tokaýlary bardyr gargy-gamyşly,
Gözelleri bardyr altyn-kümüşli,
Boz güsbent, gyr ýylky, gara gäwmişli,
Argaly gäw bolar maly Gürgeniň.

Hatarlanşyp duran iner, maýalar,
Agyr bezirgenli, tüçjar eýeler,
Seňrikläp, abanyp duran gaýalar,
Öňi-ardy, sagy-soly Gürgeniň.

Begleri bar, tirme çalar biline,
Ýorga münüp, tarlaň gondyr eline,
Ak göwsün biýr jeren deňiz ýeline,
Mäleýir maraly çöli Gürgeniň.

Magtymguly, ilden ile aralar,
Hijran tygy bilen bagryn paralar,
Golun sallap maral gabak periler,
Iner olumyndan däli Gürgeniň.

## *SOŇUDAGY*

Janym biziň, Soňudagy,
Dagdanlydyr biliň seniň.
Ganym görse garşylaşar,
Ýomut, gökleň iliň seniň.

Öýlükde[4] ýaýlany gursak,
At çapdyryp, baýrak bersek,
Temetede[5] orak orsak,
Aş dökmek hyýalyň seniň.

Kesgiç-kesgiç baýyr geçer,
Gyzylbaýyr göwün açar,
Sowuk çeşme suwun içer,
Şonda dürli malyň seniň.

Dürli-dümen otuň biter,
Her deräň bir ile ýeter,
Hatarlanşyp kerwen öter.
Naýbadaýdyr[6] ýoluň seniň.

Magtymguly dür seçende,
Bu döwran senden geçende,
Üstüňden iliň göçende,
Niçik geçer halyň seniň?

---

4 Öýlük - ýer ady.
5 Temete - ýer ady.
6 Naýbadaý - geçelge ady.

## *UTUP DURUPDYR*

Bir çüýrük hoz bilen jahan jöwherin,
Ol ne humarbazdyr, utup durupdyr.
Çüýrük saman etmiş mata bazaryn,
Göwhere barabar satyp durupdyr.

Ne düşekdir, oňa basan ýarymaz,
Ne kiştidir, derýa batar, ýörimez,
Ne enedir, ölmez, ýitmez, garrymaz,
Öz balasyn özi ýuwtup durupdyr.

Ne çyragdyr, günsüz ýeri ýarydyr,
Ne gözgüdir, bu aýnadan arydyr,
Ne sakydyr, pyýalasyn ýöreder,
Bir eli bogzundan tutup durupdyr.

Dostlar, bir mysaldyr dilime gelen,
Zehin goýsa, biler akyly bolan.
Jahany ger tutmuş bir gudrat ýylan,
Guýrugy başyndan artyp durupdyr.

Başy baryp çykmyş Arşyň üstüne,
Aýagy inmişdir ýeriň astyna,
Janly, jansyz, her ne gelse destine,
Dannamaý, agzynja atyp durupdyr.

Ne mahlukdyr, ne erkekdir, ne dişi,
Bir gözi dym-akdyr, bir gözi çaşy,
Reňňi gara, ala on iki başy,
Ýeri-gögi birden tutup durupdyr.

Magtymguly, magrur bolma bu söze
Hiç beýle janawer ilmemiş göze,
Ýene bir gudrat bar, ýedi kelpeze,
Şol beýik ýylany ýuwdup durupdyr.

## *RYSWA JAHANDAN*

Göwünler köşgünde bigam oturan,
Ol onki kişidir ryswa jahandan.
Aryp bolup, aklyn dünýä ýetiren,
Gep urarmyş ýetmiş iki zybandan.

Ýalaňaç oturmyş Haky zarlaýyp,
Pelek ony daň-säherler barlaýyp,
Gündizi uçarmyş göge parlaýyp,
Çoh lagnat dökermiş ýere asmandan.

Zeberdest pirlere ermiş halypa,
Günde bäş wagt uçup geler Magryba,
Zeminden azm urar ol afytaba,
Aklyň ýetse sora şuny, Gurhandan.

Dokuz ýyllap suw içmegen, aş iýmän,
Ýigrim bäş ýyl gezer jahana inmän,
Elli ýyl ýaş döker gijesi dynman,
Döken ýaşyn, baryp sorar ummandan.

Segsen dört guly bar, ýetmiş aýaly,
Ýene ýüz bäşinde galmyş hyýaly,
Dünýäge sygmaýar ýygnagan maly,
Ot iýmez haýwan dek doýmaýar nandan.

On bäş ak öý gurup, tagt saldyrmyş,
Ýedi minarany başdan galdyrmyş,

Nagra tartyp, äleme ot doldurmyş,
Ençe sorup, gözi doýmaýar gandan.

Gözünde ot ýanar, dahanda tütün,
Öz-özi iýermiş gijeler etin.
Aly goparypdyr sag göznüň çetin,
Essine gelende geçýär imandan.

Magtymguly, akly bolan söz keser,
Söz diýiňler, erse ol nejis öser,
Kim biler, ol närse dünýäni basar,
Köpler namut bolar jesetde jandan.

## *SAN BOLSAM*

Jam göterip, baryp ýetdim bir bapdan,
Hyrka geýip, il içinde san bolsam.
Tün içinde baryp Beýtulla tapdan,
Zar ýyglaýan sahyplarda hun bolsam.

Abu Seýit, Omar Haýýam, Hemedany,
Firdöwsi, Nyzamy, Hapyz perwany,
Jelaleddin Rumy, Jamy elwany,
Olarnyň jaýynda menem kän bolsam.

Damegandan[7] ýörgen ussat Nowaýy,
«Çar diwany», «Perhat-Şirin», rubaýy,
Zahyreddin Babyr «Mizan-öwzany»,
Gaşlaryna baryp men Mejnun bolsam.

Okap bildim Sagdynyň men «Bossanny»,
Gör, ne ajap Hakanynyň «Mediany»,
Istär men «Şanama», «Sakynamany»,
Halyf Omar bilen Süleýman bolsam.

Salaman-Ebsaly serhoş eýleýip,
Bähram Gury tutup, mehruş eýleýip;
Azududdöwläni bir guş eýleýip,
Abu Mähfuz, Gyzyl Arslan han bolsam.

Abu Bekr gan ýyglap Farsda galsa,
Aly, Mamun, Abisdama (?) deň bolsa.

---

[7] Bu ýerde «Namengan» bolmagy mümkin, ähtimal säwlik gidendir.

Zünnun baryp, ol Rüsteme zor salsa,
Rüstemiň derdine men derman bolsam.

Galen, Eflatuna ýolun görkezip,
Dawut, Osman bilen Aly ürküzip,
Kubat pederi Hysrowy gorkuzyp,
Olar diýgen bary din-iman bolsam.

Arbalet goluňda, eý Magtymguly.
Rüsteme Isgender hiç tutmaz ýoly,
Ne bolsa, bilgeý sen ilat hyýaly,
Dertliler alnynda men Lukman bolsam.

## *BU DERDI*

Keşt eýledim, gezdim yşkyň dagynda,
Ne beladyr, kimse çeker bu derdi.
Yşk dagyn asdylar gögüň boýnundan,
Gök titreýip, çeke bilmez bu derdi.

Yşk eser etmese, ýanmaz çyraglar,
Yşka düşse, guşlar eňräp, gurt aglar,
Egiler haýbatly, kuwwatly daglar,
Daşlar erip, çeke bilmez bu derdi.

Kimdir yşkyň ýükün çeken merdana,
Pelek gördi, gorkup düşdi gerdana,
Zemin jünbüş eýläp, geldi lerzana,
Çöller tap getirmez, çekmez bu derdi.

Behişt gaçyp çykmyş arşyň öýüne,
Tamug gorkup, inmiş ýeriň teýine,
Gaçdy derýa, adam aldy boýnuna,
Dört ýüz ýyllap sorap geçmiş bu derdi.

Magtymguly, çekseň derdi-dügünden,
Asy bolup, şikat etme bu günden,
Bu ölmek, aýrylmak galypdyr öňden,
Peder bize miras goýmuş bu derdi.

## *MEŇZEMEZ*

Eý, seniň dek bir peri, gaýry jenana meňzemez,
Kirpik-hanjar neşteri, tiri-kemana meňzemez.

Roýy aý dek jurga hallar, bendi kylar göreni,
Şuglasy älemi ýakar, mahy-tabana meňzemez.

Lebi nar-u aby-Köwser, ençe bijan tirgizer,
Bagş eýleýir ol köwseri, päli Karuna meňzemez.

Zülpi syýa sünbül peri, älemi kyldyň bikarar,
Terk edip sen ençe dükan, gaýry dükana meňzemez.

Roýuň üzre külli älem, jemalyny bent kylyp,
Desmal tutup, köýdürer sen, hüýr-gulmana meňzemez.

Bu pelegiň çarhyny sen, erki bilen eýeläp,
Bu dünýäni kyldyň behişt, eski jahana meňzemez.

Ol Ýusubyň jemalyny, bagş kylmyş Hak owaly,
Iki jahan soltany sen, Süleýmana meňzemez.
Magtymguly älem içre, barça jenan hem gözel,
Barysy bir kenizdir ki, Meňli hana meňzemez.

## *SET JAN, EÝ, DOST*

Gözüme hergiz sensiz görünmez jahan, eý, dost.
Ne jahan, belki, tende bolsa ger set jan, eý, dost.

Dostlaryga bu işler biwepalyk ermesmi?
Jana jebriň artdyrdyň açdykça zyban, eý, dost.

Ol ki ruhsaryň görüp, köňül gopdy sen ýara,
Jan bermeý gutulmak ýok, hiç oňa imkan, eý, dost.

Waslyňa umyt eden üzmüş elin janydan,
Çeşmiň – jellady-jahan, gaşyňdyr keman, eý, dost.

Destury-zaman budur, mazluma mürwet berler,
Şererge şowkuň artar, etdikçe aman, eý, dost.

Umytly aşyklara wasl umydyn katg etdiň,
Aşyklara jebr ondan bolgaýmy bu ýan, eý, dost.

Magtymguly, bir mahluk, men aşygam, sen – magşuk,
Ger diýseň: «Istegim ýok», baraýyn kaýan, eý, dost.

## *HABAR, EÝ, DOST*

Bir säher düşmüş erdi ýadyma diýar, eý, dost,
Jan güwşüne ýetişdi binägäh habar, eý, dost.

Ten mülküniň içinde jan durdy perwaz eýläp,
Şowk ile ede nägäh özüni nisar, eý, dost.

Sabrym sefinesini syndyrdy şowkuň sili,
Deryaýy-umman saldy matagy-karar, eý, dost.

Ýar wasly-jemalyndan her du jahan ki kämýap,
Bagtym müşterisine gurawer bazar, eý, dost.

Ähli älem gark olmuş harman-harman gül içre,
On ýyl ýörsem ugraşmaz, alnymdan bahar, eý, dost.

Hoş bakmyş jahan içre, hoşlanmyş älem ondan,
Älemde adam içre maňadyr gahar, eý, dost.

Pyragy, göz ornundan ýyglap gan rowan oldy,
Ornuna elter ony, ger degse gubar, eý, dost.

## *GAŞY ÝAÝ*

Bir dilbere duş geldim, gamzasy ok, gaşy ýaý,
Gün haýrandyr görkünden, hyjalatda dolan Aý.

Janyň berseň, jaýyzdyr, beýle sypat mahbuba,
Hiç görmedim onuň deý başy dogry, bagry taý.

Gulgula düşdi gopuz hem düşdi çeňi çeňe,
Çeň şowkundan ol nigär ne nalaga düşdi naý,

Ne eşretdir aşyga jennet içre jemaly,
Aýralygyň ataşy – tamug içre weýl-u waý.
Ol dideýi-dildardan bolmagaý sen bibähre,
Galmagaý sen meniň deý akla az-u görke baý.

Istese alymlary şeýtan eder ol dilber,
Halaganna Halyl dek oglanyna berer paý.

Magtymguly, mydama doga kylar dergähe,
Saýyl men, mahrum etme dergähiňden, ýa Hudaý!

## *JAHAN SENDEN BIHABAR*

Sen-Sen araýyşy-jan, hem jan Senden bihabar
Sen jahana doly Sen, jahan Senden bihabar.

Endişe derýasynda syrym sefinesini
Ýüz tarapa ýüzdürdim, seýran Senden bihabar.

Ger diýseler küfr olar: «Eşýa Senden halydyr»,
Menzil Senden mustagrak, mekan Senden bihabar.

Zemin, asman, garb-u şark pertöwiňde gerdandyr,
Zamanyýa Sen gerdan, zaman Senden bihabar.

Istär Seni deňizler ýaýkanyşyp şowkuňdan,
Sen olar içre mälim, umman Senden bihabar.

Zemin dilär asmanda, asman dilär zeminde,
Bir-birine gümanda, güman Senden bihabar.

Magtymguly, gör indi, eşýalar ne işdedir,
Ýok imiş bu eşýada heman Senden bihabar.

## *ROÝY-SYÝADAN GAÝRY*

Barmydyr barmaga ýeriň başga, Hudadan gaýry,
Armaganyň barmydyr roýy-syýadan gaýry.

Gezdigiňçe çarhyň astynda jahanda jan çekip,
Ne talap bar saňa bu jebri-jepadan gaýry.

Hak edip, nähak kylyp ýörseň ýürekden gan döküp,
Hasylyň nedir seniň jürmi-günäden gaýry.

Iýip-içip, mahbup guçup, ýatsaň säher rahat bile,
Tagatyň hany seniň roýy-ryýadan gaýry.

Göz gözelde, nebs iýmekde, dil dahy gybat bile,
Şöwketiň – şer, başda ýok beýle howadan gaýry.

Owwaly aňlamadym, aňlan sözüne gitmedim,
Bu belada kimse ýok men binowadan gaýry.

Pikir et Magtymguly, panyýa bak ne görner,
Soňy ýok, aldagy çoh, föwti-penadan gaýry.

## *RYÝADAN, ÝA REP*

Sagý ile gutulmadym men bu beladan, ýa Rep,
Çyka bilmen jäht edip, ujb-u ryýadan, ýa Rep.

Talygym etdi tulug, aňdym ony ahtary-bet,
Sen ýyrag et meni bu bagty-syýadan, ýa Rep.

Ýowmy-teşehhut aýdar hal maňa, bir şahyd-aýn,
Gutulyrmy gahba jan beýle güwäden, ýa Rep.

Ten ybadatda ylal hem döwi, şeýtandyr bagal,
Ýat edip, emri-ezel hökmi-haýadan, ýa Rep.

Dergähiňe, eý Kirdigär, kylsam ybadat ýok karar,
Etgenime ýok ygtybar sowmy-saladan, ýa Rep.

Men istär men Senden Seni, Sen et yrak menden meni,
Hajat rowa kyl, ýa Gany, meni-mübteladan, ýa Rep.

Magtymgulyny her zaman basdy bela, açdy zyban,
Eýlemesin her möminan mahrum dogadan, ýa Rep.

## *BU NE TERHOS-TÖWELLADYR*

Ýüzüm ýar ýüzüne düşse, dilim alhamdulilladyr,
Eger gahryna ugraşsam, okyrym kulhuwalladyr.

Bu dergähi durar kurbet, Ilähi hädiýi-wahdet,
Muhabbetiň makamynda onuň[8] az waspy löwladyr.

Pelekler nerdibanydyr, zemin saýasyna mätäç,
Iki nagleýni arşyň kellesinde täji-agladyr.

Eger misgin, eger bir baý, taparmy sensizin hiç raý,
Ýamandyr aýralyk, eý-waý, arap labzynda weýladyr,

Jewaryňdan jydalara, köýüňde jan pidalara,
Seni istän gedalara zekat husnuňda öwladyr.

Erer men bir günäkäriň, hemişe aşyky-zaryň,
Ýüzün görmesem ol ýaryň, haçan köňlüm teselladyr.

Pyragy, niçe wagt oldy, habar tapmas men ol ýardan,
Ýanar men ataşy-yşka, bu ne terhos-töwelladyr.

---

[8] Bu ýerde Muhammet pygamber göz öňünde tutulýar.

## *BIKARARAM, DOGRUSY*

Eý, peri, men aşygam saňa, ýanaram, dogrusy,
Görmeýinçe gül ýüzüňi, bikararam, dogrusy.

Şähriňizde bir peri adyn eşitdim men siziň,
Bilbili-biçäreýem, çoh ahy-zaram, dogrusy.

Bir bezirgenem menem, yşkyň matagyn sataram,
Şähriňize gelmişem, bes, söwdagärem, dogrusy.

Gide bilmen şähriňize, hyz-haramdan gorkaram,
Ýedi piriň lafzydan bir ýadygärem, dogrusy.

Eý, peri, zülpüň peri, walla, seniň deý huplara,
Aýdyýar Magtymguly, bir pişekärem, dogrusy.

## *PANY-JAHAN  GEREKMES*

Pelek, maňa mal berer sen, ol genji-kän gerekmes,
Gözel ýarymy görmesem, pany-jahan gerekmes.

Baga girip neýleýin men, joş uran anbaryňy,
Bilbilim ýesir kylyp sen, gözel reýhan gerekmes.

Ilim-günüm hary-zardyr, gelsin döwlet leşgeriň,
Dini hödür eýleýir sen, ajap Gurhan gerekmes.

Biziň iliň şa-gedasy, pelek, saňa ýük bolar,
Her kes özige soltandyr, han-u soltan gerekmes.

Bu zemini lerzan kylyp, asman, jünbüş eýlediň,
Ahyrzaman sary ýördüň, mahy-taban gerekmes.

Meýlis kylar boldy bu gün il-günümiň barysy,
Gelmegin sen, ser goşup ki, bize myhman gerekmes.

Kylgyl ömrümizi zyýat, gaýry närse istemen,
Bu ajaýyp çaglarymda ajal-peýman gerekmes.

Çarh üstünde bina kylyp, bizleri sen jaýladyň,
Kaýyl bolaý bu jaýyňa, emma gerdan gerekmes.

Daýym ömrüm ötüreýin, beren bahar paslyda,
Erkanadyr bilbil-sowsan, bize hazan gerekmes.

Namartlary daş eýlegil bu meýlis etrapydan,
Är ýigitler serhoş bolar, namart-zenan gerekmes.

Her kime sen bagş edip sen, ýagşy-ýaman bir güli,
Ol güllerden gaýry bize sahypjenan gerekmes.

Magtymguly, sen sözlegil – diýdi goçlar meýlisi,
Sen güftar sen bu meýlisde, gaýry dessan gerekmes.

## *TÄ ALGANÇA GÖZÜNI*

Aşyk ataş görse urar ataş içre özüni,
Gül roýuna kylar nazar, tä algança gözüni.

Bu yşknyň zulmy bilen ençe jandyr hary-zar,
Magşugyna bolsa duçar, tapmaz diýjek sözüni.

Bu pany jahana bakyň, gymmat eýlemiş yşky,
Daýym bitütün kylypdyr, görüň, yşkyň közüni.

Aşyk görse magşugyny ýylyň hazan paslynda,
Özüni ol ýana atar, unudyp ol ýazyny.

Käl içinde görer bolsa käkiligi, tawusy,
Birini göze alman, gözleýir ol gazyny.

Simap kibi jan titrese, eşki aksa sil kibi,
Derdini unudyp ol, çeker ýaryň näzini.

Ger onuň ol magşugy sahypjemal bolmasa hem,
Gaýry gözel jenanlara öwürmez ol ýüzüni.

Jyda bolsa gözelinden, unudar pany-jahan,
Din-imany esse gelmez, arşa ýetir owazyny.

Elem bilen gözel ýara ýylda ýeke gowuşsa,
Duşsa ol peri oňa, gurar ki bijin bazyny.

Güller içre bir güli bar, gaýry sowsan islemez,
Şol gül diýip urar bolar her kanda ol özüni.

Eger ol ýar kylsa oýun perilere baş goşup,
Ýüreginden owaz eýlär, goşup oňa sazyny.

Magtymguly, bu ne sözdür, sen ki aşyk emes sen,
Kaýsy jaýda eşitdiň sen ol Mejnun nyýazyny?

## *MEŇLI ÝARYMDAN*

Pelek älem ryswa kyldy, aýyrypdyr zarymdan,
Ne iş kylsam, habar bilem men ol Meňli ýarymdan.

Yns-jyns tugýan eýläp, zemin lerzana gelmiş,
Asmanlar jünbüş kylyp, köwkep ýanmyş narymdan.

Bir rehimsiz şa eripdir, göwnüm içre jaý tutup,
Bent eýleýipdir Lukmany, habar almaz azarymdan.

Günde bir wagt nazar salmaz, agdy serden derdimiz,
Jismim häkister boldy, janym düşüp kararymdan.

Erse gyrgy pany dünýä bermez başda täjini,
Hiç uýalmaz, handan kylar, gorkmaz meniň nazarymdan.

Güzerimi bendi kylsam, her günde kyrk açadyr,
Aby-Köwser zülalymy içipdir ol güzerimden.

Ýanar otly Magtymguly, ot lybasyn sen geýip,
Pany jahan otlaýyp sen, dilde bolan naryňdan.

## *BENDI BOLDUM*

Meňli hanym, eýýamyňdan gorkup, bara bilmeý boldum,
Göz bilen gara gaşyňdan gola düşüp, bendi boldum.
Jellatlar men bendi guly zynjyr bilen bent eýleýir,
Ger ki sen-de goldamasaň, nalaç eziz jan neýleýir.

Nesimi dek soýup meni, seglere şam kylar indi,
Läş üstünde garaguşlar jeňňi-söweş salar indi.

Ustuhanym ýel sowuryp, weýil jaýa wasyl eýlär,
Bendi galan eziz jany bil, dowzaha hasyl eýlär.

Dowzah meni ýaka bilmez, berer zülpüň bir taryna,
Tor içinde saklap meni, gowşyr ýylçyr ol maryňa.

Ol mar kowup jülgelerden, şeýtan bilen kylar hemra,
Kylgyl azat, Meňli hanym, men misgini kylma gümra.

Magtymguly ismiň seniň, bolsun gerekdir Pyragy,
Mar golundan dyndym diýsem, geldi hijranyň ýaragy.

## *HEMRA EÝLEDI*

Gül ýüzüni gizleýip ýar, göz ýaşym derýa eýledi,
Gaýyp olup bu jahandan, ýowuzy hemra eýledi.

Gözleýip men bakdym her ýan isteýip ol ýarymy,
Tapmadym ki, gaýtadan ömrümi zaýa eýledi.

Gäh turup şam-u säherler, kaknus ererem zarlaýyp,
Ýene bu gaflatda galan göwnüme bela eýledi.

Diňlemez ki, arzymy, beýle ki zalym bolupdyr,
Bakmaýyp mal-u mülküme, baryn yrýa eýledi.

Aýdadyr Pyragy derdin, eýle miýesser emin
Gaýta başdan ot urup, ol baky dünýä eýledi.

## *UNUDAR OL ÝOLUNY*

Eý, ýaranlar, eştse Lukman derdimiň bu halyny,
Terk eder ki, külli watan, unudar ol ýoluny.

«Hüw» diýip, men zary-efgan gije-gündiz aglaram,
Ger eşitse zarymy, Karun unudar pälini.

Gara daglar katra-katra ýaş döküban halyma,
Döredipdir ulug umman, Nuh ýüzdürer salyny.

Jan şährine saldy talaň, geldi leşger tug bilen,
Bilmenem, ol çözermikän bu watan ykbalyny?

Aýdyň ol ýaryma meniň zyndan içre bolanym,
Saçlaryny sallaýyp, kylsyn azat men guluny.

Magtymguly, adyň seniň külli äleme dolup,
Kylsa adam baryn gapyl, gizle, berme bu malny.

## *KÖÝEN JANYMA*

Ýasaw gurup girdi pelek jan şähri-watanyma,
Kylmady nazary bir dem oda köýen janyma.

Günde Anka guşa duşup, bir dem bile uçmuşam,
Pelek tutup ganatymdan, basdy hijran laýyna.

Eý, ýaranlar, men pakyrda indi gaýry çäre ýok,
Geda ähli jem kylyp, paç salypdyr hanyma.

Çirme bolup gaçar bolsam çöl-beýewan içinde,
Pany dünýä gyrgysy azm eýleýir janyma.

Derdim meniň boldy hebes, Lukman gelmez gaşyma,
Kimse baryp galat diýdi derdimi Lukmanyma.

Magtymguly, sözlegil sen, ömrüň senden gol üzer,
Doga eýläp geçer men, ol Azady ussadyma.

## *HUNLAR DÖKERLER GÖZÜNDEN*

Dertliler derdimi görse, utanarlar özüden,
Tebip ähli çäre tapman, hunlar dökerler gözüden.

Görse aşyklar bu ody, unudar öz ataşyn,
Çykar dag-u daşlar üzre, Mejnuny tapmaz düzüden.

Bir taryna ýarymyň ähli musulman tussagy,
Kapyrlar istäp adalat, zarlap ýörerler yzydan.

Eştse Nowaýy, Nyzamy, Firdöwsi kylan zarym,
Terki-dünýä eýleýip, barysy geçer sözüden.

Gijeler nala çekip, gündiz umydym ýok meniň,
Doýmaýar bu aç gözlerim bakyp ýaryň ýüzüden.

Pyragy, sen sabyr eýläp unut gyşyň paslyny,
Ger unutsa ki bu güni, peýda görmeý güýzüden.

## *NE HAJATDYR*

Gülçehreýi sowsan anbar buý eýleýip, salamatdyr,
Gol uzatsam gül mähweşim, ýeg bilmeý dur, ne hajatdyr?

Webal bilen wabeste men, mürewwet ýok men dek gula,
Gapyl jiger eýläp lerzan, diýer: dehri kesapatdyr.

Lagly-merjendir boýnunda, aby-Köwser dahanynda,
Nisar bolan men bendäge, rehim etmez, ne apatdyr?

Ragna ýarym, serwi kamat boýlaryňa perwana men,
Suhanyma handan kylyp, gaşyn kakar, ne adatdyr?

Gola tutup yşk oduny, men perwana hödr eýleýir,
Elem bilen hasyl bolsam, pynhan kylar, ne aşratdyr?

Jamyg eýläp sagadatym, ýörsem, katl alnymdadyr,
Wehim kylmanam pelekden, ýören ugrumda hasratdyr.

Magtymguly, sen deý murga deştde saýýat duçar geler,
Lahat içre ýalňyz goýar, jandan jyda rahatdyr.

## *REÝHANA OGŞAÝYR*

Eý peri, zyba peri, roýuň tabana ogşaýyr,
Gül roýuňda müşki-anbar reýhana ogşaýyr.

Bu köýen janyma besdir birje diýen sözleriň,
Gaşlaryň taýly kakyşyň Leýli jana ogşaýyr.

Men guluň men, ýaksaň janym, goluňdadyr – ol ýesir,
Hökmürowan permanydyr, Süleýmana ogşaýyr.

Örteseň oda ýakyp, ýa ki ýüzseň tyg bilen,
Tygy dermana barabar, özi Lukmana ogşaýyr.

Isteýip jemalyňy, keşt eýledim külli jahan,
Gözden döken ganly ýaşym, ol ummana ogşaýyr.

Bu pelegiň zulmy bilen gitdi sabyr-takatym,
Bu ýalan pany jahan bes bir zyndana ogşaýyr.

Ençeleri hums edip, kime berdi döwleti,
Başym çykmaz derde galdym, işi ýalana ogşaýyr.

Magtymguly, goja peleň her günde bir aw atar,
Ötse ömri ol pakyryň, tilki pälwana ogşaýyr.

## *YŞK DOWZAHYNA*

Herçent beýle nalyş etsem ol Hakyň dergahyna,
Gaýta sözüm diňlemeý, salar yşk dowzahyna.

Göwnümi tagýyr kylyp yşk, lukmadan hums eýledi,
Güwş tutmaý ol zaryma, sardy hijran çarhyna.

Tugun erdim, urdy zaglar, bir alajym ýok meniň,
Neýleýin, saýýat bolup, düşdüm murgyň gahryna.

Ençe nalyş eýleýip men, il-gün bilen gan aglasam,
Zaryma handan kylar ol, barmaz sözümiň parhyna.

Ähli öten aşyk-magşuk satsa yşkyň matasyn,
Golda bary-ýogun berip, ýetmez yşkym nyrhyna.

Eýýup kibi ten-u janymny ýuwdupdyr murlary,
Ustuhanymy getirip saldylar matbahyna.

Wejhi bilen düşse roýum, ýesir kylar gullary,
Paýy-destimi bent edip, atar Jeýhun bahryna.

Eý ýaranlar, pany dünýä gyrgysy aldy ýesir,
Pakyr Magtymgulyny salar zemin lahatyna.

## HUNY BARDYR

Köýse ömrüm jebr yşkyna, yzynda Mejnuny bardyr,
Ýüzleri handan eýlese, çeşmide huny bardyr.

Peşe bilen pili tutup, gör, bu pelek oýun kylar,
Peşe diýip agyrtmagyl, jesetde jany bardyr.

Gözel ilden gider döwlet, merdi namarda döner,
Namarda dil, merde gülki, bigadyr hany bardyr.

Her gözelde bir aýyp bar, onki syna ornuda,
Süýde siňe nazar salsaň, içinde gany bardyr.

Leb üstüne leb goýup sen, zerre tagam bilmediň,
Emma ýaryň lebinde, yşk jawudany bardyr.

Azaşyban  daň säherde, wasyl olsaň bir gapa,
Bag içinde şejer atly bir arguwany bardyr.

Mejnun kibi yşka köýseň, adam ogly, untmagyl,
Dowzah odundan beter ataş-suzany bardyr.

Pelek salsa her bir ýola, ýöregil sen, gaýtmagyl,
Çünki pelegiň golunda, uly permany bardyr.

Magtymguly, bu watany, sen terk kylyp ýörmegil,
Hüýr-peri, gulman-beşer, ençe jenany bardyr.

## *BALLAR MESGENI*

Eý-ä, dilber, jemalyňda jugra hallar mesgeni,
Zybanyňda şeker erkan, dahanda ballar mesgeni.

Zynat kylyp çykdy dilber, tawus guş dek dalmynyp,
Mahy-taban uýat eýlär, ýarymda ýyllar mesgeni.

Bady-saba geze bilmez dagy-deşti keşt edip,
Neýlesin ol bendi galdy, dilberde ýeller mesgeni.

Arap zyban düşdi hara, hyrydary ýok onuň,
Bu pynhany kylsam äşgär, dilberde diller mesgeni.

Serwi daragt boýly peri, seni hijran örtedi,
Ger ki arzyň sözleseň, ýarymda teller mesgeni.

Eý, Pyragy, görkezip ýol, özüň onda azaşyp,
Gezer bolduň diýgil arzyň, dilberde ýollar mesgeni.

## *HUN BILEN*

Gözel ömrüm takaty gaçdy, neýleý jan bilen,
Kuýaşym mekan eýläp, hemra bolmuş hun bilen.

Ne ýaman yşkyň ody, çäresi ýokdur onuň,
Ýanan jana däri kylmaz, köýdir, görüň, suzan bilen.

Kimleriň ykbaly ýörüp, kimse handyr, kim geda,
Kimse harsydünýä, ýygar, ýüwrüp pany jahan bilen.

Ýüregimde ýandy narlar, bir perwana nazar kylmaz,
Magtymguly öter boldy bu dünýäden arman bilen.

## *HAKYŇ PERMANYDYR*

Dostlarym, göwnüm içinde dowzahyň suzanydyr,
Istemez men ol ataşy, neýleý, Hakyň permanydyr.

Pany jahan gyrgysynyň penjesinde galmyşam,
Gyrgy ähliniň içinde ýamanlar ýamanydyr.

Merdi oýnar boldy pelek ilde ryswa eýleýip,
Pany dünýä gerdişi – namartlar döwranydyr.

Ömrümiň her bir güni öter boldy elem bilen,
Salym etrapy pelegiň bir gussa gerdanydyr.

Adam oglun bijin kimin, pelek her dem oýnaýar,
Ol Hakyň pelek üçin ýaradan haýwanydyr.

Günde ýüz katla öter men umman Hazar etrapydan,
Neýleýin bu däli göwnüm pelek natuwanydyr.

Ne işleri kylar boldy ol Hakyň dergahynda,
Pelegiň bu kärine jümle-jahan haýranydyr.

Magtymguly, söz diýeňde, söz ahyryn aňlagyn,
Erse Azazyly şeýtan kylan ol zybanydyr.

## *YGTYÝARYM ALYPDYR*

Pany pelek gerdişinde içdigim gan bolupdyr,
Günde ýüz müň jebir bilen ygtyýarym alypdyr.

Gaflat ukusynda ýatyp, seýl etmedim bossanyma,
Bu gün nazar salsam ol ýan, çiçeklerim solupdyr.

Bagbanymy alyp ýesir, göteripdir bu pelek,
Ugrunda sepil ýörüp tapsam, çaýa salypdyr.

Desti-paýa urup zynjyr, mejnun kibi daňylan,
Ol zyndanyň gapysynda zary-girýan galypdyr.

Bendilikden boşadara bir gurbatym ýok meniň,
Gaýrat aty gaýra tesip, ömri-de gojalypdyr.

Ol zyndanyň soltanyna diýdim: «Halas kyl ony»,
Zary-girýanymy görüp, ol soltan uýalypdyr.

Diýdi soltan: «Bent kylyňlar alnymdadyr, bu guly»,
Magtymguly öz dilinden gör, bagry gan bolupdyr.

## *GÖRMÜŞEM*

Hemra eýläp men namardy, birje zaman ýörmüşem,
Dözüp onuň her derdine, kyldyk işin görmüşem.

Bir zamanda bir gül gelip, hasyl boldy bagyma,
Neýleýin men ol sowsany, andalyba bermişem.

Ol andalyp şady-horram boldy güle sataşyp,
Aklym kesmeý, ne hekaýat baryn ondan sormuşam.

Diýdi: «Perwana menem, yşk elemine baş goşup,
Bu sowsanyň derdi bilen özüm nara urmuşam».

Gelip şeýtan, alyp güli ataş içre atar boldy,
Suzanyny men unudyp, ataş içre girmişem.

Jany-tenim baryny häkister kyldy ataş,
Bady-saba öwser boldy, asmana sowrulmyşam.

Magtymguly, akmak oldum, nadanlygym ýeg eken,
Erse elem bilen gezem, bu ykbala begenmişem.

## *JAN MATASYN ISTEÝIP*[9]

Pelegiň bu pany dünýä bazarynda ne käri,
Özge mata gözlemez ol, jan matasyn isteýip.

Gözlüler gözün alar ol, aryplaryň dilini,
Garrylary goýar ýalňyz, ýol hasasyn isteýip.

Mertleri namart kylyp, ýykdy ençe ärleri,
Möminleri eýlär ýalňyz ol lybasyn isteýip.

Aşyklarda söndi ataş, perwanada ne günä?
Jyda kyldy gan agladyp, ol hemrasyn isteýip.

Magtymguly derde ýakyn, bu gojalan eziz jan,
Gorkaram, alar eken dil senasyn isteýip.

---

[9] Goşgynyň başy golýazmalarda duş gelmedi.

## *YŞK BAZARYMA*

Pelek karardan düşüp, pida bolmuş zaryma,
Bir ajaýyp zyba peri, girmiş yşk bazaryma.

Her görenler hyrydardyr, şahy-geda hem guly,
Merdi-namart hem-de näkes söz ýetirer ýaryma.

Kyla bilmen pynhan ony, dözmeýär ejiz köňül,
Ger äşigär kylsam ýüzün, gören düşer gahryma.

Asly behişt sünbülidir gül ýüzünde zülpleri,
Erem içre biten narlar ogşamaz bu naryma.

Gelen derdini men alyp, hüwler çekiban gezerem,
Lukman gelip, göz aýlaýyp, çäre kylmaz azaryma.

Diýr Pyragy, mert menem, äşgär ile mertligim,
Diri gitmez gaşlarymdan degen namys-aryma.

## DAŞYMYZA

Şum pelek girdaba saldy köp hyýal başymyza,
Çyksak eger ki, kenara, tor gurar daşymyza.

Baş alyp gidip bu ýurtdan, tutsam ki gaýry watan,
Geler ol pasly-baharda, ýagmyry gyşymyza.

Göç turar göwnüm goşuny, bakyban permanyna,
Günde bir wekili ýollar, arz edip gaşymyza.

Roýy-kamatyny görsem, ýok kararym, neýlärem,
Gündizlerne nalyş etsem, gije girer düýşümize.

Ölübän ýar goludan, boldum ki men hem bes şehit,
Bir zaman rahat bermeý, guşlar gonar läşimize.

Ýokdur rehmi şum pelegiň, aýyrar dost-ýarydan,
Gör, niçe eýýam ötüp, düşmez göz gardaşymyza.

Şunça arz edip garasam, ýoluna gözler tutup,
Ýüregi daşdan gaty, erimez nalyşymyza.

Garry molla – Pyragy, ötdi ýigitlik paslymyz,
Günde ýüz wagt nalyş etsem, çäre ýok ýaşymyza.

## *MYHMANYDYR*

Dertdir bu janyň zilleti, saglyk onuň soltanydyr,
Ten mülküniň ser döwleti dynmaz öter, myhmanydyr.

Nebs eýleýip serkeşligi ten tagtynyň meýdanyda,
Rozy-ezel ruhuň, ýakyn, şol ähdi, şol peýmanydyr.

Bu bazara gelen kişi yhlasyn ary eýlesin,
Kabyl bolan yhlasly gul merdanlaryň merdanydyr.

Diýse bolar set aperin, ruhun besläp, nebsin basan,
Hakykat onuň bazary, Hak mejlisi meýdanydyr.

Waý halyna nebsin söýen, jan leşgerin ejiz goýan,
Rozy-jeza ýoldaş oňa, bet işleriň puşmanydyr.

Är tapmadym – gulluk edem, ýol tapmadym – haja gidem,
Bu iki iş bu ten era bu janymyň armanydyr.

Magtymguly bu gamzede, tä keý bu dert ile gider,
Bäş gün bu pany dünýäde bir aşygyň döwranydyr.

## *BETNAM OLUR*

Her emiriň, ger weziriň akly küteh, ham olur,
Ol emiriň ady ahyr halk era betnam olur.

Bir akyl – sahypkemalyň goly birle iş tutan,
Işini daşdan alar, terpendikçe, kam olur.

Isteseň serişdesin sen bu jahanyň serbe-ser,
El açan, gahryn geçen, binendeýi-eýýam olur.

Gelleban arbaba dönüp, bolmuş arbaplar emir,
Şalara bolmaz etagat, ili naferjam olur;

Diýň salam Magtymgulydan ýagy bolgan beglere,
Aý dolar, enjüm batar, ryswaýy-has-u a:m olur.

## *KÖŇÜL*

Bilmezem hiç, kaýsy derdiň mübtelasydyr köňül,
Ýa, Rep, ol bir biwepanyň çoh höwäsidir köňül.

Yşk derýadyr, düýbi ýok, hijran bir otdur, öçme ýok,
Yşka meýl etgen bu otlara ýanasydyr, köňül.

Bilmeýen atmyş özün yşk oduga perwana dek,
Imdi bilmez çäresin kim, ne kylasydyr köňül.

Isanyň demi muhal, Lukman o ýerde güň-u lal,
Ýa, Rep, bu derdiň bu hal ne iş dowasydyr, köňül.

Gerçe yşkyň derdidir diwanaýa jan apaty,
Aşna ähli bu gamy daýym aýasydyr, köňül.

Niçe mährem binowalar tapdylar ondan nowa,
Meng eden ondan meni bagtym syýasydyr, köňül.

Ýyglaýyp, Magtymguly, dergähe arzyň edewer,
Ne üçin köp ýyglagan bir gün gülesidir, köňül.

## *JAN ÇYKAR*

Ger tutsa halymdan habar, gury agaçdan gan çykar,
Ynsan şerarymdan eser tapsa teninden jan çykar.

Karun kylyp malyn eda, set jan eder bolsa pida,
Gün şemgydan bolup jyda, nurun goýup, pynhan çykar.

Bir köşede bolsam mukym, köňle getirsem gadry-sim,
Her köşeýi-weýranadan set genji-bipaýan çykar.

Köňlüme gelen nagyşlar gözlere peýda bolsa ger,
Düşse gözi nadanlaryň, kämil bolup, merdan çykar.

Hiç aňlamaý zir-u zeber, ger tapsa jezbämden eser,
«Elipden», «biden» bihabar, her demde bir Gurhan çykar.

Jebr etdi Jemşit janyna, ki erdi magdan känine,
Ýüz ýyl okap paýanyna ne Zal-u ne Lukman çykar.

Men hem Pyragy ol gadar, aklymy kyldym derbe-der,
Bir bahünär tapsa habar, per baglaýyp, asman çykar.

## *AL GANDYR*[10]

Gopdy Aý, Gün ýerinden, galdy kyýamat aýaga,
Ukuly gözümi açsam, jahan ýüzi al gandyr.

Diýdim: «Göwün goşul ile, çyk tyg alyp söweşe»,
Näz eýleýip geldi ol ýar, diýdi: «Gaşym kemandyr».

Gapyl olma, adam ogly, bir gün ömrüň bar seniň,
Ötse ýigitlik pasly, günde ýüz müň armandyr.

Günde ýüz wagt arz edip, gaýdyp almaz sen ony,
Ötürmegil gapyl başdan, ösen şemal döwrandyr.

Her bir işe baş goşup, alma iliň käýişin,
Tä ömür ahyr gidermiş, her gadamda zyýandyr.

Pynhan syryn aýan eýläp, Pyragy diýdi derdini,
Illerim alkyş okaýar, bildim, derde dermandyr.

[10] Golýazmalarda goşgynyň başy duş gelmedi.

## *AÝA MEŇZÄR*

Göwün içre sen gül peri,
Roýuň dolan Aýa meňzär.
Haýran edip akly-seri,
Goýnuň behişt jaýa meňzär.

Zagpyrandyr bagy-bossan,
Deşte döndi derýa-umman,
Bakyň, dostlar, pany-jahan
Bir weýran saraýa meňzär.

Meniň ýarym sahypjemal,
Perilerden gelmez kemal,
Kirpigi ok, gaşy hilal,
Siňe baksaň, ýaýa meňzär.

Göwün istär roýun görsem,
Zyban istär kelam sorsam,
Gel diýende, serde ýörsem,
Akyl-huşum paýa meňzär.

Husnuňdan geldim amana,
Nazar eýle natuwana,
Sözle dilber, men diwana,
Ýar, owazyň naýa meňzär.

Guba gazdyr köl içinde,
Döwlet gudrat il içinde,
Bagda güldür, çöl içinde,
Arap şütri – maýa meňzär.

Kylar bolduk her bir işi,
Aldady pelek gerdişi,
Pany jahanyň teşwüşi,
Düýbi dargan – ryýa meňzär.

Näler istär, diý, dükanyň,
Bereý iman, şirin janym,
Gözel peri, seň mekanyň,
Käbede Beýtulla meňzär.

Mahy-tabandyr jemaly,
Roýuna tutmuş desmaly,
Akly çaşan Magtymguly,
Il içinde şeýda meňzär.

## *GYÝMAZ GÖZÜM*

Näzli ýar erkin ýatandyr,
Oýarmaga gyýmaz gözüm.
Gözlerime çöp atandyr,
Laldyr dilim, çykmaz sözüm.

Aç gözlerim görsem diýip,
Hyzmatynda dursam diýip,
Teşne lebden sorsam diýip,
Kararym ýok, çytmaz ýüzüm.

Pyragy diýr, galyp pynhan,
Sürmeý öldüm, dostlar döwran,
Telwas urup jesetde jan,
Çyksam diýer ýara lazym.

## *GÜLE MEŇZÄR*

Eý, ýaranlar, ýagşy ýaryň,
Goýny jennet, güle meňzär,
Sözlese, dürler saçylar,
Dilleri bilbile meňzär.

Yşk ody ýandyrdy bizi,
Soramaňlar menden sözi,
Ýaryň eýgi gyzyl ýüzi
Göýä Aýa-Güne meňzär.

Näler çekdim derdi-pyrak,
Ýeteý diýsem, ýolum yrak,
Galam gaşly, badam gabak,
Saçlary sünbüle meňzär.

Zülplerine urup şana,
Meni ol kyldy diwana,
Göýä ol – şem, men – perwana,
Ýandym, tenim küle meňzär.

Köýen ýok dünýäde mençe,
Didar görmek ýok doýynça,
Dişleri dür, agzy gunça,
Bili inçe – gyla meňzär.

Gözi nerkes, boýy şemşat,
Kirpikleri misli polat,
Peri-peýker serwi-azat,
Desse-desse güle meňzär.

Göwsünde bar goşa nary,
Ak ýüzünde jüre haly,
Leblerinden akan baly,
Şäht ile şekere meňzär.

Özüne köpdür binasy,
Geýip reňbe-reň lybasy,
Eline goýan hynasy,
Göýä gyzyl huna meňzär.

Magtymguly, bolduň harap,
Istap tapman ýary sorap,
Oturyşyň ýola garap,
Ýol tapmadyk köre meňzär.

## *BARMY, ÝARANLAR*

Yşk ýolun höwes eýläp,
Gelen barmy, ýaranlar?
Derdimi beýan etsem,
Bilen barmy, ýaranlar?

Bolmuşam mesti-şeýda,
Hezar pişe, set söwda,
Älemde men deý ryswa,
Bolan barmy, ýaranlar?

Daşym dert, içim biryan,
Eder men nala-giryan,
Menim deý mesti-haýran,
Galan barmy, ýaranlar?

Ýalan dünýäde ýaýnap,
Gezer sen gülüp, oýnap,
Yşk matbahynda gaýnap,
Ölen barmy, ýaranlar?

Yşk duş bolsa bir merde,
Toz bolar, döner gerde,
Menim deý özün derde,
Salan barmy, ýaranlar?

Bardy halym ölümge,
Tap etmeýen zulumga,
Ýyglamaýyn halymga,
Gülen barmy, ýaranlar?

Magtymguly jan çekse,
Rehm etmezler, ýaş dökse,
Yşkyň ýolunda ýogsa,
Talan barmy, ýaranlar?

## *UÝAT EÝLEÝIR*

Meňli hanym golun dişläp,
Bizden ki uýat eýliýir,
Kä daranyp, uz ýörişläp,
Bizden ki uýat eýliýir.

Aşyk, gulak goýgul söze,
Syýa zülp ýaraşar ýüze,
Sürme çalyp gara göze,
Bizden ki uýat eýliýir.

Geýipdir gyzyl-ýaşyly,
Bilmen nedir ýar hyýaly,
Göz edip ýomut, ahaly,
Bizden ki uýat eýliýir.

Ykbal çapmaz ýöreý diýsem,
Ýokdur malym, bereý diýsem,
Aç, roýuňy göreý diýsem,
Öwrülip uýat eýleýir.

Görüşeli, Meňli hanym,
Ustuhanym, şirin janym.
Pyragy diýr, din-imanym,
Ýetdirmez, uýat eýleýir.

## *AÝA DÖNDI*

Ýüzi mahy-tabanym,
Gün ýaly Aýa döndi.
Çarh oldy nerdiwanym,
Gök paýa-paýa döndi.

Bir gün aşyk şowk oldy,
Gam-gussasy ýok oldy,
Her kirpigiň ok oldy,
Gaşlaryň ýaýa döndi.

Aşygy saldyň oda,
Goýduň gitdiň burada,
Günorta berdiň wada,
Wagt geçdi, saýa döndi.

Jan galmady bedende,
Ýanar men ah edende,
Gözüm gelip-gidende,
Her günüm aýa döndi.

Müň söwdam bar, bir başym,
Goýdum ilim, gardaşym,
Aglamakdan gözýaşym
Joşgunly çaýa döndi.

Ýaryň köňli çag oldy,
Aşyklar tussag oldy,
Dalda ýerim dag oldy,
Düz ýerim gaýa döndi.

Istär men günde-günde,
Ýyglar men tünde-tünde,
Her zülpüne bir bende,
Hüý saýa-saýa döndi.

Dal pudaklar egildi,
Göçdi bilbil, dagyldy,
Akar suwlar soguldy,
Çöl ýerler çaýa döndi.

Derman bolmaz alaja,
Zat bermezler mätäje,
Baýlar döndi gallaja,
Pakyrlar baýa döndi.

Magtymguly, gezende,
Halap, Kaýsar düzünde,
Gözel ýaryň yzynda,
Ömrümiz zaýa döndi.

## *GÖZÜM DÜŞDI*

Şükür, alhamdulilla!
Janana gözüm düşdi.
Meýhanada meý içdim,
Messana gözüm düşdi.

Eý, zülpi, saçy anbar,
Mährap ki ýüzüň münber,
Eý, lagly-lebi göwher,
Ummana gözüm düşdi.

Eý, gözleri ahramy,
Gel, gözlegil ýaramy,
Eý, köňlümiň aramy,
Imana gözüm düşdi.

Eý, jady jeren gözli,
Eý, şähd-u şeker sözli,
Eý, Şems-u Kamar ýüzli,
Tabana gözüm düşdi.

Arzuwda gezer iller,
Hyzmata geler gullar,
Täze açylan güller,
Bossana gözüm düşdi.

Her saçlary bir sünbül,
Göýä ki menem bilbil,
Eý, jennet era bir gül,
Ryzwana gözüm düşi.

Bu derdime sen derman,
Köýüňde bolam nalan,
Magtymguly diýr, eý jan,
Janana gözüm düşdi.

## *AT ISLÄRIN*

Kerem etseň, Kadyr Taňrym,
Dünýälikden at islärin.
Talygym ukuda galmyş,
Bir açylmyş bagt islärin.

Ýoksullyk bir ýaman ýoldur,
Pakyr menem, golum galdyr,
Halal ryzk ber, kesp bildir,
Kimýa atlyg ot islärin.

Ýalan dünýäde ýörmäge,
Döwlet ber eşret sürmäge,
Ömür ekläp, gün görmäge,
Segsen ýyl nurbat islärin.

Hajy Bekdaş, Abdylkadyr,
Hoja Ahmet, Ymam Ryzadyr,
Feridun bir öwlüýädir,
Baryndan hümmet islärin.

Pyragy, yşka ugraşdym,
Derýa girdim, möwje düşdüm,
Hor galmasyn puştdyr-puşdum,
Berkarar döwlet islärin.

## *HINDISTANDA HYÝALYM*

Hak ugrunda gurbandyr,
Janym, döwletim, malym.
Göwün ýola rowandyr,
Hindistanda hyýalym.

Ýyglap, gözüm ýaş etdim,
Göwün içre nagş etdim,
Il-günüme bagş etdim,
Zyban içre asalym.

Durdum adam sanyda,
Garamatyň ýanyda,
Bir gardaşsyz, panyda,
Niçik öter ahwalym.

Ol peýkeri haraýym,
Bagyş kyldym saraýym,
Puş eýledim, gör, roýum,
Göterip men desmalym.

Ýördüm jebir köýünde,
Ýandym yşkyň öýünde,
Galdy zemin teýinde,
Daýym berilen pälim.

Janym ataşa saldym,
Nar içinde men galdym,
Yşkdan ýaradar boldum,
Lukman soramaz halym.

Il gözüne ilip men,
Ilenimi bilip men,
Ýar gaşyna gelip men,
Nä diýerem – delilim.

Pany-jahan içinde,
Peýkam keman içinde,
Mejnun umman içinde
Gark bolmuş eski salym.

Bir perige hyrydar,
Bu janym oňa nisar,
Diýdim ýara: «Arzym bar»
Unutmyşam sowalym.

Meňli jana ot salar,
Ody jismimde galar,
Magtymguly, uýalar
Meniň sahypjemalym.

## *BU DAHANA*

Akyl bu gün keser boldy,
Ne söz gelse bu dahana.
Görüň, pelek ýeser boldy,
Talaň salyp bu jahana.

Bent bolupdyr gören gözler,
Syýa bolmuş gözel ýüzler,
Ajap asal-şeker sözler,
Ýesir bolmuş bu zybana.

Kim görüpdir dünýä teýin,
Kaýsy jaýda, kaýsy öýün,
Içer boldum yşkyň meýin,
Aç göz bilen gana-gana.

Kapas içre ýesirdir jan,
Zyban diýmez, bentdir dahan,
Bu ýalançy pany-jahan,
Goýmaýar nurbat-amana.

Dag başynda dumany bar,
Her bagyň bir bagbany bar,
Adam ogly zenany bar,
Gözüm  düşmez ol jenana.

Akyl haznasyn açanlar,
Pany jahana saçanlar,
Gonany bar, köp göçenler,
Dargaýypdyr, göçüp-gona.

Ýagşy ärde ýamanlyk bar,
Erse oňa il hyrydar,
Sözüm diňle, Perwerdigär,
Gowşur meni Meňli hana.

Uzak ömür, ýol agyrdyr,
Han işlese, bil agyrdar,
Ýagşy söze hyrydardyr,
Ýararmyş geda, soltana.

Dag başyndan gaçar daşy,
Her kimiň bar öz syrdaşy,
Kimse ýalňyz — ýok gardaşy,
Gözi düşmez bir dogana.

Magtymguly, sözüň hakdyr,
Hak söze ten beren ýokdur,
Gider bolsaň, ýol uzakdyr,
Eýran, Turan, Hindistana.

## SÖWÜŞ BILE

Myhman geler alys ýerden,
Garşylasaň söwüş bile,
Mert ýigitler geçer serden,
Al meýdanda döwüş bile.

Ýüwrük ýetmez uzagyna,
Düşdüm pelek duzagyna,
Meňli gyzyň ýüzügine
Gaşlar goýsam kümüş bile.

Gyz-u juwan uz ýöreýip,
Göz gider bagryň ereýip,
Kölde guba gaz ýöreýip,
Suw seslener gamyş bile.

Magtymguly, ýarytmadym,
Sederime darytmadym,
Perzent pohun arytmadym,
Mydam işim symyş bile.

## *DÜKAN GÖRÜNER*

Adam ogly, seýil kylsaň,
Dünýäde dükan görüner.
Bu panyga nazar salsaň,
Ýuwdarha-jahan görüner.

Isgendere torun guran,
Süleýmana arza baran,
Karun-Harun — baryn uran,
Ol pelek pälwan görüner.

Jebir görüp, ýanan janlar,
Çäre tapmaýan dermanlar,
Dünýäde çohdur ummanlar,
Bäş sany umman görüner.

Serine duman bürenen,
Gözýaşy ýerde süýrenen,
Mähirli, daşdan görünen
Daglarda duman görüner.

Çyn-Maçynda tagtyn guran,
Eýrany, Owgany soran,
Hindistan, Hotana baran
Atanyýaz han görüner.

Dag serinden güzer salsaň,
Ol ýerde ýurt eýläp galsaň,
Şol jaýyňdan nazar salsaň,
Ulug Dehistan görüner.

Perde tartyp ýüzlerime,
Raýyş berip sözlerime,
Magtymguly, gözlerime
Ýeke Meňli han görüner.

## *KÄRE DÖNDI*

Eý gardaşlar, byradarym,
Maňa garşy käre döndi.
Bialajam, Meňli hanym,
Ýaşyn döküp, zara döndi.

Kapyrlar Ybraýmy tutdy,
Ahyr betniýete ýetdi,
Golun baglap, oda atdy,
Ot bary gülzara döndi.

Az berdiler, köp aldylar,
Tüýs gara süýthor boldular,
Her keşbe girip geldiler,
Il bary haýýara döndi.

Bahyllar ýele gezdiler,
Alymlar ýyldan azdylar,
Kyýamatdan gol üzdüler,
Barysy süýthora döndi.

Zit kyldy oglun Ysmaýyl,
Gelinler azdy ýylba-ýyl,
Her kes işe bolmaý kaýyl,
Uly il bikäre döndi.

Daglar sürer çohdan döwran,
Ajap jaýlar boldy weýran,
Hakdan gelse bir gün perman,
Ol Ysrapyl sura döndi.

Kazy, reýs kanun tutman,
Bolan iş soňuna ýetmän,
Bir bendäge rehim etmän,
Asdy, atdy, tire döndi.

Ýagşylarmyz ýaman boldy,
Daglar başy duman boldy,
Namart bary aman boldy,
Goç ýigit zibire döndi.

Illerde ýok zerre gaýrat,
Weýran boldy köp ymarat,
Nergiz gözli ol bedew at,
Namart golda hara döndi.

Pyragy sen, bigünä bol,
Goç ýigitden taglymat al,
Göwnüm, gideli, bäri gel,
Ajap mekan zara döndi.

## *HAR KYLDY*

Eý-ä, dostlar, däli dünýä
Ýagşy günlerim har kyldy.
Iki ýüzli, loly dünýä,
Şady-horramym zar kyldy.

Başdan gerek ýar ýigide,
Dost tapylmaz dar ýigide,
Asly ýeke — är ýigide
Zalym pelek, gör, zor kyldy.

Kimim bar eşitse derdim,
Tilki boldy peleň, gurdum,
Weýran boldy gözel ýurdum,
Gyzylbaş tary-mar kyldy.

Goldan gidendir dessanym,
Göýä tenden çykdy janym,
Gözi ýaşly Meňli hanym,
Ýüregim içre nar kyldy.

Atsyz galdy güýçli pälwan,
Beýle boldy, neýleý, zaman,
Özün hödürleýip juwan,
Kalbymda, görüň, mar kyldy.

Magtymguly, kes tiliňi,
Bükerler elip biliňi,
Azara goýma iliňi,
Barysy ygtybar kyldy.

## *GELIP DÜŞDI*

Diri duşmanym, neýläýin,
Garry pelek gelip düşdi.
Derdimiň baryn söýläýin,
Depe saçym bir dem üýşdi.

Aýyrdy gözde nurumdan,
Bagda alma-enarymdan,
Meňli atly şol ýarymdan,
Ýanyp ýürek, gaýnap bişdi.

Çykmaz boldy söhbet-sazym,
Eşitse, Alla owazym,
Görünmez boldy ýyldyzym,
Aýym batdy, Günüm ýaşdy.

Zäherdir berilen aşlar,
Bar, seret, gitdi gardaşlar,
Dagap göwündeş – syrdaşlar,
Eýran, Turan, Owgan aşdy.

Ýat boldy yslamyň ýoly,
Hiç kimsäniň ýok hyýaly,
Ýowuz düşen Magtymguly,
Bes eýlegil, aklyň çaşdy.

### *ÝANAN BARMY?*

Jahankeşdesi — gedalar,
Meniň kibi ýanan barmy?
Yşk aşygy perwanalar,
Ol ataşdan ganan barmy?

Hiç bir gapydan ötmeýen,
Maksadyna bir etmeýen,
Akly-huşy pikr etmeýen,
Älem içre nadan barmy?

Bady-saba, geler bolduň,
Her jaýda bir galar bolduň,
Pana nazar salar bolduň,
Adalatly soltan barmy?

Armanyň ýokdur jahandan,
Erenler, diýiň, zybandan,
Boý satyn alyp ýamandan,
Baky ondan dynan barmy?

Saz eýlär bolduň gargydan,
Başym bendidir bergiden,
Murglarda bu gyrgydan,
Jahan içre aman barmy?

Luw, diýgil, umman ýüzer sen,
Deştden goluňy üzer sen,
Barça ablary gezer sen,
Bir eşretli mekan barmy?

Pelek gözleýip bilmez,
Aýlanyp birje gelmez,
Baky maly egsilmez,
Bazarda dükan barmy?

Zyban şirin asaly,
Mahy-taban jemaly,

Roýunda hindi haly,
Mynasyp jenan barmy?

Saba diýerem pynhanda,
Ýakar nary goýdy janda,
Gezip sen pany jahanda,
Gözlärem, Meňli han barmy?

Seýl eder bolduň gaşynda,
Kemerinde, kuýaşynda,
Ol gojalan dag başynda
Baran bilen duman barmy?

Paýyny laýa batyran,
Suzan üzre bir oturan,
Bu pelege azym uran
Panyda bir merdan barmy?

Seýl eder sen gün-aýlary
Ne ajaýyp saraýlary,
Görer sen her bir jaýlary,
Ol jaýlarda Gurhan barmy?

Bir serwi gözel boýunda,
Ol Remezan aýynda,
Panynyň süýthor jaýynda
Ataş bilen zyndan barmy?

Bir hulky bardyr sözünde,
Hekaýat bardyr gözünde,
Meňli ýaryň gül ýüzünde
Bize garşy keman barmy?

Magtymguly, sözlediň az,
Dert-yzharyň kyldyň beýaz,
Köl içinde meýlisde gaz,
Bizler üçin watan barmy?

## *ARMANYM GALDY*

Zübeýda, naçarym, diňle,
Kalbymda armanym galdy.
Kuýaşymdan akdyrdym gan,
Zemine bak, ganym galdy.

Bilbilem, çekmişem zary,
Sowuldy yşkyň bazary,
Uruldy hijran hanjary,
Aglap Meňli hanym galdy.

Öten günlerim düýş bolup,
Gezdim ilimden uýalyp,
Bakyň, jesedim boş galyp,
Lahat içre janym galdy.

Günbe-günden derdim artyp,
Ýörmedim jahany ýortup,
Zähmet çekip, azar tartyp,
Düzdügim dessanym galdy.

Zalym pelek, gahba pelek,
Çoh janlary kyldyň heläk,
Läle, zemin, asman, melek,
Wah, mahy-tabanym galdy.

Magtymguly, gara ýüzüň,
Diňlemezler zaryn sözüň,
Zübeýdäm, ýaşlasaň gözüň,
Harytsyz, dükanym galdy.

## *NÄGEHAN PYRAK*

Goldan aldyň kararymy,
Gelip sen nägehan, pyrak.
Göterdiň Meňli ýarymy,
Goýup janda arman, pyrak.

Gözlerim ýoluňda bende,
Ne ygtyýar galdy mende,
Eýläp jebir gelen günde,
Sere saldyň pygan, pyrak.

Arzymy diňlemez şahym,
Batdy asmandaky mahym,
Daglary ýandyryp ahym,
Baryn kyldy weýran, pyrak.

Galmaz meniň başym aman,
Gören jebrim diýer zyban,
Günde gelip Isa, Lukman,
Tapmaz derde derman, pyrak.

Zülpükarym aldyň goldan,
Aýyrdyň bir ýalňyz saldan,
Ilim habar sormaz haldan,
Zyňdyň baryn Eýran, pyrak.

Oksuz galdy golda ýaýym,
Batdy meniň Günüm, Aýym,
Goldamasaň Sen, Hudaýym.
Kylar meni gurban, pyrak.

Magtymguly zar aglaýyp,
Jigerin nara daglaýyp,
Ol Meňli ýarym çaglaýyp,
Her gün çekdir efgan, pyrak.

## *AÝRYLDYM*

Bilbilem, ahy-zar çekip,
Täze gülzardan aýryldym.
Gözden ganly ýaşym döküp,
Söwdügim ýardan aýryldym.

Ýara ýaraşar sürmeçe,
Sypatyn söýlärem ençe,
Agzy şeker, lebi gunça,
Zülpi garadan aýryldym.

Şirin janda ýokdur takat,
Jebri onuň jana rahat,
Gaşlary pitneýi-apat,
Çeşmi hunhordan aýryldym.

Aýryldym gunça-gülümden,
Syýa saçy sünbülimden,
Hoş owazly bilbilimden,
Şirin güftardan aýryldym.

Däli köňlüm arzymany,
Külli gözelleriň hany,
Sekiz jennetiň bossany,
Bakjaly bardan aýryldym.

Illeri bar deňli-deňli,
Sowuk suwly, ter öleňli,
Ili – gökleň, ady – Meňli,
Näzli dildardan aýryldym.

Magtymguly, aşyk messan,
Bagladym şanyna dessan,
Menzilgähi bag-u bossan,
Almaly nardan aýryldym.

## *LERZANADYR*

Eý, ýaranlar, gözel ömrüm,
Garradykça lerzanadyr.
Günbe-günden artyp derdim,
Däri istäp perwanadyr.

Aşyk ýansa ol ýar üçin,
Margir ýörse şamar üçin,
Goçaklar namys-ar üçin
Ata çykar, merdanadyr.

Ne ajap elwanlar süren,
Ýagşy-ýaman – baryn gören,
Bizler bilen hemra ýören
Aksakallar, bak, danadyr.

Magtymguly, elli ýaşyň,
Gamdyr, gaýgydyr syrdaşyň,
Gapyl bolma, galdyr başyň,
Garrylyk bir bahanadyr.

## *HER ÝANA*

Ýarsyzlykdan ýaman iş ýok,
Göz salyp gezsem her ýana,
Ýa, Ýaradan, bir ýar bergil,
Köp muşakgat degdi jana.

Bir ýar bergil etli-ganly,
Köňli giň, göwsi meýdanly,
Dil bilen, akly kemally,
Ýüzi hem bolsun görkana.

Gadyr bilenden daş etme,
Nägadyra ýoldaş etme,
Dil bilmez bela duş etme,
Sada dil bolsun – türkana.

Keremiň güýçlüdir, görgül,
Diýr sen: «Doga kyl, el gergil»,
Ne berseň, tiziräk bergil,
Ygtybar ýokdur bu jana.

Boýy uzyn, pes bolmasyn,
Hetden aşa mes bolmasyn,
Akylsyz, näkes bolmasyn,
Sadadan bolsun – türkana.

Ýagşy aýal ele gelmez,
Nadan ýagşyň gadryn bilmez,

Aýalsyza mydar bolmaz,
Dönseň hökmi-Süleýmana.

Derwüşlere ýolsuzlygy,
Ýigitlere malsyzlygy,
Ylahy, aýalsyzlygy,
Görkezme hiç musulmana.

Magtymguly, köýsem, bişsem,
Ynanmazlar oda düşsem,
Höwesim bar, bir gyz guçsam,
Diýsem sözümi erkana.

## *BU GÜN*

Dogdy asmanyň Zöhresi,
Çyn aşyga döwran bu gün.
Açyldy zemin lälesi,
Işbu dünýä reýhan bu gün.

Her saýranda şeýda bilbil,
Öwşün atar öwüsip gül,
Aşyk bolsaň, muny ýat bil,
Magşuk saňa gurban bu gün.

Dil senewer şekeristan,
Älem-jahan gül-gülüstan,
Goýnuň içre biten bossan,
Goç ýigitler bagban bu gün.

Gül dessesin tirer bolsaň,
Gülşen içre girer bolsaň,
Menden habar sorar bolsaň,
Toty güftar zyban bu gün.

Daglar başy ümür basan,
Jülgesinde güller ösen,
Her deminde namart gysan,
Adyl şadan perman bu gün.

Dowamatdyr il merdine,
Awun bermez şir gurduna,
Çyn aşygyň ol derdine,
Pyragydan derman bu gün.

## *NARY DILBERIŇ*

Köňül şährine ot saldy,
Wah, neýleý, nary dilberiň.
Etrapymy duman aldy,
Gelendir gahry dilberiň.

Adam nesli däldir meger,
Hüýri-gulman başyn eger,
Handan eýläp, bize deger,
Gorkaram, mary dilberiň.

Göwher, ýakut ýar boýnunda,
Pelek lerzandyr oýnunda,
Ýetişipdir ýar goýnunda,
Pynhandyr nary dilberiň.

Oldur aşyklar ataşy,
Eripdir Mejnunyň ýaşy,
Kenizidir hem syrdaşy –
Behiştiň hüýri dilberiň.

Ýandy, goja, ýürek ýaraň,
Hyrydary sen biçäräň,
Magtymguly – bagty garaň
Namysy, ary dilberiň.

## *BOÝLARYŇA*

Ýörseň, ýarym, guwanar men,
Serwi kamat boýlaryňa.
Gülden puşeş ýaraşypdyr,
Ajap rahat boýlaryňa.

Men – bilbile eýläp azar,
Aldyň şirin janym nisar,
Züleýhadan galan zünnar,
Bolsun hajat boýlaryňa.

Görsem roýuň, ýok armanym,
Sensiz hazan ursun janym,
Ykbalym, dinim-imanym,
Kylam hormat boýlaryňa.

Yşkyň bilen men dat eýläp,
Öwrenip men, adat eýläp,
Ömür-ahyr perýat eýläp,
Ýetmez lahap boýlaryňa.

Gören aşyk pida bolar,
Il-gününden jyda bolar,
Magtymguly geda bolar,
Din-keramat boýlaryňa.

### *GARA GÖZLERIŇ*

Sebäp boldy ýanan jana,
Jellatdyr gara gözleriň.
Ýetirmez nurbat-amana,
Jellatdyr gara gözleriň.

Perim, ýalňyz-ýeke ýörme,
Ýaman ähliň ýüzün görme,
Syýa gaşa çalyp sürme,
Apatdyr gara gözleriň.

Jellat gözler, aman-aman,
Dünýä ýüzün kyldyň duman,
Aşyk ählin eýläp bijan,
Rahatdyr gara gözleriň.

Magtymguly, ýar armany,
Agladar beşer-gulmany,
Musulmanyň din-imany,
Ymmatdyr gara gözleriň.

## *GÜLGÜZAR OÝNAŞAR*

Girsem baryp söwer dostuň bagyna,
Asman galyp, ol gülgüzar oýnaşar.
Seýran etsem duman basan dagyna,
Hemle urup, iki şamar oýnaşar.

Iki maral aby-Köwser güzerde,
Men pakyry örtäp nuran[11] nazarda,
Yşk söwdasy rowaç tapan bazarda,
Satan bilen ol hyrydar oýnaşar.

Girdim baga bütin dünýä harç edip,
Bakdym güle, arman bilen hyrç edip,
Güller bilen bilbil birge möwç edip,
Alma-enar, injiri-nar oýnaşar.

Ýagşy sözler jaý eýleýir dil içre,
Närse gaçsa, dura bilmez sil içre,
Är ýigitli, berkararly il içre,
Hiç oňuşmaz namys-u ar oýnaşar.

Pelek gezer hijran-hemle atyşyp,
Namart ýörmez mertler bilen gatyşyp,
Magtymguly Meňli ýara sataşyp,
Bäş gün biziň bilen gül ýar oýnaşar.

[11] Nuran – nurana, nurly.

## *BIZGE ROWANA*

Nesip tartyp, biz hem düşsek ýollara,
Diýiň iller bolsun bize rowana.
Nuh goldaýyp girer bolsak syllara,
Pata beriň nazar tutup ummana.

Goja daglar serin egip, ötürse,
Saba gelip, arzym ýara ýetirse,
Yza dönüp, ýar jogabyn getirse,
Höwes bilen ismin ýazsam dessana.

Gojalykdan göwnüm laýa batypdyr,
Pelek oýnap, ykbalymy satypdyr,
Gözün ýumup, elli okun atypdyr[12],
Gelip orun tapyp girmiş bu jana.

Mejnun menem Meňli hanyň odunda,
Ýanyp-köýsem, ýokdur onuň ýadynda,
Perhat-Şirin, Zöhre-Tahyr adynda,
Taglym alyp, boldum menem perwana.

Hindi hallar gül ýüzünde jugradyr,
Zar eýleýip, çeken ahym nagradyr,
Hijran wasyl, jigerimi dogradyr,
Owazasy dolup onuň Eýrana.

Magtymguly, unutmagyl iliňi,
Uzyn ýaly, gysgaldawer diliňi,
Ýol ýörir men diýseň, bagla biliňi,
Bezirgenler gider Mazanderana.

[12] Bu ýerde elli ýaşa ýetendigi beýan edilýär.

### *NAMYS BILEN AR*

Pelek, hijran sary atyň çapar sen,
Gerekmesmi saňa namys bilen ar.
Gökde uçan murgy bir dem gapar sen,
Myrada ýetirmän kyldyň hary-zar.

Ne peýda bar aşna kylsaň giýewden,
Biziň daglar paýyn almyş ol gäwden,
Aşyklary jyda kylyp birewden,
Gül roýuna eýleýip sen intizar.

Ýat edermen bir ýaradan Hudany,
Gazanyp men çoh sözleýip günäni,
Özi ýetip eýlemese penany,
Pelek meni kyldy nara giriftar.

Hak sylaýyp bermiş, bize bu dili,
Gül üstünde bent eýlemiş bilbili,
Meňli hanyň gül roýunda sünbüli,
Handan kylyp, bezenmişdir bir şamar.

Kimse tutmaz, ýa Ýaradan, emriňi,
Bereniňde az berip sen ömrüňi,
Pelek, indi bes eýlegil jebriňi,
Haýbatyňdan ilim-günüm  bikarar.

Pany jahan şirin jany ýandyran,
Nar üstüne ataşyny indiren,
Rüstem Zaly gaýrat atna mündüren,
Äşkär kylsam, biliň, ol Ispendiýar.

Ötenden, geçenden ykbalym sardym,
Il basmaz jaýyna günde bäş bardym,
Aklym kesmeý, çoh işlere baş urdum,
Bilmemişem, pany jahan bazygär.

Sil akanda, ýelesinde daş galar,
Bedew ölse, laçynlara läş galar,
Hakyň beren ajap jaýy boş galar,
Men neýläýin jandan gaýry zernigär.

Handan eýläp, etrapymy ýol etdiň,
Gury tiken serwi kylyp, sal etdiň,
Kimseleriň zäherini bal etdiň,
Kimseleri kyldyň gury rozygär.

Yşk meýinden içip galdym gaş tutup,
Bahar çagy uklaýyp men noş tutup,
Pany dünýä diýenine güwş tutup,
Haýran galyp kylyp oňa bir bawer.

Pany dünýä gelip öten jenanlar,
Hesip eýläp gutarmadym ne janlar,
Mejnun bolan Magtymguly, ýaranlar,
Hijran dagda bolmuş Meňlä sezewar.

## *GÖZEL SEN*

Gün hanjary gökden ýere inende,
Güne garşy dogan Aýy, gözel sen.
Ussa Jagfar işi, senjap jüpbesi,
Yspyhanda gurlan ýaýy, gözel sen.

Saçbagyň ujunyň simdir işmesi,
Üstüňden ýol düşse, kyndyr aşmasy,
Agzyň aby-haýat, Zemzem çeşmesi,
Aýnal-baky suwnuň laýy, gözel sen.

Gyzyl diýsem – gyzyl, al diýsem – al sen,
Hindistanda – şeker, Bulgarda – bal sen,
Yşk bilen açylan bir täze gül sen,
Ýusup–Züleýhanyň taýy, gözel sen.

Her kim güýçli bolsa, oňa «pir» diýrler,
«Dertli guluň dermanyny biýr» diýrler,
«Gawunyň ýagşysyn şagal iýr» diýrler,
Ykbally bendäniň paýy, gözel sen.

Owazaň Çyn-Maçyn, daglar aşasy,
Seni görenleriň akly çaşasy,
Hindistanyň reňkli gyzyl şişesi,
Suraýy çilimiň naýy, gözel sen.

Magtymguly halkdan syryn gizlese,
Dişini uşadyň, ýalan sözlese,
Owalda, ahyrda Eýäm gözlese,
Garyp biçäräniň paýy, gözel sen.

## *GÖRDÜŇMI*

Ýagty salar gider zulmat tününde,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?
Bahar eýýamynda, heýhat gününde,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Anka sypat turup, «Hak!» diýp galkan guş,
Gijesi tirikdir, gündizi bihuş,
Redaly, jindeli, egni hyrka puş,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Gan edipdir pelek bagrym pyrakda,
Elmydam gezer men ýar diýp sorakda,
Käbe etrapynda, Şamda, Yrakda,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Haremde, Gypjakda, Çynda-Maçynda,
Asmanyň üstünde, arşyň içinde,
Yklym degresinde, pelek burçunda,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Aşyklar ahynda, Gulzum döwründe,
Gubbatyl-yslamda, Jeýhun bahrynda,
Sidre sährasynda, Isa şährinde,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Hezret Aly etgeç älemge dawy,
Kapdan Kaba düşdi hezretiň çawy,

Ýa, yklym eýesi Ahmet Ýasawy,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Mesgen tutmuş gara dagyň burnunda,
Alynyň mülkünde, Isa ornunda,
Ýeriň arkasynda, gögüň garnynda,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

Magtymguly çeker ýaryň gamyny,
Gezip, tapa bilmez roýy-zemini,
Ýa, ady Jebraýyl – Hakyň emini,
Meniň sahypjemalymy gördüňmi?

## *GYZMALY BOLDUM*

Yşk derýasy doldy, daşdy, gaýnady,
Täze hyruç eýläp, gyzmaly boldum.
Köňül tagty möwç üstünde oýnady,
Onda guwwas bolup, ýüzmeli boldum.

Ýatyrdym düýş gördüm, tisgindim, turdum,
Yşk bir müşgil işdir, okadym, gördüm,
Şowkun – şirin gördüm, bu ýola girdim,
Imdi çäre ýokdur, dözmeli boldum.

Ýaryň ýeli ösdi, özi gizlendi,
Umyt elin gerdi, şunça gözlendi,
Hijran kuwwatlandy, yşk ekezlendi,
Ol matbahda gaýnap, gyzmaly boldum.

Ýolda ýolukdyrdym çeşmi-jadyny,
Uçradym – el çoýdum yşkyň oduny,
Köňül gözgüsine ýaryň adyny,
Hekaýat eýleýip, ýazmaly boldum.

Bu pikirden, bu hyýaldan daş bolup,
Nefsi-howa, kibr, kinden boş bolup,
Ol bazarda yşk talana duş bolup,
Belli, jandan umyt üzmeli boldum.

Gana-gana içdim dostuň zährini,
Zährin şypa sansam, salmaz mährini,
Bu göwrede gurlan köňül şährini
Yşka nöker bolup, bozmaly boldum.

Magtymguly, ol menzile, diýara,
Giren, gaýdyp çyka bilmez kenara,
Eý, ýaranlar, barmy bu derde çäre,
Örtenip, jowranyp gezmeli boldum.

## *DURASYŇ GELER*

Gözel bardyr, gözellerden zyýada,
Onuň hyzmatynda durasyň geler.
Edepli, erkanly, mylaýymzada,
Tä ölinçäň bile ýöresiň geler.

Gözel bardyr, uzyn boýly, alkymy –
Garaňky gijede düşer ýalkymy,
Sözlegen sözleri misli bal kimi,
Ýaňagyndan posa alasyň geler.

Gözel bardyr, günde-günde görmeli,
Şol gözeliň syýa zülpün örmeli,
Döküp, hazynanyň zerin bermeli,
Onuň söwdasynda bolasyň geler.

Bagzy gözel sirke basar saçyny,
Artmaz, ýuwmaz, tabagyny, daşyny,
Sylamaz atasyn, ene, ýaşyny,
Onuň hyzmatyndan gaçasyň geler.

Gözel bardyr, ak kagyz dek bilegi,
Jan içinde bile bolar ýüregi,
Andag gözel mert ýigidiň geregi,
Ne hajat istese, beresiň geler.

Magtymguly, syn gerekdir gözele,
Herne kysmat bolsa, tartar ezele,
Dünýä malyn harç et ýagşy gözele,
Ýamanyň ýanyndan gaçasyň geler.

## *IÇMEÝIN JAMYM*

Dözmenem, doýmanam, durmanam, eý ýar,
Bu saky döwründe içmeýin jamym.
Jamy-meý sundugyň görmesin agýar,
Gelmenem aklyma görmeýin kämim.

Bolmuşam guwwas-u, ýüzmüşem köli,
Tapmyşam hemrahy, tutmuşam ýoly,
Şowkuň şerabyndan bolmuşam däli,
Bilmen niçik geçer çäştim-u şamym.

Tä nepes tendedir, tende jan bardyr,
Dil saňa maýyldyr, çeşm intizardyr,
Çekdigim pygandyr, werzişim zardyr,
Tä ki bu dert ile geçer eýýamym.

Gözleriň jellatdyr, dilleriň aýýar,
Gamzaň bimar eder, ýüzleriň timar,
Mansur belasyna bolsam giriftar,
Giderem sen sary süýreýip hamym.

Magtymguly, hoş hap içre ýatyrdym,
Emriňe ugradym, iman getirdim,
Özümi unutdym, huşum ýitirdim,
«Pyragy» diýp çagyraý sen bu namym.

## *ILDEN UÝALMAK*

Aşyky-ezel men, sonam, men saňa,
Ne edep-erkan bar, ilden uýalmak,
Iltifat etmediň hergiz sen maňa,
Eýlemez bu işi bir gara galpak.

Meniň deý yşkyňda çohlar sen ýaryň,
Gündiz giriftaryň, gijeler zaryň.
Ömrüm paýmalyňdyr janym nisaryň,
Bolsaýdy waslyňa bir çäre kylmak.

Eger ki hiç isem, sana geler men,
Höşk ustuhan isem, gana geler men,
Murda set sal isem, jana geler men,
Bolsaýdy bezm içre bir ýada salmak.

Ahym şererinden üýn salyp otlar,
Bardylar dergähe eýleýip datlar,
Eridi, ap oldy jümle jematlar,
Öňden-soňa barmy hiç beýle bolmak.

Bendäňem, ger diýseň: «Nan beren alsa».
Mydam mätäjiň men, kän beren alsa.
Ger zowky-wysalyň jan beren alsa,
Ýaraşar Pyraga jan berip almak.

## *NEÝLEÝIN, BIÇÄREÝEM*

Neýleýin men, bu pelegiň zulmy bilen galmyşam,
Degdi sere, gitdi huşum, neýleýin, biçäreýem.
Bady-saba erdi geldi, urdy, janym, ölmüşem,
Degdi sere, gitdi huşum, neýleýin, biçäreýem.

Meňli hanym aldy gitdi jismim içre janymy,
Sormazdan ykbaly pelek ýapdy hijran donumy,
Bir näkese bagş eýlemiş pelek Meňli hanymy,
Degdi sere, gitdi huşum, neýleýin, biçäreýem.

Dana bolmaý keser huşum başdaşymdan aýrylyp,
Aklym çaşdy, serim boşdur, gör, huşumdan aýrylyp,
Ýowuz galyp, gan ýyglaram, gardaşymdan aýrylyp,
Degdi sere, gitdi huşum, neýleýin, biçäreýem.

Nesimini dabanyndan soýdular-da, goýdular,
Meni älem ryswa kylyp, iki gözüm oýdular,
Ilde-günde ýokdur ýüzüm, pynhanymy aýdylar,
Degdi sere, gitdi huşum, neýleýin, biçäreýem.

Magtymguly, ýedi yklym zar bilen gan ýyglaýyp,
Özüň gapyl eýleýip sen daýym pynhan ýyglaýyp,
Terk eýledi maly-mülküň gelip hijran ýyglaýyp,
Degdi sere, gitdi huşum, neýleýin, biçäreýem.

## *KÖŇÜLDIR WEÝRAN*

Diýdim: «Ýüzi tabana». Diýdi: «Meňzär!» Meňli han.
Diýdim: «Goýduň armana». Diýdi: «Köňüldir weýran».
Diýdim: «Ölerem imdi». Diýdi: «Galar sen aman».
Diýdim: «Ok kirpikleriň». Diýdi: «Gaşlarym keman».
Diýdim ki: «Puşeş geýmiş». Diýdi: «Dony-zerefşan».

Diýdim: «Ýüzde hallar bar». Diýdi: Roýda güller, heý».
Diýdim: «Gumry zybandyr». Diýdi: «Şähdi-diller, heý».
Diýdim: «Gel, sen habarlaş». Diýdi: «Biler iller, heý».
Diýdim: «Ol ne serwidir?» Diýdi: «Inçe biller, heý».
Diýdim: «Tawus ne kaýdan?» Diýdi: «Jaýy-Hindistan».

Diýdim: «Gijäň garaňky». Diýdi: «Ukuda Aýym».
Diýdim: «Kimler ýasawul?» Diýdi: «Kirpigim – ýaýym».
Diýdim: «Kaýda mesgeniň?» Diýdi: «Lämekan jaýym».
Diýdim: «Zerefşan erer». Diýdi: «Köwserdir çaýym».
Diýdim: «Ondan ber maňa!» Diýdi: «Istärmiş bijan».

Diýdim: «Bu ne tütündir?» Diýdi ki: «Gara marlar».
Diýdim: «Gorkaram ondan». Diýdi: «Il-u gün zarlar».
Diýdim: «Sözüň aslyny». Diýdi: «Sorar, duýarlar».
Diýdim: «Syry paş etdiň». Diýdi: «Aýtmyş aýýarlar».
Diýdim: «Ölüm bar saňa». Diýdi: «Saňa hem perman».

Diýdim: «Eý, Magtymguly!» Diýdi: «Gözler ýaş bolar!»
Diýdim: «Ol ne oglandyr?» Diýdi: «Size baş bolar».
Diýdim: «Ýakyndyr Käbe». Diýdi: «Köne daş bolar».
Diýdim: «Ýagşy zamandyr». Diýdi: «Bu hem düýş bolar».
Diýdim: «Imdi gider men». Diýdi: «Gitseň, bar aman!».

## *ZYBANA MEŇLI*[13]

Perileriň içinde ogşar soltana Meňli,
Ger saýrasa bilbiller, bentdir zybana Meňli,
Yşk oduna bat berip, saldy suzana Meňli,
Soltan bolmuş, neýleýin, genji-nahana Meňli,
Men pakyram biçäre goýmuş armana Meňli.

Arzym bar dergähiňde, eýleseň maňa nazar,
Men bir dükan guraýyn, sen-sen ol yşky-bazar,
Yşk bagynda azaşyp, boldum nara sezewar,
Nakyl bardyr, aşyklar görse bir-birin, gyzar,
Sen-sen yşkyň ataşy men bir perwana, Meňli.

Nergiz seniň gözleriň, ol gaşlaryň kemandyr,
Dahan içinde asal bu ne şirin zybandyr,
Simap kibi bikarar üstüňde perwaz jandyr,
Gül roýuňy görmesem, gözde ýaşym rowandyr,
Meňzeýipdir göz ýaşym, neýleý, ummana, Meňli.

Pany jahan Eremdir, sen ol bossanyň güli,
Men ki pakyr wabeste kapas içre bilbili,
Gül roýuňda nikapdyr ol Leýliniň sünbüli,
Ne sebäpdir, harlar sen meniň kibi zelili,
Ol jemalyň yşkynda boldum diwana, Meňli.

Suratyň Aýa ogşar ençe surat içinde,
Han bolmuşdyr syratyň niçe syrat içinde,

[13] Goşgynyň yzy golýazmalarda tapylmady.

Ne gymmatdyr jemalyň ençe gymmat içinde,
Bossanyň kylsam taryp gökleň, ýomut içinde,
Nazar salsaň, bu deştim ogşar bossana, Meňli.

Men yşkyňa geda men, köýdürdiň men perwany,
Sensiz indi neýleýin men bu pany jahany,
Gül roýuňy görsem, istemen beşer-gulmany,
Ýakdy janym, neýleýin bu dowzahyň suzany,
Bu janyma jebr eýläp, goýduň pygana, Meňli.

## *ISTEMEN*

Gül ýüzüňe perwana men, gaýry reýhan istemen,
Bakyban mähriňden doýdum, bagy-bossan istemen
Roýuň erer şemsi-kamar, ol mahy-taban istemen,
Bakyşyň, şah kyldy, bilgin, zowky-döwran istemen,
Zülpüňe bent eýlediň dost, gaýry zyndan istemen.

Zülpi syýa, dostum eý, hasyly-söwda jan bilen,
Çagyrdy jellatlaryny, gorkar bilipdir gan bilen,
Diýdim: «Eý, gan neýlesin, kylma hemra hijran bilen»,
Eýledim pynhanym aýan, kowdy ol perman bilen,
Diýdim: «Dost gördüm ýüzüňni, bilgin, arman istemen».

Jan berip gam yşkyna, Mejnun boluban gezerem,
Tenim – depder, golum – galam, ajap waspyň ýazaram,
Görmeýip kenaryny, yşk hazan içre ýüzerem,
Simnar bolup sen üçin, tylla köşkler düzerem,
Gaýry adalatly häkim, hany-soltan istemen.

Keýwany geler estime, baksam ki gara gözlere,
Myrryh meni bent eýleýir, gözlesem, dost ýüzlere,
Müşteri gapyl otyrmyş, bent bolup, bil, sözlere,
Zöhre, Näzperi, Humaý, Dursuti haýran sizlere,
Beýle adalatly şa sen, Gyzyl Arslan istemen.

Şa bolup, perman berip sen, bildim «Heft peýkere»,
Bähram Gur tagt unudyp, arz edipdir Isgendere,
Tug göterip kyldyň söweş, gol urup sen şemşire,

Eýle ki zalym bolarmy, gara gözli dilber-ä.
Gorkaram men kamatyňdan, jyza-keman istemen.

Çykdy Zübeýda alnymdan, ah, neýleý, bagtym gara,
Golum baglap zülpüňe, tabşyrarlar aždara,
Ýuwudar ol demine, zalym bolup sen, dilber-ä.
Zulum kylma ýaraşmaz sen kibi pygambere,
Saldyň, eý, çykmaz dertge, indi derman istemen.

Ismim erer ki Pyragy, ýas tutarmyş illerim,
Sözleriň hoş wagt bolup, lal boldy, dost dillerim,
Girdiň, eý, sen seýil edip, bagda gurban güllerim,
Bent olup gözýaşyma, neýleý ki, akmaz sillerim,
Goýnuň içre bitmiş bossan, men lämekan istemen.

## *ÝARYM, ÝA ALLA*

Jan joşguna geldi, ýandym, ýaryldym,
Bagyşlasaň neýlär, ýarym, ýa, Alla.
Sangysyz söýüşdim, öýsüz aýryldym,
Bagyşlasaň neýlär, ýarym, ýa, Alla.

Sözleşerdim, syrlaşardym ýar bile,
Ýüreginde ýar hyýaly bar bile,
Imdi, leýkin, aýyrdylar zor bile,
Bagyşlasaň neýlär, ýarym, ýa, Alla.

Köňül hoşdur ýada salyp gezmände,
Ýadyma salmanda, yşkym gyzmanda,
Meni gamda goýma ony armanda,
Bagyşlasaň neýlär, ýarym, ýa, Alla.

Yhlas ile ýar meni diýr, men ýary,
Jowrandy jigeri, gitdi karary,
Ol onda ah çeker, men munda zary,
Bagyşlasaň neýlär, ýarym, ýa, Alla.

Bardy pynhan-pynhan şirin sözümiz,
Bolan işe haýran galdyk özümiz,
Bir-bire bakmakdan doýmaz gözümiz,
Bagyşlasaň neýlär, ýarym, ýa, Alla.

Elim Saňa ýetmez arzym etmäge,
Işimiň rowajy ýokdur bitmäge,
Dilber derdi goýmaz meni ýatmaga,
Bagyşlasaň neýlär, ýarym, ýa, Alla.

Magtymguly, dünýä köne jahandyr,
Söýüşmeklik bu dessury-zamandyr,
Jürmüm çoh bolsa hem, keremiň kändir,
Bagyşlasaň neýlär, ýarym, ýa, Alla.

### *DERT OLDY*

Köňül berdim bir biwepa mahbuba,
Çykdy elden, dagy jana dert oldy.
Aşyk diýr: «Bakmanam indi ol huba»,
Ýol üstünde duşdy, gözüm dört oldy.

Menlik bilen etdim işimi zaýa,
Ykbalym eşegin batyrdym laýa,
Ýa bir merde ýykyl, ýa-da Hudaýa,
Bende işi baş tutmady, art oldy.

Tugunym tur bolup gaçdy saýýatdan,
Göwre gamdan doldy, ýürek hem otdan,
Gorkaram, ýar bizi çykarar ýatdan,
Aýry ýerde mesgen tutdy, ýurt oldy.

Sonam el bermedi, saldym bazymy,
Laçyn kowdy, garga aldy gazymy,
Şunça pakyrlyga urdum özümi,
Tilkilenip gezdim, adym gurt oldy.

Magtymguly, ýüregimde dert dörär,
Kim görüpdir, koý içinden gurt dörär,
Eý, ýaranlar, mert ýigitden mert dörär,
Kaçan turdy – namart ogly mert oldy.

## *KEREM ISLÄRIN*

Owwal başda, Kadyr Alla,
Senden bir kerem islärin.
Badam gabak, alma ýaňak,
Bir zyba senem islärin.

Taňry bermese, nädeli,
Baş alyp, kaýda gideli,
Oturşy-turşy edaly,
Gaşlary galam islärin.

Özüne hormat getiren,
Ärniň hyzmatyn bitiren,
Gaş-gabak çytmaý oturan,
Maňlaýy gülen islärin.

Ýigrimi ýaş ötdi menden,
Hezl etmedim, dünýä senden,
Tili süýji, lebi handan,
Bir goýna salan islärin.

Gul Magtym, geldim jahana,
Bir ýar bergil akly dana,
Duşdum üm bilmez nadana,
Bir gadrym bilen islärin.

## *BAGRYM DILENIM*

Dertli dilber, dilleşer sen, gel bäri,
Dullukdyr meniň-de bagrym dilenim.
Soraýyr men, men hem sen deý bir ýary,
Seni soramakda ýokdur ýalanym.

Eger geňeş salsam ýada, bilişe,
Diýrler: «Şirin asal ýaga gelişe»,
Säher, ýazygym çün tutsam nalyşa,
Owwal bir ýar bolar ýada salanym.

Bilen ýanda meňzär gymmat düre sen,
Tanymaza duşup, degme ýere sen,
Kadyr kysmat etse, maňa bara sen,
Seniň kimin ýardyr meniň ölenim.

Her dilber kim, köňlüm öýün ýarydar,
Ýatan bagtyn ol Ýaradan ýörüder,
Gargyşym daşlary mum deý erider,
Pür-pudak ýaýradar alkyş kylanym.

Gözel görküň gökde Günden aýynmaz,
Güli, dessembili ysgan doýunmaz,
Magtymguly, baş bermese baýynmaz,
Mährimi inderip, nazar salanym.

## ÝAR BIZIM SARY

Gulzumy garsanyp kyrk ýol geçer men,
Eger ki meýl etse ýar bizim sary.
Gadam ýerne ganat baglap uçar men,
Diýse dilber: «Aşyk, ýör bizim sary!»

Kyrk ýyl gol gowşuryp, gullukda dursam,
Alty günçe görmen altmyş ýyl ýörsem,
Bir şunçakly bolsa, görsem, jan bersem,
Jemalyn arz etse bir bizim sary.

Ne laýykly ýüzüm bardyr tutarga,
Ne aýry gapym bar ondan giderge,
Umydym bar, goýmaý bela-beterge,
Dergähinden açsa der bizim sary.

Bir kimse ýolukdy desti şeraply,
Ýelden jaýnamazly, suwdan mähraply,
Egni ak redaly, ýaşyl nikaply,
Ugraşdy bir ajap är bizim sary.

Ýoldaş bolup, bile ýördüm bir meýdan,
Meýdan içre dolup oturmyş merdan,
Bir eýwan üstünde çyrlap dört ýerden,
Diýdiler: «Goluňny ber bizim sary».

«Pyragy!» diýp çagyrdylar, eltdiler,
«Kandadyň?» diýp, gulagymdan tutdular,
Ustuhanym altmyş para etdiler,
Diýdiler: «Mert bolsaň, dur bizim sary».

Magtymguly, bäş gün eşret sürmäge,
Jaý imesdir eglenmäge, durmaga,
Kararym ýok oturmaga, turmaga,
Agzyn açyp durmuş ýer bizim sary.

## *ÝAR SENDEN*

Bilbilleri ýesir eden gül-handan,
Ýa, Rep, habar bilerinmi, ýar senden.
Ýedi yklym maňa görüner zyndan,
Ýa, Rep, habar bilerinmi, ýar senden.

Ispendiýar gözi Rüstem Zalynda,
Şam, Nejepde, Mekke, Dymaşk ilinde,
Arzy-Karsda, Kerbelanyň çölünde,
Ýa, Rep, habar bilerinmi, ýar senden.

Şerap içip, serhoş bolup, segresem,
Ganym janyn gyýym-gyýym dograsam,
Görogly dek dagdan-daga ugrasam,
Ýa, Rep, habar bilerinmi, ýar, senden.

Bir gül kokar gözel ýaryň bagynda,
Bilbil hüjüm eýlär sol-u sagynda,
Beýtullanyň Sapa, Merwe dagynda,
Ýa, Rep, habar bilerinmi, ýar, senden.

Şyh Sengan deý uzyn gaýga ulansam,
Şibli kimin toz-topraga bulansam,
Käbä baryp, ýedi keret dolansam,
Ýa, Rep, habar bilerinmi, ýar, senden.

Ýusup kibi zyndan içre aglasam,
Jirjis kibi jan ýolunda çaglasam,

Ýunus kibi Haka gulluk baglasam,
Ýa, Rep, habar bilerinmi, ýar, senden.

Doga kylyp, elim Göge galdyrsam,
Gül, Ferhar dek gyzyl meňzim soldursam,
Gopuz alyp, beýik nagra çaldyrsam,
Ýa, Rep, habar bilerinmi, ýar, senden.

Isa kibi hylwat tutsam semada,
Idris kibi gulluk etsem zyýada,
Hydyr, Ylýas kibi girsem zulmata,
Ýa, Rep, habar bilerinmi, ýar, senden.

Magtymguly, aşyklaryň mestinde,
Nerkes gözi haýran eder destinde,
Ýedi ýerde, dokuz pelek üstünde,
Ýa, Rep, habar bilerinmi, ýar, senden.

## *NOWRUZDAN SENI*

Bolmady bizge nesibiň, istedim güýzden seni,
Diýdiň: «Ötsün gyş, tapar men täze nowruzdan seni».
Saýladym, seçdim, sonam, bir bölejik gyzdan seni,
Neçün biliňni guçmadym men tapyp düzden seni,
Isterem Hakdan, gowuşdyrgaý maňa tizden seni.

Hak katynda sözüm ötmez, men kibi awara ýok,
Il-gün rehim eýlemezler, men kibi biçäre ýok,
Ýüregim set para dekdir, hiç tenimde ýara ýok,
Sen garyp sen, men pakyr men, sende-mende çäre ýok,
Söwdügim, takdyry-Hakdyr aýyrgan bizden seni.

Söwdügim, sen günde bir gez ýadyňa salsaň meni,
Günde ýüz katla tilär men ýaradan Hakdan seni,
Başky gün sen oda saldyň men parahat bendäni,
Hak götersin aradan, şeýle rakyp-şermendäni,
Kyl behil bizden ýaňa ynjytsalar sözden seni.

Bagyňa girsem säher, bilbil bolup salsam oýun,
Gaflata galsa rakyp, bir dem salyşsak gol boýun,
Hakdan özge çäre ýokdur, ne kylaý men, neýleýin,
Inçe bil, şirin zyban, kepder topuk sen, gaz boýun,
Saklasyn Taňry penahynda ýaman gözden seni.

Haýryňy duşman görer, dostuň çeker jebri-jepaň,
Ýar-a, dildarlyk bolarmy sürmeýin zowky-sapaň,
Salsalar mizana Balkan dagy bolmazdyr päheň,
Aýdadyr Magtymguly ähdiň ýalan, ýokdur wepaň,
Biwepalar hup sowutmyşlar, sonam, bizden seni.

## *AŞYK BOLMUŞAM*

Eý, ýaranlar bir ýüzi gül, aýa aşyk bolmuşam,
Barçalar maksudy – gül ragnaýa aşyk bolmuşam.
Bilbilem, bag içre bir gowgaýa aşyk bolmuşam,
Özi gaýyp, zülpleri ýeldaýa aşyk bolmuşam,
Menzilim bag içredir, sähraýa aşyk bolmuşam.

Çün pelek saldy meni ol gün pena topragyna,
Düşdi seýrim daýyma Mekge, Medine dagyna,
Bilbil oldum, saýradym, girdim Eremiň bagyna,
Paýy-bent oldum o gün gam ähliniň duzagyna
Ýüz bela-mähnetli bir söwdaýa aşyk bolmuşam.

Göwräm içre ýar gamydyr, menzilim sährada, heý,
Puşeşim gam-gussadyr, men dönmüşem Perhada, heý,
Saldy yşkyň, dilber-ä, jan-u jigerim oda, heý,
Wadaryg-a, geçdi ömrüm zaýa berdim bada, heý,
Ahy çoh, efgany çoh, bir köýe aşyk bolmuşam.

Bilmenem, ol ne bahrdyr, ne mugazzam dagydyr,
Aldy köňlüm, gitdi aklym, ten mydam nä çagydyr,
Ony nisbet etmek olmaz, gumry, bilbil, zagydyr,
Aý garaz her zülpüne, ýetmiş müň är tussagydyr,
Kaddy-kamaty belent, zybaýa aşyk bolmuşam.

Dost, howaýy-waslyňy men şunça çyndan isterem,
Damy-zülpüň kaýdyna özümi zyndan isterem,
Diýme: «Gamdan bir zaman köňlümi handan isterem»,

Bir garyp aşyk menem, ýar, seni senden isterem,
Gije-ýu gündiz, biliň, hüw-haýa aşyk bolmuşam.

Galmyşam haýran olup, gaýry mydarym ýok meniň,
Aldy janym yşkyň ody, ygtyýarym ýok meniň,
Tende jan perwaz eder aýry durarym ýok meniň,
Gelse, aklym dagydar, gitse kararym ýok meniň,
Gamzasy ok, gaşlary ol ýaýa aşyk bolmuşam.

Aýdadyr Magtymguly, men onda käne ugradym,
Seýr edip bardym pelege, lämekana ugradym,
Çün meni ryswa kylan yşky-ýegana ugradym.
Ýetmiş iki şähr[14] içinde müň bir dükana[15] ugradym,
Şunça sergerdan-sepil-u zaýa aşyk bolmuşam.

[14] Bu ýerde ýetmiş iki şäher diýmek bilen, hadyslarda getirilýän ýetmiş iki pyrka (akym) göz öňünde tutulýar hem-de şol akymlaryň ählisiniň öňe sürýän pikirlerinden habarlydygy ýaňzydylýar.

[15] Bu ýerde müň bir dükan diýmek bilen Hudaýyň müň bir ady göz öňünde tutulýar.

## *BULUDA GARDY MENI*

Yşk ýüregimde gaýnap, ýandyrdy derdi meni,
Tütünim bada berip, buluda gardy meni.
Pelek bilegim towlap, çarhyna sardy meni,
Hyrydar gözi bile kim gelip gördi meni,
Hijran ýagmyry ýagyp, gam sile berdi meni.

Gam sili birle gidip, yşk ülkesine baryp,
Hyýalym pikre dolup, aklymy ýel aparyp,
Ol haýrat meýdanynda men garyp galdym aryp,
Yşk hanjaryn çekibän, hijran ýüregim ýaryp,
Äleme dessan edip, aftaba serdi meni.

Ne jeset içre jan bar, ne kuwwat galdy tende,
Hem sergeşte, hem haýran, bu işe galdym bende,
Ne hassaýam, ne bimar, ne murdaýam, ne zinde,
Gam hüjüm eýläp gökden, zemin sary inende,
Pelek elimden tutup, howala berdi meni.

Bir ahwala duş boldum, gam hüjm etdi, öldürdi,
Bu işiň seriştesin yşk okadyp bildirdi,
Wysala rehmi inip, elim tutup galdyrdy,
Jemal bir jilwe berdi, içim şowka doldurdy,
Sözlemeýin neýläýin, ýaranlar, ýardy meni.

Magtymguly, begligim ýar jemaly gul etdi,
Wysal umydyn berip, müň dilli bilbil etdi,
Aýralyk oda saldy, pyrak turdy, ýel etdi,
Yşk çekdi zybanasyn, ýakyp-örtäp, kül etdi,
Hijran – pyrakçy alyp, ýele sowurdy meni.

## *MEŇZÄR HÖKÜMLI*

Köňüller köşkünde hyýalyň hany
Öwlady-hüňkara meňzär hökümli.
Aşyk çeker nalany,
Ýasa salar läläni,
Ýerde beşer patyşahy,
Hudaýymnyň halany,
Gamzaň garakçysy salsa talaňy,
Kirpigiň ok, gaşyň ýaýdyr çekimli.

Gözelleriň waspyn etseler kanda,
Älem agzy tamam jem ola sende,
Tä jan bardyr bu tende,
Arzuwmendim bar sende,
Adyň Ruma düşdi, owazaň gitdi Hinde,
Leýli saňa kenizek, Züleýha bolsun bende,
Men hem seniň derdiňden galyp erdim dermende,
Bagda gülçehre sen bulgur basymly.

Yşkyň ataşyny saçyp sen düze,
Jan polatdan bolsa, dözmez bu köze,
Dokunsa dilber, köze,
Zyban geler her söze,
Görküň Güneşi dogsa, ne san bardyr ýyldyza,
Alma zenehdana, bu kümüş ýüze,
Syýa zülpüň suratgerdir dökümli.

Humaý oturyşly, laçyn turuşly,
Kebuter topukly, maral görüşli,

Täze hilal gaşly, merwerit dişli,
Tawus guş zynatly, Dawut towuşly,
Tezerw şiweli, käkilik ýörişli,
Tugun guş timarly, tarlan bakymly.
Baglanyban çyksaň şitdeýi-gülzar,
Husnuň hyýalaty älemi aldar,
Aşyk aýdar: «Eý dildar,
Görki Güne taý dildar,
Tapar hajyň sogabyn –
Her kim bir garyp goldar,
Magtymguly, sen dek görmedim, dildar,
Bu jana taraly, köňle ýakymly.

## *PANY-JAHAN GÖZELIM*

Bereý şirin janymy, gelgil-nahan gözelim,
Sensiz göze almanam pany-jahan, gözelim.
Perileriň sahy sen, gözel soltan gözelim,
Kirpikleriň jellatdyr, nurbat-aman, gözelim,
Bu pelek gerdişinde ýokdur jenan, gözelim,
Gül roýuňda bent bolmuş mahy-taban, gözelim,
Nazar eýle gözüme, bentdir umman, gözelim.

Gül roýuňda bilmedim, bardyr ol jugra halyň,
Kemana azm urmuş, çeşm üstünde hilalyň,
Soltany sen Leýliniň, ol Züleýha zülalyň,
Goýnuň içre ýetişmiş firdöws eren nahalyň,
Mahy-taban bent boldy görüp sahypjemalyň,
Gül roýuňdan götergil — nazar salaý — desmalyň,
Men yşkyňda bolmuşam däli-mejnun, gözelim.

Genç-hazyna saklawy sallanyp dur şamaryň,
Ol şamaryň astynda ýatypdyr goşa naryň,
Kylsaň biadyl perman, diýmen: «Ýaman azaryň»,
Jan şährinde gördüm men seniň yşky bazaryň,
Aman, dilber, örtedi, ne ajaýyp nazaryň,
Men Perhadam, telmuryp yşkyňda hary-zaryň,
Şirin kibi daransaň, ýokdur arman, gözelim.

Sözle dilber, eşdeýin, gaflatdan çyksyn gözüm,
Näz eýleýip bakar sen, bilmen, ne diýen sözüm,
Pany jahan içinde yşkyňa messan özüm,

Ömür ahyr düşmedi jemalyňa bu ýüzüm,
Gutaryp men kätip kylyp[16], golda bary beýazym,
Sen-sen pelek çarhynda göwnümde dilnowazym,
Derdim enjümen kylyp, men natuwan, gözelim.

Fuzun bolsa-da derdim, ýetişer sen Lukmanym,
Dünýäde genji-känim, sen-sen dini-imanym,
Bag içinde bark uran anbarym sen, reýhanym,
Görer gözüm göreji, kelam diýsem zybanym,
Göwnüm bagynda bitmiş gözelim, arguwanym,
Säher saba tolganan sen serwi-huramanym,
Janym içinde biten sen jawydan, gözelim.

Kabul kylsaň men guly, daýym hyzmat kylaýyn,
Taňrydan ne dert inse, baryn özüm alaýyn,
Ezraýylyň alnynda men sadaka bolaýyn,
Ger ki, gözel, isteseň, janym nara salaýyn,
Bazygäriň ornunda oýnap daýym galaýyn,
Sen Gurhanym nazar sal, bu ýüzüme sylaýyn,
Meniň kibi bir gulda sahypkyran, gözelim.

Diýseler sen dek gözel inmiş pany jahana,
Bawer kylman, ynangyl, ol galat bir suhana,
Hergiz seýil eýleseň, nazar salgyl bu jana,
Yşk bilen zowk eýläp girdim daryl-amana,
Jugra halyň ýesiri, men ol hala perwana,
Ömür ahyr düşmez roý bagda sen dek sowsana,
Nar içinde tolgansam, bilgil, ahsan, gözelim.

[16] Bu ýerde «kätip bolup» manysynda gelýär.

Başdan-paýa synladym, biliňdedir zünnaryň,
Ýanan janyma gonar ol ataş bişumaryň,
Nisar kylsam janymy men pakyr giriftaryň,
Kaýsy jaýa baş goýsaň, alnyňda sezewaryň,
Ýanan jana rehm eder, öwür ajap nazaryň,
Günde bir dem görmesem, ýetmez sabr-u kararym,
Goýnuň içinde gördüm men lämekan, gözelim.

Magtymguly perwana yşkyň bilen ot alar,
Tä häkister bolgança, perwana narda galar,
Roýuň görüp ol behişt, «hüw» çekmişdir, uýalar,
Seniň kibi bir gözel, meger, firdöwsde bolar,
Neýleýin bagtym gara, pelek badagyn salar,
Bermenem ýar janyny, meniň janymy alar,
Berer boldum janyňa günde on jan, gözelim.

## *BIR SAGAT BILE*

Ömür bäş gün, menzili üç,
Döwranyň bir sagat bile.
Ýörir kerwen, çekiler göç,
Ýatyp sen parahat bile.

Sen diýme birew el gerer,
Akyllar munda iş görer,
Biakyllar heňňam gurar,
Eşret istäp rahat bile.

Kapyr nebs ile şeýtan şum,
Işler tutar eýläp hüjüm,
Bir gün çykar sen-hä mahrum,
Gezme hoş kanagat bile.

Jana jepa ber, nebse haý,
Iş et, ahyrýet gamyn iý,
Pygambere salawat diý,
Şowk etseň şepagat bile.

Bende bolsaň, adamzat bol,
Jepbar diýmändir: «Jellat bol!»
Haýyr işläp, bar, azat bol,
Utanma hyjalat bile.

Adam ogly özün bilmez,
Nebs ugrunja bikär bolmaz,
Kysmatyňdan garyş galmaz,
Gezseň ýüz hyýalat bile.

Magtymguly diýer, ýaran,
Halk tutan işe men haýran,
Geçer pursat, öter döwran,
Güýmenewer tagat bile.

## *DIŞ GITMEK*

Tagam lezzetin alar,
Dahanyňdan diş gitmek.
Aňyrsyzy azdyrar,
Götin döwlet piş gitmek.

Şeýtan ýolun bek eýlär,
Gara ýüzün ak eýlär,
Ýüz müň günä ýok eýlär,
Säher gözden ýaş gitmek.

Peltesiz ýag çyraga
Yşyk salmaz gyraga,
Ilin salar aýaga,
Aýak galyp, baş gitmek.

Niçe pise zar bolup,
Ýatsaň ýeg bimar bolup,
Hoşdur ýagşa ýar bolup,
Bir ýamandan daş gitmek.

Ulaşmaganlar gama,
Şükr etmezler hoş deme,
Abyraýdyr adama,
Ýagşy gelip, hoş gitmek.

Ýaman dil – ýol ýitirer,
Ýagşy – rehmet getirer,
Äre sangy artdyrar,
Kyrkdan aşyp, ýaş gitmek.

Pyragy dünýä düýşdür,
Düýş görseň, düýbi hiçdir,
Jahanda ýaman işdir,
Gury gelip, boş gitmek.

## ÇALDY GITDI

Bu dünýä bazygärdir,
Bazysyn çaldy gitdi.
Gümra etdi niçäni,
Ýoldaş diýp aldy gitdi.

Akyl, pikr et her haçan,
Ýüz gonan bar, ýüz göçen,
Tagty asmandan uçan
Süleýman öldi gitdi.

Ýa, mürewwetli şahym,
Umydym, kyblagähim,
Munça ýygdy Ybrahym
Niçe nan aldy gitdi.

Jigerin daglaý-daglaý,
Zünnaryn baglaý-baglaý,
Niçeler aglaý-aglaý,
Niçeler güldi gitdi.

Niçeler güle dönmüş,
Gül ýanmyş, küle dönmüş,
Niçeler guma dönmüş,
Niçeler soldy gitdi.

Galar sen görde bagly,
Belli bir ýurda bagly,
Bihuda, adam ogly,
Ýygar sen, galdy gitdi.

Akmaklyk bilen özüm,
Bilmeý sözlärin sözüm,
Magtymguly diýr, gözüm
Gan ýaşa doldy gitdi.

## *JOŞ BOLMASYN*

Eý, ýaranlar – musulmanlar,
Däli köňül joş bolmasyn.
Ýene bir ýagşy ýigide,
Ýaman hatyn duş bolmasyn.

Her kim alsa Hakdan rehmet,
Gider gaýgy, galmaz mähnet,
Abat bolmaz, durmaz döwlet,
Hiç ülke bibaş bolmasyn.

Taňry dest bersin yslama,
Täsip edip at besläne,
Haram işläp, şer isläne,
Uzak ömür – ýaş bolmasyn.

Her kimiň öz synasynda,
Akly görner beýnisinde,
Iki dostuň arasynda,
Ýaman-ýowuz iş bolmasyn.

Her kişiniň öz züryady, –
Jan hoşy – köňül kuwwaty,
Artsyn jomardyň döwleti,
Muhannesde aş bolmasyn.

Bir yşk düşse adam serne,
Uky gaçar, köňül urna,
Iki söýgüli bir-birne
Ýakyn olsun, daş bolmasyn.

Sözüm aýdylsa her çaklar,
Akyly bolan gerçekler,
Bir iş düşende goçaklar,
Iş görmedik ýaş bolmasyn.

Il içinde özün öwer,
Dil dumany başdan agar,
Ýagyda nogsany deger,
Namartlar ýoldaş bolmasyn.

Sözle, heý, aşygym, sözle,
Gel, kyýamat işin gözle,
Magtymguly, syryň gizle,
Her namarda paş bolmasyn.

## *DON GEREK*

Ne bela sen adamzat,
Çyplak dogduň, don gerek.
Ak süýt emdiň, ulaldyň,
Aglaýyr sen, nan gerek.

Ataň hoşnut bolmaga,
Eneň mährin salmaga,
Ýediňde din bilmäge,
Okyrga Gurhan gerek.

Saýlaýyr sen dilbendiň,
Ýognalar biliň, bendiň,
On bäşde arzuwmendiň,
Gyz gerek, juwan gerek.

Juwan tapdyň guçmaga,
Aýş-u eşret açmaga,
Ondan soň iýp-içmäge,
Bir tükenmez nan gerek.

Köňlün ynjydyp halkyň,
Hoşnut etseň öz hulkuň,
Rum, Pereň bolsa mülküň,
Heniz «azdyr», kän gerek.

Ýatsaň düşekde bimar,
Yssyg etmez mal-u kär,
Zer dökseň harwar-harwar,
Göze ilmez, jan gerek.

Doga bilen är gögär,
Ýagmyr bilen ýer gögär,
Är oldur – alkyş alar,
Ýerlere baran gerek.

Ajal geler oýda ýok,
Görmek ýylda, aýda ýok,
Hiç bir zatdan peýda ýok,
Bir nury-iman gerek.

Magtymguly, sözleýen,
Niçe mahfy gizleýen,
Bir many pähim eýleýen,
Akylly ýaran gerek.

## *JOŞA ÝETDIŇ*

Bir gün ataň yşk etdi,
Sulbundan joşa ýetdiň.
Owwal suwduň, gan bolduň,
Gandan soň läşe ýetdiň.

Hökm eýledi ol Hudaý,
Dokuz sagat, dokuz aý,
Ýedi endam jaýba-jaý,
Süňňe ulaşa ýetdiň.

Güwş berdi, dahan berdi,
Dahana zyban berdi,
Akyl berdi, jan berdi,
Göz berdi, gaşa ýetdiň.

Ýaşdyň, ele ulaşdyň,
Ýörip, ýola ulaşdyň,
Sözläp, tile ulaşdyň,
Nan iýdiň, aşa ýetdiň.

Ýediňde mekdep gördüň,
Okadyň, ýoluň bildiň ,
Gyz bile bazy gurduň,
Tä on dört ýaşa ýetdiň.

Hak berdigin iýp-içdiň,
Her ýola bir baş goşduň,
Mahbup bile söýüşdiň,
Bile çolaşa ýetdiň.

Ýigrim dört ýaşa geldiň,
Ýigit bolup, sen ýeldiň,
At mündüň, gylyç aldyň,
Jeňe-söweşe ýetdiň.

Otuzyňda ýeriňden,
Duman gitmez seriňden,
Ýigitligiň zorundan,
Gezdiň tomaşa ýetdiň.

Sürdüň, dünýäni sürdüň,
Ahyr wepasyn gördüň,
Kyrkyňa gadam urduň,
Kämil sen, huşa ýetdiň,

Bar almadyň bagyňdan,
Hazan urdy tagyňdan,
Elli, sakal agyňdan,
Utan, bir ýaşa ýetdiň.

Altmyşa ýaş ýetirdiň,
Başyň gama batyrdyň,
Hoş günleriň ötürdiň,
Ýazyň ýok, gyşa ýetdiň.

Ýetmişde «Hak!» diýp galdyň,
Kuwwatyň ýok, ýykyldyň,
Gojaldyň, işden galdyň,
Söýle, ne pişä ýetdiň.

Segsene ýetişse sal,
Niçik geçer beýle hal,

Ötdi gyzgynly mahal,
Oraksyz hoşa ýetdiň.

Togsanda ýaňylar söz,
Gara bolup görner boz,
Gowşar süýek, alar göz,
Ýüz müň endişä ýetdiň.

Magtymguly oturdyň,
Ömrüň gapyl ötürdiň,
Hak çün ne iş bitirdiň,
Eger ýüz ýaşa ýetdiň.

## *GARRYLYKDYR ÝARANLAR*

Ýigitligiň zory gitdi biliňden,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.
Alajy ýok onuň gaýry ölümden,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Hassalar gutular, garry gutulmaz,
Bu derde hiç kimden çäre ýetilmez,
Köňül guşy uçar gider tutulmaz,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Hiç tagam iýmäge dişleri batmaz,
Uzakdan gözlese gözleri ýetmez,
Ogul gyz sözüne hiç gulak asmaz,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Ýetmişiň öýüne girende ýaşy,
Yranyp bir ýerde durmaýdyr başy,
Çörek çeýneý bilmez talhandyr aşy,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Diýseň söz eşitmez, gulak ker bolar,
Oturyp-turmagy derdeser bolar,
Süýekler syzlaşyp derbeder bolar,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Agzyny gözleseň bir dişi bolmaz,
Düşek, ýassyk bilen hiç işi bolmaz,
Ýanynda gadyrdan deň-duşy bolmaz,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Ogul-gyz, geline ýigrenji bolar,
Olar mydam sözüň görginji bolar,
Ýyrtyk-ýirik düşek örtünji bolar,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Gitdi tamam gadyr bilen deň-duşuň,
Imdi saglyk ötdi, dertdir ýoldaşyň,
Bardykça ýyl-ýyldan möwç urar gyşyň,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Galan gaçan bolsa öňüne biýrler,
Yssy-ýyly bolmaz şuny iý diýrler,
Her kime sözlese gepleme diýrler,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Tende kuwwat galmaz, ýüzüňde görküň,
Oturyp-turmaga ýetişmez erkiň,
Aş içilip bolmaz, süýekde örkiüň,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

Magtymguly aýdar garramaň beter,
Ýetmişiň, segseniň arasy ýeter,
Öz oglanlary gelip depeläp öter,
Dert ýamany garrylykdyr ýaranlar.

## *SÖÝMÜŞEM SENI*

Ýa habyp, Hak resuly sen,
Çyn jandan söýmüşem seni.
Derwüşler gadyr gijesin,
Söýen dek söýmüşem seni.

Eýleýip seýr-u seýrany,
Keşt etsem külli Eýrany,
Misli Ybraýym Sarany
Söýen dek söýmüşem seni.

Ýakup ýurt etdi Kengany,
Ogludyr Müsür soltany,
Misli Ýusup Züleýhany
Söýen dek söýmüşem seni.

Ýalançyny tutdy ady,
Olardyr yşkyň binýady,
Mejnun Leýli perizady
Söýen dek söýmüşem seni.

Dildi daglaryň zirini,
Tapmaýyn biri-birini,
Aşyk Perhat ol Şirini
Söýen dek söýmüşem seni.

Egdi meni dünýe maly,
Bolmady yşkym kemaly.
Seýpelmelek Mahjemaly
Söýen dek söýmüşem seni.

Basdy muhabbet nyşany.
Keşt eýledi çar köşäni,

Ýemende Warka Gülşany
Söýen dek söýmüşem seni.

Gitdi elden ygtyýary,
Galmady namysy-ary.
Aşyk Nowruz, Gül-Ferhary
Söýen dek söýmüşem seni.

Bir gün ýolukdylar Hyzra,
Durdular nyýaza, nezre,
Bir-birini Wamyk, Uzra
Söýen dek söýmüşem seni.

Gezdiler Rumuň düzüni,
Berdiler Hakyň karzyny,
Aryzda Ganbar Arzyny
Söýen dek söýmüşem seni.

Tutmady olar dünýäni,
Galmady ýary-ýarany,
Misli ol Tahyr Zöhräni
Söýen dek söýmüşem seni.

Bu dünýä goýupdyr kimi,
Hoş tutuň bäş günlük demi,
Aşyk Garyp Şasenemi
Söýen dek söýmüşem seni.

Magtymguly, dünýä pany,
Ötüpdir Rüstemler, kany?
Aý, Gün-u Zemin, asmany
Söýen dek söýmüşem seni.

## *ŞOL MÄHRIBANYM GELDI*

Dogry magryp tarapdan,
Şol mähribanym geldi.
Ýüz işweýi-näz birlen,
Jany-jananym geldi.

Men ýaryň serneguny,
Baglaýyr bu uýuny,
Dökdi jigerden huny,
Şahy-soltanym geldi.

Äleme şahy-perwer,
Boldy ymmata serwer,
Jahan boldy münewwer,
Dürri-galtanym geldi.

Kamaty serwi, tuba,
Kaddy, özi münteha,
Wejhi-roýy wazzuha[17],
Serwi-rowanym geldi.

Nikabyn ýüze salan,
Ýüz görsetip, jan alan,
Munça arzuwlap, ýanan,
Ahy-pyganym geldi.

---

[17] Wazzuha – Gurhany- Kerimiň 93-nji («Zuha») süresiniň birinji aýaty. Ol «Guşluk wagtyna kasam» diýen manyny berýär. Emma bu ýerde: «Ýüzi edil guşluk wagtyndaky Gün ýaly nurly, röwşen, ýagty» diýen manyda gelýär.

Melek permana bakan,
Sidreti sähra çykan
Ah ursa, Arşy ýakan,
Sahypkyranym geldi.

Magtymguly binowa,
Gözlemez senden sewa,
Ymmatym diýp, daýyma
Hezret işanym geldi.

## *ROWAN OLDY*

Mekgeden çykdy bir gözel,
Medinäge rowan oldy.
Gören täç etdi serine,
Görmäniň bagry gan oldy.

Hakdan oňa indi Kelam,
Ady şamçyragyl-yslam,
Mutyg oldy jümle älem,
Şeýle sahyp zaman oldy.

Dosta ýetdi bara-bara,
Ýedi gögi ýara-yara,
Her kim müňkürdir ol äre,
Kapyrdyr, biiman oldy.

Gol göterip, Resul aglar,
Gowşaşdy gunçalar, baglar,
Bedriň uruşynda daglar
Ýedi aýlap duman oldy.

Sap urdy batyr beňňiler,
Döwüşe çykdy zeňňiler,
Gana batdy üzeňňiler,
Alynyň desti gan oldy.

Mukatyl etmedi teşwüş,
Aly bilen saldy döwüş,
Toprak, demir, polat, kümüş,
Galalary weýran oldy.

Magtymguly, Rumystana,
Çaldy gylyç Hindistana,
Badahşana, Türküstana,
Ýedi yklyma han oldy.

## *TUMAR GÖRDÜM*

Hakykat depderin açdym,
Bir ýazylan tumar gördüm.
Bu ýurtdan ol ýurda göçdüm,
Ýurduny ygtybar gördüm.

Bir öýde bar on iki jan,
Hoş gelip siz, eziz myhman,
Bir suprada dört yssy nan,
Üstünde ýedi nar gördüm.

Mustapaga indi warak,
Müňkür bolan – dinden yrak,
Bir öýde bar onki çyrag,
Dört maşal, bir ýanar gördüm.

Bu dünýäniň gyragynda,
Şejerler bitmiş bagynda
Bäş alma bar pudagynda,
Asylmyş, berkarar gördüm.

Magtymguly, ne pikriň bar,
Ömürden geçdi rozygär,
Ýetmiş iki süri dowar,
Çopany bir bakar gördüm.

## ÝÜZ BOLAR

Bolsa özi mert ýigit,
Her bir jaýda ýüz bolar.
Namartlar bilseňiz — it,
Her kese ýüz-göz bolar.

Ne günä bar Idrisde?
Otdan ýegdir heris-de,
Saz bolmagan meýlisde
Gürleşseň hem saz bolar.

Men ykbalym unudam,
Panydan aldym gadam,
Özün oňarmaz adam
Her ýetene söz bolar.

Ne gaýratly bu daglar,
Bihasap aw-awlaglar,
Köle giripdir zaglar,
Mysaly bir gaz bolar.

Namartlardan — ýaman ýeg,
Her zulumdan — peýman ýeg,
Niçe gyzdan juwan[18] ýeg,
Ýagşy, ýaman gyz bolar.

Ozal başdan bermese,
Gaýgy-hasrat görmese,
Pelek tygyn urmasa,
Gyş paslymyz ýaz bolar.

[18] Juwan – bu ýerde ýigit, oglan manysynda gelýär.

Hak bermese ozalda,
Bir zulumdyr ezelde,
Ajap närse gözelde
Gaşyn kaksa, näz bolar.

Her güne şükr eýleseň,
Elemiň zikr eýleseň,
Dünýäni pikr eýleseň,
Teşwüşiň, gör, baz bolar.

Bir dertliniň ýanynda,
Bolsaň adam sanynda,
Aşyklaryň janynda
Baky sönmez köz bolar.

Islänin bu göz görse,
Göwnänin bu dil sorsa,
Bir ýigdiň guşy tursa,
Her bir sözi düz bolar.

Diýerler, ahyrzaman,
Ataş-suzandan ýaman,
Bawer kylmagyl güman,
Beýle teşwüş tiz bolar.

Gymmaty bar zenanyň,
Taryp kylsam bar zadyn,
Badam gabak jenanyň
Boýlary deraz bolar.

Niçe islär uly mal,
Niçeler etmez hyýal,

Pelegi kylsaň ahmal,
Asmanda perwaz bolar.

Pany dünýä gezendiň,
Sen elemden bezendiň,
Akylsyz, ýaňra ýigdiň
Ilde gadry az bolar.

Kimler zer lybas geýse,
Ençeler zäher iýse,
Ýagşy dost bir söz diýse,
Janyň içre duz bolar.

Pany teşwüşe goýar,
Kimler pynhanyn aýar,
Kempir özün gyz saýar,
Emma goýny buz bolar.

Muhammediň ymmaty,
Boýnundadyr sünneti,
Her gözeliň gymmaty
Ýüzde imtiýaz bolar.

Derdim kylynsa ahsan,
Ýürekde biter bossan,
Kyldygym ajap dessan
Mejnuna nyýaz bolar.

Ne iş gördi gözlerim,
Gabahatdyr ýüzlerim,
Magtymguly, sözlerim
Saza goşsaň, uz bolar.

## *BEHEM EDER*

Kimýany topraga çalsaň,
Toprakdan zer behem eder.
Her ne ki ýere seper sen,
Sepdigiň ýer behem eder.

Ýagşy-ýaman bolmaz mälim,
Her kim öz bilenne alym,
Jahana ot çakdy zalym,
Ýyl-ýyldan şer behem eder.

Ýagşy ýigit ýol ýitirmez,
Jäht kysmatdan köp getirmez,
Müň gaýgy bir iş bitirmez,
Töwekgel – ner behem eder.

Berimiň bolsa her kanda,
Gören saňa bolar bende,
Bethüýüň – duşman ýanynda,
Ýagşylyk – ýar behem eder.

Magtymguly söýlär sözde,
Gaýrat – ötde, haýa – gözde,
Ýyl-ýyldan bu ýurdumyzda
Zulm artyp, zor behem eder.

## *BIBAT GÖRÜNER*

Ýaranlar, pany dünýäniň,
Ahyry bibat görüner.
Jan guşuny aldap tutar,
Şum pelek saýýat görüner.

Aldagyna düşme bu gün,
Köküň keser bogun-bogun,
Gör, loly dünýä dostlugyn,
Günbe-günden ýat görüner.

Pelek bolmaz miýesseriň –
Niçe ýerde derdeseriň,
Gör, ogulsyz bendeleriň,
Ýurdy ýok, berbat görüner.

Görünse ýagşy ykbaly,
Gün-günden hoş öter haly,
Goç ýigidiň pis aýaly,
Janyna jellat görüner.

Ýagşy ýaryň goýny mata,
Synasy meňzär jennete,
Gözel görmegen sölüte,
Göze perizat görüner.

Dilde çeýnär şeker-kandy,
Hiç kim kabul etmez pendi,
Gara garganyň perzendi,
Özüne surat görüner.

Ýaraşar tirkiş-hatary,
Hatarynda esrik neri,
Bir gedanyň münen hary,
Teblesinde at görüner.

Söweşde gerek ussatlar,
Şir ýürekli, algyr gurtlar.
Ýagy görende, namartlar,
Näçaglap, arwat görüner.

Magtymguly diýr, bu demde,
Bardyr umydym keremde,
Rozy etse ahyr demde,
Imanym myrat görüner.

## BAŞ ÜSTÜNDE

Namart kimdir, biler bolsaň,
Ne diýseň, diýr «Baş üstünde!»
Azmaýyşyn kylar bolsaň,
Hiç tapylmaz iş üstünde.

Murtun towlap, herýan tartar,
Haýbaty peleňden artar,
Gök dek gürlär, damak ýyrtar,
Häzir bolan aş üstünde.

Aş üstünde alp dek arlar,
Ýersiz-ýere har dek harlar,
Her tilki bir şir dek gürlär.
Myrdar ölen läş üstünde.

Çöl ýerde göwre galdyrma,
Ol-da hoşdur, syr bildirme,
Lap edip dahan doldurma,
Jeň nan degil diş üstünde.

Diýseler: «Atlan-ha, atlan!»
Süňk çenäp iýr arda syrtlan,
Ýow güni gaýrata gatlan,
Lagnat goýma riş üstünde.

Ynsabyn elden byrakmaz,
Mälim, adamlykdan çykmaz,
Bu sözüm haýwana ýokmaz,
Adam saklar güwş üstünde.

Magtymguly, söweş bolar,
Ýigidiň syry paş bolar,
Ýa baş berer, ýa baş alar,
Goçaklar ýoldaş üstünde.

### *ATY GEREK*

At gazanar goç ýigidiň,
Owwal bedew aty gerek.
Gelene garşy durmaga,
Ýagşy muhabbeti gerek.

Mert gerek jepa çekmäge,
At gerek zereh sökmäge,
Supra ýaýyp, nan dökmäge
Köňlüniň hümmeti gerek.

El götergin ham hyýaldan,
Saňa yssyg ýokdur maldan,
Rozygär geçse halaldan,
Aryplar söhbeti gerek.

Ýöriseň gulluk kylmaga,
Pygamber ýolun bilmäge,
Derwüşler köňlün almaga
Elinde döwleti gerek.

Magtymguly, bir gedaýdyr,
Barçany saklan Hudaýdyr,
Eger misgin, eger baýdyr –
Gelene hyzmaty gerek.

## *ATA MEŇZÄR*

Oba ujundaky depe,
Eýerlenen ata meňzär.
Akylsyz ärler zer bilen,
Ýazylan bet hata meňzär.

Bu dünýä bir düýpsüz derýa,
Gark eder, bolma biperwa,
Magrur bolma maly-dünýä,
Gezekli nobata meňzär.

Gardaşsyza kuwwat ýokdur,
Ogulsyza döwlet ýokdur,
Aýalsyza eşret ýokdur,
Hoş güni hasrata meňzär.

Ýamandan ýagşy set bolmaz,
Asly ýagşydan bet bolmaz,
Dünýälikden döwlet bolmaz,
Ogul çyn döwlete meňzär.

Burç bilen duz täze ýara,
Awy gatar rozygäre,
Ýaman hatyn ýagşy äre,
Sowulmaz töhmete meňzär.

Ýatan ýeri ýylan goýny,
Asylany itiň boýny,
Pis äriň ýagşy hatyny,
Dürri-bigymmata meňzär.

Magtymguly, namyradam,
Iller hoşdur, men näşadam,
Söz manysyn aňmaz adam,
Bir guýruksyz ite meňzär.

## *AGLARYN*

Eý, ýaranlar, ömrümden,
Geçdi diýip aglaryn.
Gitdi aklym ornundan,
Çaşdy diýip aglaryn.

Giden dönmez ýolundan,
Düşmez ýaman pälinden,
Diýanat halk elinden,
Uçdy diýip aglaryn.

Häzir biziň zamanda,
Ýaman sözler zybanda,
Zulum işler jahanda,
Joşdy diýip aglaryn.

Bu eýýamda betkärler,
Ýüz dil bile aldarlar,
Hany niçe dildarlar,
Geçdi diýip aglaryn.

Niçe sada deň-duşlar,
Şeýtan biligin başlar,
Ýüz çöwürip gardaşlar,
Gaçdy diýip aglaryn.

Görüň pelegiň oýnun,
Üzer alymyň boýnun,
Niçe janlar ýer goýnun,
Guçdy diýip aglaryn.

Magtymguly diýr merde,
Dünýä bentdir, ten perde,
Bir başym sansyz derde,
Duşdy diýip aglaryn.

## *ATÇA BOLMAZ*

Haryň işi hardyr, dostlar,
Müň magtasaň, atça bolmaz.
Bedasyla emel ýetse,
Biliň, asylzatça bolmaz.

Pany dünýäge ynanmaň,
Altyn-kümüşe guwanmaň,
Giýewlere köňül bermäň,
Bir dogan zürýatça bolmaz.

Köp ýollary görse gözüň,
Her manydan bilseň özüň,
Bir nadana aýdan sözüň,
Ösüp giden batça bolmaz.

Başyň ýassyga ýetende,
Sabr-u karar bolmaz sende,
Güýjüň-kuwwatyň gidende,
Ogul-gyzyň ýatça bolmaz.

Magtymguly ajap çaglar,
Kimse güler, kimse aglar,
Dürli miwe beren baglar,
Sowular, jennetçe bolmaz.

## *KÖÝMÄN ÝIGIDE*

Ulalanda iş hoş gelmez,
Ýaşlykda köýmän ýigide.
Döwlet gelse, özün bilmez,
Dogaly doýman ýigide.

Ýamana öwüt hebesdir,
Ýagşy äre bir söz besdir,
Ýörişini ýalňyş basdyr,
Ýaňy don geýmän ýigide.

Jüpbe, jöwşen, zereh-sowut,
Keserli gylyç, arap at,
Söweş güni gider uýat
Gaýraty bolman ýigide.

Çopan adam çoka bolmaz,
Ala garga oka gelmez,
Köp ýygylsa, terhos almaz,
Aňyrsy bolman ýigide.

Gulluk ýetirgin janyňdan,
Aýama parça nanyňdan,
Ganly bolsa, geç ganyňdan,
Bir garyp myhman ýigide!

Dünýäde hiç kim galmandyr,
Mal jana ýoldaş bolmandyr,

Göýä bu dünýä gelmändir
Bir öwlat galman ýigide.

Almaza kümüş mis görner,
Dula gyrnak tüýüs görner,
Perizat hatyn pis görner
Bir hulky söýmän ýigide.

Mal döner çyýan-çirmege,
Durar et-ganyň sormaga,
Malyndan zekat bermäge,
Gözleri gyýman ýigide.

Magtymguly, ýoldan çykmaz,
Ýamana ýagşy söz ýakmaz,
Müň söz aýtsaň, biri ýokmaz
Taňrysy guýman ýigide.

## *KÖŇÜL JOŞUNDADYR*

Köňül bir beden şahydyr,
Her söz köňül joşundadyr.
Ýedi yklymyň tagtynda
Her biri bir işindedir.

Daglaryň çykyp-inmesi,
Çohlaryň göçüp-gonmasy,
Dünýäniň agyp-dönmesi,
Pelegiň gerdişindedir.

Kimdir bu dünýäde galan,
Maňa çyndyr, size ýalan,
Bir akdyr, bir gara ýylan –
Süleýmanyň gaşyndadyr.

Degresi zümerret daşly,
Ner babaly, kerk gardaşly,
Altyn tagtly, almaz täçli,
Döw begleri daşyndadyr.

Aýlanar, geçer eýýamlar,
Gojalar gurlan eýwanlar,
Gündiz ýara aşna janlar,
Gije ýatsa, düýşündedir.

Üç essesi däli derýa,
Bir esse ýerde müň gowga,
Kim biler bu köne dünýä,
Ýa, Rep, niçe ýaşyndadyr?!

Magtymguly diýr, haraýdyr,
Ajal okdur, pelek ýaýdyr,
Dünýä bir gahba heleýdir,
Adamzadyň daşyndadyr.

## *NÄLER GÖRÜNER*

Seýl edeliň bu jahana,
Jahanda näler görüner.
Isgender, Jemşit saldyran
Beýik binalar görüner.

Bişeleri şir, peleňli,
Gülgüzar, nowça beleňli,
Gün düşmeýen ter öleňli,
Çeşmeli zawlar görüner.

Ýaradan bar etdi ýokdan,
Daglar dünýä sürer çohdan,
Sorsaň habar berer Nuhdan,
Garrygan awlar görüner.

Çaglan, ýalan dünýä çaglan,
Ne gülen galar, ne aglan.
Gar-ýagmyrlar, burjy baglan
Sapaly çaýlar görüner.

Serinden dumany gitmez,
Eýýam geçip, ýere batmaz,
Garryp galmaz, ölmez, ýitmez,
Gorganly daglar görüner.

Ne külbe galar, ne çeten,
Senemler seýl edip öten,
Toty, bilbil mesgen tutan,
Howaly baglar görüner.

Magtymguly, kim bar ölmez?
Ajal doýmaz, zemin dolmaz,
Asman inmez, ýer çöwrülmez,
Gün ýörir, Aýlar, görüner.

## *NE IŞ GELER BAŞYMYZA*

Eý, ýaranlar, bilmek olmaz,
Ne iş geler başymyza.
Görüň bu gahba pelegi,
Awy goşar aşymyza.

Ajal geler, agzyn açar,
Inçe bili zemin guçar,
Gülüp gelen aglap geçer,
Rehm etmez göz ýaşymyza.

Daýanmaň bagta, ykbala,
Dolanar ýüz müň hyýala,
Ygtybar ýok genje, mala,
Dünýä meňzär düýşümize.

Pelek bize egri bakyp,
El uzadyp, efsun okyp,
Orta ýerde däne döküp,
Tor gurupdyr daşymyza.

Magtymguly, barsaň mundan,
Haýyr-şer sorarlar senden,
Şirin jan aýrylsa tenden,
Gum guwanar läşimize.

## *KARARSYZ ÄRDEN*

Gördük saýy köňül sowar,
Sabyrsyz-kararsyz ärden.
Yssy beren köpek ýegdir
Uýatsyz-ykrarsyz ärden.

Aýlandykça döwran, döwür,
Ykbalyň ýüz köýe öwir,
Dura-bara dosty sowyr,
Garyp galan barsyz ärden.

It zeriň minnetin çekmez,
Aňlamaza sözüm ýokmaz,
Köňlüň islän işler çykmaz,
Nan ýagysy – kärsiz ärden.

Her göz säherde bidardyr,
Eýesinden ülüş bardyr,
Hak, pygamber, halk bizardyr
Sözi ygtybarsyz ärden.

Magtymguly many saçar,
Her kim söz lezzetin içer,
Bara-bara köňül geçer,
Täsibi ýok, arsyz ärden.

## *IKI HELALAN*

Namut eken nazarym,
Gördi iki helalan.
Janym rahatyn aldy,
Ondan husny-jemalan.

Bar ondan ägä boldy,
Özüni yrak saldy,
Eşk gözden rowan oldy,
Göýä degmiş mugylan.

Muttasyl eşkim akyp,
Goýmaz görere bakyp,
Nebsim hüýüne çekip,
Yhlasymdan ýalanan.

Röwende-ýu aýende,
Zyban seni guýende,
Mydam olup juýende,
Dil seniň çün nalanan.

Yşk hanjaryn eýläp tiz,
Olup sen ýene hunriz,
Tapman onuň-le hergiz,
Şemmeýi ez wysalan.

Pikr ile pany boldy,
Gurbatda haýran galdy,
Yşkyň goşuny saldy,
Aklym mülküne talan.

Magtymguly, şeb-u ruz,
Jan güdaz-u ýürek suz,
Bul sebäpden berf-u buz,
Bagra basar suw alan.

## *IKI DÜNÝÄNIŇ SOLTANY*

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Iki dünýäniň soltany.
Rozy-ezelde ýaratdy,
Resul jesedinde jany.

Ýerde Musanyň Turundan,
Gökde behişdiň hüýründen,
Ýaratdy Resul nurundan,
Aý, Güni, Ýeri, Asmany.

Arzuw eýläp gül ruhsaryň,
Gezdim dagynda ebraryň,
Soragyny salyp ýaryň,
Keşt etdi köňlüm dünýäni.

Aklym haýran bolup çaşdym,
Ahyr bir äre sataşdym,
Altmyş alty dagdan aşdym,
Geçdim on iki derýany.

Magtymguly, bikarar sen,
Bu ne otdyr, sen ýanar sen,
Barça zatdan bikenar sen,
Bilmez sen sud-u zyýany.

## *ILI GÖZLÄR*

Ilinden aýra düşen –
Ah urar, ili gözlär.
Ýolundan aýra düşen –
Jäht edip, ýoly gözlär.

Gökde pelek gerdandyr,
Halk ýerde sergerdandyr,
Ne bazygär jahandyr,
Göz açan maly gözlär.

Kimlerde altyn täçdir,
Kimler saýyl, mätäçdir,
Kimler düýpden gallaçdyr,
Kim parça, haly gözlär.

Kim nan tapmaz iýmäge,
Kim ýer tapmaz goýmaga,
Kim don tapmaz geýmäge,
Kim tirme şaly gözlär.

Bu jahan bir puştadyr,
Kim zinde, kim küştedir,
Her bende bir işdedir,
Her kim bir haly gözlär.

Heňňam uzyn, ömür az,
Çahar pasla başdyr ýaz,
Gökde ganat ýaýan gaz –
Gözleri köli gözlär.

Magtymguly, huş eýläp,
Gezgin didäň ýaş eýläp,
Däli köňül joş eýläp,
Ýüz müň hyýaly gözlär.

## *IÇEN ÝALYDYR*

Ýaman ýagşa ýoldaş bolsa,
Awulyk içen ýalydyr,
Aýryla bilse awusy,
Içinden öçen ýalydyr.

Adam şerm etmez rişinden,
Gorkar ýatanda düýşünden
Eýýama baksam, işinden
Bu köňlüm geçen ýalydyr.

Bedasyl ykbaly ýörmek,
Öýsüz eline mal girmek,
Akmaga syryňy bermek –
Öz aýbyň açan ýalydyr.

Ötdi ömrüň dünýä seýliň,
Hak ýoluna bagla biliň,
Agzy ala bolan iliň,
Döwleti gaçan ýalydyr.

Gep aňyp, görende gizlän,
Akyldyr – iş soňun gözlän,
Gepin tapyp, ýagşy sözlän,
Misli dür saçan ýalydyr.

Ärden gitse ygtybarlar,
Sowar ondan dost-u ýarlar,
Hünärli, ykbally ärler,
Mal-u pul uçan ýalydyr.

Magtymguly, yllatly göz,
Haraba döner degse duz,
Märekede bir jaýsyz söz,
Çermenip ... ýalydyr.

## *HAÝRANDADYR-HAÝRANDA*

Aşyklar Hak yşkynda,
Haýrandadyr-haýranda.
Gözler zagyf yzynda,
Girýandadyr-girýanda.

Kyldy oňa Hak rehmet,
Nury-tejelli gudrat,
Hyrka geýen Hoja Ahmet,
Saýramdadyr-Saýramda.

Ýerden çykan agaçlar,
Dili senaly guşlar,
Suhan söýen derwüşler,
Döwrandadyr-döwranda.

Aýyl, aşygym, aýyl,
Mejnun bol, halka ýaýyl,
Halyl ogly Ysmaýyl,
Gurbandadyr-gurbanda.

Tur dagynda duranlar,
Niçe gaýyp erenler,
Jemalyňy görenler,
Permandadyr-permanda.

Dolduran bu dünýäni,
Sözlän her du jahany,
Külli işiň beýany,
Gurhandadyr-Gurhanda.

Magtymguly, aç diller,
Gulluk kyl aýlar, ýyllar,
Erte gulluksyz gullar,
Armandadyr-armanda.

## *HÖWESIDIR*

Adam ogly, pikriň-zikriň,
Ýalançynyň höwesidir.
Häzir bu pikre gider sen,
Bir gün derde goýasydyr.

Bir gün girer ýere başyň,
Unudar kowum-gardaşyň,
Namazyň, rozaň ýoldaşyň,
Bir-de diliň senasydyr.

Aňdaşarlar sagda, solda —
Şeýtan ýol keser bu ýolda,
Erkli gorgan, agyr dalda,
Şerigatyň galasydyr.

Bu jahanyň sermaýasy,
Ryzk sebäbi, Hak saýasy,
Ýer diregi, gök paýasy,
Derwüşleriň dogasydyr.

Geçer ömür, öter bu dem,
Ne ýörür sen gedem-gedem,
Pili raýa salan adam,
Seni gurçuk iýesidir.

Daglar bardyr, daşlar bardyr,
Ýazlar bardyr, gyşlar bardyr,
Ýaman-ýowuz işler bardyr,
Başa gelen duýasydyr.

Magtymguly, yşk meýdandyr,
Bu meýdana giren jandyr,
Janyň hem tende myhmandyr,
Beren bir gün alasydyr.

## *GIDER*

Adam ogly, pelek seniň,
Bir gün donuň biçer gider.
Saňa urar hanjaryny,
Jellat ganyň saçar gider.

Gezme dünýä meýil edip,
Bihuda ýerde seýl edip,
Öňki gonanlaryň ötüp,
Göz açynçaň geçer gider.

Ölseň, seni kimiň ýatlar,
Haýkyr galar bedew atlar,
Ony münen goç ýigitler,
Gara toprak guçar gider.

Dünýäniň soňy bibatdyr,
Binamazyň jaýy otdur,
Ölüm bir ajy şerbetdir,
Her kim ondan içer gider.

Köňül aýdadyr ölmeseň,
Lahatda tenha galmasaň,
Eýäňe dogry bolmasaň,
Iman senden gaçar gider.

Magtymguly, bu ne jaýdyr,
Ajap bir kerwensaraýdyr,
Dünýä bir loly heleýdir,
Bir gün seni guçar gider.

## *ALAJAKDYR*

Adam ogly, bu dünýäge,
Goýmaz, seni alajakdyr.
Halal, haram – ýygan malyň,
Soňra senden galajakdyr.

Her çent ki ýaşasaň özüň,
Ýagşy-ýaman galar sözüň,
Humar gözüň, gül dek ýüzüň
Hazan urup solajakdyr.

Tenden jyda bolar ganyň,
Bikar galar ustuhanyň,
Şonça ýylky duran janyň,
Aýrybaşga bolajakdyr.

Ötdi ýazyň, geldi gyşyň,
Namaz, roza bolsun işiň,
Bu dünýäde soltan başyň,
Ne söwdalar görejekdir.

Bu dünýäge gelen janlar,
Biri-birine myhmanlar,
Hoja-seýit, beg-u hanlar
Ahyr soňy ölejekdir.

Hyzmat kyl kadyr Hudaýa,
Ömrüňi ötürme zaýa,

Işiksiz, tüýnüksiz jaýa,
Bir gün eltip salajakdyr.

Berhem bolar galar jaýyň,
Bozular köşk-u saraýyň,
Ýaradan kadyr Hudaýyň
Tenha özi galajakdyr.

Magtymguly asy guluň,
Küfür sözden sakla diliň,
Kyýamatda dogry ýoluň,
Syrat köpri bolajakdyr.

## GÖRÜM GÖRÜLMEGEN ÝERDE

Yzzat, hormat, syn etmegin,
Görüm görülmegen ýerde.
Akyl bolan söz açarmy?
Nobat berilmegen ýerde.

Akly ýagşylar unutmaz,
Gury agaja ýaprak bitmez,
Akylly är mesgen tutmaz,
Hulky söýülmegen ýerde.

Batyl galan aryk akmaz,
Her naşydan kerem çykmaz,
It gözlemez, pişik bakmaz,
Supra ýaýylmagan ýerde.

Haj eýleseň, jara döner,
Gül açylsa, hara döner,
Hyzmat etmek hara döner,
Gadryň bilinmegen ýerde.

Namart goş üstünde harlar,
Öter, aş üstünde gürlär,
Söweş gurup, gylyç parlar,
Jyza urulmagan ýerde.

Öý içinde hyra döner,
Muhannes bir nere döner,
Tilki, şagal şire döner,
Söweş gurulmagan ýerde.

Parasat kyl, bakyp akla,
Goç ýigidiň sözün hakla,
Magtymguly, diliň sakla,
Habar soralmagan ýerde.

## *GITMEZMIŞ*

Iller, heý, Mejnun dagynyň,
Serinden duman gitmezmiş.
Müňküre bilin bereniň,
Köňlünden güman gitmezmiş.

Goýna gardaş bolmaz gurtdan,
Dileg etme her namartdan,
Tä ölinçä goç ýigitden
Myzrak, tir, keman gitmezmiş.

Gapyl adam ogly bilmez,
Ölümini ýada salmaz,
Malyň-mülküň yssyg kylmaz,
Ýanyndan iman gitmezmiş.

Zamana ýakyn gelende,
Ýeri, gögi suw alanda,
Alladan gaýry ölende,
On sekiz mekan gitmezmiş.

Ýer bilen gökden kuwwatly,
Şol Ezraýyldan haýbatly,
Bäş kişiniň Haryş atly,
Öňünden ýylan gitmezmiş.

Aşyklar terki-jan etsin,
Gözde ýaşyn rowan etsin,
Goç ýigitler yhsan etsin,
Yhsany reýgan gitmezmiş.

Magtymguly, galgyn derde,
Işiň düşenden namarda,
Kyýamat güni jomarda,
Dowzahdan zyýan ýetmezmiş.

## *ÄR ÝANYNDA BELLIDIR*

Ýagşylygy pis bilmez –
Är ýanynda bellidir.
Görer gözüň gymmaty,
Kör ýanynda bellidir.

Däli köňül daýanjy,
Ýokdur dünýä ynanjy,
Sag gulagyň guwanjy,
Ker ýanynda bellidir.

Eger pir sen, eger ýaş,
Kylma syryň halka paş,
Syr saklagan mähek daş,
Zer ýanynda bellidir.

Bu dünýäniň myrady –
At, zagyfdyr, zürýady,
Arwananyň kuwwaty,
Ner ýanynda bellidir.

Bolsa gamdan halasym,
Ýaza dönse gyş paslym,
Magtymguly, yhlasym,
Ýar ýanynda bellidir.

## *EÝLEDIŇ MENI*

Eý, Hudaý-a, gudratyňdan,
Ýokdan bar eýlediň meni.
Deň-duşlardan gaýra kylyp,
Gamgusar eýlediň meni.

Täleý-bagtym giňden salmaý,
Dileglerim kabul kylmaý,
Ylmy-dünýä ata kylmaý,
Mala zar eýlediň meni.

Gardaş-u ata-enemden,
Aýrylyşyp doganymdan,
Jyda düşüp il-ýurdumdan,
Mysapyr eýlediň meni.

Magtymguly pygan eýlär,
Gözde ýaşyn rowan eýlär,
Haka zary-nalan eýlär,
Beýle har eýlediň meni.

## *EMIRE DÖNER*

Ülkede sahyp bolmasa,
Arbaplar emire döner.
Üç ýyl şire uçramasa,
Tilki-şagal şire döner.

Gahba pelek kaşyk salar,
Birne biýr, birinden alar,
Her kime bir nobat geler,
Ülke agar, tora döner.

Şir her çakda bir aw atar,
Diýr: «Awuma kim el gatar».
Pil burnun pelege tutar,
Kerk görse, hamyra döner.

Ajal ýeter, adam duýmaz,
Döwran geçer, ömür doýmaz,
Tilki sarkydyn şir iýmez,
Ger iýse, zähere döner.

Dert – ýürekde bir ot bolar,
Söz – jahanda bir at bolar,
Pakyra aşna ýat bolar,
Mallansa, ýat ýara döner.

Mertler jeňde – toý içinde,
Aç börüdir – koý içinde,
Namart guran öý içinde,
Barsaň, hyra-hyra döner.

Magtymguly, budur derdiň,
Sahyby gerek her ýurduň,
Şir zarbyn görmeýen gurduň,
Her murty bir tire döner.

## *DONLY GÖRNER*

Dogry bakmazlar jullyýa,
Göze gyzyl donly görner.
Söz pähm etmez akmak-gedi,
Öz ýanyndan dilli görner.

Başa degmeýinçä gurtlar,
Kast etmäň, gerekdir ýurtlar,
Ýagyda tanalar mertler,
Il içinde mally görner.

Pikr et başa iş düşmände,
Yssy ýokdur soň puşmanda,
At – meýdanda, är – duşmanda,
Toýda tirme şally görner.

Jany sagyň sözlär dili,
Jomardyň dek durmaz eli,
Her kişiniň öz akyly,
Özüne kemally görner.

Gadymdan setdir ýagşylyk,
Ýagşy zatdyr ýagşy gylyk,
Mert ýigide az ýagşylyk,
Az hem söýgüli görner.

Gel, akyl dolandyr indi,
Ýürek peýwendi, jan bendi,
Her kişiniň öz perzendi,
Özüne jemally görner.

Magtymguly, söz binýadyň
Agzynda ýakynyň, ýadyň,
Hünär ýok, söz bilen adyň,
Halk içinde belli görner.

## *DÖWLETI-MALY BOLMASA*

Goç ýigidiň ady çykmaz,
Döwleti-maly bolmasa.
Endişeli iş bitirmez,
Meýdanda däli bolmasa.

Bolmasa ýigdiň zürýady,
Ölende tutulmaz ady,
Tutaşmaz synanyň ody,
Başda hyýaly bolmasa.

Almaz[19] guşlar awa çapmaz,
Hünärsiz öz syrtyn ýapmaz,
Märekede orun tapmaz,
Akly-kemaly bolmasa.

Gonmak täze ýurda ýagşy,
Haly düşek törde ýagşy,
Ol ýigitler görde ýagşy,
Başy gowgaly bolmasa.

Magtymguly, bolsa başly,
Uýalmaz gylyçly, aşly,
Duzy zor, duşmany güýçli,
Dosty wepaly bolmasa.

[19] Bu ýerde algyr däl guşlar, aw awlamaga ussat bolmadyk guşlar göz öňünde tutulýar.

## *DAŞDA BELLIDIR*

Ýagşynyň gadryn il bilmez,
Ýagşylar daşda bellidir.
Möwlam nazar salsa kime –
Bolajak başda bellidir.

Öýde ýatyp etme günä,
Gol-aýagyň bolar güwä,
Ile pynhan, Haka ägä,
Asl adam işde bellidir.

Bu dünýäde maldyr görküň,
Her bir ýere ýeter erkiň,
Öýünde lap urar her kim,
Batyr söweşde bellidir.

Hynany ýaksaň, reň bolar,
Gyzyly sökseň, seň bolar,
Hemme bedewler deň bolar,
Bedew çapyşda bellidir.

Hoja, seýit selasatly,
Pakyrlara delalatly,
Hoş tebessüm, mylakatly –
Her kim deň-duşda bellidir.

Magtymguly, şowkuň güni,
Ýagşydyr yslamyň dini,
Ýene has gözeliň syny,
Göz bilen gaşda bellidir.

## *DAG SAÝAR*

Daglar ýeriň myhydyr,
Depe özün dag saýar.
Çekik özün bilbil diýr,
Çarlak özün zag saýar.

Kemlik eýle – kemal bar,
Menlik etme – zowal bar,
Her başda bir hyýal bar,
Gul özüni ig saýar.

Güýjünden, kuwwatyndan,
Dünýäniň nobatyndan,
Bir kişi yzzatyndan
Bedasyl özün beg saýar.

Nadanam, zat bilmenem,
Bir günäli gul menem,
Sirke aýdar: «Bal menem»,
Nebit özün ýag saýar.

Habar alsaň birewden,
Özün kem saýmaz döwden,
Öz ýanyndan bedewden,
Eşek özün ýeg saýar.

Dert çekenler dert biler,
Namart özün mert biler,
Tilki özün gurt biler,
Garsak özün seg saýar.

Magtymguly bir guldur,
Gullugyna kaýyldyr,
Akmak özün akyl diýr,
Ölen özün bag saýar.

## *DAŇ ATMAZDAN BURUN*

Adam ogly, ýatma gapyl,
Tur-ha daň atmazdan burun.
Ýigitlikde tagat kylgyl,
Garrylyk ýetmezden burun.

Garrylyk tagat kyldyrmaz,
Işiň ebesdir, bildirmez,
Pelek agladar, güldürmez,
Sür döwran ötmezden burun.

Bendäge eýleme kasdy,
Agyrtmagyl ýary-dosty,
Bir gün gelip, ajal desti,
Ýakaňdan tutmazdan burun.

Gardaşlaryň ýyglap galar,
Ýeň, ýakasyz dona salar,
Bir gün amanadyň alar,
Sen toba etmezden burun.

Bu dünýäge gelen geçer,
Halaýyk ol meýden içer,
Bir aždarha agzyn açar,
Wehm eýle ýuwtmazdan burun.

Meşgul sen dünýä oýnuna,
Girer sen ýeriň goýnuna,
Ajal bendäniň boýnuna,
Gaýdawer münmezden burun.

Ajal barçany edalar,
Galmazlar şah-u gedalar,
Haramdan gaç, kethudalar,
Rusyýa bolmazdan burun.

Sakla gybatdan diliňi,
Otdan baglarlar eliňi,
Açylan täze gülüňi,
Alla soldurmazdan burun.

Bendäge etme hyýanat,
Barça gul Taňryga raýat,.
Bu sözde bar hadys, aýat,
Pähm eýle ölmezden burun.

Tur säher, Taňryga ýygla,
«Hak» diýip ýüregiň dagla,
Toba gorun mäkäm bagla,
Kyrkyňa gelmezden burun.

Magtymguly, dogry söýle,
Ömrüň gelip, geçer beýle,
Zynhar, ýaşulyňy syla,
Baş göre girmezden burun.

### *ÝYKMAÝAN ÄRDEN*

Hiç köňül şatlygy çykmaz,
Bir köňül ýykmaýan ärden.
Ýagşylyk tamasyn etmäň,
Ýamanlyk çykmaýan ärden.

Her kim ile beglik eder,
Bir jem bilen ýola gider,
Kethudalyk yrak gider,
Ýaman söz çekmeýen ärden.

Ýagşy är il aýbyn açmaz,
Göre-bile haram içmez,
Ýaradan ýazygyn geçmez,
Gözýaşyn dökmeýen ärden.

Eglenmez, eýýam öwrüler,
Zaman öter, nyrh çöwrüler,
Agyr döwletler aýrylar,
Bir agza bakmaýan ärden.

Öz-özünden akly ýetmez,
Akyllaryň sözün tutmaz,
Ýoksullyk ýok bolup gitmez,
On iş terk etmeýen ärden.

Goçaklara ýasaw güni,
Ýyglyp gelse goşun käni,
Pygamber bizar ýow güni,
Ýoldaşa bakmaýan ärden.

Magtymguly, ýangyl, öçgül,
Ýa lal otur, ýa dür saçgyl,
Bir guýruksyz itdir, gaçgyl,
Nesihat ýokmaýan ärden.

## *ÝAR GEREKDIR*

Menem diýen goç ýigide,
Bir mynasyp ýar gerekdir.
Arap at, ýowly ýigide,
Almaz zülpükar gerekdir.

Ýigit oldur – ýurt üstünde,
Janyn berse din üstünde,
Goç ýigitler il üstünde,
Namys bilen ar gerekdir.

Bäş gün köňül hoş etmäge,
Supra ýaýyp, nan dökmäge,
Abraý alyp, at etmäge,
Gollarynda bar gerekdir.

Mekgä baran bolar hajy,
Aýralyk ölümden ajy,
Goç ýigide din gylyjy,
Aşyga didar gerekdir.

Artdyr pelek ahy-zaryň,
Alar elden ygtyýaryň,
Magtymguly, söwer ýaryň,
Syýa zülpi tar gerekdir.

## *ÝOLDAŞ BOLAN*

Ýagşy sözi jana ýarar,
Ýagşy bilen ýoldaş bolan.
Gaçyp gutulmaga uwnar
Bir ýaman goňşa duş bolan.

Dünýäniň soňy ötmekdir,
Myrat – munda iş bitmekdir,
Işi gussa ýuwutmakdyr,
Ýaman bilen gardaş bolan.

Bir ýaman söz ýürek bular,
Ýagşyny älem arzuwlar,
Ýatdan çykmaz, görmek dilär,
Birewden köňli hoş bolan.

Her kimde-ki hünär ýokdur,
Duşmanyna heder ýokdur,
Ýagşylyk etse ýer ýokdur,
Şu eýýamda ýuwaş bolan.

Magtymguly öwüt aýdar,
Aňlan gulagynda güýder,
Özüni ýüňsakgal eder,
Bozulan ile baş bolan.

## ÝOLDAŞYŇ GALAR

Gapyl adam, gider bolsaň,
Keremli ýoldaşyň galar.
Jellat gelip, jan alanda,
Ýyglaşyp, gardaşyň galar.

Tende myhman eziz janyň,
Gazangyl nury-imanyň,
Supra ýaýyp, dökgül nanyň,
Bu dünýäde aşyň galar.

Jellat hanjaryn salanda,
Ezraýyl janyň alanda,
Iki soragçy gelende,
Başda akyl-huşuň galar.

Bu dünýäni tutma gyzgyn,
Ýoldan çykyp, bolma azgyn,
Biwepadyr, umyt üzgün,
Gum guwanar, läşiň galar.

Nämährem gören gözleriň,
Şol gybat eden sözleriň,
Eňreşer ogul-gyzlaryň,
Göre girip, güwşüň galar.

Barsaň imanyňy alyp,
Ol bäş gez bize dolanyp,
Gara topraga bulanyp,
Zemin içre başyň galar.

Ajal geldi, nobat ýetdi,
Kimse bu dünýäni tutdy,
Magtymguly, ömrüň ötdi,
Dat edip, syrdaşyň galar.

## *TASA GARŞY*

Agyz açdym, göz ýumdum,
Gol sundum tasa garşy.
Tas üstünde ýatypdyr,
Galandar ýasa garşy.

Saky turdy, ses etdi,
Kim giç galdy, kim ýetdi,
Galandar tasyn tutdy,
Düşdüm höwäse garşy.

Men bikemal ol ýerde,
Yşk içre düşdüm derde,
Gül ýüzde gülgün perde,
Tutdy palasa garşy.

Habar tutan jahandan,
Aýrylar hanymandan,
Aşyklar geçer jandan,
Tutulsa käse garşy.

Bu dünýä bir saraýdyr,
Gelen geçip baraýdyr,
Magtymguly haraý diýr,
Hydyr, Ylýasa garşy.

## ŞALAR GALMAZLAR

Gam çekme, garyp adam,
Begler-şalar galmazlar.
Azym-azym şäherler,
Ak otaglar galmazlar.

Galsa sözden gyzyl dil,
Jan jöwherdir, ten bir gil,
Hezar mukamly bilbil,
Beýik daglar galmazlar.

Şuny kesipdir aklym,
Ýykylar ýedi yklym,
Ýer bolar büklüm-büklüm,
Erir, daglar galmazlar.

Hakdan ýetişse perman,
Ne çäre bar, ne derman,
Asman, Gün-u Aý lerzan
Hem ýyldyzlar galmazlar.

Ne ýer galar, ne ýurtlar,
Ne türk galar, ne kürtler,
Ne guş galar, ne gurtlar,
Perrendeler galmazlar.

Ne gert galar, ne gerdan,
Ne mert galar, ne merdan,
Pil, peşe-ýu kergedan,
Derrendeler galmazlar.

Magtymguly, ýaş süren,
Agyr heňňamlar guran,
Lemmer-lemmer möwç uran,
Şol deryalar galmazlar.

## *SIL BILÄNI*

Belent daglaryň başynda,
Bulut oýnar sil biläni.
Goç ýigide toýdur-baýram
Her iş gelse il biläni.

Dil bilenler güň bolupdyr,
Altyn, kümüş zeň bolupdyr,
Peşe haçan deň bolupdyr
Ugraşanda pil biläni?

Otlaga gaçar buzawlar,
Öňün başlar ýagşy gäwler,
Tanalar hasse bedewler,
Köne, ýyrtyk jul biläni.

Haram işden gaçar pirler, –
Tilki sarkydyndan şirler,
Gusdurmany goýmaz diýrler,
Guýtmak iýseň gyl biläni.

Hak bendesi Haka çokar,
Ýaman öz pälinden tapar,
Magtymguly, aýbyn ýapar,
Aş, gylyj-u dil biläni.

## *ÖÝLENGIN*

Ýigit halyň garrylyga,
Salaýyn diýseň, öýlengin.
Kethudalyk endişesin,
Kylaýyn diýseň, öýlengin.

Kethudalyk gözel ýoldur,
Gaýgy garrydar, gam öldir,
Ýigitlik bir gyzyl güldür,
Solaýyn diýseň, öýlengin.

Öý, il gerek, ýorgan-düşek,
Perzent bentdir, aýal – duşak,
Ýüke werzişgär boz eşek.
Bolaýyn diýseň, öýlengin.

Gezer sen oýnap, dalaşyp,
Galar sen gama bulaşyp,
Hasrata, derde ulaşyp,
Galaýyn diýseň, öýlengin.

Joşgun eder sen özüňden,
Aýrylar sen hoş ýazyňdan,
Tükenmez derdiň yzyndan,
Ýeleýin diýseň, öýlengin.

Ötir ýigitlik zamanyn,
Getir garrylyk dumanyn,

Dünýäniň ýagşy, ýamanyn,
Bileýin diýseň, öýlengin.

Ýigitlik bir gyzyl gülşen,
Garrylykda öçer röwşen.
Gujak-gujak gara ýowşan,
Ýolaýyn diýseň, öýlengin.

Magtymguly, gezip her taý,
Etmezdiň jahanda perwaý,
Pygamber sünnetin berjaý,
Kylaýyn diýseň, öýlengin.

## *GÜLEN BARMY?*

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Aglamaýyn, gülen barmy?
Ýalançy-pany dünýäden,
Giden gaýdyp gelen barmy?

Pelek, kimleri şat etdiň,
Kimi gamdan azat etdiň,
Birniçeleri mat etdiň,
Senden razy bolan barmy?

Kimse wepa tohmun eker,
Kimse ajal zähmin çeker,
Kimi gamdan azat eder,
Sargarmaýyn, solan barmy?

Bildim bu dünýä çaglygyn,
Gam-gaflatda oýaglygyn,
Hassa bolmaýyn, saglygyň
Ganymatyn bilen barmy?

Bu dünýä iki gyrakdyr,
Biri gara, biri akdyr,
Menzil iki, ýol yrakdyr,
Onuň pikrin kylan barmy?

Magtymguly, gelen, geçer,
Bu güzere gonan göçer,
Ýigitlik çyragy öçer,
Bu sözümde ýalan barmy?

### *DERT IŇŇILDÄR*

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Ýüregimde dert iňňildär,
Bir baý oglunyň elinde,
Sadranç oýnap, nert iňňildär.

Gelip-gitme mundan namart,
Aklyň çaşar, bolarsyň mat,
Belent dagda ýakarlar ot,
Gury ýanyp, öl iňňildär,

Gyz gördüm türkmen göçünde,
Müşk-u-anbar bar saçynda,
Ýaýlada, ýylky içinde,
Boz gulan taýlar iňňildär.

Magtymguly, sözüm hakdyr,
Hak söze ten beren ýokdur,
Goç ýigitde ogul ýokdur —
Ojak ýitip, ýurt iňňildär.

## *NARY BOLMASA*

Bagbançy bagy neýlesin,
Bagynda nary bolmasa,
Atadan ogul dogmasyn,
Namysy-ary bolmasa.

Bilbile jeňňel bag olmaz,
Aýraga depe dag olmaz,
Bedew ýabydan ýeg olmaz,
Meger reftary bolmasa.

Şerbet içseň, bala döner,
Her bir güni ýyla döner,
Gül dek reňňi küle döner,
Gözeliň ýary bolmasa.

Magtymguly, nahan diýrler,
Jan söwene janan diýrler,
Ol ýigide haýwan diýrler,
Şirin güftary bolmasa.

## *JAN EGLENMEZ*

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Amanatdyr, jan eglenmez.
Saglyga ýokdur ygtybar,
Tut mysal, myhman eglenmez.

Kimse säher turar irden,
Kimse baş götermez ýerden,
Şeýda dilli gözellerden,
Dil gider zyban eglenmez.

Belent dagdan haýbat gider,
Ýerlerden bereket gider,
Rum şährinden kuwwat gider,
Ussada dükan eglenmez.

Ezraýyl ýol açar bir gün,
Jan şerbetden içer bir gün,
Ärden döwran geçer bir gün,
At öler, meýdan eglenmez.

Şerigatdan enzil olmaň,
Hak işine bendil olmaň,
Adam ogly, gapyl olmaň,
Göç gider, kerwen eglenmez.

Binamaz, ugrar sen gama,
Onda dadyň ýeter kime,
Munda zor berseň çilime,
Jesetde iman eglenmez.

Magtymguly, budur ykrar,
Hak ýolynda duran çyn är,
Kimsäň yzynda ogul bar,
Kimsede nyşan eglenmez.

## *YNSAN UGRAŞSA*

Köňül açylar, jem bolar,
Bir-bire ynsan ugraşsa.
Huş gider, akyl kem bolar,
Dil bilmez haýwan ugraşsa.

Söweşde mert başdan geçer,
Namart akyl-huşdan geçer,
Bedew segräp, läşden geçer,
Ýaby inmez gan ugraşsa.

Merdiň sygnany Alladyr,
Muhannes başa beladyr,
Goç ýigit demir galadyr,
Her ýerde duşman ugraşsa.

Pyragy, bagryň paradyr,
Synaň hem ujy ýaradyr,
Müňküriň ýüzi garadyr,
Magşar gün mizan ugraşsa.

## *ÝAR OLMAGYL*

Gel, köňlüm, nesihat berem,
Lämekana ýar olmagyl.
Her ýetene ýarym diýip,
Yzynda bimar olmagyl.

Geňeş bergil deňe-duşa,
Ahyr ölüm geler başa,
Bir biçäre – ýalňyz kişä,
Sütem eýläp, zor olmagyl.

Dilegiň Allaga ýetse,
Dergähinde kabul etse,
Öz günüň özüňden ötse,
Ýalançyda hor olmagyl.

Ýygyn meýdana düşende,
Namardyň akly çaşanda,
Ol ganyma ugraşanda,
Deň-duşuňdan bäri olmagyl.

Magtymguly, ýokdur ýalan,
Durman öter munda gelen,
Bir akylsyz biweç bilen,
Deň-duş olup, jora olmagyl.

## ÝÖR BILÄNI

Gel, köňül, ýara gideli,
Hemra bolsaň, ýör biläni.
Ýar ýolunda gadam goýsak,
Paý ornuna ser biläni.

Asmanyň görki enwerdir,
Dünýä görki sim-u zerdir,
Jeset-toprak, jan-jöwherdir,
Alyp bolmaz zer biläni.

Şunkaryň peri ýetiler,
Köp daşy yrak atylar,
Ýigidiň ady tutular,
Garyndaş hossar biläni.

Guwanmagyl syratyna,
Müner sen gahar atyna,
Duş bolsaň ýaman hatyna,
Ömrüň öter şer biläni.

Bahyl baýda berim bolmaz,
Merdiň sözün bawer kylmaz,
Arwananyň ýüki galmaz,
Ýola girseň ner biläni.

Ganymatdyr gardaş ýüzi,
Dowadyr gadamy-tozy,
Bir eblehiň näkes sözi,
Barabardyr nar biläni.

Pisiň garşysynda durma,
Bahylyň ýüzüni görme,

Ker bilen hylwat söz urma,
Ýola girme kör biläni.

Ýaman bilen ýoldaş bolma,
Duşman bile syrdaş bolma,
Tagamda tabakdaş bolma,
Üflis, haramhor biläni!

Ýaman hiç nesihat tutmaz,
Ýagşy söze gulak güýtmez,
Hiç bir sözüň örä gitmez,
Näkes suhanşor biläni.

Iliňden gitseň awara,
Şonda bolar sen biçäre,
Goňşy bolsaň haramhora,
Sütem eýlär zor biläni.

Algyl pendim, akmak kişi,
Özüňe kylma käýişi,
Götermese döwlet guşy,
Uçup bolmaz per biläni.

Ýagşyga özüň ýar eýle,
Mejlisinde bazar eýle,
Reft-amet kyl, mydar eýle,
Söweş etme şir biläni.

Magtymguly, ýakyn, ýatlar,
Gamgynlar-u köňül şatlar, –
Dünýä gelen barça zatlar,
Ýegsan bolar ýer biläni.

## *BAŞDAN, DOGRUSY*

Eşit, perim, aşyk boldum,
Men ilki başdan, dogrusy.
Birje görmä maýyl boldum,
Göz bilen gaşdan, dogrusy.

Göwnümiň hoşgähi sen-sen,
Külli älem şahy sen-sen,
Ýedi pelek mahy sen-sen,
Sil rowan ýaşdan, dogrusy.

Ýüzüň Züleýhanyň görki,
Aýlanar pelegiň çarhy,
Bildirmez adamyň parhy,
Syn bilen daşdan, dogrusy.

Gyz alynar galyň bilen,
Adam solar zulum bilen,
Nesibedir, ölüm bilen
Dynar teşwüşden, dogrusy.

Diller ýagşy-ýaman saçar,
Her kişiden döwran geçer,
Namart ýigit aýbyn açar,
Syzdyryp dişden, dogrusy.

Gündize Gün, gijä mahtap,
Derýa lebi — oldur Lebap,
Içer bolsa her kes şerap,
Galarmyş huşdan, dogrusy.

Galmagaldan bela geler,
Ýagşy-ýaman bary biler,
Kimse aglar, kimse güler,
Gün çykar çäşden, dogrusy.

Gaplaň gürlär çaý içinde,
Gurçuk ýörer laý içinde,
Garyp bolsa baý içinde,
Agarar saçdan, dogrusy.

Ger, Pyragy, hemra bolsaň,
Naçar galan göwün alsaň,
Ýagşy bilen oýnap-gülseň,
Aýyrmaz huşdan, dogrusy.

## *BILÄNI*

Dag-dereler lerzan urar,
Owsun atyp, sil biläni.
Azaşanlar yşka ýortar,
Aýra düşüp, ýol biläni.

Namart içde syr saklamaz,
Akylsyz hiç söz beklemez,
Mert ýigit baryn ýoklamaz,
Her iş gelse il biläni.

Kömek etseň, ýatdan gitmez,
Ýagşy dost dostun unutmaz,
Aglamakdan bir iş bitmez,
Gaýgy gitmez pal biläni.

Ölinçäň gezerler serhoş,
Namarda syr kylmagyl paş,
Il duýmazdan kylsaň her iş,
Ýüze çykar dil biläni.

Dünýä malyn ýygar baýlar,
Ok sypdyrar garry ýaýlar,
Weýran bolar beýik jaýlar
Ýagmyr ile, ýel biläni.

Derýalary joşdurar sil,
Bir birewden aýyrar dil.

Ganat kakyp saýran bilbil
Meýlis eýlär gül biläni.

Serçeden gorkan ekmez dary,
Sünbüllerin böler peri,
Hüjüm eýlär barça ary,
Gabat gelse bal biläni.

Karun gezdi çoh mal alyp,
Haryş urdy efsun çalyp,
Magtymguly, mejnun bolup
Gitsem gerek çöl biläni.

### *BIR KÄRE DÖNDI*

Eý-ä, dostlar, adam bary,
Her biri bir käre döndi.
Karun kibi ýygyp maly,
Barysy haýýara döndi.

Haram ýygar boldy baýlar,
Ýaşdy gün-u gözel aýlar,
Biziň bu eşretli jaýlar
Gul-gyrnak bazara döndi.

Daglarda bent boldy siller,
Ösmeý galdy gelen ýeller,
Gürgen, gökleň ajap iller,
Ýagydan güzere döndi.

Tylla tagt-da gapylar,
Döwür aýlanyp ýapylar,
Işan, molla, pir, sopular
Ilata azara döndi.

Dermansyz galandyr dertler,
Weýran boldy köşki-ýurtlar,
Ata çykan biziň mertler
Zyndanda biçärä döndi.

Ýören bolmady sogaba,
Haramy döndi gassaba.
Säher çagy ösen saba,
Neýleý, indi nara döndi.

Neýleý, günbe-günden ýaman,
Il-günümi tutdy duman,
Mert astynda ajap çaman,
Bak, bu gün ol hara döndi.

Diller diýer görüp-görüp,
Akyl keser sorup-sorup,
Ençe mertler boýun burup,
Namartda ýesire döndi.

Uýatdan galdy zenanlar,
Namart boldy çoh merdanlar,
Il içinde şalar, hanlar,
Göýä sokjak mara döndi.

Bir peri oturmaz syna,
Gark bolupdyr dünýe huna,
Namartlar ogşap Mejnuna,
Lolular gör ýara döndi.

Bir söz diýdim, bilseň, baýak,
Şondan dadar boldum taýak,
Nadan haram sopy-syýak
Peş geýipdir, pire döndi.

Ýagşylar üstünden ätläp,
Pulun tamamlanda datlap,
Bihuda Taňryny ýatlap,
Namart janyn biýre döndi.

Akyldan aýryldy başlar,
Derýa boldy akan ýaşlar,
Hak bermegen gury huşlar,
Akyl sözläp, sere döndi.

Alar boldy her kes ygyp,
Baý aldaýyp, malyn ýygyp,
Il içinde misgin soýup,
Bahyllar süýthora döndi.

Ereýipdir daglar daşy,
Namart boldy mert gardaşy,
Magtymgulynyň gözýaşy
Ol deňzi-Hazara döndi.

## ZAMANYDYR

Aýdyň ar-namyssyz ýigde,
Bu gün onuň zamanydyr.
Ýygsyn Karun kibi mallar,
Hazyna boş – döwranydyr.

Ah, neýleýin, bagtym gara,
Ýürek, bagrym boldy para,
Arzym aýdyň söwer ýara,
Bu derdimiň dermanydyr.

Çaşdy gyzykly bazarym,
Artdy gün-günden azarym,
Kesmez boldy şul nazarym,
Alnynda dag dumanydyr.

Ýalňyz perzent – roýuň, görüp,
Gelip men Hywadan ýörüp,
Çöl içinden bedew sürüp
Geldim, Hakyň permanydyr.

Magtymguly, derdiň aýan,
Baryn ajap kyldyň beýan,
Diliň ýyg sen, bardyr zyýan,
Akyl onuň haýranydyr.

## *WEÝRAN EÝLEDI*

Garyp göwnümiň binasyn,
Gör, pelek weýran eýledi.
Aldyryp goldan namysyn,
Kalbymda arman eýledi.

Hakdan bize döwlet gelse,
Ýyglan gözler oýnap, gülse,
Misginler ýurt gadryn bilse,
Ýürekde hijran eýledi.

Mert ýigit bolsun gardaşyň,
Bolmasa, hiç galmaz başyň,
Aýyp tapyp, bil, syrdaşyň,
Illere aýan eýledi.

Aty gerekdir mertleriň,
Erse ady ýok gurtlaryň,
Bakja-saraýly ýurtlaryň
Jaýyny meýdan eýledi.

Magtymguly, akly çaşan,
Sözläp gidermi gartaşan,
Daň säher çagy arlaşan
Peleňler seýran eýledi.

## *MERT BOLMAZ*

Mert ýigit mert ärden öner,
Namart asyl-ha mert bolmaz.
Gurduň gözünde ot ýanar,
Şagal-tilkiler gurt bolmaz.

Sözlegil bileniň dilden,
Bilbil aýra düşse gülden,
Eşit adam, dogan ilden,
Gaýry mähriban ýurt bolmaz.

Bu älem ajaýyp bolsa,
Dünýä ýüzi nurdan dolsa,
Ozal Taňry rehim kylsa,
Ne ten, ne janda dert bolmaz.

Magtymguly, akyl-huşuň,
Akdy gözden ganly ýaşyň,
Ellä ýetdi gamly başyň,
Mundan gaýry perýat bolmaz.

## *OWAZYM*

Eý, pelek, nadan pelek,
Diňle meniň owazym.
Dünýewi, weýran pelek,
Eşdermi sen bu sazym.?

Hyýal bir iş bitirmez,
Gola närse getirmez,
Her bir aşyk götermez,
Agyrdyr yşky-narym.

Şeýle zaman, gardaşlar,
Agardy sakal-başlar,
Asmanda uçar guşlar,
Köllerde guba-gazym.

Bu dünýä bir bazardyr,
Kimse görmäge zardyr,
Saýýat golunda hardyr,
Meniň gözel şabazym.

Ýördüm ykbal ugrunda,
Sepil dünýe barynda,
Tir-u keman ornunda
Dilden çykan elfazym.

Dünýäniň şiri kerkdir,
Şalara mesgen erkdir,
Tutduk binaýym berkdir,
Ajaýypdyr afzalym.

Jahany ýandyr yşkym,
Ummana döner eşkim,
Tylla tagtym hem köşküm,
Oldur ki serferazym.

Älem roýy Gündedir,
Dünýä derdi mendedir,
Behişt içre bendidir,
Ol gözel dilnowazym.

Göwün bir hyýal almyş,
Hyýal içre uýalmyş,
Jahana pida bolmuş
Ýerden çykyp firdöwsim.

Bir arzym Suhanadyr,
Dert aýan — Lukmanadyr,
Arylar perwanadyr,
Zyban içre asalym.

Men köýen bagty gara,
Yşk kölünde biçäre,
Gowşursa gözel ýara,
Budur Haka terhosym.

Başdan sylasa Huda,
Külli älem bor pida,
Men bir gardaşdan jyda,
Bilgeý sen imtiýazym.

Şeýle boldy zamanlar,
Şehit boldy köp janlar,
Keniz bolsun jenanlar
Budur ýara nyýazym.

Magtymguly ilinde,
Bilbil saýrar gülünde,
Il-ulusyň dilinde
Meniň misgin hadysym.

## *BELA BOLDY*

Biziň mertler wepat kylyp,
Pelek başa bela boldy.
Zürýadyn pederden alyp,
Pelek başa bela boldy.

Ot boldy bu ýalan jahan,
Ne hyýalda köňül güman,
Goýmady birini aman,
Pelek başa bela boldy.

Karuny pälden aýyrdy,
Nuhy, bak, saldan aýyrdy,
Bilbili gülden aýyrdy,
Pelek başa bela boldy.

Ajal amanat kastynda,
Magtymguly, paý astynda,
Bu ýalan jahan üstünde,
Pelek başa bela boldy.

## *DUMAN GITMEZ*

Beýik daglaryň başyndan,
Gyşy-ýazy duman gitmez.
Synag bolmaz är daşyndan,
Ne paýy-dest gylgyn aýtmaz.

Biri göçer, biri gonsa,
Haram eýlär, il guwansa,
Aşyk gözünde ot ýansa,
Haka ýalbaryp, dat etmez.

Bu panyda terhosym bar,
Iki didämdir intizar,
Mert ýigit bolsa hary-zar,
Ömür tutan ýoldan gaýtmaz.

Pelek tutsa adam demin,
Lukman tapmaz onuň emin,
Alan janyn gara zemin,
Gaýdyp hyrydara satmaz.

Mest ýigit sygmaz donuna
Üflasy tartar ýanyna,
Namartlar öz juwanyna,
Pikir kylmaň, ärlik etmez.

Dilim uzyn, galdym derde,
Ne akyl-huş galdy serde,
Howatyry bolan ýerde,
Ýürek edip, namart ýatmaz.

Magtymguly, jebir gören,
Jebir bilen yrak ýören,
Ýaradana sözün beren
Ölünçä ony unutmaz.

## *GEÇIP BARAR*

Eý, ýaranlar, gözel ömrüm
Gojalypdyr, geçip barar.
Çäresiz, synamda derdim
Gözün ýumup, uçup barar.

Istedim söwer gardaşy,
Pelek yrak atdy daşy,
Joşgun atyp gözüm ýaşy,
Örän hetden aşyp barar.

Derdim artdy bihasap,
Lukman soramaz nygtap,
Asmanymda mahytap,
Gol serip, ýaşyp barar.

Mähnet indi başyma,
Zalym geldi gaşyma,
Namart-üflas daşyma,
Neýleýin, üýşüp barar.

Köwkepler başyn büräp,
Pelek çarhyna sarap,
Jigerim narda kebap,
Ýüregim bişip barar.

Ne kuwwat bar, ne gaýrat,
Başyma düşdi apat,
Ol tutdygym ymarat,
Weýrandyr, çaşyp barar.

Bu dünýäniň görgüsi,
Gitmez başdan bergisi,
Pany jahan gyrgysy
Zäherin saçyp barar.

Rahat ýatyrman dünýä,
Tutsa, sypdyrman dünýä,
Guýruk tutdurman dünýä,
Guş kibi uçup barar.

Sylamaz begi-hany,
Dagy-dere, dumany,
Aldaýyp, alyp jany,
Gör, pelek gaçyp barar.

Bäş gün serim aýlaýyn,
Merdi hemra eýläýin,
Magtymguly, neýläýin
Ezraýyl ýapşyp barar.

## *OÝANMAZ*

Eý-ä, dostlar, çöken bagtym,
Gije-gündizi oýanmaz.
Miwesin döken daragtym,
Ne bahar-ýazy oýanmaz.

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Ne päkiz ötdi jenanlar.
Laý içinde çöken janlar,
Köllerim gazy oýanmaz.

Solupdyr baglaryň güli,
Öwüsmez Hazaryň ýeli,
Zakgun boldy arap dili,
Hindi owazy oýanmaz.

Deňim-duşum dosty-ýaran.
Pelek bagrym ýüzdi parran,
Magtymguly, pany jahan
Iýer-içer, jandan ganmaz.

## *JANA GELDIŇ*

Adam ogly, gözüň bagly,
Ne üçin sen jana geldiň?
Ýortup jahany ulagly,
Gol münüp, zemine geldiň.

Ýagşy-ýamana bakmadyň,
Gussa silinde akmadyň,
Boýnuňa tanap dakmadyň,
Erkana zyndana geldiň.

Bu dünýäde ýokdur wepa,
Çeker bolduň jebri-jepa,
Sezewar sen bir biwepa,
Biwepa jahana geldiň.

Güler meňziňi solduran,
Nowgülün bagda ýolduran,
Gözüni gana dolduran,
Bu jellat hareme geldiň.

Geldiň munda jebr görmäge,
Mähnet çekip, ýurt ýörmäge,
Ýagşy-ýamany görmäge,
Bu pany-ýalana geldiň.

Hoş günüň azdyr başyňda,
Jeýhun silidir daşyňda,
Ýigrimi bäş sen ýaşyňda,
Bir ajap döwrana geldiň.

Magtymguly, bu ne akyl,
Diý sözüňi, bolma bahyl,
Ozal-ahyr bardyr nakyl,
Sen indi puşmana geldiň.

### *ALAR BOLDUŇ*

Pelek, pelek, neýleý pelek,
Gözde nurum alar bolduň.
Ençe janlar eýläp heläk,
Zyndanyňa salar bolduň.

Pelek, pelek, gyýa bakyp,
Jan alar sen hanjar sokup,
Ençe jany oda ýakyp,
Aman özüň galar bolduň.

Pelek seniň namart gurduň,
Weýran etdi gözel ýurdum,
Artdyryp başymda derdim,
Gazap eýläp, alar bolduň.

Magtymguly, ýesir guşuň,
Zyndandan galdyrmaz başyn,
Pelek urupdyr gardaşyň,
Gahar eýläp geler bolduň.

## *AZ EÝLEDIŇ*

Neýleý, pelek, gahba pelek,
Şat günlerim az eýlediň.
Kylyp nähak janlar heläk,
Dertlerime duz eýlediň.

Ýumurdyň belent daglary,
Ýas kyldyň ajap çaglary,
Asman üzre sen zaglary,
Ummanlara gaz eýlediň.

Han eýläp il perrajyny,
Boşadyp sen aždaryny,
Urup ajal hanjaryny,
Gaýta başdan näz eýlediň.

Nuhy sen guwwas eýleýip,
Ýüzdürdiň yhlas eýleýip,
Şat günlerim ýas eýleýip,
Gelip onda saz eýlediň.

Azaşanlar girse ýola,
Köňül islän ilse gola,
Gözi ýaşly Magtymgula
Handan kylyp, baz eýlediň.

## *MERT BILÄNI*

Çyn ärlerde galmaz arman,
Döwüş kylsa mert biläni.
Hijran bagtym kyldy weýran,
Ilim bilen, ýurt biläni.

Pelek nowça güller ýolar,
Bilbiliň kararyn alar,
Gaýa zarlap şonda galar,
Akmasa sil kert biläni.

Ajal öňünden gutarmaz,
Hemra diýip, är götermez,
Peleňe zyýan getirmez,
Ýüz müň şagal, gurt biläni.

Pelek başym kyldy bendi,
Ýumruldy ykbalym bendi,
Yşkym söndi, bagtym syndy,
Magtymguly, dert biläni.

## *PANY JAHANA DEGMEZ*

Bir niçäniň döwrany,
Pany jahana degmez.
Ençäniň ýaňňy saly
Derýa ummana degmez.

Kör golunda taýagy,
Göz ornunda taýagy,
Ençeleriň aýagy
Ne har, çamana degmez.

Daglar başy dumandyr,
Ýeller daýym rowandyr,
Ençe daglar weýrandyr,
Gadry dumana degmez.

Kimlere bermiş maly,
Kimse görer webaly,
Niçeleriň ykbaly
Pany jahana degmez.

Görki bar mermerleriň,
Hudahydyr ýerleriň,
Görüň, niçe pirleriň
Goly Gurhana degmez.

Menden gaýry ýok otly,
Daýym ondan adatly,
Magtymguly hasratly,
Goly dessana degmez.

## *OZAN GELER*

Döwlet ile geler bolsa,
Başdan-burun ozan geler.
Döwlet ilden giden bolsa,
Molla bilen tozan geler.

Her kes özün mert diýp sansa,
Başyn uruň, eger dönse,
Il içinde yşyk ýansa,
Ozal yşka gyzan geler.

It güjügi ata çeker,
Laýy görse, doňuz çöker,
Çeşme gazsaň, suwy çykar,
Isläp, ony gazan geler.

Hijran yraga atylsa,
Öldürerler, gurt tutulsa,
Magtymguly, at tutulsa,
Ozal dessan ýazan geler.

## *SÖZ MANYSYN BILMEGINÇÄ*

Akyl söze güler nadan,
Söz manysyn bilmeginçä.
Dag başynda durar duman,
Hazardan ýel gelmeginçä.

Akly bolan şerap içmez,
Ýagşy ilden adam göçmez,
Ýaradan ýazygyn geçmez,
Gurhan ýüze sylmagynça.

Aryp akyl sözün sözlär,
Namart-pisat daşyn gözlär,
Çöle çykyp, maýa bozlar,
Torum göze ilmeginçä.

Dag başyndan gary gitmez,
Namart iliň ýumşun etmez,
Är ýigidiň göwni bitmez,
Seçip jenan almagynça.

Goja ýigit paslyn çaglar,
Bihuda jigerin daglar,
Är ýigitler daýym aglar,
Merde hemra bolmagynça.

Ömür saly laýa batar,
Günbe-günden derdi artar,
Arly ýigit kine tutar,
Aryn jaýa salmagynça.

Bu jahanda baky galmaz,
Pelek bize hemra bolmaz,
Ýaş balanyň gadry bolmaz,
Bir dem oýnap gülmeginçä.

Gözele il hyrydardyr,
Ýazany Perwerdigärdir,
Merdan ýigit bikarardyr,
Ýar goýnuna dolmagynça.

Gözler niçe ýaman görir,
Diller ýaman-ýagşy soryr,
Ol saýýatlar daga ýörir,
Tä gojalyp galmagynça.

Ismim düşdi ilden-ile,
Nagş ederler dilden-dile,
Magtymguly, gongul güle,
Hazan urup solmagynça.

## *AMAN-AMAN*

Beglermiz kylar geňeşi,
Nadan pelek, aman-aman.
Başa goýar sen teşwüşi,
Nadan pelek, aman-aman.

Döwlet guşy asman galdy,
Hak sylady, nazar saldy,
Aý-günler görüp uýaldy,
Nadan pelek, aman-aman.

Ýagşylar geňeşin tutan,
Pelegi bakyýa atan,
Zyndan içre gapyl ýatan,
Nadan pelek, aman-aman.

Ençe jebir kylar bolduň,
Amanady alar bolduň,
Çoh gerdişe salar bolduň,
Nadan pelek, aman-aman.

Namartlar ýolbars bolupdyr,
Zenan bary bars bolupdyr,
Ilim-günüm hyrs bolupdyr,
Nadan pelek, aman-aman.

Köp çekip men jebri-jepaň,
Roýun görmemişem sapaň,
Destin tutdum ajap turpaň,
Nadan pelek, aman-aman.

Magtymguly diýer aman,
Ýakyn geldi ahyrzaman,
Dag serinde hijran duman,
Nadan pelek, aman-aman.

## *BOLMAK HAKDYR*

Eý, ýaranlar, adam ogly,
Boz toprakdan bolmak hakdyr.
Asly häkden önen adam,
Guma garlyp galmak hakdyr.

Kimler gaýgy-hasrat bilen,
Kimler gamy-mähnet bilen,
Beýan bolmuş Aýat bilen,
Ölmek hak, direlmek hakdyr.

Asy bolsaň duşduň derde,
Gaýgyda, hasratda, zarda,
Garaňky zulmatda – görde,
Sorag-sowal bolmak hakdyr.

Gelip ýakaň tutsa ajal,
Gaýyp bolar gözden bu hal,
Huruç eýläp çyksa Deçjal,
Aý-Gün zahyr kylmak hakdyr,

Şerigat işler galanda,
Zulmatdan älem dolanda,
Wadasy ýakyn gelende,
Ahyrzaman gopmak hakdyr.

Kapyrlar çoh gussa ýuwdup,
Resul dergähine ýetip,
Esrafyl mizanyn tutup,
Haýyr-şeriň çekmek hakdyr.

Ol gün bolar haýbat, zulmat,
Ajap mizany-arasat,
Diwandyr Kazyýy-Hajat,
Resul şafkat kylmak hakdyr.

Kim Syratdan guş dek uçar,
Kimseler müň ýylda geçer,
Asy gullar ýanar-öçer,
Tamug içre galmak hakdyr.

Suwsana zäher içdirler,
Ajyksa zakgun iýdirler,
Üstünden içýan ýagdyrlar,
Ýylan-möýler sokmak hakdyr.

Onda galan bende aglar,
Otda jiger-bagryn daglar,
Ejiz galyp ýanan çaglar,
Üýni sema çykmak hakdyr.

Magtymguly aldym diýr sen,
Güýç biläni kimden iýr sen,
Çäräň ýokdur onda biýr sen,
Almak hakdyr, bermek hakdyr.

## *JEM BOLUP*

Çalyndykça, jahan çyrçygy artar,
Haçan köňül karar tapar jem bolup?
Ahyret işiň gör, mundan baş gutar,
Dünýäni kim tutdy? – Öter güm bolup.

Dyrnak bilen daglar dilen Benijan,
Suwa, ýele hökmi geçen Süleýman,
Hany ol Isgener, Rüstem päliwan,
Sen dünýäni tutajak sen kim bolup?

Bu nurbatsyz döwranyndan – dat günüň,
Eglenji ýok, bökdenji ýok – bat günüň,
Oglanlykda, ýigitlikde – şat günüň,
Garrylykda gaýdyp basar gam bolup.

Mälim işdir – gaýdajakdyr gelenler,
Barar ýeriň işin gördi bilenler,
Gaýgysyz ýatanlar, gapyl bolanlar,
Wa-hasrat-a, boş gitdiler kem bolup.

Tapa bilseň hakykatyň merdini,
Çeşmiňe totuýa kylgyl gerdini,
Gulzum deý günähiň tereň-derdini,
Çyn toba gurudar oňa em bolup.

Owwal özüň yhlasyňy düzlegin,
Her köşeden nyýaz okun gezlegin,
Bildigiňçe, mydam ýagşy sözlegin,
Ýagşy söz tapmasaň, otur sem bolup.

Magtymguly, Alla adyn zikr eýle,
Ýamana sabr eýle, ýagşa şükr eýle,
Görüstany gör-de, otur, pikr eýle,
Munça men diýenler, ýatyr gum bolup!

## *AÝYŇ ÝAGŞYSYN*

Ýigrimi dört sagat on iki aýda,
Remezan diýerler aýyň ýagşysyn.
Pena döwranynda, ýeriň ýüzünde,
Şamy-şerip diýrler jaýyň ýagşysyn.

Ýa, ýaradan Kadyr, gudratyň kändir,
Ol gudrat işlere akyl haýrandyr,
Pikir ýetmez, ýa Rep, niçik pynhandyr,
Zulmat içre goýduň suwuň ýagşysyn.

Garga guş ýaraşmaz beýik baglarda,
Gül üstünde bilbil saýrar çaglarda,
Ýeriň arkasynda, gençli daglarda,
Aždarha eýelär zawyň ýagşysyn.

Eliň ýetse, arzyň aýtsaň Suhana,
Akyl haýran bolar beýle diwana,
Ýürekde dert bolup deger hem jana,
Şagal ýaryp gitse awuň ýagşysyn.

Yşk meni ýandyrdy, janym keseldir,
Dert başdan aşadyr, işim osaldyr,
Bu gadymdan bolup gelen meseldir,
Kirpi ýolar gider gawun ýagşysyn.

Munys bolar dilin bilseň wagşynyň,
Hakyn nähak eýlemegin goňşynyň,
Aklyň bolsa, abyraýly kişiniň,
Ýamanyn örtübän, ýaýyň ýagşysyn.

Magtymguly, bu döwrana-zamana,
Ýagşyny ýygladyp, duşyr ýamana,
Gardaşlary Ýusup kimin janana,
Rowa görmediler jaýyň ýagşysyn.

## *AT ÝANYNDA BELLIDIR*

Eşek özün egsik saýmaz bedewden,
Gymmat etseň, at ýanynda bellidir.
Bedew diýgeç, hemme bedew deň bolmaz,
Çyn bedewler meýdanynda bellidir.

Oglanlykda bilmez idiň, beg idiň,
Ýamana hiç ýokmaz sözüň, öwüdiň,
Aryp bolsaň, aslyn sorma ýigidiň,
Edebinde, erkanynda bellidir.

Bu jahanda doýmaz gözüň sir bolmaz,
Her ýolbarsdan gaplaň bolmaz, şir bolmaz,
Ýigit diýgeç, hemme ýigit bir bolmaz,
Goç ýigitler myhmanynda bellidir.

Döwlet gonsa bolajagyň başynda,
Hemaýaty – ili gerek daşynda,
Ýigit özün mälim eder işinde,
Gylyjynda, zybanynda bellidir.

Magtymguly, garyplaryň gözýaşy,
Daglary ýandyryp, erider daşy,
Pakyra zulum eden zalymyň işi,
Rozy-magşar diwanynda bellidir.

## *JOŞY ÝANDYRAR*

Wagt olar ki, bir ýel düşer serime,
Hyýal hüjüm eýläp, joşy ýandyrar.
Ýüregim joş berse, aklym jem bolar,
Pikir basar, gaýgy huşy ýandyrar.

Säher wagty derwüş nalyşa gelse,
Bilinden ýüp alyp, boýnuna salsa,
Taňry söýen bende bet doga kylsa,
Pelegi titreder, arşy ýandyrar.

Akmak özün akyl bilen deň eýlär,
Bir iş tutar, soňrasyndan aň eýlär,
Zehiniň käýider, aklyň teň eýlär,
Diýdigiň eýlemez, naşy ýandyrar.

Hak söýüpdir Aly deýin welisin,
Gadym setdir yzzat etmek ulusyn,
Ýetmiş iki millet gömer ölüsin,
Segparaz milleti läşi ýandyrar.

Magtymguly, Hakdan pyýala çekse,
Pyýala joş berip, hyýala çekse,
Aşyklar bagryndan bir nala çekse,
Dagy elendirer, daşy ýandyrar.

## *JOŞ GELSE*

Dünýäde niçe iş bardyr, ýamandyr,
Biri ol kim, ýersiz gahry joş gelse.
Aşyga her bir gün ahyrzamandyr,
Ýardan yrak düşüp, ara daş gelse.

Dostuňy egleme, nepden galmasyn,
Duşmanyň saklama, syryň bilmesin,
Açda algyň, bege bergiň bolmasyn,
Iş müşgildir, aňlamaza duş gelse.

Zemin seni häli-häli ýuwtarmy,
Akyl beýle ýerde bigam ýatarmy,
Hiç bir masgaralyk mundan ötermi,
Giden gury gitse, gelen boş gelse.

On gat öýüň bolsa demir galadan,
Ajal tapar emr bolsa Alladan,
Hakykat är ýüz döndermez beladan,
Hak ryzasy bilen başa daş gelse.

Sopy men diýp, lap urarlar ýalandan,
Manysyny sorgul belli bilenden,
Il gözünçe ýüz ýyl tagat kylandan,
Ýagşydyr bir säher gözden ýaş gelse.

Baýlar baglap sahawatyň gapysyn,
Köpelder tamugyň möýün-apysyn,
Görüň bu eýýamyň – wagtyň sopusyn,
Dannamaz-da dykar otyr aş gelse.

Magtymguly, söýle aklyň ýetinçä,
Kyýamatyň gazan bikär ýatynça,
Tamugdadyr tä dünýäden ötinçä,
Ýaman hatyn ýagşy äre duş gelse.

## *AR BILE*

Dyrnagy demirden talaňçy dünýä,
Işiň ýokdur namys bile, ar bile.
Jebri-jepasy köp, ýalançy dünýä,
Goýmaz sen gezmäge ýary-ýar bile.

Muhabbet öwjünden ýar bir gel diýse,
Matlabyňy istäp, menden al diýse,
Bir gün durduň, bir gije hem gal diýse,
Gadam goýsam aýak ýerne ser bile.

Ösdükçe öwj artdyr dünýäniň ýeli,
Kast etse, gurudar derýaýy-Nili,
Bir günde esredip, mest eder pili,
Bir günde nist eýlär peşe per bile.

Zeminiň üstünde daglar çökär sen,
Tomaşagär bolup, kesä çykar sen,
Her nesnäni bir wesile ýakar sen,
Jülgäni gün bile, dagy gar bile.

Dalmynyp, dat etse, gulak tutmaz sen,
Ýyglap, ýaş dökene rehim etmez sen,
Jan matagyn alsaň, gaýdyp satmaz sen,
Ýene dönüp almak olmaz zer bile.

Leýli üçin ne jebr etdiň Mejnuna,
Zalym, ynsap eýle bu nähak huna,
Günde kyrk at bezäp berdiň Karuna,
Isa mydar berdiň ýeke har bile.

Magtymguly aýdar, işiň talaňdyr,
Bu nobat çohlardan geçip gelendir,
Ygtybaryň ýokdur, sözüň ýalandyr,
Dost goýmadyň, ýegsan etdiň ýer bile.

## *ADAMZAT*

Ýatsa-tursa hyýalyndan çykarmaz,
Haýsy işe maýyl bolsa adamzat.
Garyplygyň gamy köňlün çökermez,
Aýal istäp, saýyl bolsa adamzat.

Günäden gorkmanyň ýüzi syýadyr,
Munuň mälim güni rozy-jezadyr,
Bu dünýä mülkünde soltandyr, şadyr,
Kysmatyna kaýyl bolsa adamzat.

Ykballynyň ugran işi oň görner,
Dünýä ýüzi ele girse, teň görner,
Jahyllykda geçen işler geň görner,
Kyrkdan aşyp, aýyl bolsa adamzat.

Her kişi kim, söz manyga düşmändir,
Bir dertlidir – oňa derman duşmandyr,
Kyýamat gün bar talaby puşmadyr,
Hak işine kähil bolsa adamzat.

Akyl et jahanyň raýyn, röwşün,
Ygtybar etmegin dünýä duruşyn,
Magtymguly, ýagşy görerdi işin,
Kyrkyndan soň jahyl bolsa adamzat.

## *BIWEPALARDAN*

Gözläp köňül berme biwepalara,
Bak, kim wepa görmüş biwepalardan.
Goýma özüň ýersiz bu jepalara,
Kim bähre tapypdyr bu jepalardan.

Yşkyň owazasyn diňle daşyndan,
Jan jebrinden gorksaň, barma başyndan,
Serişdäň kem bolsa yşkyň işinden,
Bar, habar al gören mübtelalardan.

Sözüm nesihatdyr, bir gulak salyň,
Bendesi men söze hyrydar guluň,
Kyrk oýnaşly hatyn ýagşydyr, biliň,
Şereňňiz köp dilli kethudalardan.

Şeraban-tahurdan kime jam bolar,
Köňül gözgi kimin nur-enwer bolar,
Dünýä ýedi başly ýalmawuz bolar,
Gaçanlar gutulmaz bu belalardan.

Ýatma, Magtymguly, eşretiň söýüp,
Munça ýatajak sen kepeniň geýip,
Hajatyn taparmy, hojasyn goýup,
Dileg eden kimse gul-gedalardan!?

## AÝ-GÜNÜŇIZ BATMAGA

Altmyş ýaşly, ýetmiş ýylky sopular,
Az galypdyr Aý-Günüňiz batmaga.
Çöl-derede tazy görmän tilkiler,
Hyýal eder ýatan şiri atmaga.

Garga aýdar: «Ýokdur men dek şabaza»,
Müň garga ýygylsa, degmez bir baza,
Güne gargyş eden sary kelpeze,
Dem çekedir aždarhany ýuwtmaga.

Ýeke keýik ýüz torsuga tutdurmaz,
Şir beçesi togsan tilkä atdyrmaz,
Öli ýylan ýüz kelpezä ýuwtdurmaz,
Hany aklyň bu işlere ýetmäge.

Ýetmiş ýaşap, ýat etmezler tobany,
Horram bile oýnadyrlar gahbany,
Kapyrlar kast edip ýyksa Käbäni,
Müňkür barar agajyny satmaga.

Görüň bu eýýamy, bakyň gerdişi,
Pakyra zulum etmek boldy werzişi,
Hak ýolunda dogry gezen derwüşi,
Goýmadylar öz halyna ýatmaga.

Ýüregim sabyrdan, gider karardan,
Ýaman işdir buguz bolmak är ärden,
Bizara gelip men beýle diýardan,
Jür bolup men başym alyp gitmäge.

Magtymguly bildim, bagtym biweçdir,
Gybatym güýçlüdir, ykbalym keçdir,
Niýetim Käbedir, hyýalym haçdyr,
Ylhasym bar haç togabyn etmäge.

## DÜÝŞÜNE DEGMEZ

Ýoksullykda niçeleriň döwrany,
Ýatyp, ýagşy gören düýşüne degmez.
Niçeler hasratda tapyp höşk nany,
Bir lezzetli tagam dişine degmez.

Soran bolsa, synam içre suzlar bar,
Ýüz tümenden ýegdir, niçe sözler bar,
Neýsansyz, nebatsyz niçe ýazlar bar,
Hoşluk bilen geçen gyşyna degmez.

Akyllar bar – başa baglap keçeler,
Içgin-içgin sorsaň, many seçeler,
Akmaklykda özün bezäp niçeler,
Kellesine saran peşine degmez.

Aňlamaza aýat sözlerin diýseň,
Pygamber hadysyn öňünde goýsaň,
Gyýmazlykda müň söz beýnisne guýsaň,
Ol sözler gulagnyň daşyna degmez.

Ynjytsa ogul-gyz ene-atasyn,
Toba kylmaý, Hak geçirmez hatasyn,
Döwran gelse bilmez, ne iş tutasyn,
Her kimiň her işde başyna degmez.

Niçeler mal tapmaz, teňi-dest bolar,
Niçeler bar – dünýälikde mest bolar,
Niçeler bar – ýigitlikde nist bolar,
Niçeler bar – süren ýaşyna degmez.

Magtymguly, gerçe işim namazdyr,
Köňlüm perişandyr, sähwim derazdyr,
Ärler bar – müň tümen iýdirseň azdyr,
Adam bardyr – iýen aşyna degmez.

## *DUZ HEM BOLMASA*

Togsan dürli tagam bolsa gaşyňda,
Ne lezzet içinde duz hem bolmasa.
Ne biler sen ne iş bardyr başyňda,
Müşgil işdir başda göz hem bolmasa.

Aýak bar ýörmäge, el bar almaga,
Hany bende, saglyk şükrün kylmaga,
Gulak bardyr eşidenin bilmäge,
Kim düzeder dilde söz hem bolmasa.

Ýok ýerden jan berip, ýetirdi nany,
Köňül bossanynda biter imany,
Adyň bende bolsa, Eýäňi tany,
Gelip, saňa ýüzbe-ýüz hem bolmasa.

Kysmatyn hak bilen ryzkyn azlamaz,
Söz bilenler bilen sözün gizlemez,
Köňül joşa gelmez, dil hem sözlemez,
Her ýürekde yşkdan köz hem bolmasa.

Ýyl-ýyldan fazyhat artar eýýama,
Hakyň Özi getirmese enjama,
Dünýä sözi meňzär duzsuz tagama,
Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa.

Ýum gözüňi, gysyp gezgin dişiňi,
Ýaza ýetseň, unutmagyn gyşyňy,
Töwekgel et, Taňra tabşyr işiňi,
Sabyr bilen biter tiz hem bolmasa.

Magtymguly, hyýal düşüp özüme,
Köp tomaşa gelip, geçer gözüme,
Eşidenler, aýp etmesin sözüme,
Iller kimin sözüm uz hem bolmasa.

## *DAŞ DÖKER*

Akmak bilen syrdaş bolsaň bir sagat,
Pynhan syryň sakla bilmeý, daş döker.
Dostluk açsaň bir biwepa ýar bilen,
Gaýgy birlen dahanyňdan diş döker.

Bedasyl götermez bäş gün mesligi,
Kelpezä ýuwtdurmaz aždar maslygy,
Bilgil, uzak gitmez aýy dostlugy,
Gahry gelse, depäň üzre daş döker.

Bedewi tanymaz har bakan-beslän,
Jomardy il tanar, adyly – diwan,
Aty meýdan tanar, hümmeti – myhman,
Jomart ogly supra ýaýyp, aş döker.

Ýigidiň maksady: mahbup, ýarag, at,
Il üstünde namys getir bigaýrat,
Obada jeň tapsa, sansyz bidöwlet,
Mert oglunyň depesinden muş döker.

Magtymguly aýdar, ýigitler başy,
Mejlisde köp bolar onuň syrdaşy,
Jeň wagtynda ýigitleriň başdaşy –
Il üstünde namys bilen baş döker.

## *DÖWRAN TAPYLMAZ*

Dogama duş gelen gögerer gül dek,
Gülüň möwsümi dek döwran tapylmaz.
Gahrymyň ataşy köýdürer kül dek,
Kül ornundan gaýdyp bossan tapylmaz.

Köňül mysapyrdyr, jeset ýurtdadyr,
Janym joşgundadyr, ýürek dertdedir,
Küýüm kämildedir, gözüm mertdedir,
Şum şertämden hiç bir merdan tapylmaz.

Köňül goýgul gözel Alla köýüne,
Meşgul bolup ýatma mala, oýuna,
Adamzat myhmandyr dünýä öýüne,
Bir gün öý içinde myhman tapylmaz.

Gaflat içre gapyl ýatma, turawer,
Her ne berseň, öz eliň-le berewer,
Dirilikde ölüm işin görewer,
Bir gün jeset içre bu jan tapylmaz.

Köňül awlaýyn diýp ugrasam her ýan,
Dawadyr, döwüşdir, käýiş tapar jan,
Aýdylmaz nesihat, okalmaz Gurhan,
Jana ýakar edep-erkan tapylmaz.

Dergähe dogam köp, nalyşym bihet,
Täleýim zebundyr, tenim bikuwwat,
Gaçgynym köplükdir, istegim hylwat,
Maňa hiç bir jaýy-pynhan tapylmaz.

Magtymguly, jan takdyra ten berdi,
Her kim özün saklaý bilse, iş gördi,
Haý, ne ýaman zatdyr, aňlamaz derdi,
Jahyllyk derdine derman tapylmaz.

## *DAŞY SYNDYRAR*

Ykbalyň oýansa, döwlet ýar bolsa,
Daga azy ursaň, daşy syndyrar.
Täleýiň ters gelse, bagtyň şor bolsa,
«Paluda» diýen aş dişi syndyrar.

Ajalyňdan gorkup girseň ummana,
Gorkudan ne peýda gidejek jana,
Ömrüň ahyr bolup, dolsa peýmana,
Haşhaşyň samany başy syndyrar.

Bar sözüne gulak goýgul bileniň,
Ahyry hiç ýere ýetmez ýalanyň,
Ömür saly artar alkyş alanyň,
Gargyş galyndyrmaz, ýaşy syndyrar.

Akylyň sözüne köňül söýüner,
Akmagyň işine zehin käýiner,
Muhannes giň ýerde akyl saýynar,
Dar ýerde akyly-huşy syndyrar.

Magtymguly, çölde gezen naşyny,
Bilik sorma, köp sürdi diýp ýaşyny,
Dar mejlisde doly berseň käşini,
Aşyn iýe bilmez, käşi syndyrar.

## ÇAGDYR BU ÇAGLAR

Säher wagty gapyl bolmaň, ýaranlar,
Dergähler açylar çagdyr bu çaglar.
Rehmete duş geldi bu wagt erenler,
Hak nury saçylar çagdyr bu çaglar.

Asy bolma, günähiňden ýanawer,
Özüň tany, menligiňden inewer,
Ýagşy wagtdyr, toba kylyp, dönewer,
Ýazyklar geçiler çagdyr bu çaglar.

Hak seni saklasyn hijran – ýalyndan,
Azaşmagyn ýolçularyň ýolundan,
Muhabbet jamlary dostuň elinden,
Häzir bol, içiler çagdyr bu çaglar.

Ýüz ýyl gezseň ýalançyny sürübän,
Ten topraga döner bir gün eribän,
Ýokluk meýdanynda mejlis guruban,
Menlikden geçiler çagdyr bu çaglar.

Magtymguly, gitdiň dünýä köýüne,
Jahyllykda köňül goýduň oýuna,
Imdi aýak basdyň otuz öýüne,
Göz ýaşy saçylar çagdyr bu çaglar.

## *BIR-BIRINE BEZENIP*

Musulmanlar, maly-dünýä maýasy,
Görünmekdir bir-birine bezenip.
Ýigitler näz, gyz kereşme eýesi,
Päliwanlar meýdan gözlär düzenip.

Ajal goýmuş ok-kezini kirişe,
Bilip bolmaz, näwagt jana erişe,
Ne durup sen aga-döne ýörişe,
Ömrüň ugur alyp gitmez uzanyp.

Dünýä daşyň demir duzak torlaýyp,
Ajal şiri aňtap ýatyr gözleýip,
Sen parahat ukusynda horlaýyp,
Kaza gylyç çekip durmuş gezenip.

Utanmadyň Hakdan, agardyp rişiň,
Gybatdan dil dönmez, haramdan – dişiň,
Penada görewer bakalyk işiň,
Gapyl galyp ýatma her dem iňrenip.

Hamu kimse görer hasaply demi,
Takdyr ajalynyň tapylmaz emi,
Magtymguly, galmaz egsigi-kemi,
Her kim bara bilse iman gazanyp.

## *BU IŞI*

Bende, sen bet işe batyrlyk etme,
Alnyňda goýarlar ol gün bu işi.
Nebse uýma, şeýtan raýyna gitme,
Hyjalata goýar, bilgin bu işi.

Nebsiň aýdar: «Urgun, bu bir hözirdir!»
Janyň aýdar: «Haý, dur, Taňry häzirdir!»
Sen görmeseň, Ol-ha saňa nazyrdyr,
Utangyn, eýmengin, goýgun bu işi.

Bir ýolda günä bar, bir ýolda sogap,
Arasatda senden istärler jogap,
Halala hasap bar, harama – azap,
Şeki ýokdur, ýada salgyn bu işi.

Ömrüň geçip baran ýazdyr bir sagat,
Ne bolar, bu ýazda eýleseň tagat,
Sogaba şatlyk bar, jürme – hyjalat,
Boýnuňa almagyn, gelgin, bu işi.

Başyň göge, göwsüň ýele göterme,
Köňlüňe gorkyny çala getirme,
Ýürekde ýok sözi dile getirme,
Yhlas gulagyna çalgyn bu işi.

Mysapyr sen, mukym işin gurar sen,
Bibaka dünýäde niçe durar sen,
Munda ne iş etseň, onda görer sen,
Ýagşydyr, ýamandyr ol gün bu işi.

Şeýtan aýdar: «Şirin işdir, azagoý!»
Rahman aýdar: «Nebs umydyn üzegoý!»
Magtymguly: «Tur goluňy köze goý,
Eger döze bilseň, kylgyn bu işi!»

## *BIR GÖRÜP GITSE DAŞYMDAN*

Hemdert olup, içgin-içgin sormaýyn,
Nä bilsin bir görüp gitse daşymdan.
Kämil bolup, jan gulagyn burmaýyn,
Aýda bilmen öten işi başymdan.

Aňlaý bilmen, ahyrym ne terze men,
Köp wagtlar goşulmadym herze men,
Ýaradandan ýetmiş ýedi ryza men,
Ýagşy-ýaman, her ne gelse başymdan.

Eý hakarat bile bakan bizlere,
Mejaz bilip, müňkür bolma sözlere,
Halal lukma ýagtylyk biýr gözlere,
Tutuldygyň bilgil, nan-u aşymdan.

Arpa nany besdir, tapsaň damaga,
Ömür bakasyzdyr, düşme tamaga,
Köňül «Hüw!» diýr turar, suýy-asmana,
El üzsem diýr, köwüş, muze, peşimden.

Magtymguly çekip duşman neharyn,
Pişäm ýuwutmakdyr ýaman gaharyn,
Ötürip men ýigitligiň baharyn,
Gutulmak ýok garrylygyň gyşyndan.

## *BERME PELEGE*

Pelek bazy bermiş jümle-jahana,
Meniň ygtyýarym berme pelege.
Köňül guşy uçup gitse her ýana,
Mätäç etme ganat, guýruk, ýelege.

Bidöwlet – ynanjaň, käsip – käýinjeň,
Ýedi ýeser bolsa, biri göwünjeň,
Baý halky ýaňra bor, garry — öwünjeň,
Çalyp bolmaz çal agarsa çelege.

Orda başy bolmak äre kyn bolar,
Parça geýse, gyz-oglana syn bolar,
Dul gözüne garry näzenin bolar,
Ýene gözün aýlar köre, çolaga.

Çepine aýlanan çarhy-pelekdir,
Adam ogly – gelen bary heläkdir,
Ýetmiş iki millet bölek-bölekdir,
Bu bölekden goşma özge bölege.

Ýol üstünde ölsem, ýola atsalar,
Razy men üstümden basyp ötseler,
«Magtymguly» diýip adym tutsalar,
Gören göz jort atar eşden gulaga.

## AÝRYLMA

Mestana ýöriňçäň gaýry ýurdunda,
Önüp-ösen öz ýurduňdan aýrylma.
Magrur käkilik deý nebsiň ugrunda
Dama düşüp, ganatyňdan aýrylma.

Töwekgel et, halka syryň berip bar,
Sabyr eýlegil, bisabyrlyk hem bikär,
Her ýere barsaňyz, nesibäňiz bar,
Baý bolaý diýp, hezzetiňden aýrylma.

Namartlar hem muhannesler – naçarlar,
Tagamňy iýp, işiň bolsa gaçarlar,
Syryňny paş edip, aýbyň açarlar,
Gadryň bilen ülpetiňden aýrylma.

Gedalaryň köňli şalygy istir,
Nadan köňli ýalan söze rast diýir,
Bigadyrlar duşmanyna dost diýir,
Tälim beren ussadyňdan aýrylma.

Kimse kaşşak bolup, kimse baý bolar,
Her kimsäniň bagty-ykbaly biler,
Herne gelse başa, diliňden geler,
Magtymguly, halk ýadyndan aýrylma.

## KÄR BILE

Gapyl adam, gam astynda ýatyp sen,
Ötdi ömrüň uşak-düşek kär bile.
Dünýä mardyr, ýassanyp sen, ýatyp sen,
Ynjalarmy bile ýatan mar bile?

Iman gazan, ynsabyňy ýuwtmagyl,
Göre-bile, özüň oda atmagyl,
Munda bidar geçewergil, ýatmagyl,
Munça dözüp ýatajaksyň gör bile.

Her ýan gitseň barar ýeriň gör bolar,
Haýyr gazan, ýatan ýeriň nur bolar,
Ýagşy bolsaň, jaýyň jennet-hüýr bolar,
Ýaman bolsaň, köýdürerler nar bile.

Gözüň ýumduň, senden aýrylar malyň,
Ölensoň tirikler ne biler halyň,
Ýagşy-ýaman, her ne eden agmalyň,
Garşyň alyp durar mydam bar bile.

Asly kapyr musulmana gatyşmaz,
Çyn musulman haram işe tutuşmaz,
Menzil kesmez, hiç bir ýana ýetişmez,
Başçy tutup, ýola giren kör bile.

Ömrüňe aldanma, ötene ýanma,
Malyňa guwanma, mülke daýanma,
Munda bet işleme, onda utanma,
Hasap güni haýryň alyp bar bile.

Magtymguly, dogry söze ten bergil,
Sogap mundan ötmez, tapsaň, nan bergil,
Köňlüň tapan dost ýolunda jan bergil,
Işiň nedir seni diýmez ýar bile.

## *KÖZ BILE*

Kimsäm bardyr, ýara arzym ýetirsin,
Yşk oduna köýdüm gitdim köz bile.
Gelip, eli bile odum öçürsin,
Ýogsa sönmez baran bile, buz bile.

Gelen geçdi, gelejege ýurt goýdy,
Aşnalygy namart açdy, mert goýdy.
Ýar synamda dag üstünde dert goýdy,
Dert üstüne burç goýupdyr duz bile.

Magşugym tapdyrmaz, tapsam, el bermez,
Ykbalym oýanmaz, bagtym hem turmaz,
Ýürek hem ynjalmaz, köňül hem durmaz,
Dost jemalyn görmeginçä göz bile.

Bir derde duşup men, hiç kimse bilmez,
Isa aňmaz, Lukman çäresin kylmaz,
Geler – turmaz, duman başdan sowulmaz,
Her zaman bir dert egser men söz bile.

Müň yşk ile maly-dünýä ýygar sen,
Bir şaýy çün ýüz köňüle deger sen.
Dünýä – derýa, ten bir saldyr, agar sen,
Haçana deň taý gider sen düz bile.

Bu dünýä malyndan kim eltdi bir zat,
Owwaly gam-gaýgy, ahyry berbat,
Bolajagyň budur seniň, adamzat,
Ýok bolar sen toprak bile, toz bile.

Magtymguly, ne menzildir, durar sen,
Ýurt kimiňdir, agyr işler gurar sen,
Kysmat olsa, garyş ýere girer sen,
Nesip etse, alty arşyn biz bile.

## *KÖŇÜL ÝATMAZ HIÇ*

Alla ýady bilen tirik bolan dil,
Göz ýumulmak bilen köňül ýatmaz hiç.
Köňül bossanynda iman täze gül,
Bir açylsa durar, solup ýitmez hiç.

Bar nygmatdan ýegdir saglyk mazasy,
Bar gullukdan ýagşy Hakyň ryzasy,
Eger dogry gelse ajal kazasy,
Müň ýalbarmak bilen köňül güýtmez hiç.

Ýigitler, sözüme bir gulak asyň,
Dünýä dostlugynyň tamasyn kesiň,
Haýsy ýan köp bolsa yşkyň, höwesiň,
Ýatsaň-tursaň hyýalyňdan gitmez hiç.

Adam ogly, dünýä geldiň gitmäge,
Görüp dur sen bargu ýeriň ýatmaga,
Jäht eder sen çalnyp jahan tutmaga,
Bu işlere, meger, aklyň ýetmez hiç.

Eý, jahan mülkünde gezen serferaz,
Bir bende men, köp sözleýip bilmen, az,
Dünýä bazarynda pelek – humarbaz,
Hiç söý bile ynsan ony utmaz hiç.

Aş-suw bilen gerçe tapar ten maza,
Şirin sözdür jan gulagna geň maza,
Jan öýünden hoş nesihat aňmaza,
Gaty daşa degen suw dek ötmez hiç.

Magtymguly, ýigitlik bir ýaz görner,
Jany saga mydam söhbet-saz görner,
Ýagşy günler ýüz ýyl geçse, az görner,
Ýaman günler az hem bolsa, ötmez hiç.

## *BAGLAR, HEÝ*

Kysmat olsa, gidem uzak ýollara,
Nesip goýmaz, gider ýolum baglar, heý.
Haýran-mejnun bolup, çykam çöllere
Baryp, mesgen tutam sizi, daglar, heý.

Oýun bilen oglanlygyň deminden,
Ötdüm, geldim kämilligiň çeminden,
Köňlüm lerzan boldy dünýä gamyndan,
Tutdy synam çapraz-çapraz daglar, heý.

Gaýda-gaýda oglanlygyň raýyndan,
Ýetip geldim kämilligiň paýyndan,
Batdy başym, çyka bilmen laýyndan,
Ýada düşer öňki gezen çaglar, heý.

Jahyllykda çar tarapa atyşan,
Bilmezlikde hamu işe gatyşan,
Ejiz galyp, garrylyga ýetişen,
Öz-özünden dert edibän aglar, heý.

Many aňlan Magtymguly sözünden,
Pikre düşer, ýaşlar akar gözünden,
Hemme zatlar tagýyr tapar özünden,
Ýa, Rep, ýykylmazmy beýik daglar, heý.

## *KEÇDIR, ÝARANLAR*

Namazhon derwüşler, döwletli baýlar,
Pelegiň gerdany keçdir, ýaranlar.
Minnetde okalan namaz ýol almaz,
Döwlete daýanmaň, puçdur, ýaranlar.

Sykylsa burunlar, sararsa ýüzler,
Gurysa dodaklar, bolmasa sözler,
Gögerse dyrnaklar, alarsa gözler,
Imandan özgesi hiçdir, ýaranlar.

Aslyň bir owuç gum, dem bir nepesdir,
Özüňe bir dolan, işiň hebesdir,
Jeset bir menzildir, ten bir kapasdyr,
Jan bir gözi bagly guşdur, ýaranlar.

Gapyl bolmaň, dünýä gelen öterler,
Munda hoşwagt bolmaň, bardyr beterler,
Çekiler kerwenler, ýörir hatarlar,
Bir yzy üzülmez göçdür, ýaranlar.

Ajal ýakaň tutar, bir gün bagyrdar,
Giden gaýdyp gelmez, bu bir ugurdyr,
Menziller yrakdyr, ýükler agyrdyr,
Irteräk terpeniň, giçdir, ýaranlar.

Gutular sen Hak ýolunda jan berseň,
Hülle bolar silkip-silkip don berseň,

Saýa bolar mätäçlere nan berseň,
Bir aja nan bermek haçdyr, ýaranlar.

Bu dünýä diýgeniň iki warakdyr,
Ýarysy garadyr, ýarysy akdyr
Bir gije düýş gördüň, ertiri ýokdur,
Dünýäniň tymsaly düýşdür, ýaranlar.

Magtymguly boýun goýgul bu emre,
Mala meşgul bolup, galmagyl gümra,
Ýüz ýyllyk tetärik bäş günlük ömre,
Akyl eýläň, niçik işdir, ýaranlar.

### *BATDY, ÝARANLAR*

Dört müň dört ýüz ýaşan Lukman hekimiň,
Başy gara guma batdy, ýaranlar.
Kerk bedewli, agyr gürzli Rüstemiň,
Ajal jylawyndan tutdy, ýaranlar.

Ýusubyň arzuwy Ýakup ýanynda,
Söýgüsi bagrynda, derdi janynda,
Kimiň gadry bardyr çarhyň ýanynda,
Ýusuby gul edip satdy, ýaranlar.

Äleme hökm eden Isgender soltan,
Ajal tedbirine tapmady derman,
Tagtyny ýel çeken hökmi-Süleýman,
Dünýäde galmady, ötdi ýaranlar.

Üç ýüz on üç mursal galmady biri,
Hany Asaf – Süleýmanyň weziri?
Hany ol Hak resul, Hakyň Öz şiri,
Gara ýer hemmesin ýuwtdy, ýaranlar.

Magtymguly aýdar, gapyl oturmaň,
Gylça jany uzyn gaýga batyrmaň,
Ýalançyny hasrat bilen ötürmäň,
Bir pasyl döwrandyr, ötdi, ýaranlar.

## *GÖKDEN INMEZ, ÝARANLAR*

Köňül perwaz eýläp, galdy ýerinden,
Howalanmyş, gökden inmez, ýaranlar,
Bir hyýala düşmüş, çykmaz serinden,
Bu hyýaldan gaýdyp dönmez, ýaranlar.

Noş edipdir muhabbetiň gandyndan,
Gulak tutmaz zahytlaryň pendinden,
Turdy mekanyndan, çykdy bendinden,
Dolanyp, ornunda gonmaz, ýaranlar.

Yşk işini akyl eden, huş eden,
Aýylarmy yşka düşüp, joş eden,
Ýar elinden ary bada noş eden,
Agzyn goýsa içer, ganmaz, ýaranlar.

Bir hat bardyr ol Patmanyň saçynda,
Okudarlar magşar halkyn seçende,
Bir ot bardyr aşyklaryň içinde,
Bu otlar dek, belli, ýanmaz, ýaranlar.

Magtymguly, yşk özünden bat eýlär,
Yşk işidir, aşnalary ýat eýlär,
Ýalynsyz ýandyrar, ýelsiz ot eýlär,
Bir zybana çekse, sönmez, ýaranlar.

## DERMAN, ÝARANLAR

Bir bela duşup men, Lukmanym bilmez,
Bu derdime tapmaz, derman, ýaranlar.
Asman perýat baglar, ebirim ýagmaz,
Gyş paslynda guýdy neýsan, ýaranlar.

Alnymda lahatdyr, jüpbäm kependir,
Ser salyp bardygym aždar zemindir,
Müfti sözi – ryýa, namart – emindir,
Mesgen tutmuş munda ýaman, ýaranlar.

Akybet mejalsyz näheň agzynda,
Hasrat bilen galdym yşkyň közünde,
Uftada men, dostlar, pelek bazynda,
Usul içre boldy rowan, ýaranlar.

Desterhan alnymda hums galyp men,
Ezmaýyş diýp kiştim Jeýhun salyp men,
Mejmagyl-Bahreýne hasyl bolup men,
Muş ýarypdyr, salym weýran, ýaranlar.

Munakgaş astynda galan perwan men,
Bent bolan derýa men, çöken umman men,
Jigeri set para, zaty girýan men,
Mejnun kibi men sergezdan, ýaranlar.

Magtymguly, ekser tapmaz bu derdim,
Buzahor pir boldy, namartdyr merdim,
Peşe bolup, tugun yzyn eýerdim,
Jenupdan ideýip taban, ýaranlar.

## *GAM BILE*

Binaýy-behiştde ol gün hoş ýüzer,
Dünýäde hemhana bolan gam bile.
Ne halka biriger, ne aýry gezer,
Çyn derwüş halk içre gezer hem bile.

Kime şekawatdan gurulsa binýat,
Älem terbiýeti eýlemez abat,
Her kimiň kim, derdi bolsa maderzat,
Efsun okap, aram gelmez em bile.

Haýsy gul dergähe halys bendedir,
Söýgüsi ýürekde, yşky jandadyr.
Her kişi kim, Hak zikrinden zindedir,
Köňli tagýyr tapmaz bolsa jem bile.

Hak dosty kemelmez, köne jahandyr,
Leýken jahan içre dosty pynhandyr,
Dost bolana bu iki iş nyşandyr:
Ýürek yşkdan dola, dide nem bile.

Döwletiň guşuny gaçyrma destden,
Ýagşylyk isteme aňlamaz mestden,
Zynhar el üzmegin dil bilen dostdan,
Abyraýyň arar, alar üm bile.

Gerçe dilde dost hem bolsa şanyňda,
Bir it bilip, agaç sakla ýanyňda,
Bir gün bolar, yllat goýar janyňda,
Ömrüňde ugraşyp gezseň şum bile.

Pyragy – murdadyr, ýyllar ýyl çekse,
Aýlar ebr salsa, günler gün çekse,
Ylýas aby dökse, Hydyr el çekse,
Zinde bolmaz Isa ursa dem bile.

## *GUL BOLGUL*

Bir bidöwlet iliň begi bolynçaň,
Döwletliniň gapysynda gul bolgul.
Bedasyl beg gullugynda galynçaň,
Asyl begiň saýasynda kül bolgul.

Ýamany goý, ýagşylyga göz ildir,
Kelhemeç hem: «Öz oglanym gözel diýr».
Gargyş gurduň zürýadyny azaldyr,
Goýun kimin çar tarapa il bolgul.

Süleýman sen, mura bir gulak goýgul,
Sözüni diňlegil, jogabyn aýgyl,
Häkim bolsaň, halky Gün kibi çoýgul,
Akarda suw, ýa öserde ýel bolgul.

Ne işdendir – ýatyp, nebsiň besleseň,
Akmaklykdyr özüň ýagşy toslasaň,
Her bazarda rowaç bolmak isleseň,
Ýagşylaryň kisesinde pul bolgul.

Magtymguly, bardyr demiň hesibi,
Ir-giç ýeter her bendäniň nesibi,
Kişi bolsaň, goýgul gury täsibi,
Ýagşy, ýaman, barçalara dil bolgul.

## *GUMLY ÇYKYPDYR*

Haktagala, bu ne-niçik ahwaldyr,
Dury diýp içdigim gumly çykypdyr.
Ne ýeser, bihuda, şum-keç ykbaldyr,
Halal diýp iýdigim jimli çykypdyr.

Kimse syrym bilmez, özün öldürse,
Pakyr bendelere Taňry bildirse,
Ile şatlyk, şadyýanlyk güldürse,
Maňa hemra bolan gamly çykypdyr.

Amuhta men örtenmäge, bişmäge,
Kişi ýok sözleşip, dert aýdyşmaga,
Oba ujundan bardym öý soraşmaga, –
Ýa laldyr, ýa agzy mumly çykypdyr.

Menden şikat eder elim gerenim,
Galbirden şal çykar syrym berenim,
Pakyr diýp, paşmagna elim uranym,
Deprenende, döwden demli çykypdyr.

Magtymguly, hasaby ýok görenim,
Tama tutup, umyt elin gerenim,
Obasyna ärmiş diýip baranym,
Etegne el ursam, ... çykypdyr.

## *ELDE BARY BOLMASA*

Zamana beýledir – göze ilmezler,
Her ýigidiň elde bary bolmasa.
Ýüz tümenlik sözün şaýa almazlar,
Her kişiniň ygtybary bolmasa.

Ten bir dar kapasdyr, jan bir wagşydyr,
Dile gelen sözler köňül nagşydyr,
Otly, suwly tamug ondan ýagşydyr,
Her ülkäniň bir bazary bolmasa.

Begzadalar galdy çopan tährine,
Ten haçan döz geler ýylan zährine,
Bibat bolup, döner Lutuň şährine,
Her ülkäniň häkim äri bolmasa.

Dünýäde aňlardan aňlamaz kändir,
Bilmez bir beladyr, bilenler – jandyr,
Ol ýigitler adam dilli haýwandyr,
Söz aňmasa hem ygrary bolmasa.

Ýigide ýoksullyk ýaman beladyr,
Sözüni deň-duşdan gaýra saladyr,
Ýaman gylyk dosty duşman kyladyr,
Guryp galsyn il derkary bolmasa.

Hak her kime bir ýagşy ýar bermändir,
Sözi ahdyr, içi doly armandyr,
Ýüz ýaşasa, bäş gün ömür sürmändir,
Her kimiň mynasyp ýary bolmasa.

Magtymguly, Haka tabşyr özüňi,
Her namarda, sarartmagyn ýüzüňi,
Terhosym bar terk etgil bu sözüňi,
Näge gerek hyrydary bolmasa.

## *GÜMAN GÖRÜNER*

Bu dem ganymatdyr, neçün bilmez sen,
Çyksa dem, girmegi güman görüner.
Bizden burun gelen göçüpdir taňla,
Ýol uzak, garaňky, duman görüner.

Akyl olsaň iste bu ýolda bir pir,
Ryzkyňa kepildir Alla – mukaddir,
Altyn-kümüş, almaz, ýakut ile dür,
Hakdan gaýry tamam zyýan görüner.

Allany unudyp, aklyň ýitirme,
Her nepes ägä bol, gaflat getirme,
Bihuda, bipeýda ömrüň ötürme,
Dünýä bakasyzdyr, aýan görüner.

Hoja, seýit, patşa – soralmaz nesep,
Haşr-neşr bolsa, alarlar hasap,
Harama azap bar, şübhäge ytap,
Munda ýagşy, onda ýaman görüner.

Magtymguly, habar aldym Gurhandan,
Eser ýokdur owwal giden kerwenden,
Taňla ýalňyz ýatmaklygyň ol görden,
Gardaş, ýylan bilen içýan görüner.

## *GALANDAR BILE*

Görerge sapa men, tanyrga dilkeş,
Diwanaýy-dehrem galandar bile.
Çekdigim naladyr, ýüregim gamkeş,
Höregim ataşdyr semender bile.

Jesedim hoşnema, jigerim birýan,
Ýüregim pürgamdyr, gözlerim girýan,
Dilim guş dilidir, suratym – ynsan,
Hemzybanam barça çemender bile.

Pelek kine çekmiş, eýýam ant etmiş,
Döwletim boýnuna gyl kement atmyş,
Ykbalym işigin bagtym bent etmiş,
Daşyn demir, için külünder bile.

Hajatym ber, ýa Hak, eýle tedbirim,
Maksadym şanyna tokuna tirim,
Dermende galyp men, eýle destgirim,
Hydyr ata, Isa pygamber bile.

Magtymguly aýdar, ýer ýüzün ýüzseň,
Ahyry ölümdir dünýäni düzseň,
Üç ýüz elli alty ýyl älemi gezseň,
Pylkus ogly şahy-Iskender bile.

## *GÖZE MYHMANDYR*

Gara daşdan gara gyly saýlan göz,
Çöňňeler görejiň, göze myhmandyr.
Gelen aş diýp gelmez, turşutmagyl ýüz,
Nana mätäç däldir, söze myhmandyr.

Agyrdyr heňňamlar, uzakdyr ýollar,
Soraşsa ýigitler, sözleşse diller,
Baharda açylan reňbe-reň güller,
Bir pasyl açylar – ýaza myhmandyr.

Ne azym hünärler, ne syrly işler,
Ne howaly daglar, belent agaçlar,
Altmyş elwan, ýetmiş dürli iýmişler,
Agaçdan aýrylar, güýze myhmandyr.

Ýigidiň bolmasa ýaragy, aty,
Şuny belli biliň, ýokdur gaýraty,
Gojaldykça, gider süňňüň kuwwaty,
Ýigitligiň zory dyza myhmandyr.

Bu dünýä ýüzüňe gülüm-gülümdir,
Pişesi jepadyr, jebr-u zulumdyr,
Her niçe ýaşasaň, ahyr ölümdir,
Eziz janlar tende bize myhmandyr.

Haky ýada salsaň, Hakdan gorkyňa,
Şeýtan ara düşer, goýmaz erkiňe,
Guba juwan, guwanmagyl görküňe,
Gojalar sen, görküň ýüze myhmandyr.

Magtymguly, aýdar, iller sözüm-de,
Ölüm ýadymdadyr, gorky gözümde,
Her niçe ýaşasaň ýeriň ýüzünde,
Adam ogly bäş gün duza myhmandyr.

## *GELEN-DE BARDYR*

Günde ýüz müň göç hem bolsa ol dünýä,
Ol mukdar bu dünýä gelen-de bardyr.
Ýüz müň akmak bolup, gitse raýyna,
Ýüz müň özün ýola salan-da bardyr.

Ýüz müň derwüş syna daglap oturan,
Ryýazatda bilin baglap oturan,
Niçe ýerde görseň, aglap oturan,
Niçe ýerde bigam gülen-de bardyr.

Seýran etseň bu dünýäniň dört burçun,
Garyşypdyr halal-haram, arwah-jyn,
Niçeler tämizläp ýol giderler çyn,
Niçe ýüz müň gümra bolan-da bardyr.

Ugursyz eýýamlar, aňlamaz ärler,
Käşgi soran bolsa, saçaýdym dürler,
Hany ol Süleýman, Rüstemler, şirler,
Diýme, busup-sypyp galan-da bardyr.

Magtymguly, köňle gaýgy getirme,
Bu bir iş wagtydyr, özüň ýitirme,
Sözüm aňlan ýok diýp, ümsüm oturma,
Jahan giňdir, çendan bilen-de bardyr.

## *GELMEZMI*

Pelek, seniň bu döwletli gerdanyň,
Biziň sary öwrülmezmi, gelmezmi?
Läşin ýere saldyň niçe merdanyň,
Zemin ynsap eýlemezmi, dolmazmy?

Dünýä, seniň bu gezekli gerdişiň,
Gyzyl gandan gyrmyz bolupdyr dişiň,
Geçi, gurt dostlugna meňzär edişiň,
Gamly şat olmazmy, aglan gülmezmi?

Oraksyz orar sen, tygsyz keser sen,
Ýumruksyz ýüzer sen, ýüpsüz asar sen,
El-aýaksyz bir bihabar basar sen,
Ýykan basar ýatar, gaýdyp galmazmy?

Pelek oýnap, utar uruşsaň, söýseň,
Göwräňi göterip, ganatyň ýaýsaň,
Ölüm zulmun adam boýnuna goýsaň,
Gorkusyndan saralmazmy, solmazmy?

Magtymguly, her säherden, sabadan,
Haly galma bu nalyşdan, dogadan,
Butparazlar butdan alsa myradyn,
Hajatyny Hakdan dilän almazmy?

## *GARA REŇ BOLAR*

Hozuň daş postuny, azergun güli,
Suwun saça çalsaň, gara reň bolar.
Içiň şerden sakla, gybatdan dili,
Saklamasaň köňül gözgiň zeň bolar.

Her kişi kim, ýamanlyga kast eýlär,
Iki dünýä öz işine kest eýlär,
Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär,
Gylygyň bet bolsa, işiň jeň bolar.

Ýigidiň bolmasa, sözde keseri,
Eýmençdir, aýrylmaz aýakdan seri,
Her kimde bolmasa iman eseri,
Ýüregi erimez, syýa seň bolar.

Adam ogly awaradyr, asydyr,
Bir söz diýseň ýagşy äre, besidir,
Bilip bolmaz Hakyň dosty haýsydyr,
Alkyşy köp alsaň, işiň oň bolar.

Magtymguly, sözüm gysga, şerhi köp,
Bilmeze hiç, bilen ýanda nyrhy köp,
Ýeriň ýerden, äriň ärden parhy köp,
Müşgil budur – sözleşende deň bolar.

## GEZEMEK BILEN

Ýetmiş ýaşly gardaş, girmegil ýaýa,
Okuň doly geçmez gezemek bilen.
Guwanma kesekden gurlan binaýa,
Kesek bina tutmaz düzemek bilen.

Adamzatdan çykar adamlyk ysy,
Galp adamyň basym biliner misi,
Mömine azar biýr adamyň pisi,
Dönüp, dawa tutar duz-emek bilen.

Uzak ýola bidöwleti baş etme,
Allanyň emrinden köňlüň daş etme,
Akmaga iç berip, syryň paş etme,
Galbirde suw durmaz gözemek bilen.

Dost tutma köp ýaşly adam kösesin,
Baryn ýok diýp, boş görkezer kisesin,
Biribar boş etse aklyň käsesin,
Ne peýda daşyndan bezemek bilen.

Owwal, Magtymguly, özüň düzetgil,
Halk dünýe diýr, sen kyýamat göz etgil,
Az iýgil, az ýatgyl, sözüň az etgil,
Ne bar manysyz söz uzamak bilen.

## *GITDI BU RAÝA*

Malyňa, mülküňe magrur olunma,
Eý, ýok ýerden gelen gitdi bu raýa.
Bolar-bolmaz işler üçin ulunma,
Çohlar gelip, batyp galmyş bu laýa.

Köp gerdişler geçirmişdir bu ýurtlar,
Niçe synalarda röwşen bu dertler,
Ýüz öwürdi mundan birniçe mertler,
Birniçeler bal diýp, batmyş belaýa.

Eý, akyly aryg ýigit, munda gel,
Birniçe sözüm bar, jandan gulak sal,
Nirde derwüş görseň, baryp, alkyş al,
Derwüşden ýeg hiç kim ýokdur Hudaýa!

Tamugyň dykanjy zekatsyz baýdyr,
Derwüşe tagn eden segi-bijaýdyr,
Derwüş ýerde – derýa, ýa gökde – Aýdyr,
Doňuz derýa neýlär, it üýrüp Aýa.

Ýalançy ýeri däl, adam uklasyn,
Kim gulak biýr, diňläp, sözüm haklasyn,
Magtymguly, nesihat kyl, saklasyn,
Täze gelen ärler köne saraýa.

## *GAÇA BAŞLADY*

Indi bildim zamananyň azanyn,
Ýamanlar ýagşydan gaça başlady.
Gaýta bedasyllar asylzadadan,
Pisint etmeý, töre geçe başlady.

Yrýa boldy köpüň okan namazy,
Taňry hiç birinden bolmady razy,
Pygamber ornunda oturan kazy,
Para üçin elin aça başlady.

Şalarda galmady hökmi-adalat,
Bir pul üçin müfti berer rowaýat,
Bil, bu işler – nyşanaýy-kyýamat,
Zalymlar bitoba öte başlady.

Dadhahlar turuban, ýüzün sarardyp,
Kim töresin tapyp, reňňin gyzardyp,
Zalymlar mazluma syrtyn gabardyp,
Gamçysyndan ganlar saça başlady.

Müjtehid sözüne amal bolmady,
Mynapyklar Ýaradany bilmedi,
Sopular pirinden taglym almady,
Dünýä üçin dinden geçe başlady.

Bir para sopular «sopy men» diýer,
Soramaý, zalymlar tagamyn iýer,
«Bizi ýagşy kişi diýsinler» diýer,
Her işikde halka gura başlady.

Garryga aýlandy biz gören ýaşlar,
Aýaga dolandy biz gören başlar,
Bimahal ýük baglap imdi gardaşlar,
Ahyret azmyna göçe başlady.

Akyl bolan gamda ýüregin ezip,
Derdiniň dermanyn soraglap gezip,
Zamananyň pisat bolanyn syzyp,
Panydan bakyýa göçe başlady.

Ne asyl begleriň nobaty ötdi,
Gaýta şugul-haramyga söz ýetdi,
Dünýäde kim galyp, myrada ýetdi,
Muhabbet çyragy öçe başlady.

Kazy bolan bir jogapda durmady,
Gije mähnet tartyp, kitap görmedi,
Şerigat sözünde dogry ýörmedi,
Nebs üçin imansyz öte başlady.

Magtymguly aýdar, barha ýol tany,
Bäş gün synamaga iberdi seni,
Senden burun öten jananlar hany?
Her kim nobatynda öte başlady.

## *DÖKÜP BARADYR*

Gam dumany basyp garyp köňlümi,
Göz ýaşyn saklamaý, döküp baradyr.
Kimdir rehm eýleýen, sorap halymy,
Bozuk köňlüm gören ýykyp baradyr.

Gerçe ot ýaksalar aşyk ýagyndan,
Ölüm asan bolar dost pyragyndan,
Hijran meni kowdy sabyr dagyndan,
Pyrak bogun-bogun söküp baradyr.

Owwal döwranymy çarh bulaşdyrdy,
Gam janym guratdy, ot tutaşdyrdy,
Yşk meni ýandyrdy, hetden aşdyrdy,
Ýüregim içimden çykyp baradyr.

Parahat ýatyrdym nebsimi besläp,
Turdy köňlüm ýar jemalyn höwesläp,
Hakdan hajat diläp, myradyn isläp,
Gözüm ol ýollara bakyp baradyr.

Magtymguly, mejalym bar, söýläýin,
Dostlara derdimi aýan eýläýin,
Eý, ýaranlar, ýyglamaýyn neýläýin,
Yşk meni ýandyryp, ýakyp baradyr.

## *DAŞ GALDY*

Ne zowk-u sapalar ýigitlik bilen,
Bahar bolup geçdi, bizden daş galdy.
Garrylyk ýetişdi müň külpet bilen,
Mizan ötdi, hazan geldi, gyş galdy.

Ömrümi sarp etdim haý bile waýa,
Gulluk-tagat eýlemedim Hudaýa,
Essiz ýigitligi ötürdim zaýa,
Imdi ne güýç-kuwwat, ne bir joş galdy.

Ömrümiň galmady bir zerre şady,
Hiç kimse eşitmez ahy-perýady,
Jismim kebap etmiş aýralyk ody,
Ýürekler gan bolup, gözde ýaş galdy.

Her bir gula şum aýralyk salyndy,
Jismim hazan urdy, güli solundy,
Gaznasy uruldy, öýi talandy,
Ne onda bir akyl, ne bir huş galdy.

Goýdy meni ýüz müň azara pyrkat,
Gijäm uzyn boldy, daň atmak – rykkat,
Gussa bilen gün geçirmek muşakgat,
Ne janda parahat, ne bir aýş galdy.

Aýralyk jan-jisme çoh azar berdi,
Renj-u elem çekdim, tenim sargardy,
Gussa bilen saç-sakgalym agardy,
Ne ruhda şat, ne köňülde hoş galdy.

Magtymguly, işim kyl-u kal boldy,
Şum aýralyk bile aklym lal boldy,
Bilmedim, ne söwda, niçik hal boldy,
Jan tenden aýryldy, gury läş galdy.

## *DEPE NEDIR, DÜZ NEDIR*

Ýedi ýaşan arap atyň şanynda
Mälim bolmaz, depe nedir, düz nedir.
Ýüňi ýeten goç ýigidiň ýanynda
Elli nedir, altmyş nedir, ýüz nedir.

Namart ogly gorky çeker meýdandan,
Agaç adam bolup görner her ýandan,
Muhannesler howply ýerde duşmandan,
Seçe bilmez, duman nedir, toz nedir.

Sypah bolup, müner atyn bilmeýen,
Aryp bolup, öz yzzatyn bilmeýen,
Söhbet içre söz lezzetin bilmeýen,
Aňa bilmez mejlis nedir, saz nedir.

Garga ýiter baz, balaman jeňinde,
Görne bilmez ol meýdanyň deňinde,
Aç garyçgaý, algyr laçyn öňünde,
Müň ýygylsyn, ördek nedir, gaz nedir.

Magtymguly, söz joş eder diliňden,
Muhannese ýol bermediň ýeliňden,
Bu hünärler geler, gelmez eliňden,
Dilden gelen bu jürýetli söz nedir?!

## *DON BOLSA*

Ten ýapmaga köýnek istär ýalaňaç,
Köýnekli diýr: wah, üstünden don bolsa.
Baş saglyk diýp, Hakdan dilär garny aç,
Bäşin tapsa, arzuw eder – on bolsa.

Ol ýigit ki, çeke-çeke hasraty,
Saparlyk ýükläre bolsa döwleti,
Ýany birle tapsa ýaragy-aty,
Ýene diýr ki: mugt, tükenmez nan bolsa.

Köp nan tapyp, eger bolsa köňli şat,
Gyz-gözelden mahbup istär hem öwlat,
Bu döwleti peýda etse adamzat,
Köňli istär, beýik şähre han bolsa.

Hem han bolsa, hem dünýäsi taý bolsa,
Hem ölmese, hem esbaby şaý bolsa,
Hem bermese, hem çüýrimez baý bolsa,
Ýagşy ady hem dünýäde dan bolsa.

Magtymguly, görüp duşman tagnasyn,
Mert oldur, şat tuta gamdan synasyn,
Ýer ýüzi doldurmaz gözüň hanasyn,
Karun kimin gaznaň näçe kän bolsa.

## *DELALAT ÝAGŞY*

Asla adamzada ajy söz urmaň,
Pakyra-misgine delalat ýagşy.
Bahyla ugramaň, güler ýüz bermäň,
Möhüm bitirmäge kipaýat ýagşy.

Ýetimi göreňde, güler ýüz bergil,
Goldan gelse, oňa tagam-duz bergil,
Bir gamly göreňde, şirin söz bergil,
Entäni goldara hemaýat ýagşy.

Ýigit oldur – söze eýlese amal,
Goldan gelmez işe etmese jedel,
Allanyň emrine kylmagyl bedel,
Bege – berim, şaha – adalat ýagşy.

Garyplyk bir dertdir – adam öldürmez,
Öldürmese, dirilikde güldürmez,
It hem arryklygyn gurda bildirmez,
Elbetde, duşmana syýasat ýagşy.

Magtymguly, şükür, şirin til berdi,
Şejerler gögerip, semer gül berdi,
Görogly Reýhana niçik ýalbardy,
«Amandyr» diýene diýanat ýagşy.

## *DÖKE BAŞLADY*

Gömüldi derýalar, ýykyldy daglar,
Ýetimler gözýaşyn döke başlady.
Orramsydan bolan haramhor begler,
Ýurdy bir ýanyndan ýyka başlady.

Jemagatsyz azan bir gury sesdir,
Niçe mollaň okan ylmy hebesdir,
Kazylaryň käri çaý bile nasdyr,
Bir bozuk nyşana tuta başlady.

Işanlary her gapyda tapylar,
Mollalarna ýok myjabat ýapylar,
Öwlüýälik satyp, niçe sopular,
Gygyryp, asmana böke başlady.

Çykar beýewana gyzy-gelini,
Ak ýüzüne ýapar gara telini,
Kemçinlik eýleýip, ýygan puluny,
Düzedip özüne daka başlady.

Dünýäde süýthoryň pul ýygma derdi,
Baýlaryň mallary bizekat erdi,
Toba ediň, gözüm bir ýaman gördi,
Bigünä, bir-birin ýaka başlady.

Magtymguly, başa baglap selleler,
Aç böri deý ýortup niçe mollalar,
Halaldan, haramdan ýygnap gallalar,
Her ne tapsa, dynmaý dyka başlady.

## *DON TAPYLMASA*

Dok dokuşar sigse hylgat geýmäge,
Kilim gözel zatdyr don tapylmasa.
Aç dyryşar gaty nany iýmäge,
Müşgildir bişire un tapylmasa.

Hasyl umydy bar ekin ekene,
Bu işler mälimdir mähnet çekene,
Aýak ýalaň basa bilmez tikene,
Neýlesin geýere gön tapylmasa.

Akylsyzlar iş ahyryn garamaz,
Jolban çigidinden harnup döremez,
Agyr mejlislere çopan ýaramaz,
Neýlesin otyra jim tapylmasa.

Ýigitlikde her kim eşretde ýaýlar,
Başyna ýa geler, gelmez bu köýler,
Dişsizler nan tapsa çäresin eýlär,
Müşgildir iýere nan tapylmasa.

Magtymguly söýmez jedeli, jeňi,
Ahyret azm etdi köp duşy-deňi,
Dünýäde ne iş bar – bolmaýyr soňy,
Muşakgatdyr tende jan tapylmasa.

## *ÖZÜŇDEN*

Mähnet bilen mal jem eden mäkäm baý,
Owwal haýryň bolsa, gönder özüňden!
Ýygyp, zekat bermänleriň haly waý,
Taňla garny dolar tamug közünden.

Namut galdyň, ger şeýtana ýol berseň,
Şeýtan boýnun üzdüň pire gol berseň,
Yhlas bilen Alla üçin mal berseň,
Sansyz sowap bolup barar yzyňdan.

Öwladyna abyraýly gün üçin,
Ýigit eşret terkin eýlär ten üçin,
Halal-haram mal ýygarlar zen üçin,
Ölseň, kany imdat ogul-gyzyňdan.

Niçeler bar – haýyr islär, şer tapar,
Niçeler bar – gum diýp garbar, zer tapar,
Birew bardyr – ýaman eýlär, ýer tapar,
Birew – haýyr görmez beren duzundan.

Ýigit ölse, hatyn galsa, är tapdy,
Ogul-gyz elinde malyň ýer tapdy,
Zekatsyz mal magşar güni mar tapdy,
Yrak düşdüň Ýaradanyň gözünden.

Dirilikde özi berse elinden,
Habar tutan Ýaradanyň ýolundan,
Haýyr tapar – mal biýr eken malyndan,
Ol hem ýagşy ýat etseler yzyndan.

Saglygyňda el barmasa, bermäge,
Gyýmasalar galanlar gol germäge,
Magtymguly aýdar, azap görmäge,
Kyýamat garasy gitmez ýüzüňden.

## *OTUR-TURUŞYN GÖRÜŇ*

Her ýigidiň aslyn bileý diýseňiz,
Märekede otur-turuşyn görüň.
Birew bilen aşna bolaý diýseňiz,
Owwal ykrarynda duruşyn görüň.

Uzak ýola gidip geler bolsaňyz,
Merdanalyk gyljyn çalar bolsaňyz,
Bir bedewi saýlap alar bolsaňyz,
Synasyn, sagrysyn, gerişin görüň.

Bir pul düşse bir üflasyň goluna,
Göwsün açyp gezer gyşyň ýeline,
Hyrydar bolsaňyz gyza, geline,
Edebin, ekramyn, oturşyn görüň.

Goç ýigidiň at-ýaragy şaý bolsa,
Ýetişer her ýerde haý-da haý bolsa,
Özi Hatam bolup, ýene baý bolsa,
Çar tarapdan myhman gelişin görüň.

Bir niçäni kyldyň maly-bisýary,
Bir niçäni kyldyň bir puluň zary,
Ýagşy-ýaman, barça adamyň bary,
Nobat bile ötüp baryşyn görüň.

Taňry bizar erer zekatsyz baýdan,
Zynhar siz hem gaçyň ol gelen jaýdan,
Merde her iş düşse, görer Hudaýdan,
Namardyň hemradan görüşin görüň.

Namart ýörer mydam ölümden gaçyp,
Öýüne gelende, zäherin saçyp,
Mert ýigit ölüme synasyn açyp,
Namardyň öýünden gaçyşyn görüň.

Zalymlar unudar zikri-Allany,
Arzan alyp, gymmat satar gallany,
Süýthor naýynsaplar halal tyllany,
Haram peýdasyna berişin görüň.

Şeýtan melgun hergiz tagat etdirmez,
Haramdan gaýtarmaz, halal ýuwtdurmaz,
Namaza uýdurmaz, roza tutdurmaz,
Lagnaty şeýtanyň talaşyn görüň.

Goç ýigidiň işi söhbet-saz bolar,
Köňli gyş bolmaýyn, daýym ýaz bolar,
Ýagşynyň köňlünde kine az bolar,
Ýamanyň her günde uruşyn görüň!

Gadyrdan gardaşdan uzak, daş bolup,
Gadyrsyz ýat bile faryndaş bolup,
Magtymguly näsazlara duş bolup,
Hojanyň, seýidiň ýörüşin görüň.

## *NÄBILSIN*

Üz umydyň özün bilmez adamdan,
Aňlamaz ol, a:m-u hasy näbilsin.
Ne tama bar hamr içen gedemden,
Buzahor ýagşyny, ýasy näbilsin.

Ýamana ýagşy söz ýokmaz, taşlanar,
Aňlar äriň aňlamasy güýçlener,
It ýalyn topraga dökseň hoşlanar,
Topragy, tabagy, tasy näbilsin.

Butparaz müň kylsa roza-namazy,
Oňa nesip bolmaz behişdiň ýazy,
Älemi göterse ebriň owazy,
Eşitmez, ker pakyr sesi näbilsin.

Diňle sözüm, ner zarbyny ner tanyr,
Har bakan har tanyr, mähek zer tanyr,
Eý, ýaranlar, är ýigidi är tanyr,
Namartlar ýagşyny, pisi näbilsin.

Magtymguly aýdar, sözlerim hakdyr,
Emma ki hak söze ten beren ýokdur,
Bir gözli diýmese, garadyr, akdyr,
Kör pakyr kümüşi, misi näbilsin.

## *NÄGE ÝATYP SEN*

Eý, ülkesi abat, mülküne magrur,
Mülküň bakasy ýok, näge ýatyp sen?
Eý ykbaly bidar, döwlete mesrur,
Döwlet wepasy ýok, näge ýatyp sen?

Şirin jan riştesi tende osaldyr,
Nebsiň bir megesdir, mal bir asaldyr,
Dünýä aby-sildir, ömrüň bir saldyr,
Ömre ygtybar ýok, näge ýatyp sen?

Tagat bir dergähe ýoldur basgançak,
Işiň beýle bolsa, durma sen anjak,
Ogul, gyz mal-u zen saňa asgynjak,
Goýmazlar gezmäge, näge ýatyp sen?

Pelek saňsar daşyn saňa atypdyr,
Zemin aždarhasy paýyň ýuwtupdyr,
Ajal tiz oragyn elde tutupdyr,
Binurbatdyr, biçer, näge ýatyp sen?

Magtymguly, işim ahy-zarydyr,
Bir mükemmel äriň hyrydarydyr,
Dünýä ahyretiň keşte käridir,
Tohum saçynawer, näge ýatyp sen?

## *MEÝDAN ÝOLUKSA*

Bedew ölse, meýdan galar armanly,
Hak yşkyna at sal meýdan ýoluksa,
Är ölejek, heňňam galar döwranly,
Wagtyňy hoş geçir, döwran ýoluksa.

Ýigit bardyr sözün tapmaz, surrudar,
Ýigit bardyr demi daşlar erider,
Jaý ýerinde gaýra galsa garrydar,
Goç ýigidiň aty çaman ýoluksa.

Işi dürs gelmez köňül çenine,
Dodagyny dişläp, «ah» diýr zenine,
Ýylan zähri bolup ýaýryr tenine,
Ýigit garryr hatyn ýaman ýoluksa.

Ýüz namart ýerini tutmaz bir merdiň,
Mert çeker täsibin iliň – ýuwurduň,
Bitiren işin, gör, gedi namardyň –
Jeňdir diýip gaçar duman ýoluksa.

Magtymguly, öwüt bergin söz bile,
Eşiden deň bolmaz, gören göz bile,
Mert çykar myhmana güler ýüz bile,
Namart özün gizlär myhman ýoluksa.

## *MALA SERETMEZ*

Owwal-a mal ýagşy, maldan baş ýagşy,
Baş döwletin tapan mala seretmez.
Dogmadyk oguldan dogan daş ýagşy,
Nadan ogul atasyna seretmez.

Atda aýak bolsa, başga syn bolmaz,
Ärde gaýrat bolsa, işi kyn bolmaz,
Söweş güni goç ýigitde üýn bolmaz,
Garşy bakar, peýkam-ýaýa seretmez.

Alaman öňüni serdary başlar,
Goç ýigitler naýza urar, gylyçlar,
Kimse adam ýykyp, kimse at uşlar,
Abyraý tapmasa, paýa seretmez.

Är dostdan geçerler adam aç galsa,
Ýar ýardan aýrylyp, ara daş galsa,
Ýaman hatyn ýagşy äre duş bolsa,
Başyny terk eder, daýa seretmez.

Köne dünýä muhannesiň öýüdir,
Süýthor bolan kesiň dowzah jaýydyr,
Altyn-kümüş gözleriniň maýydyr,
Goç ýigitler bozuk jaýa seretmez.

Dünýä görki näzeninler, ne janlar,
Nadana ýolukdy türpe jenanlar,
Ýardan galan — äri ölen juwanlar,
Goç ýigidi gözlär, baýa seretmez.

Magtymguly garyp köňlün baý edip,
Kanagat ülkesin bende jaý edip,
Her kim öz ýaryny dogan Aý edip,
Aýyn gözlär, başga Aýa seretmez.

## *MÄHRAP HAÝSY, BILMEDIM*

Abdal maňa ebet jamyn sunaly,
Metjit haýsy, mährap haýsy, bilmedim.
Ol güdazda janym erip ýanaly,
Abat haýsy, harap haýsy, bilmedim.

Bir tabeşe tap etmedim, toz boldum,
Toprak boldum, ataş boldum, suz boldum,
Daşdan bişdim, içden köýdüm, köz boldum,
Ki nar haýsy, kebap haýsy, bilmedim.

Güzer etdim bir mekansyz mekana,
Seýran etdim bir meýdansyz meýdana,
Haýran galdym bir jahansyz jahana,
Beýt haýsydyr hem bap haýsy, bilmedim.

Nebse uýdum, özüm bilmeý, hyrs boldum,
Akyl işin dogry sandym, ters bildim,
Her eşýadan ýar sypatyn ders aldym,
Gurhan haýsy, kitap haýsy, bilmedim.

Magtymguly ol mekanda meks etdi,
Şyhlar turdy, ýigitler deý raks etdi,
Her eşýadan ýar jemaly eks etdi,
Ap haýsydyr, şerap haýsy, bilmedim.

## *MAH-U SALLARA*

Imdi, köňlüm, bu dünýäni söýmegil,
Ynanmagyl, ýagşy mah-u sallara.
Akyl erseň, her bir söze uýmagyl,
Söze uýan düşer aldan-allara.

Ýok eken dünýäniň ähti-wepasy,
Hany ýigitleriň zowky-sapasy,
Gün-günden artadyr jebri-jepasy,
Bir gün salar sizi ýaman hallara.

Bir gün duşarsyňyz dowasyz derde,
Jan aýrylyp galar sargaryp murda,
Ýolugar siz munda, onda, her ýerde,
Depdere ýazylan kyl-u kallara.

Geler-geçer, munda hiç kimse galmaz,
Bendiwandyr onda, baranlar gelmez,
Ötenden-geçenden habaryn bilmez,
Garyp ülkesine giden illere.

Janyňy tartarlar bogazyň gyssap,
Şol dem garaňkyrar Aý ile Aftap,
Ata-ogul, dost-ýaryndan dil istäp
Telmuryp bakar sen sag-u sollara.

Nesip bolsa, iliň-günüň ýygylar,
Hijran ody ýüregiňe dag salar,
Ogul-gyz, dost-ýaryň, uzadyp galar,
Aýralyga giden uzyn ýollara.

Jellat ajal bir gün gelse näder sen,
Alajy ýok, naçar bolup gider sen,
Magtymguly, sen hem puşman eder sen,
.............................................. billere[20].

---

[20] Bu goşgy ýeke-täk golýazmada bolup, syýasynyň bozulanlygy se-

## PEÝANY BOLMAZ

Geç köňül, dünýäden, eýleme höwes,
Panydyr, hiç kime peýany bolmaz.
Jan guşy bilbildir, teniň bir kapas,
Bir gün uçar, daýym durany bolmaz.

Bir niçäni şalyk bile şat edip,
«Şähriýar» diýp, älem içre at edip,
Ajalyň elinden bir gün dat edip,
Gitdiler barysy, ýöreni bolmaz.

Ynsa-jynsa şalyk eden Süleýman;
Jemşid-u Isgender, hany Nowşirwan?
Hany Hak habyby – ol Fahry-jahan?
Gitdi bary, hergiz gümany bolmaz.

Galmady Darabyň, ne Şähriýaryň,
Hany ol Gülçehre, simin-yzaryň?
Hany şasuwaryň, zerrin hysaryň?
Hiç biriniň nam-u nyşany bolmaz.

Niçe mursal geçdi, niçe müň nebi,
Niçe balyg geçdi, niçe müň saby,
Hasyl olmaý, hiç biriniň matlaby,
Pany içre baky galany bolmaz.

Kimi gany kyldy, kimleri gallaç,
Ýoksuzy baýlara eýledi mätäç,
Gelse ajal bady, bolar näalaç,
Gitgisidir, ýagşy-ýamany bolmaz.

---

bäpli onuň iň soňky setirini okamak mümkin däl.

Maly-dünýe berip niçe müň gany,
Lagl-u jöwähirden bolup mesgeni,
Gitdi goýup kasry, köşki, eýwany,
Barganydan gaýdyp geleni bolmaz.

Dünýäge geleniň bary ýok bolar,
Gapyl adam bilmezlikden aldanar,
Ýygnanyň barysy dünýäde galar,
Hiç bir adam alyp barany bolmaz.

Kamaty serwi dek näzik bedenler,
Sibi-zenehdanlar, gunça dahanlar,
Gül ýüzli periler, simin-zakanlar,
Älemde şat bolup güleni bolmaz.

Ýok wepasy, dostlar, pany dünýäniň,
Ölinçäň terk etme haýr-u yhsanyň,
Barandan, gelmäge ýokdur imkanyň,
Ynan, bu sözleriň ýalany bolmaz.

Akyl oldur, meýl etmese dünýäge,
Sydk ile sygynsa Kadyr Allaga,
Magtymguly, her suraty-zybaga,
Bakmagyl, olaryň paýany bolmaz.

## *MALYNA DEGMEZ*

Baýlar bardyr, garyplara rehm eýlär,
Bardyr baýlar, dünýä malyna degmez.
Gözel bardyr, dünýä malyn harç etseň,
Bardyr gözel, iýen nanyna degmez.

Dünýäde bahylyň ýüzüni görme,
Aş bile nanyňy alyşyp berme,
Gul diýip, ýigidiň aslyny sorma,
Hojasy bar, belki, guluna degmez!

Dünýä malyn berseň, eýesi satmaz,
Şa istese, onuň dilegi bitmez,
Bedew bar, pul berseň, bahasy ýetmes,
Bardyr bedew, salan juluna degmez.

Bedew gerek — äre söweşde serhoş,
Ýat bilen baryşsaň, bolar garyndaş,
Ýagşy ogul, ýagşy aýal, gyz, gardaş, —
Bu döwlet her kimiň eline degmez.

Magtymguly, bu dünýäniň eşreti;
Iýmek, içmek, münmek, guçmak, söhbeti,
Bir niçeler mydam kylar tagaty,
Niçäniň sejde jaý alyna degmez.

## *LÄLE GETIRMIŞ*

Asmandan nur ýagsa, münewwer bolar,
Zemin ýaşyl geýip, läle getirmiş
Huda buýrugyndan aýrylan juwan –
Oýnaşyndan haram köle getirmiş.

Owwal akan ýerden akarmyş aryk,
Men-menlik edeniň tanapy çüýrük,
Mertden aşna tutsaň, abraýňa şärik,
Namart aşnasyna hile getirmiş.

Her kim gezer bu dünýäde bir hile,
Ýörgün ata-baba ýörigen ýola,
Baýtal ýapagysyn çekermiş çöle,
Eşek kürresini küle getirmiş.

Her kim öz adyna möhür gazdyrar,
Ýazylan takdyry kimse bozdurar,
Ikiniň sylagy birin azdyrar,
Taýak bir dälini ýola getirmiş.

Magtymguly, ger doýursaň bir ajy,
Mälimdir, tapar sen bu ýerde hajy,
Näge mertlik etse adam biweji,
Her mejlisde ýüz ýol tile getirmiş.

## *KYL-U KAL BOLAR*

Her kişiniň iki bolsa aýaly,
Gije-gündiz işi kyl-u kal bolar.
Her biriniň bardyr ýüz müň hyýaly,
Owkat sürüp, görejegi hal bolar.

Birin söýüp, birin eýlese naçar,
Ile ryswa bolup, öz aýbyn açar,
Akly haýran bolup, baryndan geçer,
Deň tutmasa ýaryn, bikemal bolar.

Gähi bilbil kibi saýrar dilleri,
Tomaşadan häzir eder illeri,
Gähi ýer ýumruklar, gähi-külleri,
Ärin göre bilse, dilsiz lal bolar.

Gahr eýleýip, gelmez bolsa ýanyna,
Söz aýtmasa her biriniň şanyna,
Beýle är goşulmaz adam sanyna,
Iki hatyn, bir är – üç aýal bolar.

Magtymguly, kimse bilmez batyny,
Öýlenseňiz, garap alyň zatyny,
Eýäm görkezmesin ýaman hatyny,
Adam özün bilmez, ham hyýal bolar.

## *IŞ BOLMAZ*

Gel, köňlüm, sydk ile ýalbar Allaga,
Ýaradandan hiç ýaşyryn iş bolmaz.
Ryzk bir mukadderdir şah-u gedaga,
Galam birdir, munda ýazan biş bolmaz.

Bir niçeler ýortar gije ýatmaýyn,
Birew ýatyr, öýde mähnet tartmaýyn,
Takdyry-ezelden hergiz artmaýyn
Gezen artyk bolup, ýatan boş bolmaz.

Bir goç ýigit ýalan dünýäge gelse,
Gylgy gylyç, çörek, desterhan bolsa,
Ýalançyda abraý hem iman bolsa,
Ýetmiş, segsen, ýüzden artyk ýaş bolmaz.

Kimseler döwletment, kimseler garyp,
Kimseler haýr edip, zekatyn berip,
Kimseler ömründe nan diýip ýörip,
Kimselerde ýassyk, düşek, aş bolmaz.

Magtymguly, bu günüňe şükr eýle,
Allanyň gudratyn görüp, pikr eýle,
Ryzk üçin gam iýme, Haka zikr eýle,
Ezelde ýazylan senden daş bolmaz.

## *IGLÄRLER*

Sag-salamat, sermest bolup gezen jan
Dört belanyň birisinden iglärler,
Ýa sowukdan, ýa yssydan guryr gan,
Ten üstünde tebipleri eglärler.

Ryzk wekili geler ryzkyň ýok edip,
Göwräňi guradyp, ýoluň bek edip,
Demiň perişdesi demiň tükedip,
Iliň-günüň özge ýurda çaglarlar.

Egsikleriň saç ýaýarlar, baş döküp,
Ýary-dostuň ýyglaşarlar ýaş döküp,
Gardaş-dogan katlanarlar aş döküp,
Gonsa, göçmez – karar ýurda baglarlar.

Habar düşer: «Pylan kimse ötdi» diýp,
«Çyragy söndi» diýp, «Güni batdy» diýp,
«Bu dünýäden o dünýäge gitdi» diýp,
«Alla rehmet etsin!» diýip dargarlar.

Kim bardyr ki, pelek bagryn ezmemiş,
Göwresin gyýmamyş, köňlün bozmamyş,
Magtymguly, dag-derýalar dözmemiş,
Bu dessurdyr, aýralyga aglarlar.

## *IRNIP DURUPDYR*

Gaflat ýassygynda goýupdyr başy,
Gapyl adam munça irnip durupdyr.
Ten kapasy içre wagşy jan guşy,
Her dem perwaz eýläp, urnup durupdyr.

Ömrüň ötdi-gitdi kylmadyň perwa,
Menziliň metjit kyl, düşegiň borýa,
Kylganyň küpürdir, etgeniň yrýa,
Onda kaza ýaýy gurlup durupdyr.

Ýagşylardan bir nesihat alawer,
Gitdi kerwen, ýeke galdyň, ýelewer,
Adam ogly, zynhar, häzir bolawer,
Nebsi-şeýtan saňa sürnüp durupdyr.

Elwan tagam iýip, al-ýaşyl geýip,
Parahat ýatyr sen, gorkyňy goýup,
Ajal şiri arlap, penjesin ýaýyp,
Başyň ujun alyp, gernip durupdyr.

Oýan, Magtymguly, gaflatda ýatma,
Mala magrur olup, mähnete batma,
Öter dünýä üçin ömrüňi satma,
Bu nogsanyň düýbi görnüp durupdyr.

## *HALYMA MENIŇ*

Kerem eýle, ýa Rep, gudratly Suhan,
Garyp, gamgyn geçen halyma meniň.
Aklym haýrandadyr, etmişem puşman,
Bilmezlikde geçen salyma meniň.

Magşar gün bolmasaň Sen maňa dalda,
Ýa Rep, niçik bolar işim şo halda,
Imanym matagyn aparan ýolda,
Rehzenler goýmagyl ýoluma meniň.

Din gylyjyn ursam, tende zorum ýok,
Mätäje nan biýre elde zerim ýok,
Pakyr menem, Senden aýry ýerim ýok,
Bir teselli bergil köňlüme meniň.

Istese deň-duşlar başa altyn täç,
Pakyrlyk mülkünden maňa bergin paç,
Ýa, Ýaradan, etme namarda mätäç,
Dilegim, duş etme zalyma meniň.

Ejiz menem, Senden özge kimim bar,
Öz beren janyňa jebr etme, Jepbar,
Magtymguly aýdar, keremli Gapbar,
Bakma kyldygyma, pälime meniň.

## *HIJRAN HAÝSY, BILMEDIM*

Pelek maňa gam badasyn bereli,
Wysal haýsy, hijran haýsy, bilmedim.
Hak işine ten bermişem, göreli,
Arzuw haýsy, arman haýsy, bilmedim.

Bende bolsaň, gözle Hakyň ryzasyn,
Jebir eýlese, çekewergil jezasyn,
Ajal atar bir gün tiri-kazasyn,
Kiriş haýsy, keman haýsy, bilmedim.

Bir suratam, bakmaň, bu gün özüme,
Aryp bolsaň, gulak goýgul sözüme,
Dünýä düýbi ýok görüner gözüme,
Döwür haýsy, döwran haýsy, bilmedim.

Az ömrümi köp söwdaýa satyp men,
Özüm bilmeý, ol derýaýa atyp men,
Ne ummandyr, ne talapdyr, batyp men,
Zemin haýsy, zaman haýsy, bilmedim.

Her kim girse ol talaba-ummana,
Başyn alyp çyka bilmez bir ýana,
Gadam goýdum ol sähraýa-meýdana,
Jan haýsydyr, jahan haýsy, bilmedim.

Men dünýäni asmandaky reň bildim,
Yssy-yssy asylyşdym, soň bildim,
Imdi onuň baryn-ýogun deň bildim,
Sud haýsydyr, zyýan haýsy, bilmedim.

Magtymguly, ýoluň öňi, ardy bar,
Çeker ýükün, her kişiniň merdi bar,
Ýüregimde pynhan yşkyň derdi bar,
Dert haýsydyr, derman haýsy, bilmedim.

## *GALYP MEN*

Jahyllygyň joşy çykdy başymdan,
Men ol joşdan haly bolup galyp men.
Bir gama ulaşdym, gitdim huşumdan,
Bu dert ile doly bolup galyp men.

Başym ýüz höwesde, köňlüm joşgunda,
Girdaba düşüp men däli daşgynda,
Nejt dagynda gezen Mejnun yşkynda,
Ýanar otly Leýli bolup galyp men.

Ýigitlik paslyny gyşa ýetirdim,
Kämillik kiştisin derýa batyrdym,
Beýik pikre galdym, aklym ýitirdim,
Il içinde däli bolup galyp men.

Bu dünýäni göçüp baran göç bildim,
Işini bet aňdym, özün puç bildim,
Öňün oýun gördüm, soňun hiç bildim,
Tirik erken, öli bolup galyp men.

Magtymguly, paş eýlegil sözüňi,
Pelek muşty-häk etmeýen gözüňi,
Bu wagta deň ýaş bilerdiň özüňni,
Imdi gör, bak, uly bolup galyp men.

## *GÖZLEMEÝIN BOLARMY*

Bir käkilik aldyrsa zürbe balasyn,
Saýraý-saýraý, gözlemeýin bolarmy?
Bir bilbil ýitirse gyzyl lälesin,
Hasratyndan sözlemeýin bolarmy?

Kürresi elinden gitse eşegiň,
Telmuryp tört ýana, bakar uşagyn,
Akmaýa aldyrsa elden köşegin,
Bagryn bozup, bozlamaýyn bolarmy?

Bala sesin diňläp, salar gulagyn,
Döke-döke gözýaşynyň bulagyn,
Bir jeren aldyrsa elden owlagyn,
Mäleý-mäleý, yzlamaýyn bolarmy?

Agsagyň elinden alsaň agajyn,
Ýaman derde düşer, tapmaz alajyn,
Bir güýçli duşmana duşsa mekejin,
Jojugyny gizlemeýin bolarmy?

Aýralyga adam ogly neýlesin?
Kim galar görmeýin ajal hilesin,
Magtymguly haýwan bilse balasyn,
Ynsan bagryn duzlamaýyn bolarmy?

## *ÜSSESI BOLMAZ*

Allany ýat edip, haky gözleseň,
Deňme-deň söwdanyň üssesi bolmaz,
Dawa kenarynda ýalan sözleseň,
Gümansyz ýanar sen, tüssesi bolmaz.

Oka bäş wagtyňy, bolawer müfti
Eger bolajak sen resul ymmaty,
Zor bilen iberseň goýna bir iti,
Gurt gelende, goýna yssysy bolmaz.

Bu sözi diýmesem, zybanym gijär,
Öz köňlüň goýmasaň, dost köňli ynjar,
Bagdatda nar bişse, Turşişde injir,
Hyrat dek hiç ýeriň pissesi bolmaz.

Bu sözi diýmeklik bizlere namys,
Bir mugjyzat gördüm, diýdim: «Elhepus!»
Bagdatda gyş bolmaz, Gyrgyzda tomus,
Bulgaryň şähriniň ýassysy bolmaz.

Magtymguly, gel, goý, bu belent ýoly,
Diýseň hem hiç kimse ynanmaz häli,
Alsaň bir sary diş garry aýaly,
Oýnaşaňda, hiç bir yssysy bolmaz.

## *UÇA BILMEN NEÝLÄÝIN*

Köňlüm istär, gezsem dünýä älemi,
Ganatym ýok, uça bilmen, neýläýin?!
Okar men, görer men Föwzi-Kelamy,
Manysyny saça bilmen, neýläýin?!

Köpler onda guwwas bolup ýüzerler,
Maňa zahyr, halkdan pynhan gezerler,
Gül badada gülgün şerap ezerler,
El uzadyp, içe bilmen, neýläýin?!

Öý daşyndan şerap ysyn noş kyldym,
Gitdi aklym, özüm bilmeý, joş kyldym,
Meý-mest boldum, dersiz gapa duş boldum,
Rugsat bolmaý, aça bilmen, neýläýin?!

Ýitdi ýolum, dag haýsydyr, düz haýsy,
Aňmaz köňlüm many haýsy, söz haýsy,
Pähm eýlemen, ýol haýsydyr, yz haýsy,
Umyt üzüp, gaça bilmen, neýläýin?!

Magtymguly, bu dünýäniň hamusyn,
Ýygyp, düýrüp, ýele berdim namysyn,
Pikir derýasyna aklym gämisin,
Batyrmyşam, geçe bilmen, neýläýin?!

## *GÖÇER SEN*

Magrur olma bu gondugyň ýurduňa,
Bibakadyr, eglenmez sen, göçer sen,
Saky ajal döwür-döwür sunular,
Sen hem baryp, bir döwürde içer sen.

Bu rabatda bir diňlän ýok, okan ýok,
Başly bazar, bir gurulgy dükan ýok,
Gamhanadyr, belli menzil-mekan ýok,
Bu mekana gelmiş bolsaň, geçer sen.

Aýralyk ýürekde derdi-dagyňdyr,
Toba kyl Taňryga, ýigit çagyňdyr,
Ömrüň şugla ursa, ýürek ýagyňdyr,
Ýag tükener, peltäň ýanar, öçer sen.

Laý bolar sen, söýünmegil gülaba,
Lahap guma döner, hanaň haraba,
Süňňüň sürmä döner, teniň – turaba,
Doýmaz-dolmaz ýer goýnuny guçar sen.

Dünýä durar, hiç tükenmez bu galla,
Ömür baka berse, kyrkdyr bir pille,
Ajal otdur, ten myltykdyr, jan – gülle,
Ryzk därige ataş düşse, göçer sen.

Ýagşy sagat, ajap wagtdyr, hoş eýýam,
Ömür azdyr, akyl küteh, işiň ham,
Jan bir guşdur, dünýä – däne, pelek – dam,
Haçan mundan gutular sen, gaçar sen.

Magtymguly sözlär, sözün soňlamaz,
Bidert kişi dertli sözün diňlemez,
Akmak sözden hezl eýlemez, aňlamaz,
Aryp bolsaň, söz manysyn seçer sen.

## *TAPMAS SEN*

Niçe işi akyl bilen jem etseň,
Pelek çaşyr, bir gün hasap tapmas sen.
Bu jan saglygynda haýyr gazangyl,
Ýer astyna girseň, sowap tapmas sen.

Munda ne iş etseň, onda soragly,
Sen hem ýagşylardan alawer ýoly,
Häli hem bir pille, eý, adam ogly,
Alymlar kemelse, edep tapmas sen.

Ýigrimi ýaşynda äriň ne gamy,
Ýykar dagy, daşy erider demi,
Bir gün öter ýigitligiň möwsümi,
Ýyglap-ýyglap gelseň, jogap tapmas sen.

Ýigit bolsaň, gezgil ýagşy at bilen,
Bedew münüp, gezgil perizat bilen,
Ömrüňi ötürgil jemagat bilen,
Metjidi ýykylsa, mährap tapmas sen.

Magtymguly, aýdar ajap joş etdi,
Erenler söhbetde bir gün duş etdi,
Bir käse meý berip gülgün, noş etdi,
Her gün käse doly şerap tapmas sen.

## *BAKA-BAKA GIDER SEN*

Panydan bakyýa göç-hä göç bolsa,
Telmuryban, baka-baka gider sen.
Ajal jamyn berip, iç-hä iç bolsa,
Jan ajygyn çeke-çeke gider sen.

Oglanlaryň durar zary-girýana,
Egsikler saç ýaýar, düşer lerzana,
Malyň kysmat bolup girer talaňa,
Eliň ýuwup, çyka-çyka gider sen.

Mal üçin ynjydyp gardaş-doganyň,
Az bildiň tylladan satyp-sowanyň,
Paýlaşarlar halal-haram ýyganyň,
Sen azabyn çeke-çeke gider sen.

Bu dünýäden barsaň, ol dünýä, gardaş,
Näler görejekdir bu şum gara baş,
Haýyr gazan, bolar ýanyňa ýoldaş,
Ýogsa gabra ýeke-ýeke gider sen.

Adam ogly ýada salsa asylyn,
Kaza goýmuş ajal atly masylyn,
Aklyň bolsa kyýamatyň hasylyn,
Bu dünýäde eke-eke gider sen.

Jahanda görkezer gudrat işleri,
Ganatyň kuwwaty galdyr guşlary,
Ýigitligiň zory syndyr daşlary,
Kyrkdan aşdyň, çöke-çöke gider sen.

Magtymguly, düşdüň yşkyň güzerne,
Kim bar sözletmäge eltip nazarna,
Hiç rowaç tapmadyň sözüň bazarna,
Hyrydarsyz, döke-döke gider sen.

## *BOLA-BOLA GIDER SEN*

Gara ganlar ýuwdup, hasratlar çekip,
Mala meşgul bola-bola gider sen.
Dodagyň tebredip, ýüregiň ýakyp,
Gümanyň bar, alyp, bile gider sen.

Munça jepa – ogul, gyz-u zen üçin,
Munça eşret – häk olajak ten üçin,
Gitmez garamaty iki gün üçin,
Neçün boýna ala-ala gider sen.

Magrur olma senjabyňa, samryňa,
Ajal – Dawut elin çekmiş demriňe.
Gylça jana bu bäş günlük ömrüňe,
Ne tetärik kyla-kyla gider sen.

Malyny küýseme berimsiz baýyň,
Il gezdikçe, gözi doýmaz gedaýyň,
Mömin bolsaň, kyl gullugyn Hudaýyň,
Bäş wagt ýada sala-sala gider sen.

Magtymguly, habar bergin ederiň,
Her ýan barsaň, ajal almyş güzeriň,
Ýashana diýp, ýyglap geçdi pederiň,
Senmi mundan güle-güle gider sen?

## *BOLAR SEN*

Belent daglar, beýikligňe buýsanma,
Güdazda suw bolan zer dek bolar sen.
Tereň derýa, haýbatyňa guwanma,
Wagtyň ýetse, guryp, ýer dek bolar sen.

Daglaryň arslany, babyr, peleňi,
Muş bile deň bolar pil, peşe jeňi,
Mejmegul-Bahreýniň, Niliň näheňi,
Gulagyna urlan har dek bolar sen.

Kyýamatdan bir söz diýdim baýakda,
Garaw bardyr ýersiz urlan taýakda,
Zalymlar hor bolar, galar aýakda,
Garyp, sen ýyglama, şir dek bolar sen.

Ýagşy bedew münen, hup mahbup guçan,
Bile eltipmidir bakyýa göçen,
Hakykat namartdyr imansyz geçen,
Iman bile barsaň, ner dek bolar sen.

Gerçe nesihatdyr illere sözüň,
Il almazdan owwal tutawer özüň,
Alymlara uýsaň, açylar gözüň,
Jahyllara uýsaň, kör dek bolar sen.

Lukman kibi dertli dermanyn berseň,
Rüstem dek döwleri permana salsaň,
Isgender dek ýeriň ýüzüni alsaň,
Ýere ýegsan bolsaň, ýer dek bolar sen.

Magtymguly, garap sözle daşyňy,
Jaýyn bilip sarp et bolsa aşyňy,
Kämil tapsaň, goý ýolunda başyňy,
Är ardynda gezseň, är dek bolar sen.

## *JOŞA DÜŞÜP SEN*

Gel, köňül, gözlegil älem-jahany,
Söýle, neçün beýle joşa düşüp sen?
Älemde seniň dek ýokmy dahanly,
Syryň dessan eýläp, paşa düşüp sen.

Sökseler neýlär sen sen namyrada:
«Seniň kimin ýokmy?» diýip – dünýäde,
Ýa şeýle güýçlümi yşkyň zyýada,
Hetdiň bilmeý, aşa-aşa düşüp sen.

Gadam goýsam, sähralara, çöllere,
Köňül gaýnar, söz joş eder dillere,
Iller saňa haýran, sen hem illere,
Ýa aklyň aldyryp, çaşa düşüp sen.

Baka ýokdur söhbetiňe, sazyňa,
Ygtybar ýok gyş günüňe, ýazyňa,
Sen bu derdi ýok etmeseň özüňe,
Ol kürä, güdaza neýşe düşüp sen?

Magtymguly, hamu ýola baş urduň,
Çohlar bilen gezdiň, oturdyň, turduň,
Ýalançyda ne hezl etdiň, ne gördüň,
Imdi sen otuz dört ýaşa düşüp sen.

## *ÝETER SEN*

Gelen geçer, gonan göçer, adamzat,
Ýöri, sen hem bir menzile ýeter sen.
Ýalançyda ýegdir galsa ýagşy at,
Bu dünýäge gelmiş bolsaň, öter sen.

Gapyl adam ýada salsa asylyn,
Pelek goýmuş ajal atly masylyn,
Gelen-geçse, eken-biçse hasylyn,
Orta ýerde sen ne işler tutar sen.

Jepa goýma, käýitmegin bu janyň,
Serişdesi hiç tutdurmaz jahanyň,
Terpendikçe, derdi artar dünýäniň,
Gadam goýsaň, göwräň birle batar sen.

Joşgun geldi, hetdin ýardy, söz aşdy,
Bu ýollardan dogry baran düz aşdy,
Bihuda imesdir ömrüň güzeşti,
Her çäştiňe bir günüňi satar sen.

Aldamaga al kumaşyň, sim-zeriň,
Güzergähin tutup durmuş bu ýeriň,
Germ eýlediň, pelek, sen bu bazaryň,
Mälimdir ki, bu söwdada utar sen.

Magrur olup bu dört günüň dirligne,
Ebet galma kyýamatyň horlugna,
Ynanmagyl bu dünýäniň barlygna,
«Bar, bar» bilen, ýok bolar sen, ýiter sen.

Magtymguly, başyňda ýüz köý bardyr,
Aýry menzil, aýry mekan, jaý bardyr,
Lahat atly dar, düşeksiz öý bardyr,
Ol öý içre tä kyýamat ýatar sen.

## *PAŞ BOLMAR SEN*

Gel köňlüm, geňeş edeli,
Sözlemeýin paş bolmar sen!
Panydyr bu ýalan dünýä,
Bir gün ondan hoş bolmar sen.

Bir güldir sen hem hoşlar sen,
Ýene bir gün agaçlar sen,
Hem daşlar sen, hem dişlär sen,
Ýene bizden daş bolmar sen.

Hakyň emridir, neter sen,
Sen bizim çün bir güzer sen,
Geleni garşy ýuwtar sen,
Bir dem bizden boş bolmar sen.

Owwal dost bolup güldir sen,
Bir az yzyňdan ýeldir sen,
Bir gün basalap öldir sen,
Baky garyndaş bolmar sen.

Magtymguly, bilmiş haly,
Sen bu ýurtda däl binaly,
Toba diýp, Haka döneli,
Imdiden soň ýaş bolmar sen.

## *ÄDEJEK SEN*

Adam ogly, özüň bilmeý,
Gedem-gedem ädejek sen.
Eýäniň emrini kylmaý,
Öz köňlüňi güýdejek sen.

Istär sen, älemi gapsaň,
Karun bolup genje depseň,
Halal, haram, her ne tapsaň,
Gözüň ýumup, ýuwdajak sen.

Neden olduň, bilgil bary,
Unutdyň Perwerdigäri,
Köňle gelen her ne käri
Sangy etmeý edejek sen.

Aslyň nedir, etgil nazar,
Tutan işiňden kyl hezer,
Ajal saňa etse güzer,
Habaryň ber, nädejek sen?

Dünýäni gyzgyn tutmagyl,
Işiň gör, bikär ýatmagyl,
Magtymguly, unutmagyl,
Gidejek sen, gidejek sen.

## *ŞASY GALANDAR*

Aşyklar ähliniň hany, soltany,
Tejelli tagtynyň şasy galandar.
Gezerem ýollary ýitirip ony,
Bilmenem, habar ber, haýsy, galandar.

Men bu ýolda şunça zille bolmuşam,
Mande galyp, ejizligim bilmişem,
Şiblini, Mejnuny alyp gelmişem,
Pähliwan Pirýary, Weýsi, galandar.

Habar aldym bagy-bossan, gülünden,
Reňgi solmuş bady-hazan ýelinden,
Gerdany keç gahba çarhyň elinden,
Menewşe tutarmyş ýasy, galandar.

Hoşlugym ýok oýnamaga, gülmäge,
Rakyp goýmaz dogrulyban gelmäge,
Bir hylwatda ýar habaryn almaga,
Sende bar aşnalyk ysy, galandar.

Gündiziň pikirdir, oýdur agşamyň,
Bu resme geçirdim, wagtyn eýýamyň,
Ýa, Rep, kerem etseň bize bir jamyň,
Gymmatyn aýt, ne bahasy, galandar?

Söýseň ol ýaradan Kadyr Suhany,
Men garyby şat eýlegin pynhany,
Göterdi älemi, tutdy jahany
Aşygyň nalasy, sesi, galandar.

Magtymguly aýdar, ustuhan seniň,
Ten seniňdir, damar seniň, gan seniň,
Gymmat üçin akyl seniň, jan seniň,
Dodagyma tutgul tasy, galandar.

## *ŞAL TAPSA*

Eýesine yhlas eden çyn merdan,
Ebrişüm höwesin etmez, şal tapsa.
Dünýä maly, işi üçin sergerdan,
Köňül guwanç eder artyk mal tapsa.

Ýol ýoldaşy ýoldaşyna söýener,
Howply ýerde ýatan tiz-tiz oýanar,
Garakçylar kerwen görse guwanar,
Geçit tapmaýanlar suwda sal tapsa.

Geçirler her ýerde sözüm takyga,
Garry arman çeker ýigit çakyga,
Eşek monjugna biýr ýa-da akyga,
Biçäre çopanlar ýakut-lagl tapsa.

Jan howpundan bolar akyly haýran,
Ýylan kişmir görse, ütelgi – taýran,
Şir syýaguş görse, pil hem kergerdan,
Agaja gurt düşse, gawun hal tapsa.

Mertden dileg eden namut öwrülmez,
Namarda düşen iş, mälim, gaýrylmaz,
Perwana ot görse, jan biýr, aýrylmaz,
Simap – gyzyl tapsa, meges – bal tapsa.

Eý, terbiýet istän kişi ten üçin,
Eşret dilän ogul-gyz-u zen üçin,
Ak puly saklarlar gara gün üçin,
Hoş gezerler gyzyl, ýaşyl, al tapsa.

Magtymguly, ýüz müň köýler, köçeler,
Aýdadyrlar: «Döwran bizden geçeler»,
Hak-nähakdan mal gazanyp niçeler,
Sarp edere jaýyn tapmaz mal tapsa.

## *ŞAÝLAMAÝYNMY?*

Ömre ygtybar ýok, jana durum ýok,
Ahyret esbabyn şaýlamaýynmy?
Bende men, barara gaýry ýerim ýok,
Istegim Özünden eýlemäýinmi?

Ýaranlar, ýetmek ýok Suhan syryna,
Açsa ýolum – ýetsem Dost eserine,
Ryýazaty ýükläp nebsim şütürne,
Yhlasa iýtdirip, haýlamaýynmy?

Ýokluga ýandyryp, menlikden sagyn,
Eşkimden suwarsam nistligiň bagyn,
Ujb, ryýa, kibr, hasat matagyn,
Bölüp, rahzenlere paýlamaýynmy?

Aby-towpyk ýuwup jesedim nawyn,
Hümmet bile ötsem ybadat zawyn,
Ruhum guşun besläp, nebsimiň awun,
Pikir bişesinden awlamaýynmy?

Magtymguly, ne bar içmek, iýmekden,
Jan jesetden gider, et hem sümekden,
Göz görmekden galar, dil hem diýmekden,
Dilim teprenerkän, söýlemäýinmi?

## *SATAŞDYM*

Säher wagty seýran edip gezerkäm,
Ajap menzil, ajap jaýa sataşdym,
Ugrum bilmeý, ýoldan-ýola azarkam,
Hup mekana, hup saraýa sataşdym.

Ussasyz işlenen, kirşsiz gatylan,
Gymmatsyz satylan, elsiz tutulan,
Gol degmeý çekilen, oksuz atylan,
Çillesiz gurulan ýaýa sataşdym.

Niçe dostlar bilen seýranda eken,
Hatardan azaşdym, kerwende eken,
Jandan umyt üzüp, haýranda eken,
Ýyldyzdan ýol umdum, Aýa sataşdym.

Köňlüm gitdi dostlar içen şerbetde,
Olar ýüz sapada, men müň hasratda,
Aýrylyp, nalada, galdym gurbatda,
Çeşmeden suw isläp, çaýa sataşdym.

Ne tende kuwwat bar, ne içde jan bar,
Bu işde ne sud bar, bilmen, zyýan bar,
Ne hasap, ne hesip, ne belli san bar,
Kişi bilmez, ne söwdaýa sataşdym.

Başa baglap diwanalyk kemendin,
Segredip ýetişdim yşka semendim,
Al şeraba el uzatdym, emendim,
Durusyn içmişler, laýa sataşdym.

Magtymguly diýrler meniň adymy,
Älem elin çoýar görse odumy,
Eý ýaranlar, kime diýem dadymy,
Başym çykmaz ne söwdaýa sataşdym.

## *SALAR GUŞUN AŇLAMAZ*

Bedasyla beglik ýetse bir günde,
Alar awun, salar guşun aňlamaz,
Ýarlygy ýörigen nurbatsyz begler,
Pukaranyň gözde ýaşyn aňlamaz.

Belet başlar dogry ýola çyn bile,
Akyl ýigit söz başlamaz «men» bile,
Namart oldur – geňeş eýlär zen bile,
Goç ýigitler zen geňeşin aňlamaz.

Mertden dileg etseň aýdar: «Hup bolar»,
Bir bagşaşdan ýetmiş bela dep bolar,
Muhannes geňeşi öýde köp bolar,
Duşman görse, tutar işin aňlamaz.

Hak ýolunda her kim haýr-yhsan kylar,
Kyýamat gün bir ýerine on geler,
Namart duşman görse, gussadan öler,
Goç ýigitler dördün, bäşin aňlamaz.

Magtymguly, beg ýanynda dil başlar,
Gylyjy, gaýraty bolan il başlar,
Mertden dogan ýygyn görse, ýol başlar,
Namart ogly deňin-duşun aňlamaz.

## *SÖZI GEÇER JANYŇDAN*

Deňsiz bile deň eýleseň özüňi,
Dert boluban, sözi geçer janyňdan.
Yrak bolma gadryň bilen gardaşdan,
Her iş tutsaň, ol guwanar ýanyňdan.

Gahra münüp, galdyrmagyn şeýtany,
Nebse uýup, unutmagyn Rahmany,
Kesse aklyň ýagşy bilen ýamany,
Her bir söze dolup-daşma ganyňdan.

Sabryň bolsa, Suhan ýeter dadyňa,
Jeňňi-jedel laýyk däldir adyňa,
Alma ýaman sözi hergiz ýadyňa,
Tiken bolup dürtüp geçer donuňdan.

Barça bolan işler Hakyň işidir,
Oňa ten bermeýen – akmak kişidir,
Bir ýaman söz jana ýylan dişidir,
Soksa, zähri asan çykmaz iniňden.

Magtymguly, ýalançydyr bu jahan,
Mesde akyl bolmaz, gäwürde – iman,
Jaýyn tapsa, garynja deý pes duşman,
Arslan bolup, el götermez şanyňdan.

## *SÖHBET ÝAGŞYDYR*

Adam bolsaň, gulak goýgul öwüde,
Alymlar ýanynda söhbet ýagşydyr.
Atarman-çaparman algyr ýigide,
Ýeri gelse aman-nurbat ýagşydyr.

Hemra bolup oturmagyl pis bile,
Poha degseň, beýniň dolar ys bile,
Göwher daşyn ýüzük etseň mis bile,
Gymmaty egsilmez, hormat ýagşydyr.

Zynhar, kast etmegil iýdigiň nana,
Köňlüň haýra bagla, sydkyň – imana,
Hiç azar bermegil bir musulmana,
Ogry ärden, bir dogry it ýagşydyr.

Käşki adam bu dünýäge gelmese,
Gelenden soň ömür sürse – ölmese,
Elden gelen ýagşy işiň bolmasa,
Köňül içre ýagşy niýet ýagşydyr.

Magtymguly, niçik geçse rozygär,
Haka şükr et, barma namarda zynhar,
Ýok döwletden ýegdir, bolsa bir hünär,
Müň hünärden zerre döwlet ýagşydyr.

## *SIR GIDER*

Köp namarda mal berip sen, dun dünýä,
Gözi gökde, gaýgysy ýok, sir gider.
Hany aklyň, oda düşüp ýan, dünýä,
Ne mertler bar, ýoksullykda hor gider.

Az ömrüňi sürseň elwan aşratda,
Soň şirin jan galar uzyn hasratda,
Akmaklar bu ýerde galar gaflatda,
Akyl bolan öz gamyny iýr gider.

Ne dogry gelene mähriň inderdiň,
Ne gelmäne sowgat-salam gönderdiň,
Hiç parhy ýok sende merdiň, namardyň,
Arslan öter, tilki geçer, şir gider.

Peýda diläp gelen dünýä şährinden,
Janyn berip, guryp galdy gahryndan,
Dünýä mardyr, ol ýylanyň zährinden,
Tüý döküler, ganat gyrlar, per gider.

Dünýä zendir, köp oýnaşly, äri bir,
Bir öpüşde etiň, ganyň sorubiýr,
Ölenden soň, şah-u geda bary bir,
Munda her kim boldujagyn goýr gider.

Adam ogly ýalançynyň ýalanyn,
Çyn sanypdyr egri bakyp gülenin,
Gam çekme, eý dünýä, her kim alanyn –
Karz malyňdyr, ýene gaýdyp biýr gider.

Magtymguly, güýçli bile dalaşmaň,
Haýry goýup, şer işlere ulaşmaň,
Ýagşy-ýaman sözüm köpdür, galyşmaň,
Neçün, her kim bildijegin diýr gider.

## *SALY, DÜNÝÄ, HEÝ*

Suw ýüzünde gezen niçe gämini,
Bir gün agdarar sen, saly, dünýä, heý.
Adam ogly barmaz bolsa yzyňdan,
Munda diýp aldar sen maly, dünýä, heý.

Bilermi sen, haçan tükener demiň,
Gabyr bolar bir gün basan gadamyň,
Döwran gerdişinde gapyl adamyň,
Üstünden salar sen ýoly, dünýä, heý.

Aramyň ýok, kararyň ýok, dynmaz sen,
Gije-gündiz gan içer sen, ganmaz sen,
Ahyr ne belaň bar, soňun sanmaz sen,
Aklyny aldyran däli, dünýä, heý.

Habarsyz geler sen, ýaka tutar sen,
Ýagşy eýläp, ýaman eýläp öter sen,
Bir gün aşymyza awy gatar sen,
Owwal aldap biýr sen baly, dünýä, heý.

Aýlanar, gyş geçer, ýaz, tomus, güýz hem,
Onuň-le ýagşydyr, dag, deňiz, düz hem,
Ahyry ötermiz üstüňden biz hem,
Gugaryp galar sen, haly, dünýä, heý.

Köpleri ýok etdiň, käni ýuwutdyň,
Muhammet – Hak resul jany ýuwutdyň,

Harun, Karun, Süleýmany ýuwutdyň,
Budur seniň işiň, beli, dünýä, heý.

Adam oglun saldyň tükenmez gama,
Ýaş-garry – ýoluňda sergezdan heme,
Bir mada eşek sen gelip sen deme,
Gasygy gam bilen doly, dünýä, heý.

Magtymguly, dünýä syryn duýmaz sen,
Bu gün gördügimiz ertä goýmaz sen.
Niçe wagtdan bäri iýer, doýmaz sen,
Ýykylgyn, ýumrulgyn, loly dünýä, heý.

## *SIL GALMAZ*

Altmyş başly, ala garly daglardan,
Duman göçer, ýagmyr geçer, sil galmaz.
Şeýda bilbil mesgen tutan baglardan,
Hazan urar, ýaprak gaçar, gül galmaz.

Her kim içse ol şerapdan, ol jamdan,
Ýürek joşar, her söz geler zybandan,
Gelen geçer bu ýalançy jahandan,
Hoja, seýit, beg, patyşa, gul galmaz.

Jana degse garrylygyň zäheri,
Bozuk bolar köňül-göwre şäheri,
Elden gitse ýigitligiň bahary,
Kuwwat gaçar, dyz egiler, bil galmaz.

Bir namardyň köp minnetli aşyndan,
El uzatma, öwrülewer daşyndan,
Ilsiz galan belent daglar başyndan,
Agaç biter, jadde ýiter, ýol galmaz.

Magtymguly, bu jahanda kim bolar,
Ol mekana giden gelmez, güm bolar,
Görer gözüň, görkli göwräň gum bolar,
Dahan gider, dendan düşer, dil galmaz.

## *PARA-PARADYR*

Ýaranlar, gerdişi-çarhyň elinden,
Bu meniň ýüregim para-paradyr.
Syzzyldaşar tenim Eýýup teni dek,
Kişi bilmez, bir agyzsyz ýaradyr.

Gije-gündiz işim-güýjümdir haý-waý,
Telmuryp ýyglar men gözlenip her taý,
Uçraşyp kölüge: «Gark oldum – diýr – Haý,
Ärler-pirler, sizden medet-haraýdyr».

Garyp eger garyp ýerde ýörijek,
Gözlerinden ganly ýaşlar ýörijek,
Aşyk eger magşugyny görijek,
Gül-güli açylar, köňli paraýdyr.

Tohum sal, orar sen, geldiň bu jaýa,
Ömrüňi geçirme bihuda-zaýa,
Nazar eýlär sizler uşbu dünýäýe,
Gelen geçer, durmaz, köne saraýdyr.

Magtymguly kylmyş jigerin biryan,
Ýürege gan dolmuş, bu çeşmi-giryan,
Şeýle ejiz galmyş, ýalbaryp her ýan,
Rehm eden bolmady, bagtym garadyr.

## *PYGAN EGLENMEZ*

Bilbil hüjüm eýlän howaly baglar,
Bilbil senden gider, pygan eglenmez.
Ýagyşly, ýagmyrly, ümürli daglar,
Siller senden gider, duman eglenmez.

Adam ýaradylmyş belentli, pesli,
Akylly-pikirli, dälili, usly,
Ýigitlik bir göýä baharyň pasly,
Bahar senden gider, zaman eglenmez.

Gelene garşy çyk, bolsa mejalyň,
Ýagşy tutawergil niýetiň-päliň,
Dünýä döwranynda açyk tut eliň,
Döwür senden gider, döwran eglenmez.

Bu dünýä gowgadyr, bir galmagaldyr,
Kimi ber-hä-berdir, kim al-ha-aldyr,
Ýigitler, bu dünýä şuňa mysaldyr,
Bark urar asmanda, baran eglenmez.

Bir menzildir, üç gün iýip-içensoň,
Ornaşyp, giňrenip, biliň açansoň,
Üzeňňiň çekerler dört gün geçensoň,
Bäş günden ýokary myhman eglenmez.

Goýnun açar bir gün, ýer seni gizlär,
Gara gumdan dolar bu näzik gözler,
Adyňa buýsanma, çemenli düzler,
Çemen senden gider, seýran eglenmez.

Magtymguly, aýdar aryp dostuna,
Kim galar düşmeýen ajal destine,
Pelek bir gün salar ýeriň astyna,
Agyz dilden galar, zyban eglenmez.

## *PÄLI BENDÄNIŇ*

Eý, ýaranlar, haram işe ulaşmaz,
Eger dürüst bolsa päli bendäniň.
Harama ulaşmaz, pise bulaşmaz,
Haka dogry bolsa ýoly bendäniň.

Täze ömrüň solar ajal badyndan,
Ahyr nogsan geler dünýä sudundan,
Boýny azat bola tamug odundan,
Haky ýat eýlese dili bendäniň.

Gabryňa salmazlar dünýä malyndan,
Ýüzi garar, jogap gelmez dilinden,
Kyýamat gün şikat eder elinden,
Zekatsyz ýygylan maly bendäniň.

Nebs hyýalda, köňül dünýä küýünde,
Ýol yrakdyr, agyr ýük hem boýunda,
Aýagy talapda, eli oýunda,
Ajal agzyndadyr bili bendäniň.

Magtymguly, her kim işin sap etmez,
Mälimdir ki ahyretden howp etmez,
Eziz teni ötgür oda tap etmez,
Ýa, Rep, niçik bolgaý haly bendäniň.

### *ÝETIŞSE*

Eý, Hudaý-a, bize bir towpyk berseň,
Synamyza yşkdan bir dag ýetişse.
Sydk ilen dillerme toba iberseň,
Säher didelerim oýag ýetişse.

Säher turup yşkyň kitabyn açsam,
Okap-okap, dürri-manylar saçsam,
Kyrklar-le[21] jem bolup, pyýala içsem,
Künji meýhanada aýag ýetişse.

Bir mürşit etegin tutsam, aglasam,
Yşk oduna jany-jismim daglasam,
Sydky-dilden Haka köňül baglasam,
Kyýamat zaýyrdan bir sag ýetişse.

Ýagşylar yzynda ýörsem dowamat,
Parz-u wajyp, terk etmesem hem sünnet,
Erenler ýolunda tartyp muşakgat,
«Şypa ber, Resul!» diýp, sedag ýetişse.

Ylmy-kal, ylmy-hal baryn jem etsem,
Şerigat ýolunda daýym göz etsem,
Nebsi-şeýtan – dünýä hyrsyn terk etsem,
Şeraban tehuran bulag ýetişse.

---

[21] Bu ýerde erenler, pirler, keramatly kişiler, kyrk çiltenler göz öňünde tutulýar. Aslynda «çilten» diýmek «kyrk kişi» diýmegi aňladýar.

Niçe ýyllar ýördüm haý-u höwesde,
Barça kylan işim boldy ebesde,
Gark olup dünýäge, galdym kapasda,
Toty kimin terki-duzag ýetişse.

Kadyr Eýäm bu gamlardan gutaryp,
Hatarlyk jaýlardan aman ötürip,
Pazly bilen barça işim bitirip,
Hüýr-u gulman içre pyrag ýetişse.

Ysrapyl sur urup, halklar dirilse,
Ähli älem arasata sürülse,
Şepagathah Resul münädi kylsa,
Magtymguly diýip sorag ýetişse.

## *NÄME SEN?*

Asla Seni görmemişem, dildarym.
Gumrumy Sen, bilbilmi Sen, näme Sen?
Gamgyn köňlüm hyýalyňda aldaram,
Bag içinde gülgülmi Sen, näme Sen?

Garaçymyň, ýa seýitmiň, hojamyň,
Ýa sakymyň, ýa şerapmyň, ýa jammyň,
Ýa ýylmy Sen, ýa gündizmiň, gijemiň,
Ýa Aýmy Sen, ýa Günmi Sen, näme Sen?

Ýa müşkmi Sen, ýa kokunar anbarmyň,
Aýda bilmen, ýa çarhmy Sen, çenbermiň,
Ýa derýamyň, ýa möwçmi Sen, lenbermiň,
Ýa girdapmyň, ýa burgunmyň, näme Sen?

Altynmy Sen, kümüşmi Sen, zermi Sen,
Ýa Arşmy Sen, ýa Kürsmi Sen, Ýermi Sen,
Ýa ýakutmyň, ýa merjenmiň, dürmi Sen,
Ýa çyragmyň, ýa röwşenmiň, näme Sen?

Magtymguly, geç namysdan, aryňdan,
El götergil bu wepasyz käriňden,
Jahan doly, sen gapyl sen ýaryňdan,
Meý-mestmi sen, ýa şeýdamyň, näme sen?

## ÇYKARDYM ÇENDEN

Jelil-eý, Jepbar-eý, Özüň biler Sen,
Jahan içre jürmüm çykardym çenden.
Bende men, ne kylsaň, Özüň kylar Sen,
Günähim güýç alyp, basdy gün-günden.

Dergähiňden derman dileneý niçe,
Uzyn ömrüm sagýyn sarp etdim hije,
Ýük agyr, ýol yrak, garaňky gije,
Jan hem jöwlan urar çykmaga tenden.

Rah röwdüm, mande bolup oturdym,
Keremiňe sygnyp, pena getirdim,
Ýoldaşym ýok etdim, ýolum ýitirdim,
Nebs ynsapdan etdi, şum şeýtan – dinden.

Hasylym usýandyr gendeligimden,
Ölüm asan erer zindeligimden,
Hyjalata galdym bendeligimden,
Saňa laýyk amal gelmedi menden.

Hasrat bile geçdim, haýranda galdym,
Dergähiň daldadyr, sygynyp geldim,
Nebs ile şeýtanyň paýmaly boldum,
Eýäm, Sen lutp edip, gutargyl ondan.

Yhlasym ary kyl, ýalanym ýok et,
Tilimi deraz kyl, ýüzümi ak et,
Hatardan hyfz eýle, haramdan päk et,
Towpygyň ýar eýläp, toba ber çyndan.

Magtymguly, aşnalyk ber yşk ile,
Synama — syr bile, çeşme — eşk ile,
Agmalym aňlasam, galdym müşgile,
Ýerim ýok aýrylyp barara Senden.

## *MAL ÝAGŞY*

Adam gadryn bilmän ýören adamdan,
Ondan ýene otlap ýören mal ýagşy.
Söz manysyn bilmän sözlän adamdan,
Ondan ýene sözlemeýen lal ýagşy.

Hudaýym saklasyn şerden, gahardan,
Minnetli aş ajy bolar zäherden,
Eý, ýaranlar, bir bazarsyz şäherden,
Ondan ki bir güwläp ýatan çöl ýagşy.

Her kimiň özüne Müsürdir jaýy,
Ýadyndan çykmaýyr baýramy-toýy,
Jan saglygyň bolmaz hiç deňi-taýy,
Agşam ýatyp, ertir şükrün kyl ýagşy.

Bihuda köp ýara gülüp sözleme,
Yşk oduna ýürek-bagryň duzlama,
Märekä barganda bijaý sözleme,
Söz sözleseň söz jaýyna sal ýagşy.

Bu dünýä diýgeniň köne saraýdyr,
Owwaly toý-baýram, ahyry waýdyr,
Bu dünýäde hemme bäş gün myhmandyr,
Bir-biregiň gadryn ýene bil ýagşy.

Bir biwepa ýara gülüp bakandan,
Şirin jany yşk oduna ýakandan,
Ýat illerde mysapyrlyk çekenden,
Ursa, sökse, horlasa-da il ýagşy.

Magtymguly, sözlegil sen her bapdan,
Bu dünýä tutdurmaz, çüýrükdir düýpden.
Aňyrsy gelmeýen gury, bat gepden –
Ondan ki bir şuwlap öten ýel ýagşy.

## *PAŞ EDER SENI*

Içki syryň aýtma her bir namarda,
Syryň ile ýaýyp, paş eder seni.
Ogry-kezzap bilen obadaş bolma,
Malyňdan aýyryp, aç eder seni.

Sam-sam adam bilen oturma, turma,
Zynhar, namart bilen sen söhbet gurma,
Gadyrdan dostuňdan ýüzüň öwürme,
Barsaň, depesine täç eder seni.

Bir goç ýigit näzenine ýar bolsa,
Jemalyny bir görmäge zar bolsa,
Aralykda bir şum rakyp bar bolsa,
Ýagşy dostuň bilen öç eder seni.

Sopular ýaňylyp aýtmaz senany,
Säher tursaň, geçgeý barça günäni,
Aýtmawer gybat söz, etme zynany,
Dowzahyň oduna duş eder seni.

Magtymguly, ile ýaýdyň nesihat,
Zynhar, ýaman bilen bolmagyn ülpet,
Huda berse sagadatly bir perzent,
Garrygan çagyňda ýaş eder seni.

## ÝEKÄNIŇ[22]

Agalar, dünýäniň peýany bolmaz,
Iş başa düşende, dogany gelmez.
Märekede oýnap, hiç göwni galmaz,
Arman bilen geçer saly ýekäniň.

Bir ýeke ýigidiň bilinmez işi,
Elinde mal bolmaz, göwnünde hoşy,
Ýassyk çekip ýatsa – agyrsa başy,
Gözünde ganly ýaş doly ýekäniň.

Ýeke-ýetim gaýgy-gamdan gutulmaz,
Meýlisler gurulsa, ady tutulmaz,
Onuň üçin hiç alada edilmez,
Gaýgydyr-külpetdir haly ýekäniň.

Barly ölse, uly ile ýaýrandyr,
Garyp ölse, onuň yzy weýrandyr,
Bu işlere akyl-huşuň haýrandyr,
Gömülipdir şeýle ýoly ýekäniň.

Magtymguly, ýalan-ýaşryk sözleme,
Nogsanyň içinden haýyr gözleme,
Egisgin derdiňi diýgin, gizleme,
Il-ulusdyr dosty-ýary ýekäniň.

[22] Goşgynyň başky bentleri golýazmalarda gabat gelmedi.

## ÝAÝLAHLARY BAR

Sapar edip barsak Nowşah mülküne,
Köňül isläni dek ýaýlahlary bar.
Seýran etsek gunçasyna, gülüne,
Bakjasynda bilbil oýnahlary bar.

Ýeri sazdyr, hassa bolan sagalar,
Arryk, müflis, garyp bolan oňalar,
Serçemen agajy bile deňeler,
Ajap guş salmaly awlahlary bar.

Meýdany doludyr şeker gamyşdan,
Dileg etmez hergiz gardaş gardaşdan,
Üsti ýapyglydyr kümüş kerpiçden,
Her kimiň özi çün suwlahlary bar.

Baş goşmandyr arryk, agsak şa bile,
Atdyryp dogan-le, baz-le gapyla,
Şirwan galasydyr, ony kim bile,
Her burçunda altyn baýdahlary bar.

Magtymguly, sazdyr, söhbetdir işiň
Ajaldan, gaýrydan bolmaz teşwüşiň,
Baýlaryň, pakyryň, ähli derwüşiň
Ýurdy bolar ýaly parsahlary bar.

## *ÝAT BOLAR*

Muhammet ymmaty malsyz bolmasyn,
Malsyz bolsa, dogan-gardaş ýat bolar.
Gaçar agaň, iniň bolmaz hatyraň,
Guwanar duşmanyň, dostuň mat bolar.

Garyp aýak ýalaň, kendir guşakdyr,
Bir märekä barsa, orny aşakdyr,
Garyplar at münüp, depse – eşekdir,
Döwletliler eşek münse, at bolar.

Bir dileg dileseň, möhümiň bitmez,
Dostuň yhlas bilen mürewwet etmez,
Märekede aýdan sözüň jaý tutmaz,
Diňlemezler, aýdan, sözüň bat bolar.

Göreş bir abraýdyr, uruş bir destdir,
Kişini kemsiden – özi näkesdir,
Bir mömine gybat etmek hebesdir,
Gybatkeşiň gazanany ot bolar.

Magtymguly, şükr eýlegil Hudaga,
Ölüm barabardyr şah-u gedaga,
Bisabyr gul tiz ýolugar belaga,
Sabyrly gul dura-bara şat bolar.

## ÝARAŞMAZ

Hoş tämizli beg oglunyň näştesin,
Sygyr ýatagynda kylmak ýaraşmaz.
Goşun serenjamyn, il serişdesin,
Padyman ogluna bilmek ýaraşmaz.

Eger habar alsaň gepiň teýinden,
Diňleseň diýeýin janym öýünden,
Aryplar ýanynda dünýä peýinden,
Awaralyk eýläp bilmek ýaraşmaz.

Ýagşydan ýaman iş çyksa bolar geň,
Akly, görki Alla gaýyrmamyş deň,
Towşan derýa dözmez, şor suwa – harçeň,
Humsuň ülkesine dülmek ýaraşmaz.

Her sözüm bir dürdür gadryn bilene,
Doga etmek delalatdyr ölene,
Uçarda, gaçarda – garga, gulana,
Ýedi ýüz ýaşaman ölmek ýaraşmaz.

Her kimiň ne mukdar bolsa yhlasy,
Ol mukdar açykdyr Hakyň dergahy,
Bir ýerde jem bolsa jahan derýasy
Güm-gümüň rigine dolmak ýaraşmaz.

Her kime el bermez dürri-galtany,
Aş barka dost gazan, at bar – ýol tany,
Rumuň tagtyna – Hebeş soltany,
Käbe metjidine galmyk ýaraşmaz.

Magtymguly, köýdi bagrym ot bolup,
Dünýä gelen gidejekdir mat bolup,
Özün bilmeý, oýun edip, şat bolup,
Ýashana ýerinde gülmek ýaraşmaz.

## ÝÜZ URSAŇ

Doga kylsam, dergähe duş gelermi,
Säher turup, Biribara ýüz ursaň.
Ýa, Rep, berhak dosty hoşwagt bolarmy,
Bir köňül çün ýüz hünäre ýüz ursaň.

Säher turup, nalyş kylsaň Hudaýa,
Güne gol göterip, ýalbarsaň Aýa,
Döwlet üçin baksaň döwlet humaýa,
Genç üçin syhr okap, mara ýüz ursaň.

Gark olsaň derýaga, duş gelseň derde,
Tama üçin açma ýüzüňden perde,
Katlan, dileg etme gedi namarda,
Işiň düşüp, dosta-ýara ýüz ursaň.

Namarda ýüz ursaň, işiň gaýyrmaz,
Itden sümek islän bir zat aýyrmaz,
Tilki özün günde bir hem doýurmaz,
Ýegdir, aç hem bolsa, şire ýüz ursaň.

Magtymguly, gerçe bagtyň şor bolar,
Möwlam nazar salsa, döwlet ýar olar,
Gam senden sowular, derdiň du:r olar,
Kemal han owgan dek äre ýüz ursaň.

## *ÝAKANÇA BOLMAZ*

Her sepile saçma derdiň, sözüňi,
Hasrat ody jismiň ýakança bolmaz.
Gussa bile däne-däne gözüňden,
Eşki-nedamatyň akança bolmaz.

Kanyg bolup, yzzatda tut özüňi,
Tama kylyp, sargartmagyn ýüzüňi,
Her namarda haýp eýleme sözüňi,
Sözüňniň binasyn ýykança bolmaz.

Magrur olup gezme ömrüň gülüne,
Sowrular sen bir gün hazan ýeline,
Ýüz ýaşaýyp düşseň ajal eline,
Sagyňdan soluňa bakança bolmaz.

Süleýmandan artyk bolsa şöwketiň,
Lerzana getirse gögi haýbatyň,
Göwsüň üzre gürzi üzer riýetiň,
Ajalyň jellady kakança bolmaz.

Köňli gara bilen bolmaňlar ülpet,
Ýokar ondan dürli-dürli kesapat,
Herçent ki kömüre eýleseň yzzat,
Alnyňa garasy ýokança bolmaz.

Magtymguly hergiz tapmady aman,
Dil ýamany tygdan, teberden ýaman,
Ýaman dil ýanynda zähri çoh ýylan,
Çaksa-da bir çybyn çakança bolmaz.

## ÝELDIM TUT

Dünýä görmeý, tutgun galsaň bir künçde,
Bady-paý dek ýer ýüzüne ýeldim tut.
Çyn-Maçynda, Rumda, Hindde, Hebeşde
Bolan-bolmuş hünärleri bildim tut.

Aç hem bolsaň, barma ile dilege,
Diý: «Köşkde men, başym barmyş pelege»,
Çölde galsaň hiç tapmaýan kölege,
Erem bagy içre saýa buldum tut.

Aş göreňde, özüň atma tullanyp,
Gerçe aç hem bolsaň, halka bellenip,
Zer dökübän, çyn gullary goldanyp,
Tiz hem ölseň, Nuh ýaşyna geldim tut.

Mätäçligiň Hakdan özge bilmese,
Ol rozygär besdir, açdan ölmese,
Hindi kimin egin-örtiň bolmasa,
Patyşalyk puşeş çigne saldym tut.

Suwa, ýele hökmi geçen Süleýman,
Bak, olardan ne nam galdy, ne nyşan,
Teşne galyp, jaýyň bolsa çölüstan,
Derýa içre men Isgender boldum tut.

Ýoldaş bolsaň dile düşmez mur bile,
Ferş tapmaýyn, bile ýatsaň mar bile,
Ýigrim alty keret, ýüz müň är bile,
Karun hazynasyn gola aldym tut.

Magtymguly, çekseň jepa, jebir, bil –
Hudaga hoş geler, şükür-sabyr bil,
Gylça jana gyzyl teni gabyr bil,
Gyzyl diliň sözlär eken, öldüm tut.

## *ÝAR EÝLÄR*

Aklyň bolsa, ýagşylarga hemdem bol,
Akmak özün nadan bile ýar eýlär.
Hak aşyklar näzli ýaryň jemalyn,
Bir görsem diýp, gije-gündiz zar eýlär.

Näge syrym bolsa, aýdar men merde,
Kerwen ýata bilmez gorkuly ýerde,
Uly namyslarda ýaramaz derde,
Namart öýde sähel işi ar eýlär.

Namart külpetinden galyp men derde,
Köňlüm jaý tapmaýyr bir pynhan ýerde,
Maly köp diýp, myhman bolma namarda,
Jomart herçent gallaç bolsa, bar eýlär.

Namart öz öýünde merde söz aýdar,
Hak oňa kär etmez, tanapyn dartar,
Goç ýigit mal tapsa, hümmeti artar,
Namart baýadykça, köňlün dar eýlär.

Magtymguly, imdi özüňi gözle,
Haýyr işiň artdyr, ýamany düzle,
Aklyň bolsa, märekede az sözle,
Köp söz seni il içinde har eýlär.

## *ÝETMEÝIN GALMAZ*

Yhlas bile bir kämile gol beren,
Ýeter bir menzile, ýetmeýin galmaz.
Derýa içre ýüzen, çöllerde ýören,
Dem hasabyn tükel etmeýin galmaz.

Çünki geldiň bu ýalançy jahana,
Aýagyň garamaý, bakdyň asmana,
Pelek bazarynda iýdigiň nana,
Adam ogly ömrün satmaýyn galmaz.

Hemrazym ýok, baryp syrym açara,
Derdim togtaşara, odum öçire,
Dünýä bir menzildir gelip-geçere,
Bu menzile gelen, gitmeýin galmaz.

Pelek tomaşakär asmana çykyp,
Adamzat mal üçin ýüregin ýakyp,
Dünýä aždarhasy dem bile çekip,
Jümle-jandar tohmun ýuwtmaýyn galmaz.

Magtymguly, bu dünýäniň döwletin,
Gelen görer-çeker ölüm mähnetin,
Mydam ýörüderler ajal şerbetin,
Bu şerbetden hiç kim datmaýyn galmaz

## *ÝEL BILE*

Göz, köňül, dil, akyl – galdy bu dördi,
Jan watan arzuwlap, turdy ýel bile.
Terhosym bar, gel, terk etme bu ýurdy,
Eşret sürgün, söhbet gurgun gül bile.

Bir ajap menzildir, umydyň üzme,
Göwnüňi sowutma, watan diýp gyzma,
Dükanyň dagytma, bazaryň bozma,
Ten mülkünde birniçe gün gal bile.

Myhman bolduň bu dünýäniň öýüne,
Köňül berip gitme onuň küýüne,
Başyň baglap, meşgul eder oýuna,
Gitseň bermez, aldap gezer dil bile.

Munda gul bol, bar ol jahan seniňdir,
Elwan nygmat, täze birýan seniňdir,
Behişt, Byrag, hüýri-ryzwan seniňdir,
Asy adam, dogry gelseň ýol bile.

Pelek goýmaz, bu gezdigiň saraýda,
Gurt bile koý mydar etmez bir oýda,
Dünýä doly gazna ýygsaň ne peýda,
Çyn mal oldur – jaýna berseň el bile.

Gögi büküp, ýazsa ýeriň ýüzüni,
Gurt gaňrylyp, gapa bilmez guzyny,
Mübärizler tuta bilmez özüni,
Pil hem durar baglasalar gyl bile.

Magtymguly Hak gullugyn bitirse,
Är ol bolar – emrin berjaý getirse,
Möwlam Özi diwan üçin otursa,
Peşe turup, dawa urar pil bile.

## *YHSAN HAÝSY, BILINMEZ*

Derdim köpdür diýarymdan, döwrümden,
Haýyr haýsy, yhsan haýsy, bilinmez.
Zalymlaryň jepasyndan, jebrinden
Yslam haýsy, iman haýsy, bilinmez.

Söhbetinde Hak Kelamyn söýlän ýok,
Mejlisinde bir nesihat eýlän ýok,
Halal haýsy, haram haýsy, saýlan ýok,
Sud haýsydyr, zyýan haýsy, bilinmez

Halaýykda görelde ýok, görüm ýok,
Baýlarynda sahawat ýok, berim ýok,
Aýallarda uýat, gyzda şerim ýok,
Edep haýsy, erkan haýsy bilinmez.

Kişiniň malyna gözün aldyrlar,
Täsip edip, köňle kine doldyrlar,
Bir-birini nähak ýere öldirler,
Nurbat haýsy, aman haýsy, bilinmez.

Magtymguly, jan myhmandyr, göwre – läş,
Ýagşa dost köp, ýaman bolsaň, ýok gardaş,
Bu eýýamda baş aýakdyr, aýak – baş,
Ýagşy haýsy, ýaman haýsy bilinmez.

## *YKBAL BOLMADY*

Köp ýigitler gelip, geçdi jahandan,
Niýetine görä ykbal bolmady.
Gerdişi keç gahba pelek elinden,
Ertiri şat bolan öýlän gülmedi.

Günde kepen biçer bu ajal – haýýat,
Bir beladyr, hiç gutarmaz bu saýýat,
Pelle-pelle aşak düşer adamzat,
Bu gün gördügimiz ertä galmady.

Nesihatym diňle, eşit bu sözi,
Bir degişhanadyr dünýäniň ýüzi,
Ajal ýetip, adam ýumulsa gözi,
Göýä bu jahana geldi, gelmedi.

Humaýun gorganyn saldyran Harun,
Hany dünýäni dört bölen Feridun,
Kyrk şähri gyzyldan dolduran Karun,
Gözi gumdan doldy puldan dolmady.

Magtymguly haýran, her ýana bakar,
Bu ne gudrat işdir, suwdan ot çykar?!
Ýagşy oguldan rehmet arygy akar,
Näletkerde ogul dogdy dogmady.

## *JANAN BOLARMY?*

Däli köňlüm, bir nesihat diýeýin,
Jan diýmegil, beýle janan bolarmy?
Bir sözüň ornunda söýleý bilmeýen, –
Adam diýen beýle ynsan bolarmy?

Mutyg bolup, Huda emrin tutmaýan,
Göwher alyp, bazarynda satmaýan,
Atadan, babadan beglik etmeýen,
Il gadyryn bilen soltan bolarmy?

Adam bardyr adamlary bozduran,
Şeýtan bolup, dogry ýoldan azdyran,
Hatyn sözün öý arada gezdiren –
Olaryň goýnunda iman bolarmy?

Magtymguly diýer, bu sözüm çohdur,
Men ibham eder men, hiç aýby ýokdur,
Kitap gören gullar magnydan dokdur,
Olaryň kalbynda şeýtan bolarmy?

### *ÝAT ÝAGŞY*

Hoş günüňde, hoştaplaşyp gezmäge,
Baryşmaga, gelişmäge ýat ýagşy.
Gamly günüň, galmagalyň üstünde
Gardaş ýagşy, dogan ýagşy, zat ýagşy.

Halal işle – ahyretden wehmiň bar,
Pakyry ynjytma – köňül rehmiň bar,
Aşyk aýdar, azda-köpde pähmiň bar,
Akyl bolsaň, söze gulak tut ýagşy.

Ýürek daýanjydyr ogul zürýaty,
Şirin mahbup erer süňňüň kuwwaty,
Ýigidiň dünýäde üçdür myrady,
Mahbup gerek, ýarag gerek, at ýagşy.

Mollalar ahyret sözün söýlärler,
Müňkür olma, gerçek işdir, eýlärler,
Kim biler ki, ahyretde neýlärler,
Iýip-içip, münüp-guçup öt ýagşy.

Taňry giň eýlese bende köňlüni,
Ryzk agzyna girer – tutsaň elini,
Döwlet güzer etse, tapar ýoluny, –
Geler bolsa, gider bolsa, ýat ýagşy.

Nep almaýan kişi sözden, öwütden,
Enaýlygy bolmaz gury söwütden,
Deň-duş bilmez, many aňmaz ýigitden,
Agylyňda yssy beren it ýagşy.

Magtymguly, dostdan syryň gizleme,
Biwepadyr nämähremi gözleme,
Ümsüm otur, halk içinde sözleme,
Sözlär bolsaň, söz aslyna ýet ýagşy.

## *GYŞ GOÝAR*

Ýigit men diýip, ýaz paslyňa guwanma,
Ýazyň alar, ýaz ornuna gyş goýar.
Ölüm bardyr, diriligňe daýanma,
Janyň alar, jesediňi boş goýar.

Süleýmanyň hökmi bar bolsa sende,
Yns-u jyns salama gelse her günde,
Ömrüň ahyrynda, ýeriň düýbünde,
Adamzat ejizdir, ýalňyz baş goýar.

Gulluk hasyl bolmaz reňňiň solmasa,
Özi ölmezinden owwal ölmese,
Haka gulluk etseň, hiç kim bilmese,
Bihabardyr, ýol üstünde goş goýar.

Bu dünýäniň lezzetinden el göter,
Sen ondan ötmeseň ol senden öter,
Bahyl iýmez, içmez, nanyn bek tutar,
Jomart ogly aş üstüne aş goýar.

Magtymguly, haram işe baş goýsaň
Müň gün aç bolar sen bir güni doýsaň
Nebsiňi yzzatlap, şeýtana uýsaň
Iman bilen abyraýdan daş goýar.

## *BILI BOLMASA*

Her kim suluw men diýr, olmaz ygtybar,
Sünbül saçy, gylça bili bolmasa.
Ýürekleri at başy dek batyrlar,
Hatynça ýok, at-ýaragy bolmasa.

Näleri görjekdir bu şum köňüller,
Hazan ursa, solar açylan güller,
Bag içre saýraşan şeýda bilbiller,
Torgaýça ýok, gonar güli bolmasa.

Sözlese, her ýana joşardy diller,
Arkadan ýel össe, joşardy siller,
Gökde garkyldaşan ýaşylbaş guşlar,
Haly harap düşer köli bolmasa.

Ahyr bir gün bolar ahyrzamany,
Ysrapyl sur çalsa, bolarlar pany,
Gyrgy gören guşlar almaz awuny,
Guş ganaty, tüý, guýrugy bolmasa.

Guşlar uça bilmez guýruk-ganatsyz,
Aşyk ýara ýetmez dady-perýatsyz,
Bir bedew hanazat bolar syýaksyz,
Guýrugy, käkili, ýaly bolmasa.

Ahyrzaman bolsa, şyhdan päl gaçar,
Kelamyň ýüzünden hat galmaý öçer,

Ýabandaky suwsuz aryga ogşar,
Her kimiň sahawat-haýry bolmasa.

Başyň goşma gadyr bilmez betzada,
Goşsaň goşgul başyň bir asylzada,
Bir ýagmazak bulda meňzär howada,
Her kişiniň hümmet, haýry bolmasa.

Magtymguly, bildiň, mundag zamandyr,
Hälä sudy bolsa, soňra zyýandyr,
Är ýigidiň içi doly armandyr,
Gara göz, inçe bil ýary bolmasa.

## *BILE MYHMANDYR*

Adam ogly, ömre bolmagyl maýyl,
Ýigitligiň dyza, bile myhmandyr.
Ýene Hak ýolunda bolmagyl kähil,
Basan gadamlaryň ýola myhmandyr.

Mekanyňdyr häki-zemin guçar sen,
Bir kerwen sen – diýaryňa göçer sen,
Möwsüm güli solar, guryr öçer sen,
Owazyň sem bolar, tile myhmandyr.

Kimseler Hak diýer, kimse saz bile,
Kimse humar bile, kimse baz bile,
Garkyldaşyp gezen hoş owaz bile,
Ýaşylbaş sonalar köle myhmandyr.

Görüň, dostlar, bu sözümde ýalan ýok,
Bir garybam, nesihatym alan ýok,
Magtymguly, meniň derdim bilen ýok,
Derdimiň dermany dile myhmandyr.

## BEGLER

Mert bilen namardyň oýny deň gelmez,
Namartlar söweşde zyýandyr, begler.
Namart goç ýigidiň gadryny bilmez,
Namardyň her işi weýrandyr, begler.

Kämil goç ýigitler hakyňy iýmez,
Dünýä malyn berseň, namartlar doýmaz,
Namart maslahata, geňeşe uýmaz,
Namardyň her işi aýandyr, begler.

Bir atada alty atanyň soýy bar,
Bir nadanyň ýüz hyýallyk oýy bar.
Goç ýigitler kanda barsa öýi bar,
Namardyň öz öýi zyndandyr, begler.

Döwlet başa gelse, dost-ýaryn görmez,
Kaza gelse, bagryn ýerden götermez,
Hakdan diýip, hergiz iman getirmez,
Magtymguly, şeýle zamandyr, begler.

## *SÖÝMEK BILÄNI*

Yşkyň ody hyruç alyp batlanar,
Hiç sönmeýir, ýarym, söýmek biläni.
Gaýta başdan dert atyna atlanar,
Hiç gitmez gapymdan kowmak biläni.

Bedasylda akyl bolmaz, dert bolmaz,
Müň tilki ýygylsa, ýeke gurt bolmaz,
Namart kişi tä ölgençe mert bolmaz,
Taryp eýläp, ony öwmek biläni.

Ýagşy ýigit gadryn öz ili bilmez,
Başyna iş düşse, ýanyna gelmez,
Ol mert ýigit zarlar, derdi egsilmez,
Dat eýläp, ýa, ilim, diýmek biläni.

Balykçylar aýdar: «Saldan doýum ýok»,
Namart myhman görse diýer: «Öýüm ýok»,
Bil, ynsan ogluna maldan doýum ýok,
Ýagşy geýip, ýene iýmek biläni.

Aýdyň dostlar, zemin haçan ganarmyş,
Ýaman niýet bilen pälden dönermiş,
Adam ogly ýeke onda dynarmyş,
Ol amanat janyn bermek biläni.

Dünýä, aklym ýetmez, beýle ýeser sen,
Golsuz tutar sen-de, ýüpsüz asar sen,
Pyragy, diliň ýyg, diliň keser sen,
Ak don geýip, ýere girmek biläni.

## *GARA DAŞDAN AÝRYLSA*

Gara daşly, seri duman bu daglar
Toprak bolar, gara daşdan aýrylsa.
Sil bolar, agdarlyp akar bulaglar
Çille dolup, garlar gyşdan aýrylsa.

Dünýäde bir gowga uzakdan bolar,
Göz gowasy gandan, bak ýaşdan dolar,
Gurhan görmeý gezen pirler aç galar,
Ili undyp, seri peşden aýrylsa.

Çoh diýer men: dünýä galdy ýamana,
Rehim etmez boldy, gör, musulmana,
Laçynlar pel-pelläp galar asmana,
Haram ölen porsy läşden aýrylsa.

Zynahor sylamaz ilin-ýurduny,
Gaýra teser, görse äriň merdini,
Adam ogly diýe bilmez derdini
Ýürek ýanyp, çeşmi ýaşdan aýrylsa.

Namart juwanparaz haly zebundyr,
Merdi görse ýyglar, gözleri hundur,
Dosty garyp düşse, mertler mejnundyr,
Namart dost istemez aşdan aýrylsa.

Ýurt derdine gider ilde merdanlar,
Namart gaçyp barar, bakyň, ýaranlar,

Mal diýip ýurt gezer bahyl-nadanlar,
Gussa batar gözel düýşden aýrylsa.

Namart-zenan gepde hiç durky bolmaz,
Wezirler nadandyr, bir erki bolmaz,
Güler ýüzli ýaryň hiç görki bolmaz
Syýa zülp, gara göz, gaşdan aýrylsa.

Bezirgenler mydam ýola bil baglar,
Nadan ötse yrak giden il çaglar
Magtymguly, Haky ýatlar, gan aglar
Şa, gedalar akyl-huşdan aýrylsa.

## *BAŞ ÝAGŞY*

Aýak, golsuz galyp, maýyp bolandan,
Gülle degip, alyp giden baş ýagşy.
Kärsizlikden gam öýünde bişenden,
Çenden agdyk sere düşen iş ýagşy.

Kelle goýup saldyk hanyň galasyn,
Eşitdik ahy-zar, misgin nalasyn,
Golda saklap bolmaz jeren balasyn,
Hemra kylmak üçin toty guş ýagşy.

Nakyl bardyr: «Ganar bolmaz ýarydan»,
Adamzat ýagşydyr gulman, periden,
Çoh işleri başdan salan garrydan,
Sözleşmäge, iş kylmaga ýaş ýagşy.

Ulag bardyr uzak ýollar geçmäge,
Şerap gözel meý-mest bolup içmäge,
Rahat seredip, göwün açmaga,
Daň säherde bir görülen düýş ýagşy.

Eşek göwni hoşdur çoh bolsa saman,
Gyş paslynda daglar bürener duman,
Gulaksyz, gözsüzlik, dilsizlik ýaman,
Aş iýmäge barçasyndan diş ýagşy.

Ylym-alym, baryp soraň arapdan[23],
Hywa hany suw ýuwudar Lebapdan,
Tagamsyz lukmadan, arak-şerapdan,
Göwün isteýip bir iýilen aş ýagşy.

Pyragy — dünýäde galan maýypdyr,
Üç ýüz altmyş eren — bary gaýypdyr,
Goç ýigide ýekelik-de aýypdyr,
Mert gardaşy üçden, dörtden, bäş ýagşy.

---

[23] Bu ýerde arap dilinde «ylym» hem «alym» diýen sözleriň ikisiniň hem bir kökden gelip çykýandygy ýaňzydylýar.

## *DUŞMANYM PELEK*

Meni ata-ene, gardaş, oguldan,
Aýra saldyň, zalym, duşmanym pelek.
Ilimden-günümden, erkim, malymdan
Aýra saldyň meni, duşmanym pelek.

Misginlikden golum uzatsam, ýetmez,
Ýüregim armany aýrylmaz, gitmez.
Haka günde ýalbarsam-da, egsilmez,
Aýra saldyň meni, duşmanym pelek.

Borç eýledim, agyr gündür başymda,
Bilmen, ne belalar bardyr daşymda,
Ne akyl, ne pikir galdy huşumda,
Aýra saldyň meni, duşmanym pelek.

Ne ýamanlyk kyldym seniň käriňe,
Gel-de otur, pelek, deslap ýeriňe,
Salma indi Pyragyny seriňe,
Aýra saldyň meni, duşmanym pelek.

## *SALDY DIÝDILER*

Ähli-kuhy-Kapdan Dehistan üzre,
Bir mekan leşgerin saldy diýdiler,
Byragyn galgadyp, inip güzere,
Bir damja suw goýman sordy diýdiler.

Bejan harap bolmuş ahy-zar bilen,
Türküstan söweşip ençe mar bilen,
Isa gaçyp gitmiş ýeke har bilen,
Owazy älemge doldy diýdiler.

Dökülip galdylar zarlap beýtinler,
Çykypdyr janlarmyz, boş galyp tenler,
Şöhlesizdir Mahlar, tutulyp Günler,
Asmandan bir bela geldi diýdiler.

Başy boş galypdyr bolan juwanlar,
Tagtyn unudyp şa, ötüpdir hanlar,
Titreşip gara gan olup pälwanlar,
Gül ýüzi sargaryp soldy diýdiler.

Hywa gark bolupdyr gamyň siline,
Tagma basypdyrlar türkmen diline,
Eýran jebir edipdir gözel iline,
Barysy gaçyşyp geldi diýdiler.

Gudratyndan düşüp köp uly pirler,
Daglar ýykylypdyr jünbüşläp ýerler,

Akyllar uçupdyr boş galyp serler,
Bir gudrat göterip çaldy diýdiler.

Özün yrak taşlap sarwansyz mallar,
Söküp gidipdirler köp uzak ýollar,
Ummanda gark bolşup eýesiz sallar,
Gol serip, aglaýyp galdy diýdiler.

Budur seniň jebriň, eý zalym pelek,
Gör, ne gözel janlar eýlediň heläk,
Pyragy, pişeler barysy telek,
Alla nazaryny saldy diýdiler.

## ÝAŞLAR IÇINDE

Daglar goja galsa, derýalar — silsiz,
Ýa, Repbim diýerler, ýaşlar içinde.
Dahan ýalňyz düşse, bir barmak dilsiz,
Ne çäre eýlesin dişler içinde.

Garry güýçden galar, ýigitler huşdan,
Saýýat awdan galar, laçynlar guşdan,
Şada akyl bolmaz, akmaklar başdan,
Köp hyýal kylarlar düýşler içinde.

Dokuz kelam okan iliň sopusy,
Jaýy belli imes, kanda gapysy,
Iki göws arasy — juwan sapasy,
Garaguş mekany läşler içinde.

Tokaýlar bir zaman peleňsiz bolmaz,
Hindi jandan öter, pilinden galmaz,
Gazak geçi söýer, goç, gäwmiş almaz,
Mekany bolarmyş göçler içinde.

Magtymguly, sakla uzyn diliňi,
Ýerin tana, mäkäm bagla biliňi,
Bahar pasly öwüsdirme ýeliňi,
Ýel mekany bolar gyşlar içinde.

## *KERWEN ÇYKAR*

Bizem düşdük indi kerwensaraýa,
Goşun baglap ýola bu kerwen çykar.
Kimse geler zary eýläp haraýa,
Idegin ýitirip, bir sarwan çykar.

Gezseň bu dünýäde çoh höwes eýläp,
Dostlar bilen her dem bir meýlis eýläp,
Bir gün dem gutarar, beýtin ýas eýläp,
Salam berip, öňden bir zemin çykar.

Ýasyňy tutarlar üýşüp köp bende,
Hiç kesiň umydy bolmaýar sende,
Ak don geýip, molla geler her günde,
Tekrar eýläp, saňa ol Gurhan çykar.

Repbiňi soraýyr soragçy gelip,
Sen gidersiň bu panydan aýrylyp,
Gardaş-dogan, hemme galar zar bolup,
Aga-ini, naçarlardan hun çykar[24].

Pyragy, şükr edip, köp dessan ýazgyn,
Haka galan borjuň deprenmeý üzgün,
Byradarym, bäş gün mest bolup gezgin,
Bir gün dem gutarar, tenden jan çykar.

[24] Bu ýerde «gözlerinden gan-ýaş akar, gözlerinden ýaş ornuna gan döküler» diýen manyda.

## ÝYL BILE

Başyňa gelendir garrylyk gyşy,
Hiç aýrylmaz aýlar bile, ýyl bile.
Döküldi dahandan Hak beren dişi,
Ýokdur hoşum süýji sözli dil bile.

Ýagty jahan gözlerime zyndandyr,
Gije-gündiz ganly ýaşym rowandyr,
Ýüregim takatsyz, kalbym armandyr,
Höwesim ýok, dostlar, gyzyl gül bile.

Ötdi menden ol ýigitlik gaýraty,
Garrady, aýryldy guýrukdan aty,
Pelek başa saldy çykmaz apaty,
Dyzda kuwwat ýokdur, egri bil bile.

Dolandy daşyma baky gerdişi,
Ýatsam-tursam çykmaz dünýäniň işi,
Dat eýläp çekerem ençe käýişi,
Ömrüm geçip barar altmyş sal bile.

Essimden çykardym guşum, awlagym,
Burnun ýele tutup gaçdy owlagym,
Ner-maýa çyrpynan otly ýaýlagym
Göýäki düýş boldy, gitdi çöl bile.

Pyragy diýr, ýok dünýäde höwesim,
Ýeke dinde bolup galdy yhlasym,
Zar epläp aglasam, diňlenmez sesim,
Arzuwym galmady gözel il bile.

## *TUTA BAŞLADY*

Süleýman tagtyna eýe bolanlar,
Tagtyn lämekanda tuta başlady.
Il içinde pälwan bolup galanlar,
Öýden çykman, her dem ýata başlady.

Namart gezdi, mala özün ýar eýläp,
Myhman alabilmez, baryn bar eýläp,
Mert ýigidiň göwni daýym zar eýläp,
Ykbaly, gör, laýa bata başlady.

Ne ajaýyp günler, öten döwranlar,
Barysy ýat boldy, aýlandy ganlar,
Ata çykyp, jelep-loly zenanlar,
Ýigitler deňinden öte başlady.

Gudratyndan düşdi pirler-işanlar,
Çäresiz, azarly galdy bu janlar,
Molla boldy her öň ýeten nadanlar,
Igi-guly hoja çata başlady.

Daglar başyn egdi, dökdi gözýaşyn,
Siller akyp, guşap aldylar daşyn,
Unutdy köp iller söwer gardaşyn,
Mal istäp, zenanyn sata başlady.

Nebisden galmady azan aýdanlar,
Hajy bolup Medineden gaýdanlar,
Suwa girdi ömür käri laýdanlar,
Ilatdan mallaryn tarta başlady.

Magtymguly, gorkym köpdür ýanymdan,
Habar sorar iller ýaňy donumdan.
.......................................................[25]
Neýläýin, kararym gide başlady.

[25] Bu setir golýazmada ýok.

## *AMANA GELER*

Mert bolar men diýseň, merde hemra bol,
Namart merdi görse, amana geler.
Zar kylar men diýseň, aha gulak sal,
Baýguş uzak uçmaz, weýrana geler.

Rüstem Zal dälmidi dünýäni alan?
Merdana-mert bolup, döwüşler kylan.
Rafyk dälmi söwer hemrasy bolan?
Namyssyz ýigitler gümana geler.

Nakyl bardyr: «Ten agyrsa, jan syzar»,
Kim görüpdir, uçan guşdan päl ozar?
Jojuk dogan güni penasyn gazar,
Soňra guýruk bulap, meýdana geler.

At alaňda sürüp alsaň çamany,
Göwnüňde goýmaz ol zerre gümany,
Hemra kylma göwni gara, ýamany,
Syryňy paş eýläp, diwana geler.

Hana hemra bolma, päliň azmasa,
Şa gyzyny alma, Huda ýazmasa.
Her dem ýörgül, birew ýoluň bozmasa,
Egri ýoldan gitseň, ýamana geler.

Misgin bolsun mydam seniň syrdaşyň,
Oldur ýürekdeşiň hem-de gardaşyň,
Ýowuz güne düşse bu ejiz başyň,
Oda bile ýanar, dermana geler.

Kazylar betpäldir, uzyndyr dili,
Bir lakgy çaşyrar ol küren ili,
Aksakgal baýlaryň azanda päli,
Bir geňeş kylmaga Karuna geler.

Meý mest bolup, gelen günüm ötürsem,
Hana arzym aýdyp, golum ýetirsem,
Göwünde islegim gola getirsem,
Gamda galan göwnüm döwrana geler.

Daglar gojalandyr, dumany gitmez,
Şuny anyk biliň, namartlar ötmez,
Mert ýigidiň goly döwlete ýetmez,
Gaýta başdan hyýal armana geler.

Magtymguly, bu ne hyýal, ne päldir?
Bu ne nesihatdyr, ne uzyn dildir?
Göwün bir açylan gyrmyzy güldür,
Bu gün şatdyr, erte pygana geler.

## *TUTUP BARADYR*

Pelek bu jahana torun ýazypdyr,
Yns-jyns diýmän, tutup baradyr.
Ençe üflas tutup, leşger düzüpdir,
Dagy-düzde baryn sürüp baradyr.

Gaçyp gutulmar sen, kowup ýeterler,
Azm urup, çalyp, ýaka tutarlar,
Bir daban zemine läşiň atarlar,
Gara ýere teniň garyp baradyr.

Ne jüre zamandyr, nedir hyýaly,
Jan şährine salar mydam ol ýoly,
Adam ogly çöker laýa ykbaly,
Üstünden tokmaklap urup baradyr.

Magtymguly, gözi bagly elenip,
Har galypdyr lahat içre towlanyp,
Ýalan dünýä dört burçuny aýlanyp,
Barçany bu pelek sorup baradyr.

## *DUMAN GÖTERLER*

Serin duman tutan bu belent daglar,
Gojalyp, serinden duman göterler.
Bilbiller saýraýan howaly baglar,
Hazan urup, serwi-reýhan göterler.

Uly jemagatlar, uly geňeşler,
Göwündeş syrdaşlar, naçar, gardaşlar,
Gam tagtynda geňeş guran teşwüşler,
Tagty synyp, hökmi rowan göterler.

Bulanyp ýöreýen ne ajap siller,
Alnynda bent gurar, ösdürmez ýeller,
Kesmez akyl, söz sözleşmez bu diller,
Pelek urup, gözel suhan göterler.

Hany, ol Isgender, dünýäni alan,
Rüstem-u Zal ötdi – gylyjyn çalan,
Hezret Aly atasyna zor salan,
Mertler wepat boldy, pälwan göterler.

Karuny ýuwutdy bu gara zemin,
Ajal gowgasyndan dynmady Emin,
Ol uly Süleýman almady demin,
Derýalar gurady, umman göterler.

Ötenin sanadym, aklym çaşypdyr,
Hesibim gutardy, çakdan aşypdyr,
Magtymguly, aýym-günüm ýaşypdyr,
Sahypkyran, gözel iman göterler.

## *GÖZDEN AKAN ÝAŞYMA*

Zemin jünbüş eýläp, asman lerzandyr,
Eý-ä, dostlar, gözden akan ýaşyma.
Behişt güli, dowzah, ataş-suzandyr,
Eý-ä, dostlar, gözden akan ýaşyma.

Azazyl goşuny saldy kastyma,
Nardan düşek goýdy, neýleý, astyma,
Perişdeler perwaz urdy üstüme,
Eý-ä, dostlar, gözden akan ýaşyma.

Harteçjal ot saçyp, çözdi goluny,
Urdy dowzah ody, tutdy ýoluny,
Nuh çykaryp umman içre salyny,
Terpendirmeý durdy gözde ýaşyma.

Eminler ne derman, ne çäre tapar,
Rehim eýlän bolmaz, kim üstün ýapar,
Paý astyna salyp kylarlar sapar,
Bezirgenler sürüp gözde ýaşyma.

Magtymguly, bu pelekden zar eýläp,
Lukmany görmedi ol azar eýläp,
Duçar boldy ýüregimde nar eýläp,
Gider boldy durman gözde ýaşyma.

## *SÜRDI-DE BARDY*

Pelek golun serdi dünýä malyna,
Eýesiz eýledi, sürdi-de bardy.
Ýagşy-ýaman düşer bolsa ýoluna,
Soňun sanman, baryn urdy-da bardy.

Daga azy salyp, daşyn goparyp,
Derýany guradyp, suwun aparyp,
Ata çykyp, ynsy-jynsy ýapyryp,
Bir ujundan – baryn gyrdy-da bardy.

Üýtgetdi ençäniň ajaýyp keşbin,
Üflasa geýdirip, pirleriň peşin,
Bir süri güsbende gurduň söweşin,
Dahan açyp, baryn ýardy-da bardy.

Magtymguly, döküp ganly ýaşlary,
Zakgun eýläp, göwün islän aşlary,
Şehit kyldy ençe gözel başlary,
Pikr etmeýen, baryn serdi-de bardy.

## *ZAR IÇINDE TELMURYP*

Namys-arsyz pelek, gardaş eýledim,
Tora düşüp, zar içinde telmuryp.
Tany bilmän namart syrdaş eýledim,
Ýalňyzlykda har içinde telmuryp.

Pelegiň çarhynda golum syndyrdym,
Gan içinde galyp, gözüm gandyrdym,
Janym, ykbal imanymy ýandyrdym,
Bu jahanda nar içinde telmuryp.

Ýüregim tolgunyp, hetden aşypdyr,
Zyndanda galypdyr, güni ýaşypdyr,
Desterhanyň «merdi» äre ogşapdyr,
Çäresiz ol zor içinde telmuryp.

Gel göwün, ukudan götergil seriň,
Emma ki golaýdyr ajal eseriň,
Magtymguly, gözden uçupdyr nuruň,
Ol behişdiň nur içinde telmuryp.

## *MALLAR DARGADY*

Eý-ä, dostlar, pelek zulum eýleýip,
Bazarymdan zerrin mallar dargady.
Pelek gazap kylyp, başym aýlaýyp,
Göwün içre bar hyýallar dargady.

Gezer boldum, il içinde san bolup,
Gymmatdan düşüp men, derdi-hun bolup,
Bidöwlet, buzahor ile han bolup,
Jebir kyldy, gözel iller dargady.

Gaflat ukusynda bendidir gözler,
Uýalar il-günden gymmatsyz sözler,
Gyşda nowruz geldi, gyş boldy ýazlar,
Dehistandan gelen ýeller dargady.

Magtymguly, ýüregimde dert galdy,
Dert üstünden pelek nazaryn saldy,
Ykbal ýatdy, göwn gämisi gark boldy,
Onuň bilen barça sallar dargady.

## ÝOLLARA SARY

Söwdegär, bezirgen, jahankeşdeler,
Karardan aýrylar ýollara sary.
Dünýäni eýeläp ol öten Karun,
Gözün ýumup diýer: «Mallara sary».

Pelegiň üstünden hökmün ýöreden,
Gudrat bilen yns-jynsy döreden,
Demin urup, dagy-daşy ereden
Dahan açyp barmyş dillere sary.

Ýedi gün aglaýyp, gözünden galan,
Kyrk ineri tirkäp, rowana bolan,
Lagl gözläp, tylla, misden uýalan
Ussa Jebpar aýdar: «Illere sary.»

Günäsiz bendeler Hakyň ýanynda,
Azazyl galtaşar magşar gününde,
Bir närse goýan dek adam janynda,
Ezraýyl ugramyş illere sary.

Abady az bolan dünýä weýrany,
Dargatdy bazaryn, ýapdy dükany,
Älem intizardyr arap zybany,
Her kes istäp diýer dillere sary.

Weýrana dönüpdir ne gözel iller,
Solup zagpyran dek lam-elip biller,
Andalypsyz bagda ýetişen güller,
Goýnuny açarmyş ýellere sary.

Daglar kemerinden turan dumanym,
Egsildiň, göteriň meniň pyganym,
Magtymguly aýdar, dostum-ýaranym,
Däli göwün diýer çöllere sary.

## *MÄREKÄ BARMAZ*

Utanmaz adamdan namart ýagşydyr,
Howatyr eýleýir, märekä barmaz.
Dendan — pena, zyban — dahan nagşydyr,
Leb bilen güwş hiç zybana ýaramaz.

Akylly az gürlär, gorkar dilinden,
Namart aýyp gözlär dogan ilinden,
Bilbil jyda düşse nowça gülünden,
Gülün arzuw eýlär, asala gonmaz.

Görüň, bu pelegiň maýsa orşuny,
Ýygnaýar ol çarhyň sowar harjyny,
Mert ýigitler atar, salar gyljyny,
Müň namart bolsa-da, bir merde sanmaz.

Pelek söwdatalap, jana hyrydar,
Çarhyn terse aýlar, älem bikarar,
Magtymguly, ýüregimde bir ot bar,
Bir aşykda munuň kibi ot ýanmaz.

## *GÖRER GÖZÜŇ – ILIŇI*

Gel, göwün, men saňa öwüt bereýin,
Yrak kylma görer gözüň — iliňi.
Gymmatyn gaçyrma, ýerinde sözle,
Uzatmagyl her näkese diliňi.

Doga eýle, bir söz diýseň aşagyn,
Hormatlagyl gözel iliň uşagyn,
Ýazdyrmagyl, mäkäm eýle guşagyn,
Ýeri bardyr, ajap sakla biliňi.

Çagyrylmaz jaýda görünme, barma,
Başarsaň, sopynyň ýüzüni görme,
Pikir-zikriň dünýä malyna berme,
Karuna ogşatma, tutgun päliňi.

Sözüne ber jogap, her kes sorasa,
Özüň yrak eýle, namart ýörese,
Bir misgin telmuryp, ýyglap garasa,
Baha urma, mugt bergin malyňy.

Gorkma namartlaryň köp diýp sanyndan,
Gara görse, bary geçer janyndan,
Ugrun tapsaň, ötmäwergil ýanyndan,
Bahyllardan yrak eýle ýoluňy.

Akylly baş köpdür, akyl kesen azdyr,
Datma şerap, uzak içseň, ol azdyr,
Mert göwnünde daýym bahardyr-ýazdyr,
Mejnun umman içre salma salyňy.

Magtymguly, akyl başymdan uçdy,
Ykbalym ýatypdyr, döwletim göçdi,
Pir-kazylar para istäp, gol açdy,
Haram eýle, emma berme puluňy.

## *NEÝLESIN*[26]

Dowzah ataşna ýanyp, perwana jan neýlesin,
Düşdi çille gahryna misgin urýan neýlesin?
Deşt içinde galdyň ýalňyz, dagy-umman neýlesin,
Sen kibi biçäräni dowzah-suzan neýlesin?

Hümmetiňden aýrylyp, terhos bilen ýyglar sen,
Ötdi ömrüň, ne akmak, öten pasly çaglar sen,
Bihuda aşyk bolup, jan-jigeriň daglar sen,
Seniň kibi gojalary Perhat, Mejnun neýlesin.?

Wasp eýleýip ýar suratyn sahawatyň babynda,
Görüpmi sen misginleri daýym eski tabynda,
Gazlar heman aýlanyp, uçar Köwser abynda,
Pany jahan gyrgydyr, jan-natuwan neýlesin.?

Magtymguly, sen ütelgi saýýat golun zar kylyp,
Teşwüş bilen gözel ömrüň ötürip sen har kylyp,
Biwepaga göwün berip, bir mynasyp ýar kylyp,
Akla inip aglar sen, indi puşman neýlesin.?

[26] Golýazmada goşgynyň başy tapylmady.

## *PÄL GALMAZ*

Sözüme gulak tut, pany myhmany,
Göwsüň ýele tutma, sende päl galmaz.
Behişt hüýri, jan şähriniň gulmany,
Ne güler ýüz, ajap jugra hal galmaz.

Akylsyz diýerler uzak ýaşana,
Umydygär iller böwrün gaşana,
Nesip tartyp duçar bolar çaşana,
Barysy öýlener, ne gul, dul galmaz.

Göwünde islegiň goluňa gelmez,
He Hak aňar, ne-de erenler bilmez,
Tartar baryn zemin ýuwdar, uýalmaz,
Ne dagda gar, jülgesinde gül galmaz.

Pelek golun goşar dünýä baryna,
Bagyrtlar, duş geler adam zoruna,
Gör, Isgender, Jemşit düşdi toruna,
Süleýman wepatdyr, Rüstem Zal galmaz.

Aklym pana ýetmez, halym zebundyr,
Nalyş – lukmam, al şerabym hut hundyr,
Umman Jeýhun yşka ýanan Mejnundyr,
Ne Nežd dagy, ne Leýlisi, sal galmaz.

Magtymguly, diýdiň herne bileniň,
....................................................[27]
Soňun sanap gutarmadyň öleniň,
Ýoda ýiter, şol ýörelen ýol galmaz.

[27] Bu setir golýazmada ýok.

## *HANY GEREKDIR*

Namys-arly, berkararly illeriň,
Bir döwletli merdan hany gerekdir.
Bir zünnarda gymmaty ýok billeriň,
Ajap humar-gyrmyz dony gerekdir.

Gymmatly hyýalyň, taban didaryň,
Daglaryň dumany, ýeli Hazaryň,
Namysly, döwletli bir gerçek äriň,
Ötgür gyljy, zor çamany gerekdir.

Magtymguly, halyn sorma şul gamyň,
Jepasy köp, sapasy ýok eýýamyň,
Iki dünýä byradary adamyň,
Göz-guwanjy ar-imany gerekdir.

## *GÖZEL ÝARYM GÖRÜNMEZ*

Turgul, Jebraýyldan habar soraýyn,
Ne sebäpdir, gözel ýarym görünmez?
Telmuryp gapyňa günde baraýyn,
Ähti-peýman – ol ykrarym görünmez.

Pelek asyýasyn bikarar kylmyş,
Namysdan daş düşüp, Hakdan uýalmyş,
Ýigitler gojalyp, goja ýigt bolmuş,
Çyragym öçüpdir, narym görünmez.

Bahyllar mert bolup, geda şa bolup,
Mertler namart bolup, pir dinden galyp,
Azanlar kesilip, metjit ýapylyp,
Hakdan özge bir azarym görünmez.

Magtymguly aýdar, bu ne hekaýat,
Il bary «alymdyr», tutmaz nesihat,
Asmandan inipdir zemine apat,
Isa, Mäti, Mälik Aždar görünmez.

## *ÖL INDI*

Sap tutuşyp, haýbat atar tilkiler,
Arly peleň, öler bolsaň, öl indi.
Aryp bolup, mest bolupdyr telkiler,
Dana molla, biler bolsaň, bil indi.

Ýalaňaç geýinip, açlar doýupdyr,
Karun toba eýläp, pälin goýupdyr,
Nadan: «Gurhan şuny diýer»... diýipdir.
Gurhan, söweş salar bolsaň, sal indi.

Bir söz bilen köýen bagrym ýandyrdyň,
Jigerden aýyrdyň, başdan dyndardyň,
Ýüz görkezmän, hoş söz bilen gandyrdyň,
Näzli ýarym, geler bolsaň, gel indi.

Magtymguly çaşyp, lala dönüpdir,
Ýandy teni-jany, küle dönüpdir.
Ady il içinde gula dönüpdir,
Hoja, seýit, biler bolsaň, bil indi.

## *KÖP BOLSA*

Akylsyzlar akyl gözlär, zeýrener,
Akly bolan diýer: «Aklym köp bolsa».
Mert ýigitler gylyjyna daýanar,
Namart tutabilmez, golda çöp bolsa.

Aryp gadryn bilmez duzsuz-nadanlar,
Müşgildir aýrylyp düşse dendanlar,
Biakyl, gezegen, nadan zenanlar
Işden jyda düşer, ilde gep bolsa.

San bardyr, hasapsyz bolan pidalar,
Her günün pikir eýlär ýören gedalar,
Haznasyn dolduran berkarar şalar
Günde bir öýlener, keýpi kök bolsa.

Niçe akdy, dünýä, sen diýip derler,
Barysy puç boldy, boş galdy serler,
Ýüzün sowup, gep alyşmaz çyn ärler,
Bir söý bilen ýagşy dosty çep bolsa.

Keramatly medreseýi-agzamlar
Ýapdy gapysyny, göçdi makamlar,
Ýaraşyga geler dürli tagamlar,
Daşdan dörän ajap görkli gap bolsa.

Namart gorkar goç ýigidiň adyndan,
Öýünde telmurar merdiň badyndan,
Dertli gullar ömür salmaz ýadyndan
Lukmanyny, kylan emi nep bolsa.

Dert zyýat bolmasa, dertli samramaz,
Ýetse akly biakyllar ýaňramaz,
Misgin düşen Magtymguly eňremez,
Ýüreginden gam-gussalar dep bolsa.

## *DERT NEDIR*

Akyl, göz hem ykbal, iman dördüsi,
Jyda galsa, derman nedir, dert nedir.
Är ýigidiň bolmaz ýüzde perdesi,
Ykbal ýatsa, namart nedir, mert nedir.

Ýagşy derde düşer, aglar ýamana,
Namart gara görse, geler amana,
Nesip eýläp, münse ýörgür çamana,
Tana bilmez, başy nedir, art nedir.

Namart çaşyr, küren ile baş bolsa,
Aýbyn açar, öz ilinden daş galsa,
Serhoş bolan goç ýigide duş bolsa,
Salar gyljyn, üçi nedir, dört nedir.

Rüstem Zal at aldy, atlanyp atyn,
Ne zyýat iş etdi, diýiň, gaýratyn,
Peleň gazaplanyp ursa haýbatyn,
Dura bilmez, bars nedir, gurt nedir.

Magtymguly, aýla, pelegiň çarhy,
Tanar sen şol zaman duş gelen nyrhy,
Namardyň ýanynda ýok iliň parhy,
Pälin gözlär, mekan nedir, ýurt nedir.

## *GAM ÖÝÜNDE GALYP MEN*

Ýigitligiň zory gidip dyzymdan,
Goja bolup, gam öýünde galyp men.
Yşkyň ody irip çykyp gözümden,
Küli bilen doly bolup galyp men.

Başym gamda galdy, huşum dargady,
Nežd dagyna çykdym, Mejnun gargady,
Diriler-mal, ölüler-jan sargady,
Başym çykmaz sargyt alyp galyp men.

Tapanym harç etdim, soňun sanmadym,
Yşk meýinden doly içdim, ganmadym,
Gamdan galyp, bir pygandan dynmadym,
Hazan uran gül dek solup galyp men.

Magtymguly, är ýagşysyn il tanar,
Aşy – dahan, söz ýagşysyn dil tanar,
Dony – göwre, ýeg zünnary bil tanar,
Aklym kesmeý — tana[28] bolup galyp men.

[28] Bu ýerde göçme (ters) manyda «tanaýan, bilýän», ýagny «dana» diýilmekçi bolýan bolsa gerek.

## *GALSA NEÝLESIN*

Ykbal laýa batyp, döwlet sowulyp,
Baýlar misgin bolup galsa neýlesin.
Pelek torna düşüp, ömür bogulyp,
Gowasyn şum ajal ýolsa neýlesin.

Ümür gitse, ne gymmat bar daglarda,
Bir gowga tapylar ýagşy çaglarda,
Gyş gargyşy ýagsa gara baglarda,
Bilbil pakyr güli solsa neýlesin.

Namart gargyş eder merdiň ýaşyna,
Görse merdi gowga geler başyna,
Är ýigidiň nadan gelip gaşyna,
Gaýta başdan hemra bolsa neýlesin.

Çölde howalanar mydam dag aşan,
Öwüner, gep açar saly gartaşan,
Zar eýleýip, magşugyna sataşan,
Näzirgenip, ýar dolansa neýlesin.

Magtymguly, ýykdyň göwün şährini,
Tolgunyp ol şamar sokdy zährini,
Täleýiňe pelek tutmaz mährini,
Erse gaýgy-gamdan dolsa neýlesin.

## *ÝOLUN AŇLAMAZ*

Hindi jyda düşse hemrasy pilden,
Öten günün, baran ýolun aňlamaz.
Karun aýra düşse gardaşy pälden,
Gözi doýmaz, dünýä malyn aňlamaz.

Agsak aýra düşse, agaçsyz galsa,
Ýol aňlamaz, garry hemrasyz bolsa,
Mert ýananda, daga azysyn salsa,
Gara daşyn, duman, silin aňlamaz.

Gutarmaz öňünden ajal eseri,
Aňlamaz paý-desti, duş gelse seri,
Ýanar-köýer adam ogly, digeri,
Ne şeýtan, ne eren pälin aňlamaz.

Çäresiz aşykdyr, magşuk daş galsa,
Ýürek ýanyp, sokur gözden ýaş gelse,
Mert ýananda, Jemşit oňa duş gelse,
Isgenderi, Rüstem Zalyn aňlamaz.

Ykbal ýatsa, iki dide gapylar,
Haýyr diýp ugran ýoly ýapylar,
Mert göwnünde birje kemlik tapylar,
Salar gyljyn, sagy-solun aňlamaz.

Magtymguly, dile dessan getirdim,
Hesret bilen günüm-aýym ötürdüm,
Arzy-halym arzymana ýetirdim,
Öter gider, aýy-ýylyn aňlamaz.

## *GALDY, NEÝLÄÝIN*

Bazarym sowuldy, harydym galdy,
Dükanym eýesiz galdy, neýläýin?
Penasyn dargytdy, garakçy doldy,
Barçasyn düýrleýip aldy, neýläýin?

Mertler namart boldy, namart mert boldy,
Gurtlar peşe boldy, peşe gurt boldy,
Ýurtlar weýran boldy, zyndan ýurt boldy,
Şum pelek leşgerin saldy, neýläýin?

Aşyklardan ötdi yşkyň höwesi,
Tartyldy, ýazyldy dowzah perdesi,
Dagdan aşyp gyzylbaşyň ordasy,
Gözel ilim weýran kyldy, neýläýin?

Ýar-ýardan aýyrdy, merdi ilinden,
Derýany guratdy, dagy silinden,
Bagy – serwisinden, bilbil – gülünden,
Gan ýyglaýyp, jyda boldy, neýläýin?

Mahrum kyldy gözel görküň hünärin,
Ata-enäň aldy göwün kararyn.
Her gün açdy gul-gyrnagyň bazaryn,
Namysym bazara saldy, neýläýin?

Magtymguly, goly bagly, perişan,
Ajap dessanymdan goýmady nyşan,
Zyndanda oturdy pirlerimiz, işan,
Idegim kerwenden ýoldy, neýläýin?

## *ÝARYŇ ÝAGŞYSYN*

Gawunyň ýagşysyn şagal iýr bolsa,
Namarda duş etdiň, ýaryň ýagşysyn.
Hak her kime gaýry döwlet biýr bolsa,
Patyşa bagş etdiň zeriň ýagşysyn.

Binamysy dertden aman eýlediň,
Baran jaýyn meýlis-mekan eýlediň,
Durna, gaz mesgenin umman eýlediň,
Hindige bagş eýläp ýeriň ýagşysyn.

Akyl keser, göwün galkar her bapda,
Bars-göwheri bent eýlediň mahtapda,
Bedewi – parsyda, diliň[29] – arapda,
Bagyş kyldyň bady-şütrüň ýagşysyn.

Periler oýnaýan ajap çaglarda,
Gül, bilbil bendidir Erem baglarda,
Gara daşly, gudraty köp daglarda,
Mekan eýläp goýduň garyň ýagşysyn.

Şalar aglar boldy, bagryn baş etdiň,
Aklyn aldyň, kör eýlediň, läş etdiň,
Magtymguly, diý, ne ajap iş etdiň,
Ýamana duş kylyp äriň ýagşysyn?.

---

[29] Bu ýerde Allatagalanyň kelamy – sözi bolan Gurhanyň arap dilin dedigi ýaňzydylýar.

## *SEN DEK NAMARDY*

Dünýäni keşt edip, pelek, gezip men,
Bir ýerde görmedim sen dek namardy.
Derýa-ummanlara düşüp ýüzüp men,
Suwlarda görmedim sen dek namardy.

Wepa berip, göz güldürip durmaz sen,
Ençe käniň bardyr, birin bermez sen,
Adam oglun hemra kylyp ýörmez sen,
Bir ýurtda görmedim sen dek namardy.

Ömrüm pajyn aldyň bazar barmaýan,
Kimse ötüp gitdi hyraç bermeýen,
Ömür ahyr bir kararda durmaýan
Panyda görmedim sen dek namardy.

Başymda bir hijran, gelgeý sen indi,
Ýasymda oýnaýyp, gülgeý sen indi,
Magtymguly diýer, bilgeý sen indi,
Hiç ýerde görmedim sen dek namardy.

## *SOWRUP GIDIPDIR*

Bu pany dünýäde kim bina eýläp,
Golunda baryny sowrup gidipdir.
Ençelere pelek, gör, günä eýläp,
Janyn jeset bilen gowrup gidipdir.

Niçeleriň ömrün ol perýat eýläp,
Niçeleriň, görüň, ömrün mat eýläp,
Niçeleri pany jahan şat eýläp,
Niçe şirin jany urup gidipdir.

Kimler döwlet bilen saldy minara,
Minara üstünde düşüpdir nara,
Kimiň gözi hums boldy bir hara,
Kimlere, gör, bedew berip gidipdir.

Kimseleriň zäher eýläp naharyn,
Ençeleriň syýa kylypdyr aryn,
Kimse görüp gelipmişin ahyryn,
Emma zemin jeset sorup gidipdir.

Kimse gülse, kimler ýaşlar gözlerin,
Kimler misgin, kim han eýlär özlerin,
Magtymguly, bahyl bolman, sözlerin,
Taraşlap, her kanda urup gidipdir.

## *ELIP KADDYŇ DAL OLAR*

Adam ogly, bu dünýäde gezer sen,
Bir gün seniň elip kaddyň dal olar.
Gapyl bolma, dogry ýoldan azar sen,
Bilbil kibi saýran diliň lal olar.

Ahyrzaman olsa, pitneler tursa,
Zalymlar ýamanlyk mejlisin gursa,
Patyşalar rişwet diýip dem ursa,
Pakyrlara gün-nafaga hal olar.

Ýagşy-ýaman, yzzat kylar baýlara,
Pakyr-u binowa galar waýlara,
Her ýigit kim, garyp düşse jaýlara,
Hesret çeker, her bir mahy sal olar.

Her kimse şerigat ýolun bilmese,
Alymlaryň sözün göze almasa,
Kyrk ýaşynda kişi toba kylmasa,
Onuň işi hile, mekir, al olar.

Her ýigit kim, garyp düşse watandan,
Habar sorar her bir ýoldan ötenden,
Telmuryban hajat dilär ýetenden,
Hajaty bitmese, kyl-u kal olar.

Gel, eý, dostum, çekme gaýgy-gamy sen,
Akdyrmagyl gözleriňden nemi sen,
Bu dünýäde ganymat bil demi sen,
Gaýgy çekse, ýigit kişi çal olar.

Magtymguly, nesihatlar düzer sen,
Halaýygyň ýürek bagryn ezer sen,
Lekin, özüň dogry ýoldan azar sen,
Rüstem olan bir gün piri-Zal olar.

## IL GEÇER

Eý, ýaranlar, pany-jahan içinde,
Ýagşy öner, ýaman öner, il geçer.
Ajap sözläp, pena dahan içinde,
Dendan düşer, gymmat düşer, dil geçer.

Biz gezen meýdanlar, ajaýyp jaýlar,
Binasy tutulan uly saraýlar,
Döwr aýlanyp, gelip-gider gün-aýlar,
Ýagşy-ýaman, nowruz, gyşy ýyl geçer.

Dünýä gelip, bar gördügiň pygandyr,
Bu gün — diri, erte bolsa gümandyr,
Hazana gurulan pany-jahandyr,
Ýigitler gojalyp, ömri-sal geçer.

Pelek pyganyňy gözüne almaz,
Ol derdiňe Lukman dermany bolmaz,
Ýagşy-ýaman, geda-şahy sylamaz,
Gara göz, galam gaş, inçe bil geçer.

Kimse tutup gola saldy jahany,
Gör, bent edip goýdy ol Süleýmany,
Bagy hazan urar, solar reýhany,
Bilbil ýesir düşer, serwi, gül geçer.

Pelek, sen hem bir dem aman eýlegil,
Biz nadan ýesire döwran eýlegil,
Magtymguly, arma, dessan eýlegil,
Akyl-huş daş düşer, senden dil geçer.

## *MERT KYLDYŇ*

Ýa, Ýaradan, arzym bardyr alnyňa,
Merdi-namart, namartlary mert kyldyň.
Dünýä ykbalyny tutup goluňa,
Her tilkiden gaplaň kyldyň, gurt kyldyň.

Kimse bazar tutup girdi dükana,
Kimsäni getirmez pany jahana,
Bag içinde kimi goýduň erkana?
Dag içinde men misgine ýurt kyldyň.

Kim namaz okamaz, kim roza tutmaz,
Kimse pälin agtar, gijesi ýatmaz,
Kimse sözi adam janyna batmaz,
Kimseleriň sözün kesapat kyldyň.

Adam ogly ýyglar, ýürekde ahy,
Diňlemez gardaşy, Kadyr Hudahy,
Kimselere watan kyldyň dowzahy,
Kimselere behişt mürewwet kyldyň.

Magtymguly diýer derdiň halyny,
Soran bolmaz meniň bu ahwalymy,
Kimseleriň toprak kylyp malyny,
Ençeler topragyn zeberjet kyldyň.

## *GALMAZ-A*

Görsem, eý, dilber, jemalyň, ygtyýarym galmaz-a,
Görmez ersem bir zaman, sabr-u kararym galmaz-a.
Waslyň umydyna bir dem ygtybarym galmaz-a,
Bolmasa umydy-waslyň, hiç mydarym galmaz-a.

Ger enaýat bolmasa Senden, açylmaz ýolumyz,
Tutgun olar daýyma, bolmaz küşat ykbalymyz,
Ejz ile bimar olup, aşufta bolgan halymyz,
Rehm edip, Sen sormasaň, bir aýry ýarym galmaz-a.

Hasrat içre galmyşam, ejiz boluban mande men,
Parh ede bilmen özüm eýwanda ýa weýranda men.
Kimse pähm etmez bu derdim, bolmuşam dermende men,
Sanyram ölmezden owwal tende janym galmaz-a.

Göýä ki beýtul-hazan men, şat gelen gamnäk ola,
Tä haýaty-panyýam, synam Seniň çün çäk ola,
Suratym nisýandadyr, ustuhanym häk ola,
Tä olynça rozy-magşar, ahy-zarym galmaz-a.

Gerçe bu Magtymgulydyr maýyly-nebsi-howa,
Hak erer Sen birligiň, çün hajatym kylgyl rowa,
Hajatym Senden rowa bolmas erse ger, muddaga,
Beýle mälimdir ki, hiç bir gamgusarym galmaz-a.

## *ŞALYK BILE*

Deň bolar diýp saýmagyl, işiň bet efgallyk bile,
Hiç haçan deň bolmagaý eşek bedew şalyk bile.
Gardaş olma hyz-haramy, pitne-ryswalyk bile,
Başyňy gowgaýa salma maly-dünýälik bile,
Tur, säher ýat eýle Haky, ýygla tenhalyk bile.

Bardy Turuň dagyna, Hak birle boldy ol Kelim,
Ötdi anlar, galdy dünýä, geçdi eýýamul-kadym,
Ýatsa ýer boldy düşek, örtünjesi parça kilim,
Bakdy goýnun Şugaýbyň ýedi ýyl Musa Kelim,
Çölde gezdi daýyma raz aýdyşyp Halyk bile.

Eý, aty ýüwrük ýigit, özi goçak, gülgün kaba,
Munda jebr eden kişi, ol günde bolgaý rusyýa,
Her kişi zor eýleýip, alsa bu gün, bergeý saba,
Ol weliler serweri Soltan Weýis dek öwlüýä,
Düşegi, örtünjesi boldy gara halyk bile.

Ýakup ogly ol Ýusubyň käkilinden tutdular,
Urdular, aglatdylar «Gurt iýdi» diýip satdylar,
Niçe ýyl Eýýup pygamber tenni gurt iýp ýatdylar,
El-aýagyn baglaýyp, Ýunusy derýa atdylar,
Niçe wagt tagat çekip, «Huw!» diýdi bir balyk bile.

Sen niçik, Magtymguly, ýamanlygyň unutmadyň,
Gähi-gähi zalym olduň, görgeniňden gaýtmadyň,
Gähi-gähi sopy bolduň, hiç haramdan datmadyň,
Bilmedim, sen haýsy bolduň, belli bir iş tutmadyň,
Ne sypagärlik bile bolduň, ne mollalyk bile.

## *GALMAGALY NEÝLEREM*

Ähli-Hak bolsam, diýer men: «Özge haly neýlerem»,
Bu sowulmaz derdi, sansyz galmagaly neýlerem.
Owwaly zowky-surur, hasratly maly neýlerem,
Ahyry möwt-u gubur, bu boş hyýaly neýlerem,
Bolmuşam men zowk ähli, esbap-melaly neýlerem.

Düşdi yşkyň ataşyga, gylça janym köýdi, ýar,
Gury jismim odun eýläp oda ýakmakda ne bar,
Gamda köňlüm bikarardyr, başda derdim set hezar,
Onuň üçin dähr era bir köşe kyldym ygtyýar,
Ygtyýarym ýok turur, jeňňi-jedeli neýlerem.

Görnüşiň eşretnema, görküň üçin köňlüm güdaz,
Gysga – ykbalym goly, dost, dameni-waslyň – deraz,
Pür hatar, ol ýol yrak, yşkyň geran, kuwwatym az,
Düşmüşem bir müşgile, sen-sen bu işe çäresaz,
Iltifatyň imdi kyl, ötgen mahaly neýlerem.

Her zaman, Magtymguly, halk içre gezme lap edip,
Sakla gybatdan diliň, ugrunda gez ynsap edip,
El uzatma köp pisada, ýör Hudadan howp edip,
Sopulyk esbaby hoşdur, geý içiňi sap edip,
Bolsa möý-möjek içim, bu eski şaly neýlerem.

## *DÖNDI DÖWÜR ÝAMANA*

Eý, aşyklar, aglar men, geldi, geçdi zamana,
Ýagşa gadyr bolmaýyn, döndi döwür ýamana.
Ýaman aldy jahany, dönmez dili imana,
Köp pakyrlar aglaşyp, geler ondan amana,
Istäri bar az wagtdan derhem bola zamana.

Ne sapaly günmüşdik, deň-duş bile baş goşman,
Başyň aldyň garyldyň, ne dost bildiň, ne duşman,
Eý, ýaranlar, sud etmez imdi etseň müň puşman,
Dünýäsine dolaşman, ogul-gyza bulaşman,
Ne hözirli günmüşdik bolup gitsek diwana.

Düşmegin ham hyýala – dünýä gelen ölmezler,
Gelen geçer dünýäden, biri aman galmazlar,
Janlar çekip çagyrsam, dogry ýola gelmezler,
Her ne bolsa ýuwdarlar, halal, haram bilmezler,
Diýrler: Hakdyr Muhammet, uýupdyrmyz Gurhana!.

Döwran, niçik döwran sen, garyp aglar, il dynmaz,
Zulmy artar zalymyň, hiç köňlüne rehm inmez.
Jahany ýakdy gitdi, ýamanyň ody sönmez,
Bir Muhammet hatyrna ýer ýarylmaz, gök inmez,
Çarh guwanyr bu işe, bolmaz ahyrzamana.

Gapyl galdym, ýaranlar, öz-özümden riştim ýok,
Hakdan gaýry hiç ýerde penahym ýok, puştum ýok,
Pikir bahryna girdim, ýelkenim ýok, kiştim ýok,
Magtymguly, men mundan çykar ýaňlyg deştim ýok.
Elim bersem tutan ýok, düşdüm düýpsüz ummana.

## *ÖLMESDEN BURUN*

Saglygyň gadryny bilgil, hassa bolmasdan burun,
Hassalyk şükrüni kylgyl, täki ölmesden burun.
Düz ýeriň gadryny bilgil, derýa dolmasdan burun,
Gämide hüşgär oturgyl, girdaba gelmesden burun,
Ýaşlygyň gadryny bilgil, tä ulalmasdan burun.

Ulaldyň – köňlüňdedir ýalan jahanyň söýgüsi,
Gözleriň gözel görüp, seni günähe goýgusy,
Dilleriň gybat kesip, lap-ýalan sözler aýgysy,
Hatyryň ýüz-müň perişan, kethudalyk gaýgysy,
Ne ajap hoş hal idiň, özüňi bilmesden burun.

Ýaradan ýadyňdadyr, başyň ýowuz halda eken,
Ötse ýüz ýyl, ýada düşmez, belli hoş halda eken,
Ömrüňi bihuda tutma, pursatyň elde eken,
Degse bir bady-hazan, soldyr seni gülde eken,
Gülni ýadyňdan çykarma, täki solmasdan burun.

Akly-huşuňa ýetişdiň, eýlediň seýrany sen,
Istär idiň jem edem, bu küllühüm Eýrany sen,
Iýmediň bir dem parahat Taňry beren nany sen,
Heý, habaryň barmydyr, bu jahanyň myhmany sen,
Azygyň taýýary kyl, kerwen çekilmesden burun.

Galmamyş bu köne dünýä Rüstem ile Zalyňa,
Garra bolma iki günlük iýgu-içgu, malyňa,
Hakykat arypy gör, atlasy berdi şalyňa,
Tur säher, Magtymguly, ýygla bu gün öz halyňa,
Taňla, ol magşar güni derläp uýalmasdan burun.

## *SÜLEÝMAN NEÝLESIN*

Jan şährine düşdi talaň, bu ýowuz jan neýlesin,
Ötdi ömri bipermandyr, ol Süleýman neýlesin.
Hakyň beren bu derdine, diýiň, Lukman neýlesin,
Ötüp baran ömrüme agy-girýan neýlesin,
Yşk odundan kül bolup men, dowzah-suzan neýlesin.

Saýýat bolup girdi pelek, kaýda jan pynhan kylaý,
Kimlere derdimi aýdyp, kimlere hemra bolaý,
Kimler bilen döwüş kylyp, kimlere gylyç salaý,
Derdim äşgär kyla bilmän, il-günümden uýalaý,
Meniň kibi bir awara pelek – zyndan neýlesin.

Gaýybana aşyk bolup, yşky bilen ýanaram,
Diýerler döwlet murgy men hijrana gonaram,
Leýli ýarym bolmasa hem, özüm Mejnun sanaram,
Günde bir wagt nalyş eýläp, yşky-meýden ganaram,
Meniň kibi bir serhoşy uly Suhan neýlesin.

Şanyna dessan düzüp men yşkynyň mekanynda,
Külli aşyk sergerdandyr ol ataş haýranyda,
Men kibi bir Mejnuny görmez pany eýwanyda,
Men kibi bir misgin geda ýokdur Nuh zamanyda,
Yşk ataşyna geda men, döwleti kän neýlesin.

Aýdadyr Magtymguly, aýyp görmäň, illerim,
Göwnüm raýyna garaman, ýaňraýypdyr dillerim,
Gojalygyň pasly bilen nuna dönmüş billerim,
Bilbilleri ýesir kylmyş bag içinde güllerim,
Ger ki halas eýlemesem, pakyr bagban neýlesin.

## *BILMEZMIŇ*

Galam alyp, namany gönderdigim bilmezmiň?
Efsun urup, hüthüti inderdigim bilmezmiň?
Arş üstüne galdyryp, mündürdigim bilmezmiň?
Dört gije, üç gün aglap, diňdirdigim bilmezmiň?
Eşek münüp Isa dek, ýeldirdigim bilmezmiň?

Mejnun kibi sährada ýyglaý-ýyglaý gezdigim,
Warka kimin Gulşadan ölüp, umyt üzdügim,
Joşgun berip yşk ody, gaýnap-gaýnap gyzdygym,
Gözüm ýaşyn merjen deý düzüm-düzüm düzdügim,
Şibli kimin bir dagy ýandyrdygym bilmezmiň?

Hüthüt kimin Pereňden Çyn-Maçyna bardygym,
Bag içinde Bylkysyň saçyn açyp gördügim,
Süleýmanyň tagtyndan sözläp habar berdigim,
Guş gonsun diýp başyma bilbil heňin gurdugym,
Çarşenbe gün çäşt wagty gondurdygym bilmezmiň?

Surahyň arkasynda Mejnun gurdy jadyny,
«Bismilla» diýp başlady, çagyrdy ussadyny.
Hakdan gaýry bir kimse eşitmedi dadyny,
Kyrk aşyk nagra çekip, şugla urdy oduny,
Gözýaşymdan suw alyp, söndürdigim bilmezmiň?

Şirwan hanyň söwdasy ne ajaýyp söwdadyr,
Gyldan bu ýan agdyrsa, kyýamat gün ryswadyr,
Ýüz ýigrimi sap gurlup, her sapda müň gowgadyr,

Aşyklyk bir joşgunlyk, akmaz uýgun derýadyr,
Bir jurgadan kyrk aşyk gandyrdygym bilmezmiň?

Ýetilmemiş şunkarym, gamyş ganat ak türpek,
Dünýä meni taýdyrdy, bir ýanym etdi gurpak,
Pelek albaýyn bular, tartar, gan goýmaz torpak,
Her tikenden ýüz gussa, her kyrk gülden bir ýarpak,
Dagy-daşy elenip, öndürdigim bilmezmiň?

Magtymguly, aýydýar, dokuz pelek Zöhresi,
Ýedi ýyldyz gardaşy, Aýyň, Günüň parasy,
Nury-didäm ýagtysy ak gözümiň garasy,
Aby-Zemzem çeşmesi, Safa, Merwe arasy,
Süleýman dek ähdimi syndyrdygym bilmezmiň?

## *KÖŇLÜM*

Oýan haby-gaflatdan, ajalsyz ölen köňlüm,
Umyt üzüp älemden, dergahdan dilen, köňlüm.
Mert gerekdir almaga bu garyp galan, köňlüm,
Düýpsüz derýaýa düşdi görenne gülen köňlüm,
Jan pany, jahan pany, kepene çolan, köňlüm,
Söz bilen için egser, gabz olup, dolan köňlüm.

Alymlar sözün diňle, nesihatyn al-göter,
Tur, Hakyň dergahyna mynajat kyl, gol göter,
Ryýazatyň ýüküni arkan ýüpün sal göter,
Bu iş merdiň işidir, merdana dur, gal, göter,
Kämil aýagna baş goý, ýalançydan el göter,
Toba kylyp, bir piriň topragna bulan, köňlüm.

Yşkym bardyr Mejnundan altmyş esse zyýada,
Kyrk ýyl kuwwatym bardyr ders aýdara Perhada
Ýüregim ýakyp oda, Hojama barsam dada,
Kerem derýasy joşup, ýetirgeými myrada,
Galsa köňül tapylmaz, çyksa bu jan dünýäde.
Mert gerekdir almaga bu garyp galan köňlüm.

Säher turup, doga kyl, «Ämin!» diýsin perişde,
Ne bardyr gapyl ýatyp, bihuda oturyşda,
Mülki-jahan tutdurmaz eýleseň müň serişde,
Abdal örtüsin geýip, git diwana garyş-da,
Ýogsa galar sen tenha sergeşte-ýu gamgeşde,
Aýgan sözüňe pyglyň bolmasyn ýalan, köňlüm.

Magtymguly, noş etdim gam badasyn iki tas,
Üç içere ragbat ýok, çün jandan boldum halas,
Serimde sansyz söwda, içde waswasul-hannas,
Geliň, bir tedbir eýläň, bu derde eýýühannas,
Dyz çöküp dem ursalar Isa, Hydyr hem Ylýas,
Galynmaz, zinde bolmaz, hut murda bolan köňlüm.

## *DUMAN PEÝDA*

Gelse nowruz äleme, reň kylar jahan peýda,
Ebrler owaz urup, dag kylar duman peýda.
Bijanlar jana gelip, açarlar dahan peýda,
Gögermedik gyýalar, gögerip rowan peýda,
Ederler haýwanata hem sud-u zyýan peýda,
Ýer ýüzünde ýaýylyp, ýörirler nahan peýda,
Wabeste dahan guşlar kylarlar zyban peýda.

Çöl tarapyn berk edip, der açar suwa harçeň,
Zemin sebzewar olup, teninden aýrylar zeň,
Jünbendeler mest olup, göýä içmiş arak, beň,
Her eşýanyň özüne öz owazy bolar geň,
Sebze içre sandywaç ýüz dilde kylar äheň,
Zemin hazarpuş olup, gül bitirmiş reňbe-reň,
Hyruja gelip älem, kylarlar pygan peýda.

Surud-u seda birle, jahan ýüzi abatdyr,
Olma suruda magrur, paýanasy bibatdyr,
Hak yşkynda zinde jan, biliň, baky haýatdyr,
Her tende yşk olmasa, rozy-ezel mematdyr,
Ýaz ötinçä ýer-u gök, günden-güne zyýatdyr,
Bir haşry-kyýamatdyr, bir ýowmy-arasatdyr,
Dähr içre bolar her dem, jahan içre jan peýda.

Zerbaba zowkun olma, baka ýokdur döwletde,
Ömrüňi bada berme, sen bu daryl-mähnetde,
Ýeter saňa ir-u giç, ne ýazylsa kysmatda,

Janyňa jepa eýläp, munça gezme hasratda,
Sowap ýagşy amalda ýa jud ýagşy niýetde,
Älem barça hyzmatda, adam ýatyp gaflatda,
Hasylyň ataş bolgaý, eýleseň ýaman peýda.

Magtymguly, ýyglar men bu bagty-syýahymdan,
Gorkaram jan apaty, el-aýak güwähimden,
Umydym hasyl olmaz, bu ömri-tebahymdan,
Jan köýdi jeset içre bu ataşy-ahymdan,
Golum sunup, dilär men hajatym Allahymdan,
Bende men, umydym köp ol keremli Şahymdan,
Eýlegeý arasatda gül kibi iman peýda.

## *NAZAR EÝLE*

Ten kapasna giriftar, gel, jana nazar eýle,
Bak, köňül gözgüsine, janana nazar eýle.
Ybrat gözüni açyp, jahana nazar eýle,
Iki gämi tutmagyn, bir ýana nazar eýle,
Hiç kime baka bermez, döwrana nazar eýle,
Döwranyna daýanan ynsana nazar eýle,
Bu gonup-göçüp baran kerwana nazar eýle.

Bu döwran içre köňül guşlary eýlär perwaz,
Göýä murgy-säherdir, şeb suhan eýlär agaz,
Bag içre bilbil olup, okar nagma hezar saz,
Hudaýa toba eýläp, dergähiňe döndüm baz,
Ömür az, döwran deraz, ne roza bar, ne namaz,
Oýan haby-gaflatdan, haşra meňzär pasly-ýaz,
Älem ne tesbih okar, her ýana nazar eýle.

Ölmes men diýp düşmesin, köňlüň bu güman içre,
Ömre ýokdur ygtybar, ötegçi zaman içre,
Ajal goýmuş ok-kezin, kirişe keman içre,
Bendäge ne armandyr, jan berse iman içre,
Sözle, sözüň ýaýylsyn bu ýagşy-ýaman içre,
Az ömre agyr işler gurup sen jahan içre,
Mukym işini tutan myhmana nazar eýle.

Ne hoş gündür aşyga hylwat ýara ulaşmak,
Hal-ahwalyn soraşyp, gol boýuna salyşmak,
Magşaryň neşri ýaňlyg ten, jan kimin buluşmak,

Bir-bire derdin döküp, sergüzeştin kylyşmak,
Tow berilen rişte deý çyrmaşyban-çolaşmak,
Dostlar ne müşgil işdir, gowuşyp, aýrylyşmak,
Wysala magrur olma, hijrana nazar eýle.

Magtymguly, sözlemeý goýmaz durmaga derdiň,
Ýalançyda ýaýlanyp, altmyş ýana el gerdiň,
Panyny baky bildiň, ýeldiň – ösdüň, ýüwürdiň,
Dostuňa azar berdiň, duşmana ýüz öwürdiň,
Bildiň ki biwepadyr, bahasy ýok bu ýurduň,
Otuz dört ýaşa geldiň, bu jahanda ne gördüň,
Gurhana gulak goýup, permana nazar eýle.

## *SEDA BOLDUM*

Sandywajy-sermestem, bergimden jyda boldum,
Bergimi hazan çaldy, bisowt-u seda boldum.
Bir gülçehre ýolunda bihuda pida boldum,
Bet işlere baý boldum, haýr işe geda boldum,
Pyrkat, waslat, her ne ki – aslyn ez Huda bildim,
Barçany bidar gördüm, özüm uýkuda bildim,
Dünýäge dura gelen, eglenmeý gidä bildim,
Iýenim awy sandym, geýenim reda bildim,
Köýdüm, bişdim, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum.

Ýaranlar, ýoldaş boldum nebsi-howa zalyma,
Keýik deý gaçar, barmaz, nesihatgöý alyma,
Serkeşligin Suhana meşhur etdi äleme,
Men näteýin, ýa, dostlar, ugursyz ykbalyma,
Goýmady öz halyma, ýörirge mejalyma,
Ne gazanja guwanjym, ne hoşwagtlyk malyma,
Jöw mukdaryna geçmez bu jahan hyýalyma,
Bilmen, älem ne köýde, men haýran öz halyma,
Köýdüm, bişdim, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum.

Jähl işine çapyk men, Alla emrine suster,
Garky-zalalat boldum, hidaýaty Sen göster,
Ne derwüş men, ne molla, ne sopy ähli-dester,
Gardaşlar gulak berse, aýtsam sözümi raster,
Pikir eýläň, kim bardyr Eýämden özge doster,
Bendelikde bolmasaň, bolganyň ýagşy nister,
Görmedim Gün astynda hergiz özümden pester,
Ataşa laýyk bolmaz eda bolan häkister,
Köýdüm, bişdim, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum.

Sährasyna Süleýman ger sürse set syýasat,
Gelse peri patyşahy-Aktemir-u Janpolat,
Ýüz-müň döwe baş bolan döw töresi Demirbat,
Meges şasy Turtarus hemralyk etse, heýhat,
Mur mäligi Münzere gelse bihet, begaýat,
Musa nur golun açyp, Isa okyp ýüz aýat,
Hydyr doga eýleýip, Ylýas etse mynajat,
Mundag murda jesede muhaldyr tapmak nejat,
Köýdüm, bişdim, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum.

Magtymguly, misginem, köňlüm öýi nämagmur,
Söze ýakyn bende men, haýrym kem-u şerim zor,
Özüm halka näkabyl, ykbalym keç, bagtym şor,
Näşaýeste agmalym, göýä gadam urar kör,
Meger Eýäm istese, bolgaý nuran ala nur,
Ýeter tarfatyl-aýnda mehjur bolup düşen dur,
Betgylyk birle boldum jahan içinde meşhur,
Degirmen deý baňgir men, semender deý ataşhur,
Ýandym, bişdim, ýar-dostlar, örtendim, eda boldum.

## *ÇILIMKEŞ*

Hak seni raýyňa goýmuş jahanda,
Ede bileniň et munda, çilimkeş.
Diwan gurlan güni hasap jaýynda,
Jowabyň nämedir onda, çilimkeş.

Kuwwatyň kemelder, güýjüň üzdürer,
Keýpi kellä gelse, aklyň azdyrar,
Süňňüňi syzdyrar, etiň gyzdyrar,
Bir nyşana budur sende, çilimkeş.

El götergin beýle nähak talaşdan,
Puluň köýer, janyň ýanar bu işden,
Erte garnyň doldurarlar ataşdan,
Zähmi çykmaz, galar janda çilimkeş.

Iki dünýä ýagşylyk ýok egriýe,
Kişi bolsaň, gadam goýgul dogruýa,
Binamaza, gybatkeşe, ogruýa,
Ýoldaş bolar ýowuz günde çilimkeş.

Magtymguly, Möwlam jandan ýakyndyr,
Çilim bir şor suwdur, ten bir zemindir,
Iman bir tilkidir, göwre bir hindir,
Tilki tüssä dözmez hinde, çilimkeş.

### *BIRNIÇE MYSAL*

Ugradym Ylýasa, duşdum Hydyra,
Köňlüm içre geldi birniçe mysal.

Gol göterdim, durdum nyýaza, nezre,
Diýdim: «Rugsat bolsa, aýdaýyn sowal».

Diýdim: «Nedir bu dünýäniň dirligi?»,
Diýdi: «Ýatsaň düýşdür, turaňda – hyýal».

Diýdim: «Ýa, Rep, dünýä näge meňzeýdir?»
Diýdi: «Garry zendir, ýüzünde ýüz hal».

Diýdim: «Nedir mülki-jahan söýgüsi?»
Diýdi: «Derdeserdir, ýa boýna webal».

Diýdim: «Dünýä üçin nedir bahsy-jeň?»
«Bihuda bogaz ýyrtmak, ýersiz galmagal».

Diýdim: «Ähli-zaman näge bent olmuş?»
«Ogul, gyz söýgüsi, jem etmäge mal».

Diýdim: «Bu söýgüden, maldan ne hasyl?»
«Ýygmagy gaýgydyr, gitmegi melal».

Diýdim: «Ähli-zalym ne taýpa durur?»
Diýdi: «Gurtdur, itdir, pişikdir, şagal».

Diýdim: «Ondan nefsim niçe ram olur?»
Diýdi ki: «Pir olan ile güwşmal».

Diýdim: «Bende jähdi başa bararmy?»
Diýdi: «Barmaz, istemese Züljelal».

Diýdim: «Ýa, Rep, kethudalyk niçedir?»
Diýdi: «Hepde – eşret, gaýgy – galan sal».

Magtymguly, sözi dürdir bilene,
Başda huşuň bolsa, söze gulak sal.

## *BOLDUM GIRÝANA*

Ýazygym ýat edip, ýüzüm häk edip,
Säher nalyş bilen boldum girýana.
Dideden ýaş döküp, synam çäk edip,
Telbe dek özümi urdum her ýana.

Köňlümi geçirdim jümle-jahandan,
Ne jahandan, belki, el üzdüm jandan,
Hydyrdan, Isadan, Şahymerdandan,
Hümmet istäp bakdym suýy-asmana.

Asmanyň ýüzünden kehkeşan öçdi,
Nägehan üç äre nazarym düşdi,
Iki ýaşyl geýmiş, bir sefit puşdy,
Gözüm gördi, tilim gelmez permana.

Biri gelip, elin gögsüme urdy,
Biri bir tyg bilen ýüregim ýardy,
Agzyma agzyn goýup, biri dem urdy,
Diýrler: «Arzyň diýgil Şahymerdana!»

Bular beýle diýgeç, dilim açyldy,
Gana-gana meý-muhabbet içildi,
Köňlüme ýedi töwr sowal geçildi,
Diýdim: «Rugsat bolsa, gelsin zybana».

Iki uzyn ärdir, bir gysga kaddyr,
Diýdiler: «Hoşwagtdyr, ýagşy pursatdyr,
Sözüň bolsa, sora – diýrler – rugsatdyr,
Köňle gelen sözüň getir beýana!»

Diýdim: «Gökden agyr, ýerden mert nedir?
Derýadan baý nedir, daşdan saht nedir?
Otdan ýakyjy nä, buzdan sert nedir?
Zäherden ajyrak nedir bu jana?»

Diýrler: «Ýaman töhmet agyr asmandan,
Gaharsyz, ýagşy söz giňdir jahandan,
Mynapygyň köňli saht seňistandan,
Ähli-kanyg meňzär bahry-ummana,

Jebr etgüji soltan ýakyjy közden,
Bahyldan dilemek, sowukdyr buzdan,
Jepaýa jan etmek — zäher jansuzdan,
Öwütdir bu sözler, bizden nyşana».
Bular beýle diýgeç, ýerimden turdum,
Gadam urdum, el etegne ýetirdim,
Mest boldum, sust boldum, özüm ýitirdim,
Gep-kelam tapmadym, galdym haýrana.

Diýdiler: «Üç kişi bolduk ussadyň,
Daýym dessan bolar älemde adyň,
Magtymguly, wagtdyr, iste myradyň...»,
Bu syry akmak açar, ýa bir diwana.

## UÇDUM, ÝARANLAR

Bir juma gijesi gördüm düýşümde,
Bal urup, göklere uçdum, ýaranlar.
Perwaz eýläp, seýran etdim dünýäni,
Bir abadan jaýa düşdüm, ýaranlar.

Kehkeşana çykyp dürli semerler,
Müň dürli miweler, horram şejerler,
Narynjy, turunjy, leýmun, almalar,
Bir abadan baga duşdum ýaranlar.

Açylmyşdyr onda reňbe-reň güller,
Şureş-u efganda şeýda bilbiller,
Mermerden howuzly, köwser dek suwlar,
Tahaýýur eýleýip, çaşdym, ýaranlar.

Ol gara baglykda gördüm bir çemen,
Ajaýyp mejlisin gördüm enjümen.
Döwre girip, gördüm, oturmyş çilten,
Salam berip, golun guçdum, ýaranlar.

Hemme owaz eýläp, «Aleýk!» aýdylar,
Yşarat eýleýip: «Ötgül» diýdiler,
Döwre gurap, jama şerap guýdular,
Maňa ýetgeç, golum açdym, ýaranlar.

Bilmedim, köpmi ýa maňa az berdi,
Özge älem, başga bir owaz berdi,
Yşk aldy köňlümi, dile söz berdi,
Aýakdan-aýaga30 düşdüm, ýaranlar.

Magtymguly, hüşýar oldum, oýandym,
Oýandym, örtendim, tutaşdym, ýandym,
Many bazarynda haýýata döndüm,
Şirin gazal donun biçdim ýaranlar.

[30] Bu ýerde «aýak» sözi bada, bulgur, jam, şeraply käse manysynda gelýär.

## *OÝAN DIÝDILER*

Ýatyp erdim gamda, geldi erenler,
«Turgul-ha ýeriňden, oýan!» diýdiler.
Gözüm açyp gördüm jümle-jahany,
«Şol durany Şahymerdan!» diýdiler

Erenler jem bolup, bazar etdiler,
Mynapyklar turup, hezer etdiler,
Aly babam bize nazar etdiler,
Bir käse meý berip: «Iç, gan!» diýdiler.

Oýanyp gaflatdan, açdym gözümi,
Erenler paýyna sürtdüm ýüzümi,
Okatdylar, hak sözledim sözümi,
«Segsen müň kelamy beýan» diýdiler.

Erenler jem bolup, mundan göçdüler,
Syrat köprüsinden bir-bir geçdiler,
Ol howzy-Köwserden şerap içdiler,
Içen şahbazlary «Soltan» diýdiler.

Magtymguly, sözle bu şirin dilde,
Umydym köp durur şol duran ýolda,
Bäş wagt namazyňy oka her günde,
«Ahyret ýoldaşyň — iman» diýdiler.

## *DIWANA GELDI*

Bir gije ýatyrdym, şa Nagyşbendi –
Bahaweddin atly diwana geldi.
Hasasyn süýreýip gelmiş Buhardan,
Hak yşkyna mest-u mestana geldi.

Birniçesi ýar-u ýaran durdular,
Mejlisler uzandy, halka gurdular.
Nagralar çekdiler, semag urdular,
Sedalar düzüldi, jan-jana geldi.

Gowga gopdy, rehmet boýandy düzler,
Saçyldy gan ýaşlar, açyldy gözler,
Ýygyldy derwüşler, döküldi paýzlar,
Göýä diýr sen ahyrzamana geldi.

Okar bolsa, ylmy-ledun açygly,
Hem diwana, hem beňňi, hem içigli,
Golunda käsesi başdan geçigli,
Synamda goýdular, bir şana geldi.

Magtymguly aýdar, Gurhana uýdum,
Gybaty taşladym, haramy goýdum,
Sygryna bilmedim, syrymy diýdim,
Saklana bilmedim, zybana geldi.

## *BIR NAN GETIRDI*

Bir gije ýatyrdym, şa Nagyşbendi
Keremi joş eýläp, bir nan getirdi,
Sag elinde gülgün bada şeraby,
Sol elinde täze birýan getirdi.

Oýandym ukudan, galdym düýşümden,
Haýran galdym Diwananyň işinden,
Badasyn noş eýläp, gitdim huşumdan,
Gam dideden eşki-giryan getirdi.

Jan hyruşa geldi gaýnap-joşmadan,
Ýüregim möwç urdy dolup-daşmadan,
Bir yşarat boldy oňa düşmedim,
Pähm etmedim, janda arman getirdi.

Aňlamadym, boldum yşka hyrydar,
Bilmedim, istedim Dilberden didar,
Yşk derdine düşdüm, galdym giriftar,
Kimse bu dert üçin derman getirdi?.

Magtymguly, turdum togap etmäge,
Til perman bermedi jowap etmäge,
Yşk ähliniň halyn harap etmäge,
Aklyn alyp, mesti-haýran getirdi.

### *KÜLAHLY GELDI*

Bir gije ýatyrdym, bir ahwal gördüm,
Bir bölek başlary külahly geldi.
Tisginip oýandym, ýerimden turdum,
Gollary tylladan hasaly geldi.

Bir bölek erenler degrämi aýlap,
Al-u ýaşyl geýip, esbabyn şaýlap,
Tutdum birisini baryndan saýlap,
Lebleri şekerden mazaly geldi.

Bir peri sallanyp, seýle çykypdyr,
Gamza birle galam gaşyn kakypdyr,
Meniň janym yşk oduna ýakypdyr,
Başlary tylladan jygaly geldi.

Jepalar çekipdir ýar diýarynda,
Bagda biten alma bile narynda,
Magtymguly, bir periniň zarynda
Hemmesiniň dili senaly geldi.

## *EÝÝAMY GÖRDÜM*

Şükür Haka, biz hem bu ýola düşdük,
Geçirdim, birniçe eýýamy gördüm.
Magrypetiň derýasyna ulaşdyk,
Aryplar sürerler, ýüz gämi gördüm.

Hydyr seýran eder gudrat älemin,
Musa okar hakykatyň kelamyn,
Ýedi gün almamyş Taňry salamyn,
Kutbul-Aktap atly betnamy gördüm.

Täze taban olan ömrüm çyragy,
Gyş hazany degse, gögermez bagy,
Göz eýläp garşyda birniçe saky,
Her biri oýnadar, ýüz jamy gördüm.

Agladym, ýykyldym[31], tutdum elini,
Dört pişwasy bilen Hezret Alyny,
Sanjar han, Selim şa, ýedi welini,
Bir Zähra, on iki ymamy gördüm.

Süleýmany gördüm, ýatyr eýwanda,
Birniçe gaýyplar jem olmuş onda,
Gulzum derýasynda, düýpsüz ummanda
Aly, Hatam salan lejamy gördüm.

Karun bu dünýäni aldy mal bilen,
Iblis asy boldy, gelmez ýol bilen,
Semengan şährinde batyr Zal bilen,
Döw bilen jeň salan Rüstemi gördüm.

Magtymguly, perman boldy Alladan,
Ýere inip geldi arşy-agladan,
Jebraýyl getirmiş ulug dergahdan,
Muhammede inen Kelamy gördüm.

---

[31] Ýykyldym – bu ýerde öňünde çöküme düşdüm, ýüzümi aýagyna sürtdüm, alnymy aýagyna syldym diýen manylarda gelýär.

## *ÝAR ÇEKER*

Taňry söýen Muhammediň ymmaty,
«Bismilla» diýp, owal Haky ýar çeker.
Biimanlar hergiz görmez jenneti,
Dowzah içre köp azaby-nar çeker.

Gam çekip ahyret öýün gazanlar,
Hakykaty, şerigaty düzenler,
Jepa çekip Hak ýolunda gezenler,
Säher turup tagatlaryn ir çeker.

Adam ogly kyýamat gün bolanda,
Möminiň günäsi galmaz teninde,
Pul-Syrat üstünden, heýhat gününde,
Sopulary keramatly pir çeker.

Ter açylan gyzyl güller solanda,
Ezraýyl adamyň janyn alanda,
Kyýamat ahyry magşar bolanda,
Süýthor bile çilimkeşler nar çeker.

Saparkeşler uzak ýoldan gaýdanda
Agyr ýükli şütürlerni haýdanda
Göhert çöküp ýüki galsa meýdanda
Mazlamasyn hatardaky ner çeker.

Meýdan era sap-sap uruş gurulsa,
Tasap-tasap arap atlar urulsa,

Bir goç ýigit galsa boýny burulsa,
Onuň aryn alp ýürekli şir çeker.

Kimse gezer Biribara ýalbaryp,
Kimse gezer hakykatdan ýol görüp,
Bir biçäre ýat ýoluksa telmuryp
Onuň işin gaýet gerçek är çeker.

Magtymguly işiň düşse mert bile,
Namart batyr bolmaz, jedel-şert bile,
Duş gelende hemra bolsaň gurt bile,
Her çent bolsa at üsünde ar çeker.

## *LEWADA BELLI*

Nury-mahweş, kuýaş gutlug habybym,
Adyň ser depderde, lewada belli.
Ýedi asman, dokuz pelek üstünde,
Beşer resulynda zyýada belli.

Mahlaryň täji sen, gözler çyragy,
Gökde melek, ýerde beşer ýegrägi,
Zeminiň rafygy, gögüň diregi,
Lowhy-mahfuzda hem semada belli.

Şafygyl-müznibin magşar gününde
Makamy-agla sen Hakyň ýolunda
Şam-u säher ymmatlaryň dilinde
Mömin dileginde dogada belli

Melekler gymmatyň bilmän gapylar,
Az bahaga satdy nice sabylar,
Arzuw edip geçmiş öňki nebiler,
Jelil rehmeti sen, senada belli.

Muhabbetiň tende, ýürekde, janda,
Ne bir janda, belki jümle jahanda,
Hüýri-ryzwan okar jennet mekanda,
«Taha», «Ýasin», barça sürede belli.

Gelsin diýip habar gelgeç habypdan
Byrag münüp çykdyň arzy-şeripden
Şepagatyň daryg etme garypdan
Magşar gün ýetirgin myrada belli

Aklymy unutdy yşkyň howasy
Ýüz jan bolsa bir görnüşiň pidasy
Magtymguly diýrler, şermende, asy
Atasy sähraýy-Azada belli.

## *USSADA BELLI*

Eý, agalar, bir gün bolar, paý alar,
Gulluk edip gezen ussada, belli.
Huda özi kime dogry gözlese,
Ýetişer myrada, maksada, belli.

Öwrüle-öwrüle şerbet içer sen,
Dolana dolana, peri guçar sen,
Ol eýwany görseň, mundan geçer sen,
Ömrüň ýele berme, dünýäde belli.

Joşar sen, her sözi peýda eder sen,
Jan bilbili saýrar — şeýda eder sen,
Pelek bir bakgaldyr, söwda eder sen,
Owwal-ahyr utar söwdada, belli.

Mest olar sen, jahyllykda joşar sen,
Bilmez sen, her işe başyň goşar sen,
Bir gün bolar, bir zulmata düşer sen,
Başyň bilmez, geçer gowgada, belli.

Haram urup, ganlar dökdüň ellikde,
Gel, ne iş bitirdiň segsen ýyllykda,
Gaýdyp ýaman ýoldan, gezgin gullukda,
Jennet diýip ýörgül tamada, belli.

Ajal – derýa boýlar, başyňdan aşar,
Serişdäň suw bolar, akylyň çaşar,

Kyrk gün owwalyndan ýapragyň düşer,
«Öli» diýp at biýrler semada, belli.

Keramul-kätibeýn sag-u soluňa,
Ýazyp, namaň tabşyr magşar, goluňa,
Çarhy-pelek duzak gurmuş ýoluňa,
Sen üçin oturmyş saýýada belli.

Kimseden alar sen, kimine biýr sen,
Halal parh etmeýin, haramy iýr sen,
Bir şaýydan ötri sowabyň biýr sen,
Düşer sen ondan soň zulmata, belli.

Çaraýna baglaýyp, geýen sowutlar,
Ýer goýnuna girdi münüp tabytlar,
Magtymguly, aýdar, deň-duş ýigitler,
Gardaşlar, ýat ediň dogada, belli!

## *ZOR BOLAR*

Ýagşylykda ile özün tanydan –
Alkyş alyp, derejesi zor bolar,
Ýaman bolup, ýagşylygy unudan –
Öz yzzatyn gidir, itden hor bolar.

Melul bolar myradyna ýetmedik,
Müýnli bolar Hak emrini tutmadyk,
Öz ryzkyna hiç kanagat etmedik,
Gözün diker, kişi aşyna zar bolar.

Her kim ýamanlasa deňi-duşuny,
Özi müşgil eder asan işini,
Kim dargatsa akyl bilen huşuny,
Eder işin bilmez, şermisar bolar.

Zehini keç bolar bady ýaňylan,
Biygtyýar bolar goly daňylan,
Göreşde ýykylan, jeňde ýeňilen,
Içi doly namys bilen ar bolar.

Gaýraty kem bolar gahary azyň,
Depgini pes bolar matamda sazyň,
Öýüne barsaňyz, bir binyýazyň,
Göwresi gysylar, köňli dar bolar.

Kim belany satyn alsa başyna,
Reşk edip, rakyplar geçer daşyna,
Tokuş etse kim başarmaz işine,
Söwdasyndan gele bilse, är bolar.

Soňun toba etmez ýaňylyp-ýazan,
Ot ýaksaň gaýnamaz bir gury gazan,
Pähm ediň, her ýerde bir päli azan,
Ýowuz musallata sezewar bolar.

Hazana dönüpdir ömrüm ter güli,
Nazaryn pes tutar ilden, bergili,
Biykbal, ýazykly, ýaman görgüli,
Uçraş gelse, bir ýamana ýar bolar.

Öňde, yzda görseň her kes gulamyn,
Ondan aýamagyn Taňry salamyn,
Kim okap unutsa Hakyň Kelamyn,
Kyýamat gün iki gözi kör bolar.

Haly müşgil bolar köýüp-ýananyň,
Imany şikest tapar haram iýeniň,
Kastdan roza, namazyny goýanyň,
Özi kapyr, biliň, jaýy dar bolar,

Magtymguly, sözle her ne bileniň,
Özüňe kemlik bil aýtman öleniň,
Taraşlap, şaglatgyl köňle geleniň,
Senden soňkulara ýadygär bolar.

## *SEÝRAN IÇINDE*

Eý, ýaranlar, musulmanlar,
Bir gije seýran içinde;
Otuz iki kişi gördüm
Ol Şahymerdan içinde.

Olara berdim salamy,
Sordular saglyk kelamy,
Şyhys-seýit – Möwla Jamy,
Ol ýedi soltan içinde.

Soltan Weýis pähliwany,
Hekim Ata — Süleýmany,
Hoja Ýusup Hemedany
Şol şahy-Kengan içinde.

Türküstan eýesi serwer,
Ymam Käzim, ymam Jafar,
Ýahýa bilen Nuh pygamber,
Baýezit soltan içinde.

Gözel pirler — gözel ýarlar,
Çekdiler bu ýolda zarlar,
Ymam Ryza – şahy-pirler,
Niçe gözel jan içinde.

Magtymguly, syrym çohdur,
Men neýläýin, açan ýokdur,
Ölmek — hak, direlmek hakdyr,
Okadym Gurhan içinde.

## *ATLY, ÝARANLAR*

Depderler içinde bir kitap gördüm,
«Kasasyl-enbiýa» atly, ýaranlar.
Hezreti Ýusuby beýan eýläli,
Kyssasy şekerden datly, ýaranlar.

Renji azym, rahaty köp, şeýle bil,
Sözleri hadysdyr, aýaty-delil,
Beni Ishak ibni Ybraýym Halyl,
Ýalawaç urugy zatly, ýaranlar.

On iki ogly bar, altysy hatyn,
Habar sorsaň, budur bu asylzatyn,
Illalla Taňrynyň ol mugjyzatyn,
Ýakuby kör basr etdi, ýaranlar.

Ýedi ýaşda Ýusup gördi bu düýşi,
Ýaranlar tagajjup Allanyň işi,
Şemgun, Rubil atly ondur gardaşy,
Ýusuby bir çaha atdy, ýaranlar.

«Ýusup jany böri iýdi» diýdiler,
Bir börini tutup baglap geldiler,
Hezreti Ýakup bir doga kyldylar,
Böri öz halyny aýtdy, ýaranlar:

«Bir balam bar, ýitirip men ýanymdan,
Üç gün boldy, istäp tapman ýabandan,
Dilegiň kabuldyr seniň Suhandan,
Doga kyl» diýp, umyt etdi, ýaranlar.

Ýusuby saldylar tehi-zemine,
Onuň dagly köňli boldy kemine,
Hak emr etdi ol Jebraýyl emine,
Bir demde Ýusuby nätdi, ýaranlar.

Çah içinde ýatdy üç gije-gündiz,
Hezreti Jebraýyl saklady tämiz,
Bir aý bile bir gün ol on bir ýyldyz
Ýusuba köp tagzym etdi, ýaranlar.

Bir kerwen geleýdi Müsürden Şama,
Nägehan geldiler uşbu makama,
Beşir, Beşer atly iki gulama,
Birgip gowalaryn tartdy, ýaranlar.

Gowalaryn çykardylar daşyna,
Ýusup çykdy aý dek bolup nyşana,
Ýüz müň şükür kyldy ol dem Suhana
Gullara iman arz etdi ýaranlar.

Allanyň emrine sunup boýnuny,
Begler görüň, bu şum pelek oýnuny,
Hezreti Ýakubyň nury-aýnyny,
Gullar hojasyga aýtdy ýaranlar.

Mälik Dinar alyp bardy Kengana,
Habar tapdy baky on tört diwana,
Ýusup Syddyk «Gul men» diýdi merdana,
On sekiz ýarmakga satdy ýaranlar.

Patyşanyň ady Mälik Ryýýandy,
Weziriniň ady Eziz Gerendi,
Olar boldy – Züleýhaga derekli,
Mälik Dinar oňa satdy, ýaranlar.

Dellallar ýygnalyp, baha goýdular,
«Boýy deňi altyn-kümüş» diýdiler,
Lagly jöwahyrdan ança oýdular,
«Hälem bolsa arzan!» aýtdy ýaranlar.

Şäher ortasynda bir tagt gurdular,
Ýusup Syddyk: «Gul men» diýip durdular,
Gymmat goýup, Züleýhaga berdiler,
Ahyr myradyna ýetdi, ýaranlar.

Aşyk oldy är Ýusubyň görküne,
Saldylar ýedi gat ýeriň berkine,
Alty hatyn goýmadylar erkine,
Ýusup hem olara nätdi, ýaranlar.

Hatynlar mekrinden gaçdy, gutuldy,
Etegin kesdiler, daşda tutuldy,
Niçe ýyllar zyndan içre ýatyldy,
Ýusup hem tamamyn ötdi, ýaranlar.

Ýusup Syddyk ýatyr zyndan içinde,
Patyşa bir waka gördi düýşünde,
Müneçjimler bes bar idi gaşynda,
Her kaýsy bir tagbyr aýtdy, ýaranlar.

Elkyssa, bu tagbyr Ýusuba ýetdi,
Ýusup hem ol düýşüň beýanyn etdi,
Ybrat alyp, patşa raýyndan gaýtdy,
Tamamyn musulman etdi, ýaranlar.

Ýusup tagta münüp, patşa boldular,
Tamam Müsür halkyn satyn aldylar,
Agalary gelip, tagzym kyldylar,
Külli günälerin ötdi, ýaranlar.

Magtymguly sözlär Hakyň sungatyn,
Bende sen, hatybyň emrine köýgün,
Kime bäş gün berer, kimsäge on gün,
Süreweriň, döwran ötdi, ýaranlar.

### *ARAP TILLI, SÖWDÜGIM*

Boýadylar köýnegiňi gan bile,
Ady belli, arap tilli söwdügim.
Aýralykda ýandy ataň jan bile,
Ady belli, arap tilli söwdügim,
Şam abaly, Rum kabaly jananym.

Aglaý-aglaý jepalaryň derdinden,
Gorka-gorka sähralaryň gurdundan,
Aýryldyň ataňdan, Kengan ýurdundan,
Ady belli, arap tilli söwdügim,
Şam abaly, Rum kabaly jananym.

Çyplak oldy gül bedeniň soýuldy,
Dagy-hyjran synaň üzre goýuldy,
Ýyglamakdan Ýakup gözi oýuldy,
Ady belli, arap tilli söwdügim,
Şam abaly, Rum kabaly jananym.

Geldi ol dem gardaşlaryň bögürşip,
Gorkusyndan gurtlar geldi ýügürşip,
Gelen guduk üste durdy telmurşyp,
Ady belli, arap tilli söwdügim,
Şam abaly, Rum kabaly jananym.

Magtymguly aýdar, älem bakyldy,
Pelek seni Müsre aldy, çekildi,
Puşman edip, aýagyňa ýykyldy,
Ady belli, arap tilli söwdügim,
Şam abaly, Rum kabaly jananym.

## *ÖTGÜL, PYRAGY*

Goluňa alyp sen dünýe zynatyn,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.
Pynhan kylma ýagşy-ýaman, bar zatyň,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Gaýry il zar bolup etrapdan baksyn,
Jeýhun bahry joşup, Gürgene aksyn,
Gözel iliň seniň gaflatdan çyksyn,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Neýlär sen, köp namart hata eýledi,
Mürewwet kyldylar, seta eýledi,
Jem bolup, erenler pata eýledi,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Umydygär bolma bahyl malyna,
Wabeste eýlegil merdiň ýoluna,
Jyza berme, tutmaz, namart goluna,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Eşk döküp dideden, kylmagyl arman,
Terk edip watany bolmagyl rowan,
Meý içip, bezm eýläp, kyl janyň gurban,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Diý baryn, erer sen güftary-suhan,
Lutp eýle iliňe, kylmagyl pynhan,

Diýgeniň dür bolsun, ajap jawydan,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Subhy-şam göwnüňi eýlegil handan,
Türki, Bulgar, Parsy – bolsunlar haýran,
Gül bitiren her dem serwi-huraman,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Edna bolma guýun degse başyňa,
Enjümen eýlegil ili daşyňa,
Dilhah istäp, Firdöws geler gaşyňa,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Diliň bolsun daýym yzhary-güftar,
Serefraz sen, bolmaz seriňde azar,
Wazzuha eýleýip, gurar sen bazar,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Merhaba, alnyňda «...zeýýennes-sema»,
Ferawan iliňe köwseri-aba,
Asal dessan bergil ile merhaba,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Dana men diýp, misginleri unutma,
Afzal men diýp, namartlara baş gatma,
Erk isteýip, ajap dessanyň satma,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Ile ýagma degse, çyk sen söweşe,
Görogly dek esräp girgin döwüşe,
Mundan gaýry fuzun kylma bir işe,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Iliňi eýlegil jahan serferaz,
Goluňda götergil daýym bähri baz,
Kyldygyň çoh işler barçasyn beýaz,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Bossanyň bitiren Erem nahaly,
Mahy-taban roýy jennet mysaly,
Syýa zülp «Welleýli» gaşy hilaly,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

Magtymguly, indi goja galyp sen,
Ýagşylara her dem hemra bolup sen,
Zeberdest ärlerden pata alyp sen,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy.

## *MAGTYMGULY PYRAGY*

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***– Pyragynyň şahyrana dünýäsi müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen türkmen pelsepesine, milletiň kalbynyň owazyna, türkmen ruhunyň synmaz sütünine öwrüldi.***

Türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynda Magtymgulynyň durmuş we döredijilik ýoluny öwrenmeklikde belli derejede işler edildi. Şahyryň ömri we döredijiligi baradaky maglumatlar eýýäm XIX asyryň ortalarynda Ýewropa ýurtlaryna aralaşyp başlady. Biz bu ýerde rus diplomatiýasynda işlän polýak ýazyjysy A.Hodzko – Boreýkonyň Londonda 1842-nji ýylda çap etdiren işini göz öňünde tutýarys. Şondan soňra I.N.Berezin, A. Wamberi, F.Bakulin şahyr hakyndaky gysga maglumatlaryny okyjylara ýetirdi. XIX asyryň II ýarymyndaky Magtymguly bilen baglanyşykly ýazylan işler bu ugurdaky başlangyçlar boldy. Magtymgulynyň ylmy terjimehalyny we döredijiligini yzygiderli öwrenmek işi sözüň doly manysynda XX asyrda başlandy. Bu ugurda türkmen edebiýatyny öwrenmeklige uly goşant goşan rus alymy akademik A.N. Samoýlowiçiň hyzmaty ýörite bellenilmäge mynasypdyr. Ol Magtymgulynyň goşgularynyň görkezgiçlerini düzmekden hem başga, şahyr baradaky ilkinji ylmy garaýyşlary beýan etdi. Magtymgulynyň döredijiligini öwrenmeklikde türkmen alymlaryndan akademik B.A.Garryýewiň we professor M.Kösäýewiň hyzmatlary aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Şahyryň döredijiligi bilen baglanyşykly birnäçe kandidatlyk we doktorlyk dissertasiýalar ýazyldy.
Beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragy 1724-nji ýylda Etrek çaýynyň boýundaky Hajygowşan diýen obada eneden dogulýar.

Magtymgulynyň atasy nusgawy türkmen şahyry Döwletmämmetdir. Ol Azady edebi tahallusy bilen eser döredipdir. Şahyryň ejesine Orazgül diýer ekenler. Magtymguly agyr maşgalada önüp-ösýär. Onuň birnäçe erkek we aýal doganlary bolupdyr. Şahyryň şygyrlarynda erkek doganlaryndan Abdylla bilen Mämmetsapanyň atlary ýatlansa, aýal doganlaryndan diňe Zübeýdanyň ady gabat gelýär. Magtymguly başlangyç bilimi kakasynyň elinde alýar. Bu hakda şahyr şeýle ýazýar:

Doga kylsam jebri-jepa ekserdir,
Ylm öwreden ussat-kyblam pederdir.

Şahyryň soňraky döwürlerde ýüze çykarylan „Hudaý degilmi?“ atly goşgusynda bolsa Magtymguly öz piri, ýagny ylym ussady hökmünde ýene bir adamyň adyny – Begdurdy işany ýatlaýar.

Tamugda sen, tä güzerden ötünçä,
Pirimiz Begdurdy işan degilmi.

Megerem, Begdurdy işan Magtymgulynyň Şirgazy medresesinde okan döwürlerinde sapak berendir. Şahyr Şirgazy medresesinde 3 ýyl bilim alypdyr. Magtymgulynyň Buharadaky Gögeldaş medresesinde okandygy barada hem maglumat bar. Bu maglumaty şahyryň:

Bir gije ýatyrdym säher wagtynda,
Bahaweddin atly diwana geldi –

diýen setirleri hem tassyklaýar. Magtymguly Bahaweddin Nagyşbendä aýratyn hormat goýupdyr. Hatda şahyr özüniň şahyrlyk ylhamyny hem Nagyşbendi bilen baglanyşdyrýar:

Bir gije ýatyrdym, şa Nagyşbendi,
Keremi joş eýläp, bir nan getirdi.

Magtymguly sopuçylygyň nagyşbendilik ýoluna uýupdyr. Sopuçylygyň bu ýoly watansöýüjilik, azatlyk, erkinlik ugrundaky göreşleri oňlapdyr. Magtymgulynyň joşgunly watançylygynyň kemala gelmegine sopuçylygyň bu ýoly hem belli derejede täsir edipdir. Magtymguly öz döwrüniň ýeterlik ylym-bilimini alýar we gündogar edebiýatyny kemsiz özleşdirýär. Şahyr „San bolsam“

atly goşgusynda Abu Seýit, Omar Haýýam, Firdöwsi, Nyzamy, Hafiz, Nowaýy ýaly meşhur şahyrlary uly hormat bilen ýatlaýar.

Magtymguly ýaşlykda bir gyza göwün beripdir. Ol bu hakda „Gana geldim“ atly goşgusynda şeýle diýýär:

On ýedige baramda, yşk söwdasyn göterdim,
Yşkyň söwdasy bilen sürüp, meýdana geldim.

Şahyra göwün beren gyzy bilen durmuş gurmak miýesser edipdir. Ýöne, bu bagtyýar durmuş uzaga çekmeýär:

On ýediden geçen soň, şöhrat öýüne girdim,
Aldym bir näzenini, zowk ile sapa sürdüm,
Bu gunçaýy-gülzaryň elwan gülüni tirdim,
Ýigrimiýe ýetende, pelek jebrini gördüm,
Pelek aldy ýarymy, ejel gamhana geldim.

Şahyryň başyna 20 ýaşda agyr-ejel gamhana düşüpdir. Ol şol ýaşda başdaşyndan jyda düşüpdir. Magtymgulynyň öz ilki söýgüsine gowşandygyny şahyryň:

Mahbup bile söýüşdiň,
Bile çolaşa ýetdiň –

diýen setirleri hem tassyklaýar. Şahyryň başdaşyndan aýra düşendigini onuň: „Dana bolmaý keser huşum, basadaşyndan aýrylyp“ diýen setirleri aýdyň güwä geçýär. Şondan soň şahyryň „bagryny dilen“ dulluk döwri başlanýar.

Dertli dilber, dilleşer sen, gel bäri,
Dullukdyr meniň-de bagrym dilenim.

Wagt geçýär, yzalar gowşaşýar, ýaş göwünde durmuş duýgulary oýanyp başlaýar. Şeýle ýagdaýlarda hem oňa Meňli gabat gelýär. Şahyr „Seniň kibi ýardyr, meniň ölenim“ diýip, Meňliniň haýsydyr bir babatda başdaşyna meňzeýändigini ýatlaýar. Başdaşyndan jyda düşen şahyr otlukly hyjuw bilen Meňlini söýýär. Ýöne olara biri-birine gowuşmak miýesser etmändir. Şahyryň: „Bir näkese bagş eýlemiş pelek Meňli ýarymy“ diýen ahy-zarly setiri bu ýagdaý bilen baglanyşykly onlarça goşgularyň üstüni ýetirýär. Ýetilmedik arzuw ýürek paralaýjy setirlere siňýär.

Akyldar şahyryň yzynda hiç-hili nesil galmandyr. Şahyr öz şygyrlarynda zürýatlaryndan aýra düşendigini uly gynanç bilen ýatlaýar. Şahyryň şygyrlarynyň şaýatlyk etmegine görä, ol agyr ýagdaýlara sezewar bolupdyr. Hatda ol belli bir wagtlarda zyndana hem düşüpdir:

Magtymguly goly bagly perişan,
Ajap dessanymdan goýmady nyşan,
Zyndanda oturdy pirlerimiz, işan,
Idegim kerwenden ýoldy, neýläýin?

Magtymguly öz eserlerini esasan, hususy ady bilen döredipdir. Şeýle hem şahyr Pyragy, Gul Magtym, Magtymy ýaly edebi tahalluslary hem ulanypdyr.

Biziň günlerimize şahyryň 700-den gowrak şygyrlary we 10-a golaý kiçi göwrümli poemalary gelip ýetipdir. Bularyň 80 göterime golaýy golýazmalarda gabat gelip, galan bölegi halkyň dilinden ýazylyp alnan. Biziň ynanjymyza görä, „tili deprendigiçe söýlemän“ durup bilmeýän, döwründen we dünýäden nadyl, kalby armandan doly, derdini şygyrlary bilen egsen we hiç mahal ruhdan düşmedik, ýüregi il-günüň aladasy bilen urýan şahyryň edebi mirasy ýokarda görkezilen sanlaryň çäginden has gala bolmaly. Muny şahyryň edebi mirasy bilen baglanyşykly berlen halk maglumatlaryny hasaba almanyňda-da, onuň:

Gapyllykda duşman aldy daşymyz,
Dargatdy her ýana deňi-duşumyz,
Bäş ýylda bir kitap eden işimiz,
Gyzylbaşlar alyp weýran eýledi –

Ýa-da:

Ýazan kitaplarym sile aldyryp,
Gözlerim yzynda girýan eýledi –

diýen setirleri hem tassyklaýar. Bütin ömrüni halkyň hyzmatynda geçiren Magtymgulynyň döredijilik älemi baý we hertaraplaýyndyr. XVIII asyr türkmen durmuşy, döwrüň taryhy we syýasy wakalary, türkmen topragyna bolan çäksiz söýgi, özüni kemala getiren halka bolan yssy mähir, döwrüň ýaşaýyş-durmuş meseleleri, tebigat gözelligi, ahlak arassalygy, söýgi tämizligi... bularyň hem-

mesi şahyryň döredijiliginde orun tapypdyr. Magtymguly diňe bir türkmen edebiýatynda däl, eýsem türki dilli edebiýatyň taryhynda hem uly öwrülişik döreden şahyrdyr. Akademik W.W. Bartold «... из всех турецких народностей только туркмены имели своего национального поэта, Махтумкули»32 diýen mahaly hut şol öwrülişigi göz öňüne tutan bolsa gerek. Magtymgula çenli bolan türki dilli edebiýatda, şol sanda türkmen edebiýatynda hem edebiýat halk durmuşyny suratlandyrmady. Magtymgula çenli bolan türki dilli edebiýatda uly göwrümli, ýordumly eserler esasan, göçme sýužetler, rowaýat, legendalaryň esasynda döredildi. Biz bu ýerde „Ýusup-Züleýha“, „Leýli-Mejnun“, „Sagdy-Wakgas“, „Zeýnelarap“, „Hysrow-Şirin“, „Perhat-Şirin“ we ş.m. sýužetlerde döredilen eserleri göz öňünde tutýarys. Dogry, Magtymgulydan öňki döwür edebiýatynda aýry-aýry soltanlaryň, patyşalaryň, hanlaryň harby ýörüşlerini teswirleýän göwrümli eserler, olary taryplaýan kasydalar bar. Ýöne olar umumy halk durmuşyny suratlandyrmaýar. Kiçi göwrümli poeziýa eserleri babatynda aýdylanda belli-belli şahyrlaryň soltanlary, şalary, hanlary wasp edip ýazan kasydalary köp. Dogursy, şeýle ýagdaýa patyşa köşgünde hyzmat eden şahyrlaryň aglabasynyň döredijiliginde gabat gelinýär. Şeýle ýagdaýda döredilen eserleriň mazmunlary köplenç kybapdaş. Olarda şahsy bähbit ýa-da tamakinçilik mazmun ýatyr. Magtymgulynyň döredijiliginde hem garaşsyz owgan döwletini döreden Ahmet şa bagyşlanan goşgy bar. Şahyr şygryny şeýle setirler bilen başlaýar:

Ýa Ahmet şa ýerde ýaýylyp çawuň,
Adyň asman gider arşy-aglaýa.

Eýsem joşgunly hyjuw bilen ýazylan bu goşgy arkaly şahyr nähili maksady göz öňünde tutduka? Şahyr orta asyr edebiýatyndaky kasydalardaky ýaly Ahmet şadan sowgat-serpaý tamakinligini etdimikä ýa-da haýýşdyr bir wezipe-dereje umydy bilen bu şygry ýazdymyka? Ýok, şahyryň şygrynyň özeninde halkyň aladasy ýatyr. Şahyr bu şygyrda dini ynanç-ygtykatlary sebäpli häli-şindi çapawullanyp duran halkynyň aladasyny edýär. Ahmet şadan bu meselede goldawa garaşýar. Taryhdan mälim bolşuna görä, Ahmet şa hem türkmenler bilen ýakyn gatnaşyk saklanyny kem görmändir. Ol öz harby ýörişlerinde

32 Академик В.В. Бартольд. Сочинения, т. 5, м., 1968, 1187;

taryhda söweşjeňlik ukyby bilen meşhur bolan türkmenlere bil baglamagy göz öňünde tutupdyr. Şeýle dartgynly syýasy wakalaryň dowam edýän döwründe bolsa, Magtymgulynyň Ahmet şa hakyndaky şygry döräpdir. Aslynda bu goşgy taryp däl. Şygyr syýasy temada. Onda XVIII asyr türkmen durmuşynyň syýasy meselesi gozgalýar. Oňa „Arşy-aglaýany“ okan islendik okyjy aňsatlyk bilen göz ýetirer. Şahyryň „Aly siziňdir“ atly goşgusy hem syýasy äheňe ýugrulan:

Sür, Fath serdar ogly, geldi wagt,
Ýene bu döwrany-aly siziňdir.
Köne agyr döwlet täze eder bagt,
Beýiklik, serdarlyk ýoly siziňdir.

Magtymguly Muhammethasan hany hem türkmen halkynyň duşmanlarynyň garşysyna goýmak maksady bilen taryplaýar we ony söweşe hyjuwlandyrýar. Şahyryň „Arşy-aglaýa“ we „Aly siziňdir“ atly goşgularynda türkmen tire-taýpalaryny birleşdirmek, olary agzybirlige çagyrmak, özbaşdak türkmen döwletini gurmak ideýalary ýok. Bir döwürräkde ýazylan bu goşgularda şahyr halkyň asudalygyny arzuwlaýar, ýöne şol arzuwa ýetmegiň aýdyň ýoluny syýasy taýdan dogry kesgitläp bilmändir. Ahmet şadan, Muhammethasan handan we ýene-ýenelerden garaşýan tamasy çykmandan soň, Magtymguly halkyň asudalygynyň tire-taýpalaryň agzybirligindedigine düşünýär we öz goşgularynda bu pikiri ündäp başlaýar.

Şahyryň döwründe bir taýpanyň-ha däl, bir tiräniň wekilleri hem özara oňuşmandyrlar. Mahlasy, Magtymgulynyň dili bilen aýtsak „her kim özüne soltan“. Şeýle ýagdaýda şahyr ilki bilen öz tiredeşlerini we taýpadaşlaryny birleşdirmegiň zerurdygyna göz ýetirýär. Şeýle maksadyň netijesinde şahyryň „Gökleň“ atly goşgusy peýda bolýar. Şahyr bu şygrynda öz taýpadaşlaryny söweşe ruhlandyrýar, olaryň göwünlerini göterýär:

Çöle çykar bolsa meňzär,
Keýige, gulana gökleň.
Täsip edip, söweş etse,
Döner aç arslana gökleň.

Wagtyň geçmegi bilen şahyr başga bir hakykata göz ýetirýär. Diňe bir taýpadaşlaryň bilen agzybirligi saklamak ýowuz duşmandan goranmakda ýeterlik däl eken. Şeýle ýagdaýda ol goňşuçylykda ýaşaýan türkmen taýpalary bilen birleşmegi ündäp başlaýar. Türkmen taýpalarynyň birleşen güýç bolup daşky duşmanlara garşy söweşen mahallary olara üstünligiň ýar boljakdygyny düşünen şahyr uly joşgun bilen şeýle diýýär:

Gökleň, ýomut täsip edip özünden,
Çekdi goşun, öňi-ardy bilinmez.
Sygmaý çykdy Deşti-Dahan düzünden,
Ýörän ýoly, gonan ýurdy bilinmez.

Daşky duşmanlara gaýtawul bermeklikde diňe bir ýomut we gökleň taýpalarynyň agzybirligi hem ýeterlik bolmandyr. Ine, şeýle ýagdaýda şahyr ähli türkmen taýpalarynyň birleşmelidigine göz ýetirýär we ähli türkmen taýpalaryny agzybirlige çagyrýar. Muňa şahyryň „Döker bolduk ýaşymyz“ atly şygry arkaly aýdyň göz ýetirse bolýar. Türkmen edebiýatynyň taryhynda Magtymguly ilkinji bolup türkmen halkyny birleşdirmek, döwlet gurmak meselesini ähli aýdyňlygy bilen gozgaýar:

Türkmenler baglasa bir ýere bili,
Guradar Gulzumy, derýaýy-Nili,
Teke, ýomut, gökleň, ýazyr, alili
Bir patyşa gulluk etsek bäşimiz.

Şahyr döwrüň syýasy wakalarynyň gazanynda gaýnap, ähli türkmen taýpalary birleşmeli we özbaşdak döwlet gurmaly diýen taryhy netijä gelýär. Şahyryň türkmen taýpalaryny birleşdirmek, özbaşdak döwlet gurmak ideýasy „Türkmeniň“ we „Türkmen binasy“ atly goşgularynda jemlenýär.

Teke, ýomut, ýazyr, gökleň, Ahal ili bir bolup,
Kylsa bir jaýga ýörüşi, açylar gül lälesi.

Magtymguly türkmen taýpalaryny agzybirlige çagyran mahaly, ýowuz duşmana birleşen güýç bolup gaýtawul bermegi ündeýän mahaly, aýry-aýry taryhy şahslary hem taryplaýar. Ýöne ol taryp orta asyr türkmen edebiýatyndaky kasydalardan düý-

pgöter tapawutly. Magtymguly haýsydyr bir hany ýa-da owgan patyşasy Ahmet şany taryplan mahaly ol halk bähbidinden ugur alýar. Has takygy, şahyr olary türkmen halkynyň duşmanlaryna garşy söweşe çagyrýar. Şeýle ýagdaýy Magtymgulynyň Çowdur han, Döwletaly ýaly türkmen hanlarynyň ölümi bilen baglanyşykly döreden elegiýalarynda hem synlaýarys. Çowdur han hem Döwletaly hem halky daşky duşmanlardan goramak ugrundaky söweşlerde wepat bolan gerçekler. Hut şu sebäpli hem Magtymguly ýüregini paralap halk hossarlarynyň ölümine aglaýar:

Çowdur han, görejim, göwin diregim,
Sen wepat bolup sen zarlar içinde,
Gökleňde pälwanym, ile geregim,
Halky goýup gitdiň narlar içinde.

Magtymgulynyň döredijiligini özünden öňki türkmen ýa-da türki dilli edebiýatyndan düýpli tapawutlandyrýan ýagdaý, onuň şygrynda beýan edilýän anyk taryhylykdyr. Şahyr öz döwrüniň anyk wakalaryny suratlandyrýar, halkyň asuda durmuşy ugrunda gurban bolan döwürdeşleriniň agysyna aglaýar, halkyň durmuşyndaky sähelçe şatlyga şahyryň şahyr göwni toý tutýar. Biz Magtymgulydan öňki döwür türki dilli edebiýatdan şahyryň:

Magtymguly, bu kyýamat,
Goýdy başyma çoh apat,
Türkmen ilim, eý adamzat,
Azat sil, güzer gözlär men -

diýen setirleriniň äheňinde ýazylan şygra megerem gabat gelmesek gerek. Bu setirlerden kämil şahsyýetiň sesi eşidilýär. Magtymguly edebiýaty halk durmuşy bilen birleşdirdi. Şahyryň şygyrlarynda XVIII asyr türkmen durmuşy ähli babatda öz çeper beýanyny tapypdyr. Biz şahyryň şygyrlarynda XVIII asyryň syýasy, taryhy wakalaryna-da, türkmen halkynyň däp-dessurlaryna-da, türkmen gelin-gyzlarynyň edep-ekramyna-da, mahlasy türkmen halkyna mahsus ähli häsiýetlere gabat gelýäris. Dogry, olaryň şahyryň döredijiliginde işleniş gerimi deň däl.

Magtymgulynyň döredijiliginde işjeň işlenen temalaryň biri hem Watan, onuň asudalygy, halkyň agzybirligi, parahat dur-

muşda ýaşamak üçin ilkinji zerurlyk bolan döwlet meselesidir. Aslynda, Magtymguly bu meseleleri biri-birinden üzňe, aýratynlykda däl-de, biri-biri bilen baglanyşykly, biri beýlekisiniň üstüni ýetirýän bitewi tema hökmünde suratlandyrýar. “Derdim bardyr diýarymdan, döwrümden” diýip hesret çekýän şahyr öz derdiniň, ýürek yzasynyň sebäbini şeýle görkezýär.

Jan şährine düşdi talaň, geldi leşger tug bilen,
Bilmenem, ol çözermikä, bu watan ykbalyny?

Magtymgulynyň türkmen edebiýatyna girizen täzelikleriniň biri hem şahyryň türkmen gyzyny öz hususy ady bilen, şol bir wagtyň özünde XVIII asyr türkmen gyzlaryna mahsus utanjaňlyk, çekinjeňlik, sypaýylyk häsiýetleri bilen, şeýle hem demri magnitiň özüne çekişi ýaly, tebygy gözelligi bilen görenleriň ünsüni özüne çekýän türkmen gyzynyň şahyrana keşbini äşgär we aýdyň suratlandyrmagydyr. Munuň hem üstüne türki dilli edebiýata söýgi mukaddesligini girizmegidir. Bu aşa dabaraly ýaly görünýän jümläniň hakykatdygyna Magtymgulynyň Meňlä bolan söýgüsini onuň şygyrlary arkaly ýüregi bilen syzan adam göz ýetirer. Türki dilli edebiýatyň bagynda açylan gül we onuň yşgynda saýraýan bilbil Magtymgulynyň döredijiliginde durmuş hakykaty bilen birleşdi. Şahyryň şygyrlarynda haýsydyr bir adaty gül ýa-da onuň yşgynda saýraýan haýsydyr bir bilbil däl-de, anyk adam öz milleti we tiresi, hususy ady bilen wasp edildi.

Illeri bar deňli-deňli,
Sowuk suwly ter öleňli,
Ili – gökleň, ady Meňli,
Näzli dildardan aýryldym.

Okyjy bu ýerde Gündogar edebiýatynda lenç edilen Züleýha, Leýlä, Şirine we beýlekilere derek heniz edebiýatda işlenilmedik, anyk döwürde we anyk ýerde ýaşaýan täze bir edebi gahryman bilen duşýar. Aslynda Meňli edebi gahryman hem däl. Ol anyk bir adam – Magtymgulynyň göwün beren magşugy. Magtymguly hem öz söýgüsinde Yusup, Mejnun ýa-da Hysrow däl. Geliň Magtymgula gulak asalyň:

Derdim bardyr Mejnundan altmyş esse zyýada,
Kuwwatym bar kyrk ýyllap, ders bererge Perhada.

Eýsem şular ýaly otlukly söýgi bolmadyk bolsa „60-a azm uran“ Magtymguly:

Meňli hanym yşk söwdasyn unutdym,
Rehm eden bolmady bagtym garadyr -

diýip ýürek paralamazdy. Türkmen edebiýatynyň taryhynda, diňe bir türkmen ýa-da türki dilli edebiýatyň taryhynda hem däl, eýsem Gündogar edebiýatynyň we sözüň doly manysyndaky dünýä edebiýatynyň öçmez yyldyzlarynyň biri bolan we öz şygyrlarynda:

Arap nukty dökülmişdir diliňden,
Seni kimdir diýen kim, türkmen sen -

diýen Nesiminiň döredijiliginde-de, gelip çykyşyny we döredijiligini türkmenlersiz göz öňüne getirmek mümkin bolmadyk, öz şygyrlarynda:

Nowaýy türkleriň terki tutsa, aýp kylmaň kim,
Oňa bir türkmen mahweş gamy mäkäm dolaşypdyr -

diýip, haýsydyr bir türkmen gyzyny wasp eden, ýa-da öz şygyrlarynda türkmen topragyny – Maryny jandan-dilden söýen Nowaýynyň döredijiliginde-de, gelip çykyşy gadymy türkmen taýpalarynyň biri baýatlardan bolan Muhammet Fuzuly Baýatynyň döredijiliginde-de biz anyk türkmen gözeliniň keşbini synlamaýarys. Geliň Magtymgula gulak asalyň:

Perde tartyp ýüzlerine,
Raýyş berip sözlerine,
Magtymguly gözlerime,
Ýeke Meňli han görüner.

Mysallardan görnüşi ýaly, XVIII asyr türkmen edebiýatynda anyk magşugyň keşbi edebiýata aralaşdy. Sopuçylyk edebiýatynda yşk, söýgi Hudaý bilen baglanyşykly. Hatda göçme ýordumly „Leýli-Mejnun“, „Ýusup-Züleýha“ ýaly dessanlardaky hereket edýän gahrymanlaryň söýgüsi hem şu çarçuwa goşu-

lýar. Emma Magtymguly bu çarçuwadan çykýar. Beýle diýildigi Magtymguly türkmen sopuçylyk edebiýatynyň klassiki ýörelgelerine eýermändir diýildigi däl. Ol köp şygyrlarynda, aýratyn hem „Näme sen“, „Bu derdi“, „Aşyk bolmuşam“ ýaly goşgularynda sopuçylyk edebiýatynyň wysala gowuşmak ýörelgelerine eýeripdir. Ýöne ol şahyr hökmünde sopuçylyk edebiýatynyň çäkli galypyndan çykýar we edebiýaty reallaşdyrýar.

Magtymgulynyň döredijiliginde durmuşdaky deňsizlik, adalatsyzlyk bilen baglanyşykly döredilen şygyrlaryň hem onlarçasy gabat gelýär. Şahyr bu meselede hem halk bähbidinden ugur alyp, ezilenleriň, horlananlaryň agysyna aglaýar:

Gömüldi deryalar, ýykyldy daglar,
Ýetimler göz ýaşyn döke başlady.
Orramsydan bolan haramhor begler,
Ýurdy bir ýanyndan ýyka başlady.

Biz Magtymgulynyň Çowdur han, Döwletaly ýaly türkmen hanlarynyň ölümine bagyşlap elegiýalary, Ahmet şa we Muhammethasan han hakynda öwgi ýazandygyny we şeýle eserleriň döremeginiň sebäbini ýokarda belläpdik. Şahyr halkyna jebir-sütem edýän hanlaryň hem “ýüzünden” sypanok:

Azypdyr gökleň hanlary,
Kän görer bize hallary,
Goýman sürdi bar mallary,
Göz dikip durmaly boldy.

Şahyr meşhur “Fetdah” goşgusynda zalym şanyň halka edýän sütem-zorlugy üçin perýat edýär:

Sen türkmeniň ilin-günün soldurdyň,
Ganlar döküp, gözel ýurdum doldurdyň.

Elbetde, şahyr özüniň bu goşgusy üçin “başynyň ölümlidigini, malynyň talaňlydygyny” bilýär. Ýöne gözel ilini jany-teni bilen söýýän şahyr, heý-de ölümden gorkup, seslenmän durup bilermi? Elbetde, ýok! Eger ol şeýle şygyrlary ýazmadyk bolsa onda ol türkmen halkynyň milli buýsanjy – Magtymguly bolup bilmezdi.

XVIII asyr türkmen edebiýatynda uly özgerilişigi amala aşyran Pyragynyň döredijiligi geljekki şahyrlar üçin özboluşly mekdebe öwrülipdir. XIX asyr we ondan soňky döwür türkmen edebiýatynyň wekilleri Magtymgulydan edebiýaty halka ýakynlaşdyrmagy, halkyň dil baýlygyny özleşdirmegi öwrenipdirler.

Şahyryň döredijiligi dine bir tema baýlygy bilen tapawutlanman, eýsem çeperçilik tärleriniň ulanylyşy, her sözüň ylham eleginden elenip, obraza eýlenişi jähetden hem haýran galdyrýar:

Bagyr ýaşyn köňül döker gözünden,
Gaş hem gelse ýyglap geçer halymga.

Ýene:

Daglar başyn egdi duman bürendi,
Ýeller galabilmän ýerden süýrendi.

Şular ýaly heýjana salýan setirlere şygyr saýyn gabat gelmek bolýar. Magtymguly öz döredijiliginde türkmen nakyllaryna, atalar sözlerine hem täze röwüş berýär:

Her gözelde bir aýyp bar, onki syna ornuda,
Süýde siňe nazar salsaň, içinde gany bardyr.

„Huny bardyr“ atly bu gazalda şahyr iki nakyly ýagny, „Bir kemsiz gözel bolmaz“ we „Süýde siňe seretseň gan görner“ diýen nakyllary ussatlyk bilen setirlerine siňdiripdir.

Magtymgulynyň çeperçilik serişdelerini ulanyşy, goşgy düzüş usullaryna ezberligi akyldar şahyryň galamyndan çykan şygyrlaryň ömrüniň uzamagyna getiripdir.

Belli alymlar tarapyndan ýeke-täk milli şahyr diýlip kesgitlenen Magtymgulynyň döredijiligi her bir meselede millilige ýugrulan. Magtymguly – bu XVIII asyr türkmen durmuşy. Şahyryň döredijiliginde bu durmuş özüniň şatlygy-hasraty bilen, begenji-gynajy bilen, ýeňişi-ýeňlişi bilen öz beýanyny tapypdyr. Eger Magtymguly türkmen halkynyň öwlüýä hasaplaýan adamsy Döwletmämmet Azadynyň – Garry mollanyň ogly hökmünde hereket eden bolsa-dy, onda ol:

Magtymguly, mert menem, äşgär ile mertligim,
Diri gitmez gaşlarymdan, degen namys-aryma –

diýip, şeýle batyrgaý, namys-ar üçin ölüme häzir setirleri ýazmazdy. Aslynda, Magtymgulynyň özi – özboluşly dünýä. Oňa düşünmek üçin şahyryň ruhy dünýäsine özi bolup aralaşmaga ymtylmaly. Bu mümkin däl iş. Ýöne Magtymgulynyň dünýäsi onuň perwanalaryny öz gününe goýmaýar.

Biz Magtymguly hakynda gürrüň edenimizde, köplenç, adaty adamyň, bolman-da adaty şahyryň derejesinde gürrüň edýäris. Ýöne, Magtymgulynyň adaty adam ýa-da adaty şahyr däldigine, onuň gaty seýrek zehindigine, gaty seýrek özboluşly dünýädigine düşünmegimiz gerek. Eger şeýle edilmese tebigy zehine, türki dilli edebiýaty düýpgöter özgerden, ony halk durmuşy bilen birleşdiren beýik şahsyýete düşünmezligimiz bolardy.

Şeýle beýik şahsyýet 84 ýaşda, 1807-nji ýylda ýagty jahan bilen hoşlaşypdyr

*Annagurban AŞYROW*
*Filologiýa ylymlarynyň doktory.*

*SÖZLÜK*

## A

**Ab (ap) – suw. Aby-haýat** – 1. Dirilik suwy. 2. Alla bolan söýgi. Aby-Köwser – Köwser suwy. Behiştde akýan Köwser atly süýji çeşmäniň suwy. Aby-Zemzem – Mekge şäherinde, Käbäniň günorta-gündogarynda ýerleşýän guýy.
**Abdal** – derwüş, galandar.
**Abdylla** – Döwletmämmet Azadynyň ogullarynyň biri.
**Abu Bekr** – Abdylla ibn Kahaba. Muhammet pygamberden soňky ilkinji halypa, dört Çaryýarlaryň biri. 632 – 634-nji ýyllarda (iki ýyl üç aý) halypalyk edýär. Onuň Syddyk (wepadar ýoldaş, ynançly dost), Atyk, Zülhylal we Şyhylhulafa diýen lakamlary-da bolupdyr.
**Abu Seýit (Sagyt)** – Abu Sagyt ibn Abulhaýr Mähneýi (967 – 1049). Orta asyrda Türkmenistanyň Mäne şäherçesinde ýaşap öten görnükli şahs: şyh, pir, şahyr, alym, sopuçylygyň Türkmenistandaky ilkinji wekilleriniň biri. Ony uly-kiçi hormatlapdyr, hatda Seljuklylaryň belli serkerdeleri Togrul beg bilen Çagry beg-de oňa aýratyn sarpa goýupdyrlar.
**Aftap** – Gün, Kuýaş, ýagtylyk.
**Afzal** – 1. Iň ylymly, iň bilimli. 2. Iň ýagşy, iň gowy. 3. Afzal (has at).
**Agaz** – başlangyç, baş, öň. Agaz eýlemek – başlamak.
**Agla** –1. Iň ýokary, iň belent. 2. Iň gowy, iň oňat.
**Agmal** – «amal» sözüniň köplük sany. Etmişler, edilen işler.
**Agýar** – 1. Başga, keseki, ýat. 2. Bäsdeş, rakyp, ýagy.
**Agzam** – beýik, uly.
**Ahenger** – demirçi, demirçi ussa.
**Ahmet Durrany** – (1724-1772) türkmenleriň abdal tiresinden bolup, Owganystanda özbaşdak döwleti esaslandyran şa (1747-1772). Nedir şanyň iň ýakyn adamy, 1747-nji ýylda ony öldürmegi gurnanlaryň biri.
**Ahram** – mukaddes, päk.
**Ahsan** – ajap, iň oňat, iň gözel, örän gowy.
**Ahtar** – 1. Ýyldyz. 2. Täleý, takdyr. Ahtary-bet – betbagtlyk ýyldyzy.
**Akybet** – soň, ahyr.
**Al I** – hile, aldaw, pirim, mekirlik.
**Al II** – mämişi kakýan gyzyl reňk, gyzyl, gyrmyzy.
**Albaý** – guşa aw öwredilende ýüzi bölejik gyzyl mataly bulaýlanýan akja keçe.
**Alhamdulilla** – öwgi Allanyňkydyr, öwgi Alla degişlidir.

**Aly** – Abu Talybyň ogly, Muhammet pygamberiň doganoglany we giýewisi (600-661). Çaryýarlaryň dördünjisi. 656 – 661-nji ýyllarda halypalyk edýär. Onuň Şahymerdan (mertleriň şasy), Esedulla (Allanyň şiri), Murtaza (razy bolnan, saýlanan), Sapdar (sap-hatar böwsüji) ýaly lakamlary bar.
**Aly (a:ly)** – beýik, ýokary. Döwrany-aly – bagtly döwran.
**A:m (aam)** – 1. Garamaýaklar, köpçülik. 2. Sowatsyz, düşünjesiz. Has-u a:m – ýokary gatlak we garyplar, alymlar we sowatsyzlar.
**Amuhta** – endik eden, öwrenişen, öwrenen, öwredilen.
**Anbar** – müşk ýaly ýakymly, hoşboý ysly madda (ambra).
**Anjak** – şeýle, şunuň ýaly.
**Anka** – ertekilerde beýan edilýän hyýaly guş, Symrug.
**Apat** – bela-beter, betbagtçylyk, uly howp.
**Arasat** – 1. Meýdan. 2. Harasat, kyýamat, ahyret, gowga, goh, topalaň.
**Araýyş** – bezeg, bezeme. Araýyşy-jan – janyň, ýaşaýşyň bezegi.
**Arbalet** – gadymy slawýan halklarynyň biriniň serkerdesi ýa-da şolara degişli ýarag, harby guralyň ady.
**Arbap** – 1. Hojaýynlar. 2. Patyşalar, hanlar.
**Arguwan** – 1. Gyzyl reňkli, gyzyl gülli, kebelek şekil ýaprakly ösümlik (ercis siliguasturm). 2. Şerap, gyrmyzy şerap; 3. Söýgüliniň gyrmyzy dodagy.
**Armagan** – sowgat, serpaý.
**Arş** – 1. Asman, gök. Asmanyň iň belent ýeri. 2. Belentlik. 3. Tagt. Arşda-ferşde – gökde-ýerde.
**Arşyn** – uzynlyk ölçegi, tirsekden barmagyň ujuna çenli bolan aralyk (71 sm. möçberindäki uzynlyk).
**Arwah** – ruh sözüniň köplük sany,ruhlar.
**Ary (aryg)** – 1. Arassa, dury. 2. Boş, ýalaňaç.
**Aryk** – ýap, akaba, akar.
**Aryp (aryf)** – 1. Akylly, dana, bilimli. 2. Sopy.
**Arz I** – 1. Ýer, ýer togalagy. 2. Ýurt, ülke. Arzy-Kars – Kars ülkesi. Arzy-şerip – mukaddes ýer.
**Arz II** – şikaýat, haýyş, beýan etme.
**Arzuwment** – arzuwly, umytly, arzuw ediji.
**Asaf (Asyf)** – dürli rowaýatlara görä, Süleýmanyň weziri ýa-da kätibi ýa-da ysraýyl ogullaryndan bir danyşment hasaplanan Asaf ibn Berhyýa.
**Asal** – bal.
**Asan** – aňsat, kynçylyksyz, aňsatlyk bilen.
**Asy** – 1. Günäkär, ýazykly, etmişli. 2. Topalaňçy, gozgalaňçy, baş göteren.
**Asyýa** – degirmen, haraz.
**Aşufta** – tolgunýan, aljyraýan, çaşan, diwana, telbe, aşyk.
**Ata (ata:)** – berme, bagyşlama, bagyş etme, berim.
**Ataş** – ot, köz, ýalyn. Ataşy-suzan – ýakyjy ot, köýdüriji ot.
**Awara** – sergezdan, ykmanda, il-günden aýrylan.
**Aýat** – 1. Gurhanyň bir bölegi (aýat). 2. Belgi, nyşan, alamat. 3. Delil, subutnama. 4. Täsin zat. 5. Ybrat, sapak, görelde.

**Aýende** – geljek, indik, geljekdäki.
**Aýn** – 1. Göz, garak, göreç; bakyş, görüş. 2. Çeşme, bulak. 3. Aýn (harp ady). 4. Aňtawçy, garawul, sakçy. Aýnal-baky – bakylyk çeşmesi, ömürlik gözbaş. Tarfatyl-aýn – göz açyp-ýumasy salym.
**Aýyl bolmak** – akyla aýlanmak, aýňalmak, seljermek.
**Aýýar** – hilegär, talaňçy; söweşde aýratyn maksatlar üçin ulanylýan dürli hilelere, tilsimlere we ş.m ökde adam.
**Azergun** – köz reňk, sarymtyl gyrmyzy gül.
**Azm etmek** – ugramak, ýola düşmek, girişmek.
**Azmaýyş** – barlag, derňew.
**Azym** – beýik, belent.

## B

**Baba Selman** – Selman Parsy, belli sahabalaryň biri, asly Yspyhan şäherinden. Hezreti Omaryň halypalyk eden döwründe Medaýynyň häkimligine bellenilýär we 655-656-njy ýyllarda şol ýerde aradan çykýar.
**Bada** – çakyr, şerap içgi.
**Badahşan** – Pamirde welaýat ady. Bu ýer Owganystanyň demirgazyk-gündogarynda, Päkistanyň, Hytaýyň we Orta Aziýanyň aralygynda ýerleşýän bir daglyk ýer. Badahşanyň lagly bütin Gündogar ýurtlarynda örän meşhur bolupdyr.
**Bagşaş** – berim, sowgat.
**Bagzy** – birnäçe, käbir, ençeme; käbirleri, ençemesi.
**Bahaweddin** – Bahaweddin Nagyşbendi, käbir maglumatlara görä, onuň çyn ady Hojamuhammet bolup, sopuçylyk akymynyň meşhur pirleriniň biridir we Nagyşbendiýe akymyny esaslandyran adamdyr. Ol 1318-1319-njy ýyllar töweregi Buharanyň golaýynda dünýä inýär. Onuň esaslandyran akymynyň aýratynlygy işi-de ybadatyň bir görnüşi hasaplamagydyr. Ol «eliň işde kalbyň Alla bilen» diýen ideany öňe sürüpdir.
**Bahr** – deňiz, derýa. Bahry-umman – deňiz we umman.
**Bahs** – jedel, dawa-jenjel, bäsleşik. Bahsy-jeň – uruş we dawa.
**Bahünär** – hünärli, ussat; akylly, düşünjeli.
**Baka** – bakylyk, ebedilik, hemişelik.
**Bakgal** – azyk harytlaryny satyjy.
**Bal** – ganat. Bal urmak – uçmak, ganat kakmak.
**Balaman** – garçygaý, awa salynýan elguşuň bir görnüşi, algyr, elguş.
**Balyg** – ýetişen, kämil, kämillik ýaşa ýeten.
**Baňgir** – seslenýän, ýaň salýan, gygyrýan.
**Bap** – gapy, işik.
**Baran** – ýagyş, ýagmyr, ýagyn.
**Bark** – ýyldyrym, ýalpyldy, ýagtylyk.
**Bary** – hemmesi, ählisi.
**Bat I** – 1. Batly, haýbatly, çasly. 2. Boş, biderek.
**Bat II** – ýel, şemal. Bady-paý – ýüwrük at, çapylýan at. Bady-saba – säher şemaly. Bady-şütür – ýelmaýa, ýüwrek düýe. Bady-hazan – sowuk şemal, çapgyn ýel.

**Batyl** – 1. Bozuk, biderek. 2. Kör. 3. Gömülen, baglanan.
**Batyn** – 1. Iç, içki. 2. Gizlin, ogryn. 3. Ruh, jan, göwün.
**Bawer** – ynam, ynanç, ynanma.
**Baz I** – laçyn, elguş, algyr.
**Baz II** – ýene, ýene-de.
**Bazy** – 1. Oýun. 2. Hile, mekirlik.
**Bazygär** – oýunçy, oýnaýan.
**Bedel** – özgeriş, üýtgeşiklik, galplyk, öwezine, derek.
**Bedr** – Medine (Ýasryb) şäheriniň günortasynda, takmynan, segsen çakrym uzaklykda ýerleşen bir ýer we guýy.
**Behakky** – haky üçin, hormaty üçin.
**Behem** – 1. Bile, birlikde, bir gezekde. 2. Biri-birine täsir etme. 3. Gamly, gaýgyly.
**Beleň** – daglyk, uçut gaýalyk.
**Beli** – hawa, dogry, şübhesiz, elbetde.
**Bendil (bentdil)** – ýüregi bentli, kalby bagly, köňül öýi ýapyk.
**Beni** – ogullary. Beni Ishak – Ishak ogullary, Ishagyň neberesi.
**Benijan** – rowaýatlara görä, adam döremezinden öň 50 müň ýylyň dowamynda ýaşap geçen jandar: äpet guş ýa-da adama meňzeş akylly, gepläp bilýän jandar, maýmyn ýa-da jynlar taýpasy.
**Bent I** – bogun, siňir, damar.
**Bent II** – 1. Gaýgy, gam, betbagtlyk. 2. Ýalançylyk, pirim, ikiýüzlülik. 3. Bagly, ýapylgy. 4. Germew, päsgelçilik, gala. 5. Goşgy bendi, şygyr. Bendi-eserat – ýesirlik zynjyry.
**Beňňi** – 1. Beň çeken, beňkeş. 2. Akylyny ýitiren, akylsyz, nadan.
**Berf** – gar, buz.
**Berg (berk)** – ýaprak.
**Berhak** – dogry, hakyky, çyn, hakykat.
**Berhem** – 1. Bulaşyk, bulam-bujar. 2. Aljyraňňy, alňasak.
**Berkarar** – mäkäm, berk, gaýym, durnukly.
**Bes** – «bisýar» sözüniň gysgalan görnüşi. Köp, kän.
**Besat** – düşek.
**Beşer** – adam, ynsan, adamzat.
**Bet** – ýaman, erbet, ýaramaz.
**Bethüý** – ýaman häsiýetli, erbet gylykly.
**Betnam** – ady ýaman, ýüzügara.
**Beýaz** – 1. Ak, ap-ak. 2. Beýaz, dürli şahyrlaryň goşgular ýygyndysy.
**Beýt** – öý, jaý. Beýtil-ahzan – 1.Gam öýi; 2. Ýakup pygamberiň ogly Ýusupdan aýra düşenden soň gam-gussa çekip oturan külbesi. Beýtin – öýde galan hossarsyz çaga, aýal.
**Beýtulla** – Mekke şäherindäki Käbe metjidi, Allanyň öýi.
**Bezm** – toý, meýlis.
**Bähram Gur** – Sasanlylar nesilşalygynyň 421-439-njy ýyllarda häkimlik eden on bäşinji patyşasy (Warahran V), birinji Ýezdigerdiň ogly we miras-

dary. Gulany köp awlany üçin «gur» lakamyna eýe bolýar. Bähram Guruň jomartlygy, yşkbazlygy we awa höwesekligi hakda ençeme rowaýatlar döräp, Gündogaryň taryhy çeşmelerinde, ýazuw edebiýatynda hem-de halk döredijiliginde giňden ýaýrapdyr.
**Bähre** – peýda, nep, gazanç, haýyr.
**Bibaka** – hemişelik däl, mydamalyk bolmadyk, wagytlaýyn.
**Bibähre** – peýdasyz,nepsiz, haýyrsyz.
**Bidar** – oýa, uklamaýan; habarly, ägä; seresap, ätiýaçly, hüşgär.
**Bigäne** – keseki, gaýry, ýat.
**Bihet** – çäksiz, çensiz, bimöçber.
**Bihuda** –dereksiz, ýerliksiz.
**Bijin** – 1. Müçe ýyllarynyň dokuzynjysy. 2. Maýmyn.
**Bilik (bilig)** – maslahat, geňeş, bilim.
**Bim** – gorky, gorkma, howp, hatar.
**Bimar** – kesel, hassa, nähoş, näsag.
**Bina** – 1. Ymarat, jaý. 2. Jaýyň düýbi, dyrnagy (fundamenti).
**Binendeýi-eýýam** – döwrüniň akyldary,öňden görüji.
Binowa – biçäre, ejiz, garyp, pukara.
**Binýat (bunýat)** – esas, düýp, düýbüni tutma, esaslandyrma.
**Bipaýan** – soňsuz, köp, çäksiz, gutarnyksyz.
**Bipeýan** – peýdasyz, nepsiz, haýyrsyz.
**Birýan** – ýanan, köýen, gowrulan.
**Bismilla** – Allanyň ady bilen.
**Bisowt-u seda** – sessiz-üýnsüz, gykylyk-galmagalsyz.
**Bisýar** – köp, kän, zyýat, artyk. Maly-bisýary – köp baýlyk.
**Biş** – 1. Köp kän. 2.Takmynan. 3. Garşy-garşy. 4. Örän zäherli ösümlik ady.
**Bişe** – tokaý, jeňňel.
**Bişumar** – sansyz, köp, ummasyz.
**Biweç** – biderek, elinden zat gelmeýän, utançsyz.
**Borýa** – boýra, gamyşdan dokalan gödeksi düşek.
**Buguz (bugz)** – kine, göwün galma, öýke, ýürek çişme.
**Bulak (bulag)** – çeşme, ýapjagaz, kiçijik aryk.
**Bulgar** – 1. Wolga derýasynyň orta akymynda bolan orta asyr Bulgar ýurdunyň merkezi. 2. Wolga-Kama derýalarynyň kenarlarynda, Bulgar ýurdunda ýaşan türki kowumlaryň biriniň ady. IX-X asyrlarda olaryň feodal döwleti bolup, öz döwründe ösen ykdysadyýeti bar eken. XIII asyrda olaryň ýurduny mongollar basyp alanlaryndan soň olar tatar, çuwaş we ş.m. halklar bilen garyşyp gidýärler.
**Bulgur** – bulgur, bada. Bulgur bakymly – bakyşy ýesir ediji.
**Bulmak** – tapmak.
**Buluşmak** – tapyşmak, birek-birege gowuşmak, duşuşmak.
**Burç (burj)** – Asmandaky 12 sany aýry-aýry ýyldyzlar toplumy, zodiak.
**Burun** – öň, ozal, öňürti, ilki.
**But** – 1. Daşdan we şoňa meňzeş berk zatlardan ýasalyp, çokunylýan hudaýyň şekili. 2. Owadan, gelşikli, söýgüli, halanýan. 3. Magşuk, söýgüli.

**Butparaz** – buta çokunýan.
**Buý (boý)** – ys, kok.
**Buzahor** – darydan, ownuk tüwüden we ş. m. edilýän serhoş ediji içgileri buza) içýän, arakhor, çakyr içýän, şerap içýän.
**Buzaw** – 1. Göle, höjek, tana, öküzçe. 2. Ýeriň ýokarky ýuwka gatlagynyň aşagy bilen ýöreýän kellesi uly, uzynja möjek, mürzebaşy.
**Bylkys** – Ýemen welaýatynyň Saba şäheriniň aýal patyşasy. Rowaýatlara görä, Süleýman pygamber oňa aşyk bolupdyr hem-de hüthütüň üsti bilen oňa öýlenipdir. Gündogar edebiýatynda Süleýman we Bylkys baradaky hekaýatlar örän meşhurdyr.
**Byradar** – dogan, aga, ini, erkek dogan.
**Byrag (Burak)** – Muhammet pygamberiň magraja çykan gijesi münen gatyrdan kiçiräk, eşekden-de ulurak, ýüzi ynsan ýüzüne, guýrugy, aýaklary we toýnagy sygryňka meňzeş atynyň ady.
**Byrakmak** – 1. Zyňmak, taşlamak, oklamak. 2. Goýbermek, boşatmak, rugsat bermek.

## Ç

**Çag** – gowy, saz, kök, keýpli, hoşwagt.
**Çaglamak I** – 1. Çagyrmak, sygynmak, zikir etmek. 2. Ýat etmek, ýatlamak. 3. Ibermek, goýbermek.
**Çaglamak II** – bagyş etmek, pida etmek.
**Çaglanmak** – 1. Keýplenmek, begenmek. 2. Taýýarlanmak.
**Çah (çaý)** – 1. Guýy, çukur, gorp. 2. Zyndan.
**Çahar** – dört, mukdar san.
**Çal** – garry, goja.
**Çaman** – sarç at, owadan, oýnaklaýan at, ýorga.
**Çapyk** – 1. Ýüwrek, çapgyr. 2. Çalt, tiz, bejit.
**Çaraýna** – uruşda ok geçirmezlik üçin dört bölek metaldan ybarat bolan, sowuda dakylyp, gursakdan asylýan esbap.
**Çar diwan** – dört diwan, dört sany goşgular ýygyndysy, Alyşir Nowaýynyň (1441 – 1501) – «Manylar hazynasy» atlandyrylýan dört sany goşgular kitaby.
**Çarh** – 1. Tigir. 2. Aýlanyş, dolanyş. 3. Asman, gök. 4. Dünýä, ýaşaýyş. 5. Ýazgyt, täleý. Çarhy-pelek – döwür, döwrüň aýlanyşy, dünýä.
**Çaryýar** – 1. Dört dost, dört ýaran. 2. Muhammet pygamberden soň halypalyk eden dört sany meşhur şahsyýetler; Abu Bekr, Omar, Osman, Aly.
**Çemen** – gülzarlyk; bir çogdam gül.
**Çenber** – 1. Asman, gök. 2. Bag, ýüp. 3. Halka, tegelek zat, aýlaw, töwerek.
**Çeň** – 1. Tarly gadym saz guraly (arfa, lýutnýa). 2. Penje, el. 3. Gaňyrçak, çeňňek, garmak.
**Çeşm** – göz, göreç, garak. Çeşme totuýa kylmak – 1. Göze sürme çekmek, gözüne reňk çalmak. 2. Derdine derman etmek, em etmek. 3. Bagryna basmak, gujaklamak.
**Çeten** – küme, çatma; kepbe ýasalýan çybyk.

**Çetr** – saýawan.
**Çäk** – ýyrtyk, ýyrtylan, dilinen.
**Çäresaz** – 1. Çäre tapyjy, alaç ediji, çözüji. 2. Alla, Taňry.
**Çäşt (çäş)** – 1. Guşluk wagty. 2. Ertirlik nahary, ertir wagty.
**Çiçek** – gül.
**Çille** – 1. Ýaýyň ýüpi. 2. Derwüşleriň we sopularyň kyrk günläp, tagat-ybadat, zikir we pikir etmek üçin hylwatda-ýekelikde oturmalary.
**Çilten** – kyrklar, kyrk erenler.
**Çirme (çerme)** – 1. At, ýaby, gylýal. 2. Ak at, gyr at. 3. Eşek, ulag. 4. Çybyn, çirkeý.
**Çirmek** – çybyn, çirkeý.
**Çok (çoh)** – köp, kän.
**Çowdur han** – Magtymgulynyň döwürdeşi hem dosty, Ahmet Durany bilen gepleşik geçirmek üçin gidende ýolda öldürilen türkmen serkerdesi. Onuň ölümine bagyşlap, Magtyguly ençeme goşgy ýazypdyr.
**Çyn** – Hytaý. Çyn-Maçyn – Hytaý, Hindi-Hytaý. Demirgazyk hem günorta Hytaý.

## D

**Dad (dat)** – adalat, adalat isleýiş.
**Dahan** – agyz.
**Dahyl** – 1. Giriji, giren. 2. Dahylly, degişli.
**Dal** – arap ýazuwynda bir harpyň ady bolup, g.m. bükülen. ebjet hasabynda dörtlük sany aňladýar.
**Dalda** – 1. Kömek goldaw, söýget. 2. Ýelpemek.
**Dam** – 1. Duzak, tor. 2. Eldeki haýwan, öýde saklanýan haýwan.
**Damat** –giýewi, köreken.
**Damen** – syn, syý, etek.
**Daragt** – agaç.
**Darap (Darab, Dara)** – 1. Rowaýatlarda we dürli çeşmelerde gelýän maglumatlara görä, Bähmeniň ogly, Kiýan (Ahameni) nesilşalygynyň sekizinji patyşasy.
**Daryg (dyryg)** – 1. Inkär, inkär etme. 2. Haýp, arman. 3. Kyn, çetin. 4. Ýalta, äwmezek.
**Dawut** – rowaýatlara görä, ýehudy patyşalaryndan we pygamberlerinden biri bolup, Süleýman pygamberiň kakasydyr. Ol biziň eýýamymyzdan 1033 ýyl öň dogulýar we takmynan, biziň eýýamymyzdan 962 ýyl ozal 71 ýaşynda aradan çykýar. Rowaýatlara görä, ol ökde demir ussasy saýylypdyr, örän ýakymly owazy-da bolupdyr.
**Daýym** – hemişe, mydama, elmydam.
**Deçjal** – musulman rowaýatlaryna görä, ahyrzamandan öň peýda boljak bir äpet mahluk.
**Dehistan** – Kaspi deňziniň gündogar kenarynda, häzirki Esenguly we Gyzyletrek etraplarynyň çäklerine girýän gadymy bir welaýatyň we ýeriň ady (Häzir Maşady-Misserian).
**Delalat** – ýol görkezmeklik, ýolbeletlik etmeklik; ýardam, kömek, goldaw.
**Dendan** – 1. Diş. 2. Agyz. 3. Posa, öpüş.

**Der** – gapy, işik, derweze.
**Deraz** – uzyn, uzak, çüň; köp, kän.
**Dergäh (dergah)** – 1. Gapy, arz jaýy. 2. Hudaýyň dergähi, huzury.
**Derhem** – 1. Bulaşyk, çolaşan, bulam-bujar. 2. Keýpsiz, gamly.
**Dermende (dermande)** – biçäre, ejiz, agyr ýagdaýda galan.
**Derrende** – wagşy, ýyrtyjy, ýabany haýwan.
**Derwüş** – 1. Diniň adyndan diwanalyk edip gedaý. 2. Biagyry, sowuk-sala. 3. Salyhatly, açyk göwünli adam. 4. Garyp, ýoksul.
**Dest** – 1. Gol, el. 2. Gezek, mertebe, gaýta. 3. Kömek; ýardam, goldaw.
**Dester (destar)** – selle, peş. Ähli-dester – sopular, ahunlar, pirler.
**Desterhan** – saçak.
**Destgir** – elden tutan, kömekçi, ýardam beriji.
**Deşt** – 1. Çöl, sähra, suwsuz meýdan. 2. Öwlüýä, mazarystanlyk, oba ady.
**Dide** – göz, göreç, bäbenek. Dide-giryan – gözýaşly, aglaýan.
**Diger** – başga, özge.
**Dilbent** – söýgüli, mähriban, eziz.
**Dildar** – ýurek alan, göwni eýelän, söýgüli.
**Dilhah** – göwün küýseme, isleg, ýürek isleýän.
**Dilkeş** – özüne çekiji, göwne ýakymly.
**Dilnowaz** – 1. Göwün göteriji, eziz, mähriban. 2.Söýgüli.
**Dişi (tişi)** – ukraçy, inen.
**Diýanat** – 1. Dine uýma, dindarlyk. 2. Ynsap, akýüreklilik, adalatlylyk.
**Doster** – has çyn dost, has gowy görýän.
**Dowa** – däri-derman, em, alaç etme.
**Dowamat** – mydama, ömürbaky, hemişelik.
**Döwre guramak** – tegelenşip oturmak, üýşüp halka gurap oturmak.
**Döwür** – 1. Zaman, eýýam. 2. Tegelek çarh. Döwür gurmak – aýlaw gurap oturmak.
**Du** – iki. Du jahan – iki älem, ol dünýä hem bu dünýä.
**Dun** – ýaramaz, erbet, nejis, ýigrenji, pes, pis.
**Duta** – 1. Bükük, epilen, egilen. 2. Iki sany.
**Dülmek** – düşdüşe, möýe meňzeş örän zäherli möjejik.
**Dür** – merjen, gymmatbaha daş. Dürri-galtan togalak dür.

## E

**Ebes (hebes)** – biderek, peýdasyz, ýaramaz.
**Ebet** – 1. Hiç wagt. 2. Hemişe, mydama.
**Ebleh (ablah)** – akmak, samsyk, ýigrenji.
**Ebr** – bulut. Ebri-nowbahar – alabaharyň buludy, baharyň ýagyşly buludy.
**Ebrar** – ýagşylar, ýagşyzadalar, dogry ýoly tutujylar, adalatlylar.
**Ebrişüm (ebrişem)** – ýüpek.
**Eda** – 1. Helakçilik, böwet, päsgel. 2. Töleg, töleme. 3. Kömek, ýardam. 4. Berjaý etme, ýerine ýetirme.
**Edna** – pes, har, mertebesiz.

**Efgal** – 1. Işler, hereketler. 2. Etmişler, azgynlyklar, bozgakçylyklar. 3. Gramm. Işlikler.
**Efgan** – agy, iňňildi, ah çekme, eňreme.
**Eflatun** – gadymy grek pelsepeçisi Platon (b. e. öňki 428-348), antik döwrüň meşhur alymlarnyň we idealistik filosofiýanyň başyny başlaýjylaryň biri. Ol Sokratyň şägirdi, Aristoteliň halypasy, Aleksandr Makedonlynyň bolsa döwürdeşidir.
**Efsun** – owsun urma, owsun atma, jadylama, dogalama, göz baglama.
**Egsik** – 1. Naçar, aýal. 2. Kem, ýetmez.
**Ejel** – iň belent, iň uly.
**Eks** – surat, keşp, sypat, şöhlelenme.
**Ekser** – köp, artyk, has köp, köpräk.
**Elem** – zulum, sütem, kynçylyk.
**Elfaz** – «lafz» sözüniň köplük sany, sözler.
**Elwan** – «löwn» sözüniň köplük sany. Reňkler, dürli-dürli.
**Emin** – 1. Dogruçyl, ynamdar, ynanylýan adam. 2. Muhammet pygamberiň lakamy. 3. Jebraýyl perişdäniň lakamy.
**Enaýat** – ýardam, goldaw.
**Enbiýa** – «nebi» sözüniň köplük sany. Pygamberler.
**Endişe** – gam, gussa, gaýgy, ünji.
**Enjam** – 1. Soň, ahyr, gutaryş. 2. Ýerine ýetirme.
**Enjüm** – ýyldyzlar.
**Enjümen** – ýygnak, üýşmeleň.
**Enwer** – iň nurly, iň ýagty.
**Enzil** – arap dilindäki «Nezele» («Düşmek, inmek») işliginiň buýruk galyby. Düş, aşak düş. Şerigatdan enzil bolmaň – şerigatdan daşlaşmaň.
**Eň** – 1. Edil, dogry, dürs. 2. Ýeňliş, şowsyzlyk. 3. Ukypsyzlyk. Eňsiz – taýsyz, deňsiz, ýeňilmezek.
**Erem bagy** – rowaýatlara görä, Siriýada ýa-da Ýemende bolan bir bagyň ady. Ony Şetdat atly Wawilon patyşasy saldyranmyş.
**Erenler** – 1. Kämiller, kämillige ýetişenler; 2. Mertler. 3. Keramatly adamlar.
**Erişmek (irişmek)** – ýetişmek, yzyndan ýetmek, ýapyşmak, çalyşmak.
**Erkan (ekram-ikram)** – hormat, edep, hezzet, sylag.
**Erte** – 1. Ertir, daňdan, ir bilen. 2. Ertir. 3. Kyýamat, ahyrzaman.
**Esb (esp)** – ýaby, at, gylýal. Zir-paýy-esb – at aýagynyň asty, toýnagynyň asty, toýnagynyň aşagy.
**Eser** – 1. Yz, nyşan, alamat. 2. Täsir.
**Eshap (ashap)** – «sahyp» sözüniň köplük sany. 1. Eýeler, hojaýynlar. 2. Pygamberiň ýakyn ýaranlary, egindeşleri.
**Eski** – köne, gadymy.
**Eslim hoja** – 1. IX asyrda Horasanda ýaşap geçen uly sopularyň biri bolan Muhammet Eslim Tusy. Attaryň «Tezkiretil-öwliýä» eserinde Eslm Tusy hakynda iençeme rowaýat bar. Azadynyň «Wagzy-Azat» eserinde hem bu şahsa degişli käbir rowaýatlar getirilipdir. 2. Eslim – Çaryýarlaryň ikinjisi Omar ibn Hattabyň guly. Maglymatlara görä, 11-nji hijri-kamary ýylynda

Muhammet pygamber ony hezreti Omardan satyn alýar we azat edýär. Ol 80-nji hijri-kamary ýylynda 114 ýaşynda aradan çykýar.
**Esse gelmek** – ýadyna-oýuna düşmek, aňyna, essine gelmek.
**Eşk** – gözýaş.
**Eşýa** – zatlar, barlyklar, ýaradylan zatlar.
**Etagat (itagat)** – boýun bolma, gulak asma.
**Eýgi** – gowy, ýagşy, oňat, owadan.
**Eýýühannas** – eý, adamlar.
**Eýýup** – pygamberlerden biri. Rowaýatlarda aýdylşyna görä, onuň tenine gurt düşenmiş. Ol bu kynçylygy öz sabyrlylygy bilen ýeňip geçýär. Şonuň üçin onuň ady nusgawy edebiýatda sabyrlylygyň nusgasyna öwrülipdir.
**Ez** – pars dilinde-»dan-den» goşulma. Ez Huda – Hudaýdan.
**Ezel** – 1. Hemişelik, mydamalyk. 2. Iň gadymy döwür, bir zadyň (barlygyň) ilkinji başlangyjy. 3. Başlangyjy bolmadyk zaman, iň gadymy döwür, ýaradylyş döremezinden öňki döwür. Rozy-ezel – hiç zat ýaradylmazyndan öňki döwür, hiç zat ýok, diňe Allanyň bar wagtyndaky döwür. Takdyry-ezel – Maňlaýa ýazylan, ýazgyt, ilkibaşda ýazgyt edilen.

## Ä

**Ähli-Hak** – takwalar, sopular, pirler.
**Ähli-kanyg** – kanagatlylar, kanagatly kişiler, sopular.
**Ähli-zalym** – zalymlar, zulum edýänler.
**Ähli-zaman** – döwürdeşler.

## F

**Fahry-jahan (fahry-älem)** – 1. Dünýäniň guwanjy. 2. Muhammet pygamberiň lakamy.
**Fath** – 1. Ýeňiş, üstünlik. 2. Açyş, açma.
**Ferawan** – köp, bol, kän.
**Ferhar (Perhar)** – 1. Gadymy döwürlerde Hytaý bilen Kaşgaryň aralygynda ýerleşen bir welaýat. 2. Lutfynyň «Gül we Nowruz» eseriniň gahrymanlarynyň biri.
**Feridun** – gadymy Eýran patyşalarynyň we Abulkasym Firdöwsiniň «Şanama» eseriniň baş gahrymanlarynyň biri
**Ferjam (perjam)** – 1. Peýda, haýyr. 2. Soň, netije, soňlama.
**Ferş (perş)** – 1. Jisimler (mahluk) älemi. Dini düşünjä görä perşden arşa çenli aralyk ruhuň seýr edýän ýeri. 2. Ýer. 3. Orun, jaý. 4. Düşek, düşleýän zat. 5. Ýer, ýer ýüzi.
**Fert** – ýeke, ýalňyz, diňe.
**Firdöws** – behişt, jennet.
**Firdöwsi** – Gündogaryň beýik nusgawy şahyrlarynyň we pars-täjik şygyr sungatynyň (poeziýasynyň) iň görnükli wekilleriniň biri. «Şanama» eseri bilen dünýä edebiýatynda hem beýik şahyrlaryň biri hasaplanýar. Ol 940-

941-nji (329-330 hijri) ýyllarda Horasanyň Tus welaýatynda dünýä inýär we 1020-nji (411 hijri) ýylda dünýäden ötýär.
**Föwzi-Kelam (Föwzül-Kelam)** – Gurhany-Kerim.
**Fuzun** – 1. Artyk, bol. 2. Artyk, has gowy.

## G

**Gabz** – 1. Bogulma, dykylma. 2. Kynçylyk, gaýgy-gama ulaşma. 3. Ölüm.
**Gadr** – 1. Sylag, sarpa, gadyr. 2. Köp, bol, artyk. 3. Baýlyk, gymmatbaha zat, gymmat. Gadry-sim – köp kümüş.
**Gaflat** – bihabarlyk, duýdansyzlyk; bilimsizlik, nadanlyk.
**Gahba** – biwepa aýal. Gahba pelek – biwepa dünýä.
**Galbir** – irigöz elek.
**Galen** – Galen Klawdiý (takmyn 130-200) rimli grek tebibi; tebigatşynas. Orta asyrlar medisinasyna, logikasyna, psihologiýasyna uly täsir eden görnükli alym.
**Galla** – 1. Gykylyk, gowga. 2. Ynjalyksyzlyk, ünji, alada. 3. Durnuksyz, ygrarsyzlyk.
**Gallaç** – garyp, eli ýuwka, mätäç, ýoksul.
**Galtan** – togalak, togalanýan. Dürri-galtan – togalak dür.
**Gamgeşde** – gamly, gamgyn, gussaly, ünjüli.
**Gamgusar** – gamly, gamgyn, gussaly, keýpsiz.
**Gamza** – näz, kereşme, näzli bakyş, näzli yşarat.
**Gamzede** – gamgyn, gaýgy-gama ulaşan.
**Gany** – 1. Baý, barly, gurply, mally, mal-mülkli. 2. Hudaý, Taňry, Alla.
**Gapbar (Gaffar)** – rehimli, bagyşlaýjy. Hudaýyň bir ady.
**Gapyl** – duýdansyz, birden, oslagsyz.
**Garamat** – 1. Başga birine jogapkärçilik, biriniň jogapkäçiligini üstüňe alma. 2. Töleg, ödeme.
**Garar** – garalar, gara öwrüler.
**Garaz** – 1. Isleg, niýet, maksat. 2. Garaz, şeýle-de.
**Garb (garp)** – günbatar. Garb-u şark – günbatar we gündogar.
**Garra** – 1. Men-menlik edýän, ulumsy. 2. Aldanan. 3. Kamary aýynyň birinji güni.
**Garyçga (garyçgaý)** – algyr guş, elguş.
**Garyn** – nesil, nebere.
**Gaş (gaşş, gyşş)** – 1. Özüňden gitme, özüňi ýitirme. 2. Geň galan, haýran galan. 3. Serhoş. 5. Jan ajygy, ölümiň öň ýany. Gaş tutmak – 1. Serhoş bolmak. 2. Özüňden gitmek.
**Gaýet** – 1. Soň, ahyr. 2. Iň ýokary, belent, örän.
**Gedi** – erbet, ýaramaz, ýigrenji, nejis.
**Gelleban** – çopan.
**Geran** – 1. Gymmat, artyk, ýokary. 2. Agyr.
**Gerd** – 1. Tozan, çaň, gum. 2. «Aýlanýan; gezýän» diýen manylary aňladýan goşulma. Jahangerd – dünýäni gezýän, syýahatçy.

**Gerdan** – Aýlanýan, öwrülýän, dolanyş.
**Gerdiş** – 1. Aýlanyş, öwrüliş, hereket.2. Gezme, gezim.
**Germ** – gyzgyn, gyzan.
**Gez** – 1. Tirsekden barmagyň ujuna çenli bolan uzynlyk ölçegi. 2. Gezek, sapar.
**Gäw (gäwmiş)** – 1. Sygyr. 2. Öküz, öküzçe. 2. Batyr, edermen. 3. Uzaklyk ölçegi (6 mil töweregi).
**Gäwür** – 1. Dinsiz. 2. Dini başga.
**Gil** – palçyk, laý, gum, toprak.
**Giriftar** – 1. Duçar bolma, sataşma. 2. Tutulma, ýesir düşme, bendi bolma.
**Girýan (girýana)** – aglaýan, eňreýän.
**Gor** – artyrylyp goýlan zat, maýa.
**Gorgan** – köşk, gala, diwar, haýat.
**Gors** – 1. Aýlaw zat, tegelek. 2. Gala diwary. 3. Mäkäm, berk.
**Gözgi** – aýna.
**Gubar** – gum, tozan, toz.
**Gulgula** – owaz, ýaň, galmagal, gykylyk.
**Gulman** – jennetde hyzmat edýän ýigitler.
**Gulzum** – 1. Arabystandaky Gyzyl deňzi. Gulzum aslynda Gyzyl deňziniň kenarynda Müsürde Nil derýasynyň aýagyna ýakyn ýerde ýerleşen gadymy bir şäheriň ady bolup, hezreti Omaryň halypalyk eden zamanynda weýran edilipdir. Şol şäheriň ady bilen baglanyşyklykda Gyzyl deňzine-de Gulzum diýlipdir. 2. Kaspi deňziniň gadymy atlarynyň biri.
**Gurbat I** – 1. Aýralyk, ýat illerde horluk çekmek, sürgün. 2. Kemsidilme.
**Gurbat II** – güýç, kuwwat, ysgyn-deramat.
**Gurp** – Seret: Gurbat II.
**Guş** – 1. Guş. 2. Ruh, jan. 3. Köňül, göwün.
**Gutlug** – mübärek, bereketli, gutly.
**Guwwas** – deňze çümüji, deňizdäki zatlary öwrenmek ýa-da gymmatbaha daşlary tapmak üçin deňze çümýän adam.
**Guýa (göýä)** – gepleýän, gepläp bilýän, saýrak.
**Guýende (göýende)** – gürüň beriji, aýdyjy, gepleýän.
**Guýun** – harasat, tüweleý, tupan.
**Güdaz** – 1. Ergin; ereýän, ýanýan. 2. Ergin eredilýän gap, altyn-gyzyl eredilýän gap. 3. Agyry, ejir, jebir, ölüm.
**Güftar** – söz, kelam.
**Gül** – Lutfynyň «Gül we Nowruz» eseriniň gahrymanlarynyň biri.
**Gülap** – 1. Bägülden ýasalýan içgi. 2. Gül suwy, atyr.
**Gülçehre** – 1. Gül ýüzli, gözel, owadan. 2. Gündogarda ýaýran «Şähriýary -alam» ýordumynyň bir gahrymany.
**Gülşa** – XI asyrda Aýuky tarapyndan ýazylan «Warka we Gulşa» atly poemanyň we atdaş türkmen halk dessanynyň baş gahrymanlarynyň biri.
**Gümra (gümrah)** – ýoldan azaşan. Gümra (gümrah) bolmak – bir zada bar ünsüni berip, töwerekdäki ýagdaýy unutmak.
**Güň** – ker hem lal.

**Gürz (gürzi)** – gadymy uruş guraly, demirden edilen tokmak. Dini düşünjä görä, Müňker we Nekir atly iki perişde günälileri otly gürzi bilen urup, sorag edýärmiş.
**Güsbent (güsfend)** – goýun, dowar.
**Güwş** – gulak.
**Güwşmal** – 1. Gulaklary kesmek ýa-da gulaklaryny towlap çekmek jezasy. 2. Käýinç, igenç, käýeme, ýüzüni alma, temmi, jeza, teýene, sögünç.
**Güýtmek** – 1. Bakmak, idetmek. 2. Diňlemek. 3. Maksat tutmak. 4. Saklamak.
**Güzeşt** – geçme, ötüş,. Güzeşt eýlemek – geçmek, bagyşlamak.
**Gyzyl Asrlan (Aslan)** – Muzaffereddin Gyzyl Arslan Osman, atabegler döwletiniň 1187-1191 ýylda häkimlik eden görnükli wekili.
**Gyzylbaş** – 1501-nji ýylda Eýranda häkimligi ele alan Sefewilere kömek eden we on iki burçly gyzyl galpak (telpek) geýen türkmen taýpalaryna aýdylan. Taryhçylaryň ýazmaklaryna görä, gyzyl telpek ilkinji gezek şa Ysmaýylyň kakasy Soltan Haýdar tarapyndan ulanylypdyr. Ol şol döwürde rowaç bolan türkmen telpeginiň deregine kiçijik gyzyl selle geýmegi ündäpdir. Şondan soň sefewileriň tarapdarlaryna gyzylbaşlar diýlipdir.

## H

**Hadys** – 1. Muhammet pygamberiň sözi, söz. 2. Täze.
**Hajy Bekdaş Weli** – ibn Soltan Ybraýym ibn Musa XIII asyrda Kiçi Aziýada ýaşap geçen we bekdaşy akymyny esaslandyran uly pirleriň we welileriň biri. Bar bolan maglumatlara görä, ol 646-njy nijri (1248-49 milady) ýylynda doglup, 697-nji hijri (1297-98 milady) ýylynda aradan çykypdyr. Onuň asly Horasanyň Nişapur şäherinden bolup, esasan Horasanda şyh Lukman Sarahsydan sapak alypdyr.
**Hakany** – Gündogaryň görnükli şahyrlarynyň biri, Afzaleddin Bedil Ybraýym Aly Hakany Şirwany (XI asyr). Ol özüniň goşgular diwany, «Medaýynnama» eserleri bilen tanalýar.
**Hakarat** – kemsitme, kiceltme, igenme.
**Halap (Aleppo)** – Seriýada bir şäher ady.
**Halk** – 1. Ýaradylan, döredilen. 2. Ynsanlar, halk.
**Haly** – boş, hiç zatsyz.
**Halyk I** – 1. Ýaradan, dörediji. 2. Alla, Hudaý, Taňry.
**Halyk II** – düýäniň halygy (howutsyz düýäniň üstüne atylyp berkidilýän galyň örti).
**Halyl** – 1. Dost, ýürekdeş. 2. Ybraýym pygamberiň lakamy. Halylulla – Allatagalanyň ýürekdeş dosty.
**Ham (ha:m)** – çig, bişmedik.
**Hamdylilla** – Hudaýa hamdy-senalar bolsun, Allatagala öwgüler bolsun.
**Hamr** – meý, çakyr, şerap.
**Hamu** – hemme, ähli, hemmesi.
**Hanazat** – 1. Öýde doglan, öýde terbiýelenen, seýislenen. 2. Gul, hyzmatkär, hyzmatçynyň çagasy.
**Handan** – şatlykly, şadyýan, guwançly, gülüp duran, güler ýüzli.

**Hannas** – 1. Şeýtan. 2. Ýaramaz, ýigrenji. 3. Şeýtanyň çagalarynyň biriniň ady.
**Hap** – 1. Uky. 2. Düýş. Haby-gaflat – habarsyzlyk ukusy.
**Hapyz Şirazy** – Gündogryň meşhur lirigi, pars edebiýatynyň nusgawy şahyry Şemseddin Muhammet Hapyz Şirazy (1307 – 1338) Magtymgulynyň halypa saýan şahyrlarynyň biri.
**Har I** – eşek.
**Har (ha:r) II** – pytanak, tiken, demir tiken.
**Har (ha:r) III** – pes, pese düşen, kemsidilen, ezilen.
**Harçeň** – leňňeç.
**Harem (haram)** – 1. Mukaddes zat, mukaddes ýer, Käbe. 2. Aýallaryň ýaşaýan otagy, haremhana. 3. Aýal, zenan.
**Harnup** – 1. Hoz agajy ýaly uly, sary gülli we kösük miweli agaç. Onuň miwesinden mürepbe edilýär. 2. Noýba.
**Harun** – 1. Musa pygamberiň dogany. 2. Harun Reşit – apbaslylar nesilşalygynyň halypalaryndan biri. Ol 786 – 809-njy ýyllarda häkimlik edipdir.
**Harwar** – 1. Agram ölçegi, Töwrizde 300 kg hasaplanýar, başga birnäçe ýerde 25 put hasaplanýar. 2. Eşek ýüki.
**Haryş (Huraýş)** – 1. Ýyrtyjy. 2. Dowzahda bir eýmenç ýylanyň ady.
**Has (ha:ss)** – 1. Ýokary gatlak. 2. Mahsus. 3. Intelligensiýa.
**Hasat** – açgöz, betnebis, görip, içigara.
**Hasse** – saýlantgy, tapawutly.
**Haşamy-haýl** – 1. Nökerler, atly goşun. 2. Şahsy nökerler we kowum-garyndaşlar.
**Haşhaş** – 1. Ýaz oty, (bugdaý manysy hem bar), şalynyň sypaly. 2. Göknar.
**Haşr (haşar)** – 1. Üýşürme, toplama. 2. Gabama, saklama. 3. Sanama. 4. Tolgunyşyk, elewreşik. 5. Direlme, kyýamat güni. Haşry-kyýamat – kyýamatdaky üýşmeleň, gowga.
**Hata** – ýalňyş, nädogry.
**Hatam** – 1. Hatam Taý – VI asyrda ýaşap öten görnükli arap şahyry hem serkerdesi. Ol Ýakyn hem Orta Gündogaryň edebiýatynda, folklorynda jomartlygyň alamatydyr (simwolydyr). 2. Uly öwlüýäleriň we pirleriň biri: Hatam Keri.
**Hatar** – howp-hatar, howp, gorkuly.
**Haýat** – ýaşaýyş, durmuş. Aby-haýat – dirilik suwy.
**Haýdar** – 1. Hezreti Alynyň lakamy. 2. Ýeliň piri.
**Haýrat** – haýranlyk, geň galmaklyk.
**Haýrul-beşer** – adamlaryň iň gowusy, iň hormatlysy, Muhammet pygamberiň lakamy.
**Haýýat** – tikiji, biçiji, biçimçi.
**Hazan** – 1. Aýazly güýz, sowuk şemal. 2. Betbagtlyk, bela-beter.
**Hazarpuş** – 1. Ýaşyl eşikli, ýaşyl geýimli. 2. Al-ýaşyl öwüsýän, al-ýaşyl çemenlik.
**Hebeş** – Efiopiýa. Hebeşi – efiopiýaly.
**Heft peýker** – ýedi yklym, Nyzamy Genjewiniň 5130 beýtden ybarat bolan bäşinji mesnewisi (ikileme goşgusy). Şahyr Nyzamy özüniň bu eserinde Sasanly nesilşalygynyň patyşasy Bähram Guruň ýedi yklymyň, ýedi paty-

şasynyň ýedi gyzyna öýlenişini, olaryň hersiniň dessan, hekaýa aýdyşlaryny manyly hem täsin goşgy setirleri bilen beýan edýär.
**Heften** – ýedi öwlüýä, rowaýatlara görä, dagyň gowagynda ýatan alty adam bilen bir ite aýdylýar, gowak eýeleri, gowakdaky ýaranlar, ýedi weli.
**Hem (hemm)** – gam-gussa, gaýgy, alada.
**Heman** – 1. Şol, ol, bu, şu. 2. Häzir, şu wagt.
**Hemdem** – 1. Hakyky dost. 2. Dertdeş, ýürekdeş. 3. Hemdem (has at).
**Hemdert** – dertdeş, derdiňe goşulyşýan.
**Hemeç** – 1. Wagşy halda ýaşaýan ýabany adamlar. 2. Çybyn-çirkeý, siňek. 3. Akmak, nadan, samsyk. Kel hemeç – başy kel ýabany adam.
**Hemedany** – Bediguz-Zaman Ahmet ibn Hüseýni Hemedany (969 – 1007). Arapça hem parsça şygyr ýazan şahyr.
**Hemhana** – bir öýde ýaşamak, bile bolmak, ýoldaş.
**Hemraz** – syrdaş, göwündeş.
**Hemzyban** – dilleşen, dil birikdiren, syrdaş.
**Heňňam** – döwür, zamana.
**Heris (harys)** – açgöz, husyt.
**Herze** – boş, biderek, ýerliksiz gep, bolgusyz adam.
**Heser** – gam, gussa, gaýgy, alada, ünji.
**Het** – çäk, araçäk, gaçy, raýyş, çil.
**Heýhat (haýhat)** – ah, wah, dat. Heýhat güni – kyýamat güni, ahyret.
**Heýli** – köp, köpçülik, örän kän.
**Hezar** – 1. Müň. 2. Bilbil. Set hezar – ýüz müň.
**Hezer (heder)** – ätiýaç, gorkma, habardar bolma.
**Hädi** – serdar, ýol görkeziji. Hädiýi-wahdet – ýeke-täk ýol görkeziji; Alla.
**Häk** – toprak, gum.
**Häkister** – kül.
**Hidaýat** – 1. Ugrukdyrma, ýolbaşçylyk. 2. Dogry ýola gönükdirme.
**Hijran** – aýralyk, jydalyk.
**Hilal (Helal) –** 1. Täze dogan Aý, dolmadyk Aý. 2. Owadan, gözel.
**Hoja Ahmet Ýasawy** – XII asyrda Orta Aziýada ýaşan meşhur pir we şahyr, sopuçylyk edebiýatynyň görnükli wekilleriniň biri. Ol 1105-nji ýylda Türküstanyň Ýasa (Ýassy) diýen obasynda dünýä inip, 1166-1167-nji ýyllarda aradan çykýar. Hoja Ahmet keramatly öwlüýä, pir hasaplanýar. Halk arasynda «Medinede Muhammet, Türküstanda Hoja Ahmet» diýen jümle örän meşhurdyr. Ol hakda ençeme rowaýatlar döräpdir.
**Horram** – şat, şadyýan, şatlykly.
**Hoşnema** – onat, gowy, gözel ýakymly, syratly, görkli.
**Hoşnut** – şat, razy, hoşwagt, şadyýan.
**Hoştaplaşma** – ýakymly bolma, mähirli bolma, süýjülik bilen ýaşama, dostlukly gatnaşyk etme.
**Hotan** – Hytaý Türküstanynyň Kaşgaryň günortasynda ýerleşýän böleginiň köne ady. Bu ýeriň müşk berýän keýikleri meşhurdyr.
**Howa** – 1. Isleg, meýil, umyt. 2. Heň, saz guralynyň perdesi.

**Howalanmak** – uçmak, göge galmak, howa göterilmek.
**Höşk** – gury, guran, gaty, gatan.
**Hudawend-a** – Hudaý-a! Eý, Taňry!  Eý, Allam!
**Hulk** – gylyk, häsiýet.
**Humaý** – hyýaly guşuň ady. Göýä ol guşuň kölegesi kimiň üstüne düşse, ol bagtly-döwletli bolýarmyş.
**Hums** – aç, ajygan; boş bolmaklyk.
**Hun** – gan.
**Hunriz** – gan dökme.
**Hup** – gowy, oňat, ýagşy.
**Huraman** – näz-kereşme bilen ýöreýän.
**Hut (hu:t)** – 1. Balyk. 2. Eýran şemsi aýlarynyň iň soňkusy.
**Husn** – gowulyk, ýagşylyk; gözellik.
**Hülle** – ýüpek don, ýüpek eşik.
**Hümmet** – 1. Rehimdar, goldaw. 2. Üns berme, aladasyny etme, jan çekme. 3. Gujur, gaýrat.
**Hüňkar** – bu söz aslynda Hudawendgar sözüniň gysgalan görnüşi bolup, birnäçe manyny aňladýar: 1. Alla, Taňry. 2. Patyşa, soltan. 3. Häkim. 4. Jenap. 5. Osmanly türkmen patyşalaryna berlen lakam.
**Hüthüt** – hüýpüpik.
**Hüw!** – Ol: (Ol Alla) Eý! Gulak as! Derwüşleriň Hudaýa nalyş edip gaýtalaýan sözleri. (Hüw Hak! – Ol Alla. Eý, Alla!).
**Hüý** – gylyk, häsiýet.
**Hüýr** – jennet gyzy. Hüýri-ryzwan – jennet perisi.
**Hydyr (Hyzyr)** – 1. Pygamberleriň biri. Rowaýatlara görä, ol ýaşaýyş (dirilik) çeşmesini tapyp, ondan suw içipdir we hemişelik ýaşaýyşa eýe bolupdyr. Çöl-beýewanlarda, daglarda-düzlerde suwsuzlykdan heläk bolanlara kömek edip, olary ölümden halas edýärmiş. 2. Ýaşyl, gök, gök öwsüp duran.
**Hyfz** – gorama, saklama.
**Hyjalat** – utanç, haýa, uýat.
**Hylap** – ters, garşy, garşy çykýan.
**Hylgat (halat)** – halat, serpaý, don, owadan eşik.
**Hylwat** – gizlin, ogryn, çola ýer, ýalňyzlyk.
**Hyraç** – salgyt, paç.
**Hyrat** – Owganystanda uly şäherleriň biri.
**Hyrka** – derwüşleriň geýýän geýimi.
**Hyrs I** – 1. Açgözlülik. 2. Ymtylyş.
**Hyrs II** – aýy.
**Hyruş** – 1. Gykylyk, galmagal. 2. Joşgun, möwç. 3. Gujur, gaýrat.
**Hysrow** – Hysrow II Perwiz, Sasanlylar nesilşalygynyň soňkurak hökümdarlaryň (591 – 628) biri.
**Hyz (hiz)** – 1. Azgyn, azan, ýoluny urduran. 2. Utançsyz, bihaýa.

# I

**Ibham** – şek, şübhe, ýalňyş.
**Iblis** – bu söz ýunan dilindäki diabolos sözünden bolup, şeýtan manysyny berýär. Rowaýatlara görä, ol Adam ýaradylandan soň Adama sejde etmändigi üçin, Allatagalanyň huzuryndan ret edilipdir we tä kyýamata çenli ýaşap, adamlary azdyrmak bilen meşgul bolýarmyşyn. Zertuşt dininde oňa ahrimon diýlipdir.
**Iltifat** – 1. Mähribanlyk, rehimdarlyk. 2. Üns berme, alada, ýüzleniş.
**Imdat** – kömek, ýardam, goldaw; imdat eýlemek – kömek etmek.
**Imkan** – mümkinçilik.
**Imtiýaz** – 1. Tapawut. 2. Ýeňillik. 3. Artykmaçlyk.
**Isa** – Muhammet pygamberden öň ýaşap geçen pygamberleriň biri.
**Isgender** – Aleksandr Makedonly (b. e. öň 356 – 323 ý.) Makedoniýa patyşasy Filip ikinjiniň ogly. Ol Eýran, Hindistan, Arabystan ýaly ençeme ýurtlary basyp alypdyr. Gündogar halklarynyň köpüsiniň folklorynda we edebiýatynda ol hakynda birtopar rowaýatlar we çeper eserler döredilipdir.
**Işwe** – näz, kereşme.

# J

**Jadde** – uly ýol, giň ýol.
**Jagfar** – 1. Gadymy arap himigi we altyn pullara zikge kakan ökde ussa. 2.Tire-taýpa ady.
**Jahyl** – 1. Nadan, düşünjesiz. 2. Akmak. 3. Ýetginjek, ýaş ýigit.
**Jamy** – Gündogaryň beýik söz ussady, pelsepeçisi, taryhçysy, täjik-pars nusgawy şahyry Nureddin Abdyrahman Jamy (1414-1492) Horasanyň Jam diýen ýeriniň Harjet obasynda dünýä inýär. Ol Nowaýynyň halypasy we ýakyn dosty, Magtymgulynyň halypa saýan şahyrlarynyň biridir. Oňa halk arasynda Molla Jamy-da diýlipdir.
**Janan** – Mähriban, söýgüli. 2. Magşuk, dildar. 3. Alla, Taňry.
**Jan pida** – janyny pida edýän, biri üçin ölüme taýyn kişi.
**Jawydan** – 1. Ebedi, hemişelik. 2. Üznüksiz, yzygider, dowamly.
**Jaýnamaz** – namazlyk.
**Jaýyz** – rugsat edilen, mümkin, ýol berlen.
**Jebraýyl** –Hudaýyň sözlerini (Gurhanyň sürelerini) Muhammet pygambere ýetiren habarçy perişde. Oňa Jebraýyl emin (dogruçyl Jebraýyl) hem diýlipdir.
**Jebrut (jeberut)** – 1. Asman. 2. Gudrat, güýç. 3. Häkimiýet, agalyk. 4. Ýalpyldy. 5. Ajaýyplyk. Jebrut älemi – perişdeler älemi, ruhany älem.
**Jedd** – ata, baba, garry ata.
**Jehim (jähim)** – 1. Dowzah, jähennem. 2. Ýiti ot, güýçli alawly ot. 3. Çukurda, oý ýerde ýakylýan ullakan ot, alaw.
**Jelaleddin Rumy** – XII asyrda ýaşap geçen meşhur şahyr, alym, akyldar hem şyh. Ol Balh şäherinde doglup, Konýa şäherinde hem dünýäden ötüpdir. Ol özüniň uly göwrümli mesnewileri bilen örän meşhurdyr.
**Jelil** – 1. Beýik, uly. 2. Alla, Taňry.

**Jemal** – 1. Owadanlyk, gözellik. 2. Sopuçylykda Hakyň didary.
**Jemat** – 1. Daş. 2. Mineral.
**Jemşit** – 1. Gadymy Eýran şalarynyň biri. Jemşit Firdowsiniň edebi keşpleriniň biri hasaplanylýar. Mifologiýa görä, göýä onuň bir ajaýyp jamy bolup, şol jamyň içinde dünýäniň hemme ýeri görnüpmişin. 2. Patyşa, soltan.
**Jenup** – günorta, günorta tarap.
**Jepbar** – 1. Jebir ediji. 2. Güýçli, kuwwatly. 3. Alla, Taňry.
**Jewar (juwar)** – 1. Hossarlyk astyna alma. 2. Goňşulyk.
**Jähennem** – 1. Dowzah. 2. Çüň guýy. 3. Daş, uzak. Jähennem etmek – ýok etmek.
**Jähl** – 1. Nadanlyk, başarmazlyk, 2. Akmaklyk, akylsyzlyk.
**Jäht** – yhlas, jan çekme, dyrjaşma.
**Jiger** – bagyr.
**Jilwe** – 1. Görünme, özüňi görkezme. 2. Näzlenme, näz etme.
**Jim I** – pes, pis, ýaramaz.
**Jim II** – 1. Dürli reňkli owadan we nepis ýüpek parça. 2. Ýüpekden tikilen alelwan reňkli nepis lybas, eşik.
**Jinde** – ýyrtyk lybas; derwüşleriň geýýän köne dony.
**Jirjis** – dini düşünjelere görä, keramatly hasaplanýan bir şahs (hristian dinindäki Swýatoý Georgiý). Göýä ony duşmanlary ýüz para edenmişler, emma ol dirilipmiş.
**Jolban** – dänesi mäşe meňzeş we iýmit hökmünde ulanylýan kösükli ösümlik.
**Jöw** – 1. Arpa. 2. Ujypsyz bölek, mysgalyň bölegi (1/96).
**Jöwher** – 1. Gymmat baha daş, göwher. 2. Çeper söz, parasatly söz. 3. Asyl, esas. 4. Sap poladyň bir görnüşi: jöwher pyçak, jöwher gylyç.
**Jöwlan** – aýlanma, pyrlanma, meýdanda çarh urma.
**Jöwşen** – simden örülen gadymy uruş geýimi, demir don, sowut.
**Jud** – rehimdarlyk, jomartlyk, sahawatlylyk.
**Jurga (jugra)** – bir owurt, damja; tüýkülik, bir çukura tüýkürmek.
**Juýende** – agtarýan, gözleýän, agtaryjy, tapýan, tapyjy.
**Jünbende** – janly-jandar, gymyldaýan süýrenjiler, awuly möjekler.
**Jünbüş** – sandyrama, titreme. Jünbüş eýlemek – güýçli herekete gelmek.
**Jüpbe** – giň we uzyn dikilen don, demir don, sowut.
**Jüre** – 1. Jübüt. 2. Dürli. 3. Hil.
**Jürm** – günä, ýazyk, etmiş.
**Jürýet** – batyrlyk, gujur, gaýrat, haýbat.
**Jyza (jyda)** – naýza. Oňa süňi hem diýlipdir.

## K

**Kaba** – 1. Erkekler üçin dikilýän giň hem uzyn ýeňli üstki eşik, kaftan. 2. Irimçik, gödek, tagaşyksyz.
**Kabyl** – 1. Ýakyn, ýakynlaşan. 2. Ukyply, akylly. 3. Mynasyp.
**Kad (kadd)** – boý, syrat, kamat.
**Kadyr** – 1. Güýçli, gudratly, gurply. 2. Alla, Taňry.

**Kaknus** – rowaýat edilşine görä, örän ajaýyp reňkli we hoş owazly bir guş bolup, onuň çüňkünde 360 deşik barmyş. Ol belent dagda, şemalyň garşysynda oturýarmyş we burnundaky deşiklerden ajaýyp, şirin, geň-täsin owazlar çykarýarmyşyn. Bu guşuň jübüti bolmaýarmyş we müň ýyl ýaşap, garran mahaly, özüni oda ýakyp küle öwürýärmiş. Şol külüň aşagyndan hem geljekde guş döremeli ýumurtga peýda bolýarmyş.
**Kamar** – Aý.
**Kamat** – boý, syrat.
**Kanun** – 1. Kanun (kirişli saz guraly). 2. Kanun, düzgün. 2. Däp-dessur.
**Kanyg** – kanagat edýän, kanagatly, öz hakyna kaýyl.
**Kap dagy** – hyýaly dag ady. Ertekilerde aýdylyşyna görä, ol göýä ýeriň daşyny gurşap alyp, belentligi bäş ýüz parsahmyş we köp bölegi-de suwuň içindemiş. Anka ýa-da Symrugyň höwürtgesi-de Kap dagynda ýerleşýärmiş.
**Kars** – Kiçi Aziýada bir şäher we welaýat.
**Karun** – Töwratda we Gurhany-Kerimde agzalýan husyt baýyň ady. Ol Gündogar edebiýatynda gysganççlygyň simwoly bolup gelýär.
**Kasr** – 1. Köşk. 2. Gysga, kelte.
**Kaşşak** – 1. Garyp, pukara. 2. Kezzap, ýalançy.
**Kaşyk** – çemçe.
**Kat** – 1. Alyn, maňlaý, öň. 2. Gat.
**Katg etmek** – kesmek, ýolmak, bes etmek.
**Katla** – gaýta, sapar, gezek.
**Katlan** – asla, düýbünden.
**Katlanma** – çalyşma, jan etme.
**Katyl** – öldürýän, jellat, kelle kesiji, peşşap.
**Kaýt (kaýd)** – duşak, bent, tow, zynjyr, gandal.
**Kaza** – 1. Ölüm. 2. Täleý, betbagtlyk. 3. Buýruk, hököm. 4. Kazy. 5. Bir zadyň soňy. 6. Göýberlen namazyň öwezini dolmak üçin namaz okama.
**Kazyýy-hajat** (Kazyýyl-hajat) – hajatlary beriji; Alla, Hudaý.
**Kehkeşan** – astr. Akmaýanyň süýdi ýyldyzlar topary, galaktika.
**Kelam** – 1. Gürrüň, gep, söz. 2. Gurhan.
**Kelim** – 1. Gürrüňdeş, gürrüňleşme. 2. Musa pygamberiň lakamy (Kelimulla).
**Kelpeze** – hažžyk; zemzen.
**Kement** – 1. Ujy syrtmakly uzyn tanap. 2. Gm. söýgüliniň saçy.
**Kemine** – ejiz, bende.
**Keramul-kätibeýn** – dini düşünjä görä, adamyň iki egninde oturyp, günä we sogaby ýazýan iki perişde.
**Kerbela** – 1. Yrakda bir şäher. Kerbela çöli. Alynyň ogly Hüseýiniň öldürilen ýeri. 2. Horluk, suwsuzlyk çöli. 3. Azap meýdany, kynçylyk çöli.
**Kerem** – sahylyk, jomartlyk, bagyşlamaklyk, bagyşlama.
**Keret (kerret, kerem, keren)** – sapar, gezek, ýola, gaýta.
**Kerim** – 1. Sahy, jomart, eli açyk. 2. Hudaýyň bir ady. 3. Kerim (has at).
**Kerk (kergeden)** – 1. Nosorog. 2. Iň uly guşlaryň biri.
**Kerman** – Eýranda bir şäher ady.
**Kesapat** – 1. Hapa, kir. 2. Gür, ýygy. 3. Zyýan.

**Kest** – zyýan, zelel.
**Keşt (geşt) etmek** – aýlanmak, gezmek, gezim etmek.
**Keşte (kişte)** – «keşten» sözünden. 1. Ekiş, tohum sepme. 2. Bejerilen ýer. 3. Guradylan miwe (erik, garaly, we ş. m.), guratma.
**Keý** – haçan, näwagt. Tä keý – haçana çenli.
**Keýwan** – Zuhal (Saturn) seýýarasy. Ol Gün Alemindäki altynjy seýýara bolup, Müşteri bilen Uran seýýarasynyň aralygynda ýerleşýär.
**Kez** – peýkam, ok.
**Kähil** – 1. Ýalta, äwmezek, biperwaý, geleňsiz. 2. Gowşak, ysgynsyz.
**Käkil** – depe saç, atyň käkili (atyň depesinden maňlaýyna dökülip duran teller).
**Käm (kam)** – 1. Isleg, höwes. 2. Penje. 3. Agyz, kentlewük. Kämine aýlansa – (döwür-döwran) islegine görä aýlansa, isleg-arzuwyna laýyk hereket etse. Kam (käm) olur – islegi bolar, maksadyna eýe bolar, islegi amala aşar.
**Kämýap** – bagtly, şowly, göwnühoş, arzuwyna ýeten.
**Käşi** – 1. Iň gowy hilli palçykdan edilip bişirilen we syrçalanyp nagyşlanan çanak we ş.m. gap. 2. Diwaryň ýüzünden goýulýan nagyşly plita.
**Kibr (kibir)** – 1.Ululyk, ulumsylyk. 2. Uly günä, ýazyk.
**Kimiýa (kimýa)** – 1. Asly grek sözi, himiýa. 2. Alhimiýa jisimleriň gurluşyndan, özgerişinden gürrüň edýän ylym. 3. Gündogar edebiýatynda gudratly ot, çöp.
**Kin** – 1. Kine, ýigreniş, duşmançylyk. 2. Öç, ar, kitüw.
**Kipaýat** – 1. Kömek, haýyr. 2. Ýeterlik, zehinlilik.
**Kirdigär** – 1. Işjeň, janypkeş. 2. Ýaradyjy, Alla, Taňry.
**Kişmir** – zool. uzyn aýakly, togalak kelleli hudaýata meňzeş möjejik, atbakar.
**Kişti** – gämi.
**Kokunmak** – ys saçmak, ys ýaýratmak, hoşboý ysly.
**Köle** – gul.
**Köşe** – burç, çet. Köşeýi-weýrana – harabaçylygyň bir çüňki, içi.
**Köwkep** – ýyldyz.
**Köwser** – Jennetden akýan bir çeşme.
**Köý** – 1. Ýol, geçelge; şaýol. 2. Köçe. 3. Mähelle. 5. Oba. 6. Oý, pikir, küý.
**Kubat** – Eýranyň sasanlylar döwletiniň hökümdarlarynyň biri Kubat II, diňe bir ýyl (628 ý.) şalyk edipdir; meşhur Nowşirwan adylyň kakasy.
**Kuh** – dag.
**Kulah** – selle, peş, telpek, topby, başgap; derwüşleriň geýýän başgaby.
**Kulhuwalla** – Gurhany-Kerimiň 112-nji («Yhlas») süresiniň 1-nji ayatyndan bir jümle: «Aýt, Ol Alla (birdir)».
**Kumaş** – 1. Mata, mata-marlak; ýüpek geýim, esbap. 2. Haryt, baýlyk. 3. Göwher.
**Kurbet** – 1. Ýakynlyk. 2. Ýakyn aragatnaşyk. 3. Mahsuslyk.
**Kutb** – 1. Her bir zadyň ortasyndan geçýän okuň iki ujy, köçeriň uçlary. 2. Orta, merkez, polýus. 3. Degirmeniň oky, pürs. 4. Öwlüýä. 5. Sopy. 6. Serdar, öňbaşçy, ýolbaşçy.
**Kutbul-Aktab** – sopuçylykda bir dereje, belli sopy.
**Küll** – ähli, tutuş, bary.
**Küllühüm** – tutuş, bary, barysy, ählisi.
**Külpet** – 1. Kynçylyk, mähnet, ýadawlyk. 2. Gyrnak, çory, hyzmatçy aýal.

**Külünder** – 1. Künde, gandal. 2. Gödek, tagaşyksyz.
**Künde** – 1. Agyr jenaýat edenleriň eline ýa-da aýagyna salynýan zynjyr, gandal. 2. Ýer sürülýän sada gurluşly azalyň ýere girýän burnuna geýdirilýän demir ýa çoýundan edilen azal, ýer sürýän agaç azal.
**Küren** – uly oba, köp ilatly oba, hatar-hatar öýli oba.
**Kürs (kürsi)** – 1. Oturgyç, stul. 2. Metjitlerde wagyz aýdyjylaryň münberi. 3. Tagt. 4. Wezipe. 5. Asmanyň bir gaty.
**Küşte** – öli, jansyz, ölen, öldürilen.
**Küteh (kutah)** – 1. Gysga, kelte. 2. Pes, kiçi.
**Kyl-u kal** – galmagal, gykylyk, goh.
**Kyn** – 1. Azap, ejir. 2. Kyn, agyr.

## L

**Lafz** – labyz, söz, aňlatma, aýdylyş, gep, gepleýiş.
**Lagnat** – gargyş, nälet, ýazgaryş.
**Lagnaty** – gargyş siňen, näletlenen. Lagnaty şeýtan – nälet siňen şeýtan.
**Lahap (Lehaf)** – 1.Ýorgan, örtgi. 2. Gije ýatylýan wagty geýilýän, pagtadan edilen ýumşak eşik, ýatyş eşigi. 3. Daşky eşik.
**Lahat** – gabyr, gör, mazar, gubyr.
**Lap** – hetdenaşa öwünme, ulaldyp aýtma, güpüleme.
**Leb** – dodak. Lebi-handan – gülýän dodak, ýylgyrýan leb. Lagly-leb – gyrmyzy dodak, lagyl ýaly gyzyl öwüsýän leb.
**Lejam** – uýan, jylaw, agyzdyryk, nogta.
**Lewa** – baýdak, tug, sanjak, alam.
**Leýken (läkin)** – emma, ýöne, şeýle-de bolsa.
**Leýli** – Gündogarda meşhur bolan «Leýli-Mejnun» ýordumynyň bir gahrymany. VII asyryň ahyrlarynda VIII asyryň başlarynda ýaşap öten arap şahyrasy – Leýli al-Ahýalyýa.
**Lowhy-mahfuz (lowhyl-mahfuz)** – dini düşünjelere görä, asmanda Alla tarapyndan her bendäniň görjegi, ykbaly, her bir boljak hadysa hakynda ýazylyp goýlan tagta. Oňa «ykbal (ýazgy) kitaby» hem diýilýär.
**Löwla (löwläke)** – «Eger sen bolmadyk bolsaň ...», Allatagalanyň Muhammet pygamber hakynda aýdan jümlesi. Bu hadys ygtybarsyz hadyslaryň biri hasaplanyar.
**Lukma** – döwüm, tike, bir agyz zat (çörek, nahar).
**Lukman hekim** – Dawut pygamberiň zamanynda ýaşap geçen, legendar tebip, dana. Ol Gündogar halklarynyň edebiýatynda we folklorynda agyr keselleri bejerýän tebip hasaplanýar we köp dürli aforizmleriň, nakyllaryň, basnýalaryň awtory hökmünde tanalýar. Rowaýatlara görä ol 4400 ýyl ýaşanmyş.
**Lut** – pygamberleriň biri, Ybraýym pygamberiň doganoglany. Onuň hak ýola çagyran halkyny bozgaklyk edendikleri üçin ýer ýuwdupdyr.
**Lutp (lutf)** – mähremlik, mähribanlyk, rehimdarlyk.

## M

**Mada** – urkaçy, maçy.

**Maderzat** – dogabitdi, eneden dogma, tebigy.
**Magrur** – 1. Tekepbirlik, men-menlik. 2. Buýsanmak, aldanmak.
**Magryp** – 1. Günbatar. 2. Ýurt ady, Marokka.
**Magrypet** – 1. ylym, bilim.
**Magşar** – 1. Kyýamat, ahyret. 2. Gykylyk, gowga, gyk-bak.
**Magşuk** – 1. Söýgüli, gözel, söýülýän. 2. Alla, Taňry.
**Mah** – 1. Aý (seýýara). 2. Aý (wagt). Mahy-taban – dolan Aý.
**Mahbup** – söýgüli, ýar, dost, jora.
**Mahfy** – 1. Gizlin, syrly; ogryn, ýaşaryn. 2. Aňtawçy, diňçi.
**Mahluk** – döredilen, ýaradylan (adamzat, haýwanlar; bütin barlyk).
**Makam** – mekan, duralga, gonalga. Makamy-agla – beýik dereje.
**Mal** – 1. Baýlyk, emläk. 2. Pul, manat, teňňe. 3. Mal (haýwan).
**Mamun** – Apbaslylar nesilşalygynyň 7-nji halypasy (813 – 833); Harun Reşidiň ikinji ogly.
**Mande** – 1. Galan, eglenen. 2. Argyn, sökel. 3. Köne.
**Mansur (Hallaç)** – X asyrda ýaşap geçen sopy şahyr. 922-nji ýylda ruhanylaryň buýrugy bilen Bagdat şäherinde dara çekilip (käbir rowaýatlara görä daşlanyp) öldürilipdir.
**Mar** – ýylan.
**Margir** – ýylantutujy, ýylan tutýan.
**Masyl** – 1. Salgyt ýygnaýjy, gullukçy. 2. Esger, nöker, ýasawul.
**Maşal** – şem, çyra, fakel.
**Maşk** – 1. Titreme, şybyrdama (ýaprak hakynda). 2. Gamçylama. 3. Maşk etme, türgenleşme.
**Maşryk** – gündogar tarap, Gündogar.
**Matag** – 1. Zat, azyk, ýük, haryt. 2. Mata, parça.
**Matbah** – aşhana, nahar bişirilýän ýer.
**Matlap** – 1. Isleg, niýet. 2. Tagalla, yhlas, janypkeşlik.
**Mawyr** – esger, nöker.
**Maý** – 1. Ýag. 2. Maý (pursat).
**Maýyl** – haýran; ýesir; meýil ediji.
**Meges** – siňek.
**Mehjur** – 1. Zyňylan, taşlanan. 2. Aýrylan, jyda düşen.
**Mejal** – 1. Güýç, kuwwat. 2. Başarnyk. 3. Möhlet, pursat.
**Mejaz** – hakyky däl, göçme manyly, allegoriýa, metafora.
**Mejmagul-Bahreýn** – iki deňziň birleşýän ýeri. Rowaýatlara görä ol ýer Musa pygamber bilen Hydyr alaýhyssalamyň duşuşan ýeridir.
**Mejnun** – 1. Gündogarda meşhur bolan «Leýli- Mejnun» eseriniň esasy gahrymany. 2. VII asyryň ikinji ýarymynda ýaşap öten, özüniň Leýlä bolan söýgüsini beýan edip, ajaýyp şygyrlar ýazan arap şahyry Kaýs ibn Mülewwah Amiriniň lakamy.
**Mejnun** – 1. Jynly, däli. 2. Yşka düşen, aşyk.
**Meks** – durmak, sagynmak, gonmak, daýanmak.
**Melal** – gaýgy, gam, gussa, tukatlyk, gaýgylylyk.
**Melek** – perişde.

**Memat** – ölüm, ýok boluş.
**Merhaba** – salam, hoş geldiň.
**Merwerit** – gymmatbaha daşlaryň bir görnüşi, merjen, dür.
**Mesrur** – göwni hoş, hoşal, guwançly, şadyýan, bagtly, şatlykly.
**Mestan** – serhoş, akylyny ýitiren, şeýda; yşka düşen, aşyk.
**Mähek** – gyzylyň ýa kümüşiň gatançlydygyny, arassadygyny bilmek üçin olara sürtülýän daş.
**Mährap** – metjitde ymamyň namaza duryan ýeri.
**Mälik** – 1. Eýe, patyşa, häkim, hökümdar. 2. Dowzahyň eýesi bolan perişdäniň ady. 3. Alla, Taňry.
**Mäti (Mehdi)** – dini düşünjä görä, ol kyýamatdan öň peýda boljak Dejjal bilen söweşjekmiş.
**Mizan** – 1. Terezi, ölçeg. 2. Eýranyň şemsi ýyl hasabynyň ýedinji aýy (güýzüň başky aýy). 3. Ýyldyzlar toplumy.
**Mömin** – 1. Imanly. 2. Dogryçyl, ynamly, ynanýan, uýýan, musulman.
**Möminan** – mömin sözüniň köplük sany.
**Möwla (Möwlam)** – 1. Hudaýyň bir ady. 2. Jenap. 3. Gul, bende.
**Möwt** – ölüm.
**Muddaga** – talap, isleg, maksat, myrat, dileg, şikaýat, arza, dawa.
**Mugazzam** – 1. Belent edilen, beýgeldilen. 2. Hormatly, uly abraýly.
**Mugjyzat** – mugjyza sözüniň köplük sany. Geň zatlar, haýran ediji zatlar, adam güýjünden daşary bolup geçýän täsin hadysalar.
**Mugylan (Mugeýlan)** – 1. Gyrymsy tikenli ösümlik. 2. Mimoza (kösükli ösümlik), akasiýa (ysly ak ýa-da sary gülli agaç). Tiken, çeti.
**Muhal** – mümkin däl, başa barmaýan, amala aşmajak, absurd.
**Muhannes** – namart, gorkak, binamys, bigaýrat.
**Muhlys** – 1. Yhlas ediji, berlen, dogruçyl. 2. Takwa.
**Mukadder** – öňden kesgitlenen, ykbal, täleý, ýazylan.
**Mukaddir** – takdyr ediji, ýazgyt ýazyjy, Alla, Taňry.
**Mukatyl** – urşujy, esger, nöker, ýasawul.
**Mukym** – 1. Gymyldamaýan, sarsmaýan. 2. Ýaşaýjy, oturymly.
**Mum** – bal arylarynyň öýjüginde balyň düýbünde galýan şepbeşik madda.
**Munys** – dost, ülpet, ysnyşan.
**Mur** – garynja.
**Murda** – öli, jansyz.
**Murg** – guş, towuk. Murgy-säher – bilbil.
**Mursal** – 1. Iberilen. 2. Pygamber.
**Musa** – pygamberleriň biri. Rowaýatlara görä, ol biziň eýýamymyzdan 1571 ýyl öň Ramses ikinjiniň döwründe Menfis şäherinde eneden bolýar. Ol Allatagala bilen sözleşen pygamberdir.
**Musallat** – 1. Höküm ediji, hökümli. 2. Oňat bilýän, göz ýetirýän.
**Mustagrak** – 1. Gark bolan, çümen, batan. 2. Çüň pikire batmak.
**Muş** – syçan.
**Muşfyk** – mähirli, mähriban, merhemetli.

**Muşt (muş)** – ýumruk; gysym. Muşty-häk – bir gysym toprak.
**Muttasyl** – 1. Sepleşen, birleşen. 2. Üznüksiz, dowamly, yzygiderli.
**Mutyg** – boýun egen, tabyn.
**Muze** – mesi.
**Mübäriz** – 1. Batyr, gaýduwsyz, mert. 2. Urşujy, söweşjeň, göreşiji.
**Mübtela** – bir zada duçar bolmaklyk, bela uçramaklyk.
**Müfti** – dini hökümleri beýan edýän ruhany, dini kanun (şerigat) esasynda höküm (pitwa) çykaryjy.
**Müjtehid** – 1. Ýokary derejeli ruhana berilýän titul, ahun, hukuk ylmynyň ýokary derejesine ýeten, pitwa bermäge hukuk gazanan kişi. 2. Dürs garaýyş.
**Mükemmel** – kämil, ýetişen, ussat, halypa, pir.
**Münewwer** – nurly, ýagty, yşykly, ýalkymly.
**Münädi (munada)** – jar, çagyryş.
**Münteha** – aňrybaş, ajaýyp.
**Münzere** – garynjalaryň Münzere atly patyşasy bilen Süleýman pygamberiň sowal-jogaby barasynda Gündogar edebiýatynda ýörite rowaýat bar.
**Mürewwet (mürüwwet)** – 1. Mähribanlyk, akýüreklilik. 2. Adamkärçilik, ynsanperwerlik. 3. Ynsap. 4. Dözümsizlik, geçirimlilik. 5. Mertlik, gahrymançylyk. 6. Sahylyk, sahawatlylyk.
**Mürşit** – dogry ýol görkeziji, ruhy ýolbaşçy, sopularyň ýolbaşçysy, pir.
**Mürwet** – Seret: Mürewwet.
**Müşgil** – kyn, çetin.
**Müşk** – keýikleriň bir görnüşiniň göbeginde ýygnanýan suwuklykdan alnyp ýasalýan ýakymly ysly madda.
**Myh** – çüý. Myh ýaly – berk, pugta.
**Myltyk** – 1. Tüpeň. 2. Ýakymsyz tagamy bolan, ötüşen iýmit.
**Mynajat (munajat)** – ýekelikde okalýan doga, doga-dileg, gije okalýan doga, ikiçäk gürrüň, Hudaýa ýüzleniş.
**Mynapyk** – ikiýüzli, ara bozujy, ýaranjaň, şugul.
**Myrdar** – 1. Maslyk, läş, haram ölen maslyk. 2. Haram, nejis, porsy zat.
**Myrryh** – Müşteri, Mars seýýarasy.
**Mysapyr** – ýolagçy, gezende, geçip barýan.
**Myzrak** – 1. Kelte naýza, zyňmak üçin ulanylýan ýeňil, çaklaňça naýza. 2. Ýüke öwrenişmedik düýe, urlan ýüki agdarýan düýe, bugurçy.

## N

**Nafaga** – gündelik durmuş harajaty.
**Nagleýn** – 1. Köplenç mollalar geýýän burny gaýşak ökjesiz köwüş, hammamda ýa yzgarly ýerde geýilýän galyň tagta köwüş. 2. Jüp köwüş.
**Nagra** – gykylyk, gowga, gaharly gygyrma, arlama.
**Nahan (nehan)** – gizlin, ýaşyryn, ogryn, örtülgi, ýapylgy, örtülen.
**Naky (naka) daşy** – «Naka» diýlip, maýa, ene düýä aýdylýar. Bu ýerde Salyh pygamberiň gudrat bilen dagyň daşyndan düýe çykaryşy baradaky rowaýat göz öňünde tutulýar.

**Nam** – at, ism. Nam-u nyşan – yz-sor, at we alamat, nam-nyşan.
**Namyrat** – 1. Myradyna ýetmedik. 2. Aldanan. 3. El üzen, aýrylan.
**Nar I** – 1. Ot, ýalyn. 2. Dowzah ody. 3. Tagma. Nary-bela – ot belasy, dowzah odunyň howp-hatary. Azaby-nar – dowzah azaby, ot azaby.
**Nar II** – 1. Miwe ady. 2. Gm. Ganly ýaş.
**Narynç** – apelsin, ösümlik ady. Hemişe gök öwsüp miwe berýän agaç we onuň miwesi.
**Naşy** – nadan, tejribesiz, bilimsiz, nakys.
**Natuwan** – biçäre, ejiz.
**Naw** – gämi, gaýyk, korabl.
**Nazyr** – seredýän, goraýan, gözegçilik edýän.
**Nebat** – ösümlik, ot.
**Nebi** – pygamber.
**Nebs** – 1. Ruh, jan, ýaşaýyş. 2. Maddy isleglere bolan tebigy meýil. Nebsi-howa – nebsewürlik.
**Nedamat** – puşman, ökünç, ahmyr, gynanç.
**Nehar** – 1. Kemsitme, kiçeltme, äsgermezlik. 2. Gün, gündiz.
**Nejat** – gutulma, halas bolma, çäre, alaç.
**Nejt** – 1. Dag ady. Arabystanyň Wawiloniýanyň golaýyndaky dag gerişleriniň belent bölegi we şol beýik ýerlerden geçýän ýol.
**Nemrut** – 1. Surýany (Wawilon – Babyl) patyşalarynyň lakamy. Kybtylaryň (müsürlileriň) patyşalaryna Pyrgun (faraon), nebatlylaryň patyşalaryna bolsa, nemrut diýlipdir. 2. Babylyň gadymy – Ybraýym pygamberiň döwründe ýaşan patyşasynyň ady.
**Nepes (nefes)** – 1. Dem. 2. Göz açyp-ýumasy salym.
**Nerkes (nerges)** – sary ýaprakly owadan gul. Bu gülüň gunçalary göze meňzeş bolany üçin, ol edebiýatda meňzetme hökmünde göz manysynda hem ulanylýar.
**Nesep** – asyl, gelip çykyş.
**Nesimi (Seýit Ymadeddin)** – Gündogaryň meşhur türkmen şahyrlarynyň biri. Ol Gündogar halklarynyň folklorynda we edebiýatynda mertligiň, gahrymançylygyň, çydamlylygyň simwoly hökmünde şöhratlanypdyr. Nesimi 1417-nji ýylda ruhanylar tarapyndan pitwa berlip, diriligine dabanyndan soýlup öldürilipdir.
**Neşr** – 1. Ýaýratma, pytratma. 2. Kyýamat, täzeden direliş, ahyrzaman.
**Neşter** – iňňe, temen.
**Neýsan (nisan)** – 1. Grek aýlarynyň ýedinji aýynyň ady. Siriýa kalendarynyň başinji aýy. Bu hasap aprel aýyna gabat gelýär. 2. Irki baharda ýagýan ýagyş.
**Neýşe** – ne işe; näme üçin, neçün.
**Nezr** – 1. Hudaýýoly, sadaka. 2. Äht, kasam, ant içme.
**Näçaglanmak** – 1. Ejizlemek, namartlamak. 2. Keýpiňi gaçyrmak.
**Nägehan** – Seret. Nägäh. Belaýy nägehan – garaşylmadyk bela, garaşylmadyk dert, tötänden peýda bolan bela.
**Nägäh** – 1. Birden, tötänden, garaşylman durka. 2. Bimahal, ýerliksiz.
**Näkabyl** – 1. Nälaýyk, mynasyp däl. 2. Ukypsyz, gowşak.
**Närow (närowa)** – 1. Rowa däl, laýyk däl. 2. Gelşiksiz, ýaraşyksyz.
**Närse** – zat, haýsydyr bir zat.

**Näşaýeste** – laýyk däl. Şaýeste – gelin-gyzlara degişli has at.
**Näşte** – ertirlik nahar.
**Nigär (nigar)** – 1. Gözel, söýgüli, ýar. 2. Surat.
**Nikap** – ýüz örtüsi, perde, ýaşmak, bürenjek.
**Nisar** – 1. Pida, gurban. 2. Saçmak, seçmek, ýaýratmak, pytratmak.
**Nisbet** – 1. Gatnaşyk, degişlilik, aragatnaşyk. 2. Garyndaşlyk, ýakynlyk. 3. Gabat gelme, kybapdaşlyk, deň gelme.
**Nist** – ýok. Nist bolmak – ýok bolmak.
**Nowa** – 1. Heň, mukam, saz, aýdym. 2. Baýlyk, emläk, mal, serişde.
**Nowaýy** – 1. Gündogaryň beýik söz ussady, alymy, nusgawy şahyr Nyzameddin Alyşir Nowaýy (1441 – 1501) özüniň 50 müň setir töweregi şygry öz içine alýan bäş sany liriki diwany: «Adalatlylaryň aljyraňňylygy», «Perhat – Şirin», «Leýli – Mejnun «, Ýedi seýýara», «Isgenderiň diwary» eserlerini öz içine alýan «Hamsasy» we ençeme ylmy hem çeper eserleri bilen bütin dünýäde meşhurdyr. Ol Magtymgulynyň halypa saýan ussatlarynyň biridir.
**Nowruz** – «täze gün» diýmek. Mälik şanyň tabşyrmagy bilen Omar Haýýamyň düzen senenamasy boýunça täze ýylyň birinji güni. Mart aýynyň 21 – 22-nji günlerine gabat gelýär.
**Nuh** – pygamberleriň biri. Rowaýatlara görä, ol agaç ussaçylyk (neçjarlyk) käri bilen meşgullanyp, elli ýaşynda pygamber bolýar. Ol Hudaýyň emrine görä uly gämi ýasap, özüne eýerenleri, maşgalasyny we ähli haýwanlardan bir jübütini gämisine salýar. Soňra ýagyş ýagyp, bütin ýer ýüzüni suw alýar. Nuhuň gämisi Ararat (Judy) dagynyň etegine baryp, halas bolýarlar. Nuh örän uzak ömür sürýär. Oňa ikinji Adam diýlipdir.
**Nujaba** – 1. Ak ýürekli adamlar. 2. Barly synplar. 3. Kyrklar, erenler.
**Nukaba** – nekib sözüniň köplik sany. Häkimler, soltanlar.
**Nuran** – nurana, nurly.
**Nurbat** – haraý, rehim, aman dileme, aman berme, aman-nurbat.
**Nury-aýyn** – 1. Gözüň nury, garak, bäbenek. 2. Ogul, çaga.
**Nury-mahweş** – Aý ýaly nur, Aýa meňzeş nur, ýagtylyk.
**Nyýaz** – 1. Ýalbarma, dileme, ötünç, umyt. 2. Mätäçlik. 3. Wada bermek.
**Nyzamy** – Gündogaryň beýik şahyry Ylýas ibn Ýüsup Ibn Mugaýýat Nyzamy Genjewi (1141 – 1209). Ol özüniň liriki şygyrlarynyň diwany hem-de «Syrlar hazynasy», «Hysrow – Şirin», «Leýli – Mejnun», «Ýedi gözel», «Isgendernama» eserlerini öz içine alýan «Hamsasy» bilen bütin dünýäde meşhur. Magtymgulynyň halypa hasaplan şahyrlarynyň biri.

## O

**Ok-gez** – peýkam, ok, ok-ýaý.
**Olum** – güzer, inelge.
**Omar** – Muhammet pygamberden soňky halypalaryň ikinjisi, Çaryýarlaryň biri Omar ibn Hattap. Ol 634 – 644-nji ýyllarda halypalyk edýär.
**Omar Haýýam** – 1. Gündogaryň beýik alymy hem şahyry Kyýaseddin Omar Ibn Ybraýym Nişapury (1048 – 1131). Ol özüniň nepis rubagylary hem ylmy

eserleri bilen bütin dünýäde meşhurdyr. Ol Magtymgulynyň halypa hasaplan beýik şahslarynyň biridir.
**Oň** – 1. Oňmak, şowuna bolmak, ugrukmak. 2. Sag, sag tarap.
**Osman** – Muhammet pygamberden soňky halypalaryň üçünjisi, Çaryýarlaryň biri Osman ibn Affan. Ol 644 – 656-njy ýyllarda halypalyk edýär.
**Owkat** – 1. Nahar, iýmit. 2. Güzeran, durmuş ýagdaýy. 3. Wagtlar.

## Ö

**Öre** – direg, daýanç, sütün.
**Öwj** – beýiklik, galma, galkynma, iň ýokary belentlik.
**Öwla** – artykmaç, tapawutly, has oňat, iň gowusy.
**Öwlat** – çaga, perzent, nesil.

## P

**Pa (paý)** – aýak.
**Padyman (padywan)** – sygyr çopan.
**Paluda** – arassalanan suwuk içgi, suwuk aş, şüle, miweden edilen nygmat.
**Pany** – 1. Hemişelik däl, dowamsyz, wepasyz, ötýän. 2. Şu dünýä.
**Parsah** – 6 km. deň uzynlyk ölçegi.
**Parz** – anyk delil, subutnama arkaly ýerine ýetirilmegi hökmany bolan amallar. Meselem: namaz okamak, oraza tutmak.
**Paýa** – 1. Basgançak. 2. Sütün, direg.
**Paýan** – ahyr, soň.
**Paýmal (paýymal)** – aýak astyna düşmek, depelenmek.
**Paýz (feýz)** – 1. Bol, köp, artyk (gözýaş, suw hakynda). 2. Mähirlilik, merhemet. 3. Peýda, nep, bereket. 4. Joşma.
**Peder** – kaka, ata.
**Pena** – 1. Gaçalga, gorag. 2. Ýok bolmaklyk, ýitip gitmeklik.
**Pereň** – Ýewropa, ýewropaly: perenli – fransiýaly, ýewropaly.
**Perişan** – 1. Dagynyk, bulaşyk, çaşgyn. 2. Erbet, ýaramaz.
**Perraç** – hökümdarlaryň hyzmatkärleri, köçä, howla, oturylýan ýere, jaýa (suw sepip, düşek düşäp) serenjam beriji. Soňky wagtlarda ol esger, nöker, ýasawul manylaryny hem aňladypdyr.
**Perrende (perende)** – guşlar, ganatlylar.
**Perwan** – ýüpegi pileden aýyrýan çarh.
**Perwana** – kebelek.
**Perwaz** – uçuş, uçma, uçmaklyk.
**Pester** – pesräk, pes, has pes.
**Peşe** – çybyn. Peşe per – çybynyň ganaty.
**Peý** – 1. Fundament, düýp, direg, daýanç. 2. Aýak, aýak yzy. 3. Yzy, arkasy.
**Peýan** – peýda, nep, haýyr.
**Peýker** – 1. Beden, ten, endam. 2. Görnüş, şekil; surat. 3. Heýkel.
**Peýmana** – 1. Ömür jamy. 2. Ölçeg. 3. Şerap içilýän käse. Peýmanasy dolmak – ölmek.

**Peýsiz** – 1. Yzsyz-sorsuz, nyşansyz. 2. Dowamsyz. 3. Ogulsyz, perzentsiz.
**Peýwent** – bag, ýüp; birigen, baglanyşykly; sapylan, sapylma.
**Peýwest** – bagly, birleşen, sepleşen.
**Päheň (peseň)** – tereziniň daşyna taý etmek, jamlaryny deňlemek üçin goýulan agramlyk.
**Pählwan Pirýar** – XIII – XIV asyryň görnükli şahyry Mahmyt Pirýar. Käçeşmede onuň ady Pur Baýweli görnüşinde duş gelýär (1247 – 1326). Ol çensiz güýçli, daýaw, pälwan adam bolany üçin, Mahmyt pälwan, Hezreti pälwan, Pälwan pir, Pälwan Purýar ýa-da Pilmahmyt diýlen lakamlary hem alypdyr. Ol Gytaly lakamy bilen örän çeper rubagylar ýazypdyr.
**Pir** – 1. Garry, ak saç, ýaşuly adam. 2. Pir, sopularyň baştutany.
**Pisat (pesat)** – bozuk, erbet, ýaman iş, bozuklyk.
**Pişe** – iş, bir zada meşgullanmak.
**Post** – 1. Ham, deri. 2. Gabyk.
**Pul** – köpri. Pul-Syrat – Syrat köprüsi, dini dünýägaraýyşa laýyklykda, jähennemiň üstünden geçýän köpri.
**Pur** – ogul, perzent.
**Puş** – 1. Örtme, ýapma; örtük. 2. Geýme, geýinme. Puş kylmak – ýapmak, örtmek.
**Puşeş** – egin-eşik, geýim, lybas.
**Puşt** – 1. Arka, ýagyrny. 2. Nesil, urug. 3. Goraýjy, sakçy. 4. Bir zadyň daş ýüzi.
**Pür** – doly. Pürnem – ýaşdan doly. Pürgam – gamdan doly.
**Pygan** – ahy-nala, dat-perýat, agy, iňňildi.
**Pygl** – 1. Iş, etmiş. 2. Niýet, päl.
**Pynhan** – gizlin, ýaşyryn, ogryn.
**Pyrak** – aýralyk, jydalyk, aýra düşme.
**Pyrkat** – aýralyk, aýra düşmeklik.

## R

**Rabat** – kerwensaraý, gala.
**Rafyk** – ýoldaş, hemra, dost.
**Ragbat** – meýil, isleg, höwes.
**Ragna** – owadan, gözel, näzik, ýakymly, görmegeý.
**Rahman** – 1. Rehim edýän, örän rehimli. 2. Hudaý, Alla.
**Rahzen** – garakçy, ýol talaýan, galtaman.
**Raks** – tans.
**Rakyp** – duşman, ýagy, ýow.
**Ran** – 1. But, aýak, 2. Sütün, daýanç.
**Raster** – gönüräk, dürsräk, has dogry.
**Raý** – 1. Pikir, isleg. 2. Ýol, ýoda. 3. Tabyn bolma; tabyn etme. 4. Hindi häkimleriniň lakamy.
**Raýyş (araýyş)** – bezeg, zynat.
**Raz** – syr, gizlin gürrüň.
**Rebig** – ýazyň ilkinji aýy; bahar, ýaz pasly.

**Reda** – 1. Derwüşleriň omuzlaryna, eginlerine atýan we gerek ýerinde namazlyk ýa-da ýorgan deregine ulanýan ýüňden edilen gödek mata. 2. Don, ruhanylaryň geýýän dony. 3. Ýyrtyk don. 4. Sopuçylykda birinji makamyň ýedinji menzili.
**Reftar** – gylyk, häsiýet, boluş; ýöriş, ýöreme.
**Reft-amet** – gelip-gitme, gelim-gidim, yza çekilme-öňe süýşme.
**Rekap (rekab)** – üzeňňi.
**Renç** – zähmet, azap, ejir, jebir.
**Rep** – 1. Eýe, hojaýyn, baýar. 2. Alla, Hudaý, Taňry.
**Resm** – 1. Däp, dessur, adat, düzgün. 2. Surat, surat çekme, çyzgy.
**Resul** – 1. Wekil, habar getiriji. 2. Pygamber. 3. Resul (has at). Resulalla – Allanyň wekili, Muhammet pygamberiň lakamy.
**Reýgan** – 1. Mugt, hak-hukuksyz. 2. Boş, biderek, ýerliksiz, peýdasyz.
**Reýhan** – 1. Ysly otlaryň umumy ady. 2. Gül ady (bazilik).
**Riş** – 1. Sakgal. 2. Ýara, baş, düwürtik.
**Rişt** –häsiýet, gylyk, boluş.
**Rişte** – 1. Ýüp, sapak, tanap, bag, bagjyk. 2. Unaş.
**Rişwet** – para, parahorluk, alym, algy.
**Riýet** – öýken.
**Roý** – ýüz, ýaňak. Roýy-ryýa – ikiýüzlilik, gözboýagçylyk, jögülik.
**Roz (ruz)** – gün, gündiz. Rozy-jeza (ruzy-jeza) – kyýamat güni, etmişiňe görä jeza ýa-da sogap berilýän hasap güni. Roz-u şeb – gije-gündiz.
**Rozy (ruzy)** – nesip etme, kysmat etme; eçilme.
**Rozygär (ruzygär)** – 1. Ýaşaýyş, durmuş. 2. Zaman, döwür. 3. Şemal, ýel.
**Röwende** – 1. Geçýän, hereket edýän, akýan. 2. Gezende, ýolagçy. 3. Çapar, habarçy. Röwende-ýu aýende – gelýän we gidýän, barýan we gelýän.
**Rum** – Rim, Rim imperiýasy, Wizantiýa, Balkan ýarym adasy, Rumili (Kiçi Aziýanyň bir bölegi), Kiçi Aziýa.
**Rusyýa** – utançly, uýatly, ryswa, ýüzügara, masgara, biabraý.
**Ruz** – Seret: Roz.
**Rüstem** – Zalyň ogly, ep-esli bölegi türkmenlere assimilleşip giden saklaryň pälwany, Firdöwsiniň «Şanama» eseriniň baş gahrymany. Gündogar halklarynyň folklorynda we edebiýatynda batyrlygyň, gaýduwsyzlygyň, edermenligiň nusgasy hasaplanýar.
**Rykkat** – 1. Müşgil, azap çekme. 2. Ýumşaklyk, duýgudaşlyk.
**Ryswa (ruswa)** – masgara, biabraý, garalanan, ýüzigara.
**Ryýa** – ikiýüzlülik, hilegärlik, jögülik. Ryýakär – jögi, hilegär, gaçgaklaýan.
**Ryýazat** – 1. Terkidünýälik, asketizm, berhiz. 2. Kynçylyk.
**Ryzk** – gündelik iýmit, azyk, rysgal.
**Ryzwan** – 1. Jennet sakçysynyň ady. 2. Jennet, behişt.

## S

**Saba** – 1. Säher, daňdan. 2. Mylaýym säher şemaly. Bady saba – säher şemaly, daň bilen öwüsýän hoştap şemal.

**Saç kylmak** – 1. Saçmak, seçmek. 2. Aýyrmak, aýra salmak.
**Sadranç** – küşt.
**Sagadat** – bagt, bagtlylyk, bagtyýarlyk.
**Sahyp** – 1. Eýe, hojaýyn. 2. Patyşa, hökümdar.
**Sahypjemal** – 1. Görk eýesi, görkli, owadan, görmegeý. 2. Hudaý.
**Sahypkemal** – kämillik eýesi, kämil, akylly.
**Sahypkyran** – 1. Bagtly, ykbally. 2. Sähetli gün doglan; seýýaralaryň şowly hatara düzülen wagty doglan, Zöhre bilen Müşteri seýýarasynyň biri-birine has ýakyn wagty dünýä inen çaga. 3. Gündogar ýurtlarynda rowaç şalaryň lakamlary. 4. Teýmirleňiň lakamy.
**Sahypzaman** – 1. Zamananyň eýesi, döwrüň hökümdary, häkimi, patyşasy. 2. Hasan Esgeriniň ogly Abulkasym Muhammet, on ikinji ymam. Onuň Sahypzaman (döwrüniň hökümdar eýesi), Ymamy-zaman (zamanasynyň ymamy) we Mäti (Mähdi – hak ýola düşen) lakamlary bar. Ol 870-nji ýylda Samerra şäherinde dünýä inýär. 3. Isa pygamber.
**Saky** – 1. Meýlisde käselere şerap guýup paýlaýan adam. 2. Suw paýlaýan.
**Sal I** – Derýadan geçmek üçin ulanylýan bir-birine baglanan tagta ýa gamyş, taýmyl, gaýyk.
**Sal II** – ýyl, ýaş.
**Sam-sam** – ýaňra, lakgy, batnyksyz, gepi bilen ýürege düşýän adam.
**Sandywaç** – bilbil.
**Sangy etmek** – pikir etmek, oýlanyşmak, paýhaslanmak, hyýal etmek.
**Saňsar (seňsar)** – 1. Daş bilen urma, daşlama (orta asyrlarda dowam eden jezalandyrmanyň bir görnüşi). 2. Daş ýaly, berklik. 3. Başga ýurda göçme, sürgün edilme. 4. Akmak, tentek.
**Sapa** – keýp, höwes, hezillik, göwün açma.
**Sapa, Merwe** – Mekgede Kubaýs dagynyň eteginde Käbe bilen ýanaşyp duran iki sany kiçijik dagjagazlar. Ol daglaryň arasy 600 metr bolup, Aby-Zemzem çeşmesi şolaryň ortasyndadyr. Haja baranlar Käbäniň daşyndan yedi mertebe aýlananlaryndan soň ilki Sapa dagyna, soňra Merwe dagyna ýedi gezek çykýarlar.
**Sarkyt** – 1. Dadymlyk, teperrik. 2. Galyndy, agzyndan galan.
**Sarwan (sarman)** – düýe çopan.
**Sary** – tarap, ugur görkezýän söz.
**Saý I** – çuň däl ýer, ýalpak (suw barada).
**Saý II** – tarap, ugur, ýan.
**Saýa** – 1. Kölege. 2. Öýle, ikindi.
**Saýram** – Günorta Gazagystanda ýerleşýän gadymy bir şäheriň ady. Çeşmelerde bu şäheriň ady Garry Saýram, ýagny, gadymy, köne Saýram görnüşinde-de gabat gelýär. Bu şäher öňki wagtlarda Şybran (Şabran) we Isfijap hem atlandyrylypdyr.
**Saýyl** – gedaý, dilegçi, ykmanda, sergezdan.
**Saýýat** – awçy.
**Sebze** – ýaşyl, gök ot, ösümlik.
**Sebzebaz** – ýaşyl geýimli, ýaşyl lybasly, gök geýnen.

**Sebzewar** – al-ýaşyl otluk, çemenzarlyk.
**Seç kylmak** – seçmek, saçmak, pytratmak, paýlamak.
**Seda** – ses, owaz.
**Sefine** – 1. Gämi, sal, gaýyk. 2. Eserler ýygyndysy, kitap.
**Seg** – it. Segi-bijaý – ykmanda it, eýesiz it.
**Segparaz milleti** – iti mukaddes jandar hasap edýän halk, iti hudaý hasaplap çokunýan taýpa.
**Sejde** – 1. Çokunma, baş egme, maňlaýyňy ýere goýup, doga-dileg etme. 2. Namaz okalanda maňlaýyň goýulýan ýer.
**Selasat** – aýdyň, düşnükli, täsirli.
**Sema** – asman, gök.
**Semag** – 1. Aýdym, derwüşleriň aýdym aýdyp, saz çalyp, tans edip nalyş etmesi. 2. Diňleme, eşitme.
**Semender** – hyýaly bir haýwanyň ady. Göýä ol hemişe otda ýaşaýarmyş. Otdan çykanda ölýärmiş. Käbir rowaýatlara görä, semender hyýaly guş hasap edilýär.
**Sement** – at, dor at.
**Semer** – 1. Gök önüm, hasyl. 2. Peýda, netije. 3. Sylag 4. Baýlygyň dürli görnüşi: altyn, kümüş. 5. Nesil.
**Sena** – 1. Öwgi, taryp, wasp etme. 2. Doga, alkyş.
**Senem** – 1. But, butparazlaryň ýasama hudaýy, çokunylýan hyýaly bir zat, doňdurylan daş. 2. Söýgüli, söýülýän.
**Senjap** – 1. Awysiýdik (belka), awysiýdigiň derisi. 2. Ýurt ady.
**Seň** – daş. Syýa seň – gara daş, gaty daş.
**Sepil (sefil)** – 1. Pukara, biçäre, horluk çekýän. 2. Biderek, pes.
**Ser** – baş, kelle.
**Serbe-ser** – 1. Boýdan-başa, başdan-aýak, bir ýandan. 2. Azat, erkin.
**Serferaz (serefraz)** – beýik mertebeli, hormatly, başy belent.
**Sergerdan** – perişan, başy aýlanan.
**Sergeşte** – 1. Sergezdan, ykmanda, azaşan, başy çaşan. 2. Haýran galan.
**Serhoş** –1. Meý, şerap içen, başy sämän. 2. Batyr, edermen.
**Serkeş** – baş bermezek, topalaňçy, bozgak, tabyn bolmaýan.
**Sermest** – 1. Serhoş, keýpli. 2. Şadyýan, aladasyz.
**Serwer** – 1. Başlyk, ýolbaşçy. 2. Muhammet pygamberiň lakamy.
**Serwi-azat** – 1. Dik ösýän serwi agajy. 2. Uzyn boýly gözel.
**Set I** – adat, däp, dessur.
**Set II** –1. Diwar, bent, böwet. 2. Erbetlik, ýamanlyk.
**Set III** – ýüz (san). Set sal – ýüz ýyl.
**Seta** – «setuden» («öwmek») sözünden bolup, goşma sözleriň ikinji bölegi bolup gelýär. Meselem: hudseta –öwünjeň. Seta eýlemek – öwmek, taryplamak.
**Sähw** – säwlik, nädogry, säwlik.
**Sidre** – agaç ady. Rowaýatlara görä, ol asmanyň iň ýokarky gatynda (7-nji pelekde), adam aňynyň we amalynyň iň soňky ýetip biljek, Jebraýyl perişdäniň iň soňky baryp biljek yerinde bitýärmiş. Sidre sährasy – sidre agajynyň gögerýän ýeri, ýedinji gat asman.

**Sig (sigse)** – owadan, gelşikli, düşümli, ajaýyp.
**Simnar** – Nyzamy Genjewiniň «Heft peýker» («Ýedi gözel») eserinde hem Bähram Gur ýordumy boýunça aýdylýan birnäçe ertekilerde görkezilişine görä, Bähram Gur üçin Hawarnak köşgüni salan ussanyň ady.
**Sir** – dok, doýan, doýgun.
**Sowap** – 1. Dogrulyk, adalat, dogry, hak, hakyky. 2. Sogap, ýagşylyk.
**Sowm** – oraza tutmak, agyz beklemek.
**Sowsan** – liliýa, suw liliýasy, iris (gül).
**Sowut** – demir geýim, demir don, simden örülen harby lybas.
**Soý** – asyl, düýp gelip çykyşy, nesil.
**Soýdurmak** – gyzartmak, utandyrmak.
**Subhy-şam (subh-u şam)** – ertir-agşam.
**Sud** – peýda, haýr, nep, gazanç, girdeji.
**Suhan (Subhan) I** – 1. Päk, arassa; Hudaýy şöhratlandyrma, adamzadyň her hili sypatlaryndan päk bolan Allany şöhratlandyrma. 2. Alla, Hudaý.
**Suhan II** – söz, gep.
**Suhanşor** – 1. Ajy sözli; dili duzly. 2. Nadan, akmak.
**Sulb** – 1. Bil, oňurga, arka oňurgasy. 2. Beýni, ýilik, ýag. 3. Güýç, kuwwat, ysgyn, gurp, tap, güýçli, kuwwatly, zor. 4. Perzent, nesil.
**Suluw** – owadan, görmegeý, görkli, gözel.
**Supra** – saçak, desterhan.
**Sur** – 1. Tüýdük, surnaý, naý. 2. Gykylyk, galmagal, gowga.
**Surah (surahy, suraýy)** – 1. Suw hem şerap guýulan uzyn boýunly çüýşe, küýzejik, grafin. 2. Garyndysyz çakyr. 3. Suw çilim.
**Suratger** – suratçy, surat çekýän, hudožnik.
**Surrutmak** – puja çykarmak, manysyz geplemek, suwjuklyk.
**Surur** – şatlyk, şagalaň.
**Surut (surud)** – aýdym, heň, ses, mukam.
**Suster** – susrak, ümsümräk, has keýpsiz.
**Suý** – tarap, ugur; suýy – asman, asmana tarap.
**Suz** – ýanma, bişme, köýme, ot alma.
**Suzan** – ýandyryjy, ýakyjy; ýanan, köýen; ýanyp duran.
**Süleýman** – Dawudyň ogly, pygamberleriň biri. Rowaýatlara görä, ol tebigatdaky hemme zatlaryň – ynsanyň, haýwanlaryň we mör-möjekleriň, ähli janly-jandaryň patyşasy bolup, göýä olaryň diline hem düşünenmiş. Ýele-suwa hökümi ýöräpdir. Şeýle hem ol sebet örmek işi bilen-de meşgullanypdyr. Ol b. e. öňki 1001-nji (käbir maglumatda 1016-njy) ýylda tagta çykýar we b.e. öň 962-nji (976-njy) ýylda aradan çykypdyr.
**Sünnet** – kada, adat, ýörgünli ýol, edim-gylym.
**Süýek** – süňk.
**Sydk** – dogruçyllyk, ynanç, hakykat, päk ýüreklilik.
**Syhr** – jadygöýlük, jadylama, gözbagçylyk.
**Symyş** – 1. Sürlüp ýörlen ýer, ekilip ýörlen ýer. 2. Symyşlama, iýme.
**Syna** – kükrek, döş. Synaýy-Horasan – Horasanyň ýüregi, merkezi.
**Sypagärlik** – harbylyk, esgerlik, goşunda gulluk etmeklik.

**Sypahy** – urşujy, esger, nöker, ýasawul.
**Syýa** – gara. Syýa seň – gara daş. Bagty-syýa – betbagt.
**Syýaguş** – garagulak, ýabany haýwan.
**Syýak** – 1. Tertip, düzgün. 2. Gylyk, häsiýet, boluş, adat, endik.
**Syýasat** – haýbat, özüňi merdana görkezmek, abaý.

## Ş

**Şabaz (şahbaz)** – 1. Laçyn, algyr, bürgüt. 2. Batyr, edermen.
**Şafkat** – şepagat, rehim, mähremlik.
**Şahymerdan** – 1. Mertleriň şasy, adamlaryň şasy. 2. Hezreti Alynyň lakamy.
**Şam I** – ýurt ady (Siriýa).
**Şam II** – 1. Gije, agşam. 2. Agşamlyk nahar.
**Şamar** – 1. Uly ýylan, ýylanlaryň şasy. 2. Söýgüliniň saçy.
**Şan I** – 1. Häsiýet, gylyk, hüý. 2. Şan-şöhrat, dereje.
**Şan II** – nyşana, maýaç, nyşana alynýan bellik.
**Şap (şab)** – yaş ýigit, ýigdekçe. Şyh-u şap (şyhy-şap) – garry we ýaş.
**Şeb** – agşam, gije.
**Şehit** – 1. Din we watan ugrunda göreşip ölen. 2. Suwsuz ölen, horlanyp ölen.
**Şejer** – agaç, daragt.
**Şemme** – 1. Bölek, bölejik, bir bölek. 2. Ys-kok.
**Şems** – Gün, Kuýaş, Güneş.
**Şepagat** – mähremlik, mähribanlyk, biriniň günäsini geçmegini dilemeklik.
**Şepagathah** – arkadaýanç, günä geçiji, günä diläp alýan, şepagat isleýän.
**Şeraban tahura** – 1. Gurhany-Kerimiň 76-njy («Dehr») süresiniň 21-nji aýatynda getirilýän jümle, päk içgi, sap şerap, arassa içgi. 2. Noş bolsun. 3. Üzüm çakyry.
**Şerar** – «şerare» sözüniň köplük sany. Otlar, ýalynlar, uçgunlar.
**Şereňňiz** – pitneçi, şerçi, şer işiň ugrunda gezýän.
**Şerer** – uçgun.
**Şerh** – düşündiriş, beýan.
**Şerigat** – 1. Yslamyň dini kanunlary. 2. Düz hem dogry ýol. 3. Adalatlylyk.
**Şerip** – şöhratly, sylagly, mertebeli.
**Şerm** – utanç, uýat-haýa.
**Şertä** – «şertä-şerti» sözünden. Iki taraplaýyn ylalaşyk, iki taraplaýyn karara gelme.
**Şeýda** – telbe, däli, hetden aşa yşka düşen.
**Şäht** – bal, asal.
**Şibli** – Abu Bekr Şibli örän meşhur sopulardan biri. Asly Mawerannahryň Şibliýe diýen obasyndan bolany üçin, şu at bilen şöhratlanypdyr. Ol 247-nji hijri (861-862) ýylynda Samarrada doglup, Bagdat şäherinde önüp-ösüp, ylym-bilim alýar we 334-nji (945-946) ýylda şol ýerde aradan çykýar.
**Şikat** – şikaýat sözüniň gysgaldylan görnüşi.
**Şikeste** –1. Döwülen, synan. 2. Haly harap, göwnüne deglen.
**Şirwan I** – 1. Eýranda Guçan etrapyna degişli bir şäher. 2. Azerbaýjanda bir sähra.

**Şirwan II** – (Nowşirwan – Anuşirwan Adyl) – altynjy asyrda (531-579) Sasanlylar nesilşalygynyň patyşasy bolan. Ol Mazdagyň baştutanlygyndaky gozgalaňçylary rehimsizlik bilen gyrany üçin, dindarlar tarapyndan «Adyl» lakamyny alan.
**Şişe** – çüýşe, aýna.
**Şitde** – 1. Dür-merjen düzülen jähek. 2. Dür-merjen düzülen birnäçe gat ýüpden edilen guşak
**Şiwe** – 1. Tär, usul. 2. Näz, kereşme, gözellik. 3. Tire gepleşigi (şiwe).
**Şöwket** – 1. Beýiklik, ululyk, şöhrat, güýç, häkimiýet. 2. Mertebe, abraý. 3. Ajaýyplyk, gözellik.
**Şöwür** – gije ýol ýöreme. Şöwür çekmek – gije uklamazlyk.
**Şugaýp** – Ybraýym pygamberiň ogly Medýanyň perzentlerinden bolup, Musa pygamberiň gaýnatasydyr. Ol Medýen halkynyň (Medýanyň adyndan gelip çykan) pygamberidir.
**Şütür** – düýe.
**Şyh** – 1. Derwüşlik toparynyň baştutany, pir. 2. Tire başy. 3. Ýaşuly, aksakgal. Şyh-u şab (şyhy-şab) – ýaş ýigit we goja.
**Şyh Sengan** – sopuçylyk edebiýatynda hristian bir gyza aşyk bolan sopy hökmünde giňden ýaýran edebi gahryman. Şyh Sengan we hristian gözeli hakda şyh Attaryň «Mantykyt-taýr» we Nowaýynyň «Lisanyt-taýr» atly eserlerinde ýörite hekaýatlar bar.
**Şymr (Şamyr)** – Ibn Züljöwşen Zababy Kelaby, ol örän batyr adam bolupdyr. Ol Syffyn söweşinde hezreti Alynyň tarapynda durup söweşse-de, Kerbela söweşinde ymam Hüseýiniň garşydaşlarynyň tarapynda söweşipdir.

## T

**Taban** – ýagty, şöhle, şugla, ýagtylyk. Mahyýy-taban – nurly Aý, ýagty Aý.
**Tabeş** – 1. Yalkym, nur. 2. Gyzgyn, ýakyp barýan. 3. Radiasiýa, şöhle geçme. 4. Güýç, kuwwat, 5. Gaýgy, gam, gussa.
**Tag** – 1. Bakja ekinleriniň goly. 2. Üzüm taly, üzüm agajy.
**Tagat** – 1. Namaz okap hem-de dürli dini kada-kanunlary ýerine ýetirip, Hudaýa gulluk etme, ybadat etme. 2. Tabyn bolma, gulak salma.
**Tagna** – teýene, masgaralama; käýinç.
**Tagýyr** – üýtgeme, üýtgeýiş, özgerme.
**Talyg** – täleý, ýazgyt, bagt.
**Tamug** – dowzah, jähennem.
**Taňla** – 1. Erte, geljek gün. 2. Soňra. 3. Kyýamat, ahyrzaman, magşar.
**Tapmak** – uýmak, sygynmak, iman getirmek.
**Taraly** – ýaramly, ýaraýan, küýsegli, göwün söýeni.
**Tarfatyl-aýn** – göz ýumup-açar salym.
**Tas** – 1. Altyn käse. 2. Şerap içilýän pyýala. 3. Çanak, tas.
**Taý gitmek** – geçmek, ýörmek.
**Taýran** – 1. Gurhany-Kerimiň 105-nji «Pil» süresinde agzalýan garlawaja meňzeş guşlar. 2. Uçma, uçuş. 3. Guş, guşlar.
**Tebah** – 1. Harap, zaýa, puç. 2. Umytsyz, namut. 3. Gyrylan, ölen.

**Teber** – palta, aý palta; teşe; kätmen.
**Tebessüm** – ýylgyrma, ýylgyryş.
**Tedbir** – 1. Karar. 2. Çäre, alaç. 3. Pikir, aňlaýyş.
**Tejelli (tejella)** – 1. Gözellik we ajaýyplyk bilen görünme. 2. Nur, şöhle. 3. Nurlaryň ýalkymy, şöhlesi.
**Tel** – 1. Zülp, saç, jyga. 2. Depe, baýyr.
**Telek** – 1. Ters, nädürs. 2. Biderek, boş, howaýy, bihuda.
**Telki** – biderek, pes adam, ýaramaz, erbet kişi.
**Telmurmak** – howsalaly, naýynjar garaýyş, aljyraňňylyk.
**Temenna** – towakga, haýyş.
**Teň** – 1. Az, kem. 2. Dar, gysby, syk. 3. Erbet, çykgynsyz ýagdaý. Teňi-dest – eli ýuwka, garyp, hor-homsy.
**Tereň (teriň)** – çuň, çuňňur.
**Terhos** – töwella, haýyş, dileg, isleg, towakga.
**Terz** – 1. Tär, usul; tertip. 2. Şekil, biçim, boluş.
**Tesbih** – 1. Hudaýy ýatlap namaz, doga okamak. 2. Dogalary sanamak üçin ýüpe düzülen monjuklar.
**Teşwüş** – 1. Gorky, howp. 2. Gaýgy, gam, gussa, başagaýlyk, howsala.
**Tetärik** – 1. Dadymlyk, ölmez-ödi iýmit. 2. Kömek. 3. Taýýarlyk.
**Tezerw** – sülgün.
**Tähr (tehr)** – tär, usul, kär, ýol.
**Täsip (taassuf)** – 1. Tarapdarlyk. 2. Gaýrat, namys. 3. Berk ýapyşmak.
**Tir** – 1. Peýkam, ok. 2. Ok atyş, ot açyş. 3. Sütün, pürs.
**Tiz** – 1. Ýiti, ötgür, kesgir. 2. Çalt, çakgan, çalasyn.
**Tokunmak** – 1. Degmek, çakyşmak, çaknyşmak. 2. Çümmek, batmak.
**Towpyk** – 1. Ýardam, medet. 2. Sazlaşdyrma. Aby-towpyk – Gm. ýardam, kömek.
**Towuş** – owaz, ses, üýn, ýaň.
**Töre** – 1. Uly derejeli, belent wezipeli. 2. Ýol, ýörelge, däp-dessur, adat.
**Töwriz** – Eýranda bir şäher.
**Tugun (dogan)** – laçyn, elguş.
**Tugýan** – topalaň, gozgalaň; tupan, harasat, tolkun, joşgun.
**Tullanmak** – 1. Çylkasyz, sabyrsyzlyk, süwümsizlik, açgözlük bilen ýapyşmak. 2. Çykgynsyz ýagdaýda galmak, gedaý bolmak.
**Tur I** – gaçmaklyk, yza çekilme; yzarlama, derňew.
**Tur II** – Sina ýarymadasynda bir dag ady.
**Turap** – gum, toprak.
**Turpa (türpe)** – görülmedik, ter, täze, täsin, ajaýyp, özüňi ýitirdýän.
**Türpek** – 1. Ýeleksiz, ütülen ýaly. 2. Sürlen, syrylan.
**Tyg** – 1. Gylyç, hanjar. 2. Haýsydyr bir ýaragyň (gylyç, hanjar, pyçak) keser ýüzi, keseri.
**Tymsal** – 1. Heýkel, surat, şekil. 2. Mysal, nusga.

## U

**Uftada** – 1. Ejiz, güýçsüz, ýadaw. 2. Ýykylan, çöken. 3. Ýumşak, ümsüm.

**Ujb** – tekepbirlik, ulumsylyk, şöhratparazlyk, göriplik.
**Ulunma** – 1. Ulalma, gabarylma, gopbamsyrama. 2. Hars urma, çapalanma, jan etme.
**Ummak** – umyt etmek, tama etmek.
**Urýan** – 1. Ýalaňaç, çyplak. 2. Boş, hiç zatsyz.
**Usly (osly)** – akylly, aň-düşünjeli.
**Ustuhan (istihan)** – süňk.
**Uýun** – aýn sözüniň köplük sany. 1. Gözler, göreçler. 2. Çeşmeler, çaýlar. 3. Jansyzlar, aňtawçylar.

## Ü

**Üflas (üflis)** – 1. Garyp, pulsuz, zatsyz, mätäç. 2. Mätäçlik. 3. Ýaramaz.
**Ütelgi** – gyrga meňzeş gije uçýan ýyrtyjy guş, aw guşy, el guş.
**Üýn** – ses, owaz, ýaň.

## W

**Wadaryg-a** – wah arman, haýp, gynanç, wah, ah.
**Wabeste** – 1. Bagly, baglanan, degişli. 2. Elgarama, hyzmatkär.
**Walla** – Alladan ant içme (Alla kessin! Hudaýa kasam bolsun!).
**Walyda** – ene, eje.
**Warak** – ýaprak; tagta, kagyz.
**Warka** – XI asyrda Aýuky tarapyndan ýazylan «Warka we Gulşa» atly poemanyň we atdaş türkmen halk dessanynyň baş gahrymanlarynyň biri.
**Wasl** – gowuşma, ýetişme, duşma, birikme.
**Waslat** – gowuşmaklyk, birikmeklik.
**Waweýleta** – haý-waý, ah-wah, ahy-nala, gykylyk, bagyrma, eňreme.
**Wazzuha** – 1. Gurhany-Kerimiň 93-nji («Zuha») süresiniň birinji aýaty. Bu jümle «Guşluk (çäş) wagtyndan kasam bolsun» diýen manyny aňladýar. 2. Guşluk. 3. Açyk, ýagty.
**Webal** – 1. Günä, ýazyk. 2. Kynçylyk, zyýan.
**Wejh** – 1. Sebäp. 2. Ýüz keşp. Wejhi-roýy wazzuha – ýüzi ýagty, ýüzi nurly.
**Weli** – 2. Dost, ýaran. 2. Allanyň gowy görýän takwa kişileri, ýagşyzada.
**Welleýli** – Gurhany-Kerimiň 92-nji süresiniň ady. Gije manysynda gelýär.
**Werziş (werdiş)** – 1. Gönükme, amal, endik, tejribe. 2. Maşk, türgenleşme, bedenterbiýe,.
**Werzişgär** – türgen, maşky yzygiderli ýerine ýetirýän adam.
**Wesile** – 1. Serişde, esas, sebäp. 2. Gural, esbap.
**Weýl** – 1. Betbagtlyk, bagtsyzlyk. 2. Dini düşünjä görä, ýedi dowzahyň biri, jähennemdäki «Wadyýy-weýl» atly deräniň ady.
**Weýla** – 1. Iňňildi, ah-wah, bagtsyzlyk. 2. Masgaraçylyk.
**Weýsil-Karan** – Muhammet pygamberiň döwründe ýaşap geçen belli sopy. Onuň doly ady Uweýs ibn Amyr ibn Jeze ibn Mälik Karany. Weýsil-Karan örän takwa adam bolup, ol hakda köp rowaýatlar döräpdir. Onuň esasy käri düýe bakmaklyk bolupdyr. Şol sebäpli türkmenleriň

arasynda ol düýäniň piri hasaplanypdyr. Oňa Weýis ýa-da Weýsi-Karany hem diýlipdir.
**Wysal** – gowuşma, birleşme, sataşma.

## Y

**Ybrat** – 1. Görelde, sapak, öwüt-nesihat. 2. Geň galma, haýran galma.
**Ybraýym** – pygamberleriň biri bolup, rowaýatlara görä, butparazlyga garşy hereket edeni, buthanadaky butlary döweni üçin Wawilon hökümdary Hemrut birinji tarapyndan oda taşlanypdyr. Emma ot ony ýakman, Hudaýyň permany bilen gaýtam gülzarlyga öwrülipdir.
**Yhsan** – 1. Ýagşylyk, haýyr, goldaw. 2. Adamkärçilik, adalatlylyk.
**Ylmy-hal** – Hudaýy tanamak ylmy, mistika. Ylmy-hal ylmy Hudaý tanamaklyk we Oňa birleşmeklik gepleşik arkaly däl-de, eýsem, diňe güýçli hyjuw, hala düşme (ekstaz) we tüýs ýürekden Şoňa berilmeklik netijesinde mümkin bolýar diýip düşündirýär. Emma ylmy-kal Hudaýy hakyky tanamak akyl arkaly ýüze çykýar diýip öwredýär. Şonuň netijesinde Hudaý bilen gepleşmek hem bolýar diýip düşündirýär.
**Ylmy-kal** – din, şerigat, akyl ýetirip bolýan, durmuşy zatlar hakyndaky ylym.
**Ylmy-ledun** – hiç bir zähmetsiz, okamazdan Allatagalanyň ylhamy bilen berilýän we bagş edilýän ylym.
**Ylýas** – pygamberleriň biri, rowaýatlara görä, Sam ibn Nuhuň agtygy, Hydyryň doganynyň ogly. Ol biziň eýýamymyzdan dokuz asyr öň ýaşap geçipdir. «Gyýasyl-lugatda» getirilişine görä, ol Hydyr pygamber bilen bile aby-haýat – dirilik çeşmesiniň suwundan içenmiş we hemişe dirimiş. Hydyryň çöllerde betbagtlyga uçranlara ýardam edişi ýaly, Ylýas pygamber deňizlerde betbagtçylyga uçranlara ýardam edýärmişin
**Ymam Ryza** – Abulhasan Aly ibn Musa Käzim, şaýylaryň sekizinji ymamy. Ol 770-nji ýylda Medinede dogulýar. 817-818-nji ýyllarda zäherlenip öldürilýär we Maşatda jaýlanylýar. Şonuň üçin Maşat mukaddes şäher hasaplanylýar. lakamy Ryza bolanlygy üçin onuň ady gysgaldylyp, ymam Ryza diýlip tanalypdyr.
**Ymmat** – 1. Bir pygambere uýan adamlar, pygamberiň ýoluny tutujylar. 2. Halk, millet.
**Yrak** – daş, uzak, alys.
**Ysmaýyl** – Ybraýym pygamberiň Hajar atly aýalyndan bolan ikinji ogly. Rowaýatlarda ol atasy Ybraýym tarapyndan Hudaý ýoluna gurban edilýär. Emma şol wagt Allanyň eradasy bilen asmandan bir goç inip, Ysmaýyl halas bolýar.
**Yspyhan** – günorta Eýranda bir şäher.
**Ysrapyl** – dört sany Alla ýakyn perişdäniň biri. Dini düşünjä görä, ahyrzaman bolanda, ol Allanyň permany bilen suruny (surnaýyny) çalýar. Şonda suruň (surnaýyň) sesini eşiden ähli jandarlar ölüp, soňra ýene-de suruny çalanda ähli ölüler direlýär.
**Yssyg (yssy)** – peýda, nep, bähbit, haýyr.
**Yssyg kylmak (yssy bermek)** – 1. Peýda bermek. 2. Wepadar bolmak.
**Yzhar** – aýan, beýan ediş, aýan etme, äşgär etme, mälim etme.
**Yzzat** – hormat, abraý, mertebe, dereje.

## Ý

**Ýa** – ýüz tutma söz. Eý! A-how! Ýa, Hudaý – Eý, Hudaý.
**Ýaban** – meýdan. çöl, sähra, düz, gum.
**Ýagma** – talaň, çapawulçylyk, çapawul.
**Ýakup** – Muhammet pygamberden öň ýaşap geçen pygamberleriň biri, Yshagyň ogly Ybraýymyň agtygy. Folklorda hem edebiýatda meşhur bolan Ýusubyň kakasy.
**Ýakyn** – ynam, ynam etme, dogrulyk, aňyrsyna göz ýetirmek.
**Ýanmak (ýa:nmak)** – 1. Öwrülmek, yzyňa dönmek. 2. Ýüz öwürmek, geçmek.
**Ýaňlyg** – ýaly, dek, kimin.
**Ýaňy (ýeňi)** – täze.
**Ýaňylmak** – ýalňyşlyk, bir zady ters etmek, nädürslük goýbermek.
**Ýapagy** – taý, taýçanak.
**Ýapmak** – gurmak, dikeltmek, bina etmek.
**Ýarlyk** – mongol hanlyklary döwründe hat üsti bilen berilýän perman; höküm, buýruk.
**Ýarytma** – nur saçma, ýagtylandyrma, şöhlelendirme.
**Ýasaw** – söweş, jeň, uruş.
**Ýasawul** – bu söz aslynda ýasa (ýasak), ýagny, kanun diýen sözden alnyp, kanuna seredýän manyny berýär, nöker, esger.
**Ýat** – 1. Keseki, gaýry, del, nätanyş. 2. Aýal, erkek adamynyň ýanýoldaşy.
**Ýeg** – 1. Gowy, oňat, ýagşy, artyk. 2. Hormatly, sylagly, sarpaly.
**Ýegana** – 1. Ýeke-täk, ýalňyz. 2. Deňsiz-taýsyz.
**Ýegsan** – 1. Barabar, deň, birmeňzeş. 2. Tekiz, düp-düz. Ýer bile ýegsan – ýer bilen deň (ýok etmek).
**Ýelda** –21-22-nji dekabra gabat gelýän ýylyň iň uzak we garaňky gijesi; tüm garaňky gije. Şol gün güýzüň ahyrky güni we gyşyň başlangyjy hasaplanypdyr. Gündogaryň nusgawy edebiýatynda gözeliň saçy şeýle-de aýralyk güni şu gijä meňzedilipdir.
**Ýeldirmek** – çapdyrmak, ylgatmak, ýüwürtmek.
**Ýelmek** – ýüwürmek, ylgamak, çapmak; elewremek.
**Ýemen** – Arabystan ýarym adasynyň günorta-günbatarynda ýerleşýän ýurt.
**Ýezd** – Eýranda bir şäher.
**Ýezit** – 1. Ümewiler nesilşalygynyň patyşalarynyň biri. Hezreti Alynyň Hüseýin atly ogly şonuň döwründe Kerbelada öldürilipdir. 2. Zalym, ganhor, duşman.
**Ýow** – duşman, ýagy.
**Ýunus** – Gurhany-Kerimde we Töwratda ady tutulýan bir pygamberiň ady. Rowaýatlara görä, Neýnewa şäheriniň ilatyny hak dine çagyrypdyr. Ol gämide ýüzüp ýörkä, tupan gelende ony duşmanlary deňze oklaýar. Käbir rowaýata görä, özi deňze bökýär, şonda ony bir uly balyk ýuwudýar we ýene-de Allanyň eradasy bilen üç günden soň balyk ony kenara atýar
**Ýusup** – Ýakup pygamberiň ikinji aýaly lawan gyzy Rahyldan bolan ýedinji ogly. Maglumatlara görä, ol biziň eýýamymyzdan 1745 ýyl özal dünýä inýär we 1635 ýyl özal Müsürde aradan çykypdyr. Ol «Ýusup-Züleýha»

sýužetiniň baş gahrymanydyr. Ol özüniň ajaýyp keşbi, syratlylygy, geçirimliligi bilen bütin dünýäde şöhratlanypdyr.

## Z

**Zag** – garga.
**Zagpyran** – sary reňkli ysly ösümlik; Gündogar edebiýatynda edebi eseriň gahrymanlarynyň saralan ýüzi zagpyrana meňzedilýär.
**Zagyf** – 1. Güýçsüz, ejiz, naçar, hor. 2. Aýal, naçar.
**Zahyr** – 1. Daşky görnüş. 2. Mälim, äşgär. Zahyr etmek – beýan etmek.
**Zahyt** – terkidünýä, dindar, öte takwa.
**Zakgun (zakkum)** – 1. Göýä dowzahda bitýän we ajy miwesi günälilere berilýän agaç.2. Kaktus, örän ajy zat.
**Zal** – 1. Rüstemiň kakasynyň ady. Ol dünýä inen wagty saçy ap-ak eken. Şonuň üçin oňa Zal diýip at goýupdyrlar. 2. Garry goja, çal, ak saçly.
**Zalalat (zelalat)** – azaşmak, gümralyk, günäkärlik; ýalňyşlyk.
**Zat** – bir zadyň asly, esasy, özen, şahsyýet.
**Zaw** – gaýa, uçut, dag dilkawy; köwek.
**Zaýyr** – gatnaýan, barýan, mukaddes ýerlere gidýän, zyýaratçy.
**Zeberdest** – 1. Pälwan, hökümli. 2. Eli çalt, ezber, çalasyn, başarjaň.
**Zeberjet** – gymmatbaha daş, hrizolit.
**Zebun** – 1. Biçäre, pakyr, ejiz. 2. Ýeňlen, ähmiýetsiz.
**Zekat** – malyň-başyň mukdaryna görä degişli bölegi töleýän salgyt.
**Zelil** – hor-homsy, pakyr, biçäre, ejiz, mazlum.
**Zemin** – ýer, toprak, gum. Roýy-zemin – ýer ýüzi, Ýer togalagy.
**Zemzem** – Mekgäniň golaýynda bolan bir çeşme. Rowaýatlara görä, bu çeşme Ybraýym pygamber zamanynda, biziň eýýamymyzdan takmynan, 2800 ýyl ozal gazylanmyş. Käbir rowaýata görä Zemzem Ysmaýyl pygamberiň çaga wagty aýagyny depirjeklän ýerinden dörän bir çeşmedir. Çeşmäniň suwy mukaddes hasaplanyp, haja giden adamlar ondan alyp gaýdarlar.
**Zen** – aýal, zenan, naçar.
**Zenan** – zen sözüniň köplük sany. Aýallar. Türkmen dilinde birlik san görnüşinde ulanylýar.
**Zenehdan** – eňegiň aşagyndaky çukurjyk, ol gözellik alamaty hasaplanypdyr
**Zeň** – 1. Pos. 2. Ýata suwuň ýüzünde ýygnanýan ýaşyl kerep. 3. Kir, çaň.
**Zeňňi Baba** – halk arasynda keramatly hasap edilýän meşhur sopularyň biri, Süleýman Hekim atanyň şägirdi. Zeňňi baba türkmenleriň arasynda sygryň piri ýa-da padymanlaryň – sygyr çopanlaryň penakäri hasaplanypdyr. Ol 1258-nji ýylda aradan çykypdyr.
**Zer** – altyn, gyzyl.
**Zerbap** – zer bilen dokalan lybas, zer bilen keşdelenen lybas.
**Zerefşan** – zer sepiji, altyn ýaýyjy, zer pürküji.
**Zereh** – sowut, demir eşik, demir geýim.
**Zerrin**– zerden edilen, gyzyldan ýasalan, tylladan edilen zat, gyzyl çaýylan altyndan bejerlen. Zerrin nakgaş – zer bilen nagyşlanan, zer çaýylan.

**Zeýn** – bezeg, zynat.
**Zeýýennes-sema** – Gurhany-Kerimiň 67-nji («Mülk») süresiniň 5-nji aýatyndan bir jümle. Asmany bezedik diýen manyda gelýär.
**Zähm** – 1. Ýara, baş, düwürtik, teni bir zat kesme. 2. Kesel, dert.
**Zähr** – zäher, awy. Zähri-katyl – öldüriji zäher.
**Zähra** – Muhammet pygamberiň gyzy Patmanyň lakamy. Bu sözüň lowurdawuk, nurly, röwşen, ýagty şeýle-de nurly ýüz, ap-ak ýüz, görmegeý, owadan diýen manylary-da bar.
**Zibir** – aljyraňňylyk, howsala düşmeklik.
**Zikr** – 1. Ýatlama, ýat etme. 2. Hudaýy we onuň sypatlaryny gaýtalama.
**Zille (zillet)** – horluk, muşakgat, pese düşmeklik.
**Zinde** – diri, ýaşaýan, janly.
**Zine** – 1. Basgançak, merdiwan. 2. Üzeňňi.
**Zir** – 1. Bir zadyň astky bölegi, aşak, ast, teý, düýp. Ziri-paý – aýak asty, har, hor. Zir-paýy-esb – at aýagynyň asty, toýnagynyň asty, toýnagynyň aşagy.
**Zir-u zeber** – 1. Astyn-üstün, agdar-düňder. 2. Arap elipbiýinde «i» we «e» seslerini aňladýan astyn we üstün belgisi.
**Zowal** – 1. Ýok bolma. 2. Gözden ýitme. 3. Batma, ýaşma. 4. Zyýan.
**Zowk** – 1. Höwes, hyjuw. 2. Keýp, hezillik; inçe duýgy.
**Zulmat** – 1. Garaňkylyk, tümlük. 2. Nadanlyk, körlük.
**Zuwwar** – zyýaratçylar. Zuwwary-älem – älemdäki ähli halaýyklaryň zyýaratgähi; hemmäniň zyýarat edýän ýeri.
**Zülal** – päk, arassa, sap, dury.
**Züljelal** – beýiklik eýesi, Alla, Taňry, Hudaý.
**Zülpükar** – 1.Iki ýüzli, iki tygly, iki keserli. 2. Alynyň gylyjy. 3. Kesgir gylyç, ýiti gylyç.
**Zümerret** – ýaşyl reňkli gymmatbaha daş, izumrud.
**Zünnar** – guşak.
**Zürbe** – bäbek, bala, çaga, perzent, nebere.
**Zyban** – dil.
**Zybana** – ýalyn, ot, alaw. Zybana çekmek – ýanmak, lowlamak, ot almak, alawlamak.
**Zynahor (zynahar)** – zynakär, zyna edýän.
**Zynhar** – 1. Hergiz, asla. 2. Ätiýaçly bol, äge bol. 3. Gorag, gaçalga. 4. Aman.

## MAZMUNY


Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmany . . . 3
TÜRKMENIŇ . . . 8
TÜRKMEN BINASY . . . 10
«TURGUL» DIÝDILER . . . 11
ÄLEME BELGILIDIR . . . 14
GÖKLEŇ . . . 15
ÖŇI-ARDY BILINMEZ . . . 17
DÖKER BOLDUK ÝAŞYMYZ . . . 18
ÇOWDUR HAN ÜÇIN . . . 19
ÇOWDUR HAN . . . 20
ZARLAR IÇINDE . . . 22
DÖWLETALYNYŇ . . . 23
GEÇDI DIÝDILER . . . 25
SEN SOLTANY, ABDYLLA . . . 26
ALY SIZIŇDIR . . . 27
ARŞY-AGLAÝA . . . 29
FETDAH . . . 30
REÝGAN EÝLEDI . . . 32
GÖRÜLSIN INDI . . . 33
ÝÖRMELI BOLDY . . . 34
GÖZLÄR MEN . . . 35
MOLLA AZADYM . . . 36
OGLUM – AZADYM . . . 37
ATAMYŇ . . . 39
AZADYM KANY? . . . 40
TERK EÝLEME BU MEKANY . . . 42
ABDYLLA . . . 45
BULAR GELMEDI . . . 47
UÇ KYLDY . . . 48
WEÝRANA GELDI . . . 49
Kaýda sen? . . . 50
ŞÄHRI – IMANYM, KAÝDA SEN? . . . 53
AÝRYLYP . . . 56
BAGTYM GARADYR . . . 58
BAR MENIŇ . . . 60
MENI . . . 62
AÝT . . . 64
ŞIRGAZY . . . 65
BADY-SABANY GÖRSEM . . . 67
DAŞLAR BILE . . . 68
GEÇMIŞEM BEGLER . . . 69
GOJALAN GÜNLER . . . 71

BIR IŞE ULAŞDY . . . 72
ÝYGLAP GEÇER HALYMA . . . 73
ÝETIŞDI SALYM . . . 74
LÄŞLER AGLAR HALYMA . . . 75
BAGYŞLA BIZI . . . 76
TAPAR BOLDUM . . . 78
SOLUPDYR PYGAN BILEN . . . 80
NEÝLEÝ, INDI BIÇÄREÝEM . . . 81
AT GALMADY . . . 82
IL GÖZLÄR . . . 83
AJAP EÝÝAM GELMEDI . . . 84
HASAR DAGYNDADYR . . . 86
GÜRGENIŇ . . . 87
SOŇUDAGY . . . 88
UTUP DURUPDYR . . . 89
RYSWA JAHANDAN . . . 90
SAN BOLSAM . . . 92
BU DERDI . . . 94
MEŇZEMEZ . . . 95
SET JAN, EÝ, DOST . . . 96
HABAR, EÝ, DOST . . . 97
GAŞY ÝAÝ . . . 98
JAHAN SENDEN BIHABAR . . . 99
ROÝY-SYÝADAN GAÝRY . . . 100
Ryýadan, ýa reP . . . 101
BU NE TERHOS-TÖWELLADYR . . . 102
BIKARARAM, DOGRUSY . . . 103
PANY-JAHAN GEREKMES . . . 104
TÄ ALGANÇA GÖZÜNI . . . 105
MEŇLI ÝARYMDAN . . . 106
BENDI BOLDUM . . . 107
HEMRA EÝLEDI . . . 108
UNUDAR OL ÝOLUNY . . . 109
KÖÝEN JANYMA . . . 110
HUNLAR DÖKERLER GÖZÜNDEN . . . 111
NE HAJATDYR . . . 112
REÝHANA OGŞAÝYR . . . 113
YŞK DOWZAHYNA . . . 114
HUNY BARDYR . . . 115
BALLAR MESGENI . . . 116
HUN BILEN . . . 117
HAKYŇ PERMANYDYR . . . 118
YGTYÝARYM ALYPDYR . . . 119
GÖRMÜŞEM . . . 120
JAN MATASYN ISTEÝIP . . . 121
YŞK BAZARYMA . . . 122
DAŞYMYZA . . . 123
MYHMANYDYR . . . 124
BETNAM OLUR . . . 125
KÖŇÜL . . . 126
JAN ÇYKAR . . . 127
AL GANDYR . . . 128

AÝA MEŇZÄR . . . 129
GYÝMAZ GÖZÜM . . . 131
GÜLE MEŇZÄR . . . 132
BARMY, ÝARANLAR . . . 134
UÝAT EÝLEÝIR . . . 135
AÝA DÖNDI . . . 136
GÖZÜM DÜŞDI . . . 138
AT ISLÄRIN . . . 139
HINDISTANDA HYÝALYM . . . 140
BU DAHANA . . . 142
SÖWÜŞ BILE . . . 144
DÜKAN GÖRÜNER . . . 145
KÄRE DÖNDI . . . 146
HAR KYLDY . . . 148
GELIP DÜŞDI . . . 149
ÝANAN BARMY? . . . 150
ARMANYM GALDY . . . 152
NÄGEHAN PYRAK . . . 153
AÝRYLDYM . . . 154
LERZANADYR . . . 155
HER ÝANA . . . 156
BU GÜN . . . 158
NARY DILBERIŇ . . . 159
BOÝLARYŇA . . . 160
GARA GÖZLERIŇ . . . 161
GÜLGÜZAR OÝNAŞAR . . . 162
BIZGE ROWANA . . . 163
NAMYS BILEN AR . . . 164
GÖZEL SEN . . . 166
GÖRDÜŇMI . . . 167
GYZMALY BOLDUM . . . 169
DURASYŇ GELER . . . 170
IÇMEÝIN JAMYM . . . 171
ILDEN UÝALMAK . . . 172
NEÝLEÝIN, BIÇÄREÝEM . . . 173
KÖŇÜLDIR WEÝRAN . . . 174
ZYBANA MEŇLI . . . 175
ISTEMEN . . . 177
ÝARYM, ÝA ALLA . . . 179
DERT OLDY . . . 180
KEREM ISLÄRIN . . . 181
BAGRYM DILENIM . . . 182
ÝAR BIZIM SARY . . . 183
ÝAR SENDEN . . . 184
NOWRUZDAN SENI . . . 186
AŞYK BOLMUŞAM . . . 187
BULUDA GARDY MENI . . . 189
MEŇZÄR HÖKÜMLI . . . 190
PANY-JAHAN GÖZELIM . . . 192
BIR SAGAT BILE . . . 195
DIŞ GITMEK . . . 196
ÇALDY GITDI . . . 197

JOŞ BOLMASYN . . . 198
DON GEREK . . . 200
JOŞA ÝETDIŇ . . . 202
GARRYLYKDYR ÝARANLAR . . . 205
SÖÝMÜŞEM SENI . . . 207
ŞOL MÄHRIBANYM GELDI . . . 209
ROWAN OLDY . . . 211
TUMAR GÖRDÜM . . . 212
ÝÜZ BOLAR . . . 213
BEHEM EDER . . . 216
BIBAT GÖRÜNER . . . 217
BAŞ ÜSTÜNDE . . . 219
ATY GEREK . . . 220
ATA MEŇZÄR . . . 221
AGLARYN . . . 222
ATÇA BOLMAZ . . . 223
KÖÝMÄN ÝIGIDE . . . 224
KÖŇÜL JOŞUNDADYR . . . 226
NÄLER GÖRÜNER . . . 227
NE IŞ GELER BAŞYMYZA . . . 228
KARARSYZ ÄRDEN . . . 229
IKI HELALAN . . . 230
IKI DÜNÝÄNIŇ SOLTANY . . . 231
ILI GÖZLÄR . . . 232
IÇEN ÝALYDYR . . . 233
HAÝRANDADYR-HAÝRANDA . . . 234
HÖWESIDIR . . . 235
GIDER . . . 236
ALAJAKDYR . . . 237
GÖRÜM GÖRÜLMEGEN ÝERDE . . . 239
GITMEZMIŞ . . . 240
ÄR ÝANYNDA BELLIDIR . . . 241
EÝLEDIŇ MENI . . . 242
EMIRE DÖNER . . . 243
DONLY GÖRNER . . . 244
DÖWLETI-MALY BOLMASA . . . 245
DAŞDA BELLIDIR . . . 246
DAG SAÝAR . . . 247
DAŇ ATMAZDAN BURUN . . . 248
ÝYKMAÝAN ÄRDEN . . . 250
ÝAR GEREKDIR . . . 251
ÝOLDAŞ BOLAN . . . 252
ÝOLDAŞYŇ GALAR . . . 253
TASA GARŞY . . . 254
ŞALAR GALMAZLAR . . . 255
SIL BILÄNI . . . 256
ÖÝLENGIN . . . 257
GÜLEN BARMY? . . . 259
DERT IŇŇILDÄR . . . 260
Nary bolmasa . . . 261
JAN EGLENMEZ . . . 262
YNSAN UGRAŞSA . . . 263

ÝAR OLMAGYL . . . 264
ÝÖR BILÄNI . . . 265
BAŞDAN, DOGRUSY . . . 267
BILÄNI . . . 269
BIR KÄRE DÖNDI . . . 271
ZAMANYDYR . . . 274
WEÝRAN EÝLEDI . . . 275
MERT BOLMAZ . . . 276
OWAZYM . . . 277
BELA BOLDY . . . 279
DUMAN GITMEZ . . . 280
GEÇIP BARAR . . . 281
OÝANMAZ . . . 283
JANA GELDIŇ . . . 284
ALAR BOLDUŇ . . . 285
AZ EÝLEDIŇ . . . 286
MERT BILÄNI . . . 287
PANY JAHANA DEGMEZ . . . 288
OZAN GELER . . . 289
SÖZ MANYSYN BILMEGINÇÄ . . . 290
AMAN-AMAN . . . 292
BOLMAK HAKDYR . . . 293
JEM BOLUP . . . 295
AÝYŇ ÝAGŞYSYN . . . 296
AT ÝANYNDA BELLIDIR . . . 297
JOŞY ÝANDYRAR . . . 298
JOŞ GELSE . . . 299
AR BILE . . . 300
ADAMZAT . . . 301
BIWEPALARDAN . . . 302
AÝ-GÜNÜŇIZ BATMAGA . . . 303
DÜÝŞÜNE DEGMEZ . . . 304
DUZ HEM BOLMASA . . . 305
DAŞ DÖKER . . . 306
DÖWRAN TAPYLMAZ . . . 307
DAŞY SYNDYRAR . . . 308
ÇAGDYR BU ÇAGLAR . . . 309
BIR-BIRINE BEZENIP . . . 310
BU IŞI . . . 311
BIR GÖRÜP GITSE DAŞYMDAN . . . 312
BERME PELEGE . . . 313
AÝRYLMA . . . 314
KÄR BILE . . . 315
KÖZ BILE . . . 316
KÖŇÜL ÝATMAZ HIÇ . . . 317
BAGLAR, HEÝ . . . 318
KEÇDIR, ÝARANLAR . . . 319
BATDY, ÝARANLAR . . . 321
GÖKDEN INMEZ, ÝARANLAR . . . 322
DERMAN, ÝARANLAR . . . 323
GAM BILE . . . 324
GUL BOLGUL . . . 325

GUMLY ÇYKYPDYR . . . 326
ELDE BARY BOLMASA . . . 327
GÜMAN GÖRÜNER . . . 328
GALANDAR BILE . . . 329
GÖZE MYHMANDYR . . . 330
GELEN-DE BARDYR . . . 331
GELMEZMI . . . 332
GARA REŇ BOLAR . . . 333
GEZEMEK BILEN . . . 334
GITDI BU RAÝA . . . 335
GAÇA BAŞLADY . . . 336
DÖKÜP BARADYR . . . 338
DAŞ GALDY . . . 339
DEPE NEDIR, DÜZ NEDIR . . . 340
DON BOLSA . . . 341
DELALAT ÝAGŞY . . . 342
DÖKE BAŞLADY . . . 343
DON TAPYLMASA . . . 344
ÖZÜŇDEN . . . 345
OTUR-TURUŞYN GÖRÜŇ . . . 346
NÄBILSIN . . . 348
NÄGE ÝATYP SEN . . . 349
MEÝDAN ÝOLUKSA . . . 350
MALA SERETMEZ . . . 351
MÄHRAP HAÝSY, BILMEDIM . . . 352
MAH-U SALLARA . . . 353
PEÝANY BOLMAZ . . . 354
MALYNA DEGMEZ . . . 356
LÄLE GETIRMIŞ . . . 357
KYL-U KAL BOLAR . . . 358
IŞ BOLMAZ . . . 359
IGLÄRLER . . . 360
IRNIP DURUPDYR . . . 361
HALYMA MENIŇ . . . 362
HIJRAN HAÝSY, BILMEDIM . . . 363
GALYP MEN . . . 364
GÖZLEMEÝIN BOLARMY . . . 365
ÜSSESI BOLMAZ . . . 366
UÇA BILMEN NEÝLÄÝIN . . . 367
GÖÇER SEN . . . 368
TAPMAS SEN . . . 369
BAKA-BAKA GIDER SEN . . . 370
BOLA-BOLA GIDER SEN . . . 371
BOLAR SEN . . . 372
JOŞA DÜŞÜP SEN . . . 373
ÝETER SEN . . . 374
PAŞ BOLMAR SEN . . . 375
ÄDEJEK SEN . . . 376
ŞASY GALANDAR . . . 377
ŞAL TAPSA . . . 378
ŞAÝLAMAÝYNMY? . . . 379
SATAŞDYM . . . 380

SALAR GUŞUN AŇLAMAZ.......... 381
SÖZI GEÇER JANYŇDAN.......... 382
SÖHBET ÝAGŞYDYR.......... 383
SIR GIDER.......... 384
SALY, DÜNÝÄ, HEÝ.......... 385
SIL GALMAZ.......... 387
PARA-PARADYR.......... 388
PYGAN EGLENMEZ.......... 389
PÄLI BENDÄNIŇ.......... 390
ÝETIŞSE.......... 391
NÄME SEN?.......... 393
ÇYKARDYM ÇENDEN.......... 394
MAL ÝAGŞY.......... 395
PAŞ EDER SENI.......... 396
ÝEKÄNIŇ.......... 397
ÝAÝLAHLARY BAR.......... 398
ÝAT BOLAR.......... 399
ÝARAŞMAZ.......... 400
ÝÜZ URSAŇ.......... 401
ÝAKANÇA BOLMAZ.......... 402
ÝELDIM TUT.......... 403
ÝAR EÝLÄR.......... 404
ÝETMEÝIN GALMAZ.......... 405
ÝEL BILE.......... 406
YHSAN HAÝSY, BILINMEZ.......... 407
YKBAL BOLMADY.......... 408
JANAN BOLARMY?.......... 409
ÝAT ÝAGŞY.......... 410
GYŞ GOÝAR.......... 411
BILI BOLMASA.......... 412
BILE MYHMANDYR.......... 414
BEGLER.......... 415
SÖÝMEK BILÄNI.......... 416
GARA DAŞDAN AÝRYLSA.......... 417
BAŞ ÝAGŞY.......... 419
DUŞMANYM PELEK.......... 420
SALDY DIÝDILER.......... 421
ÝAŞLAR IÇINDE.......... 423
KERWEN ÇYKAR.......... 424
ÝYL BILE.......... 425
TUTA BAŞLADY.......... 426
AMANA GELER.......... 427
TUTUP BARADYR.......... 429
DUMAN GÖTERLER.......... 430
GÖZDEN AKAN ÝAŞYMA.......... 431
SÜRDI-DE BARDY.......... 432
ZAR IÇINDE TELMURYP.......... 433
MALLAR DARGADY.......... 434
ÝOLLARA SARY.......... 435
MÄREKÄ BARMAZ.......... 436
GÖRER GÖZÜŇ – ILIŇI.......... 437
NEÝLESIN.......... 438

PÄL GALMAZ . . . 439
HANY GEREKDIR . . . 440
GÖZEL ÝARYM GÖRÜNMEZ . . . 441
ÖL INDI . . . 442
KÖP BOLSA . . . 443
DERT NEDIR . . . 444
GAM ÖÝÜNDE GALYP MEN . . . 445
GALSA NEÝLESIN . . . 446
ÝOLUN AŇLAMAZ . . . 447
GALDY, NEÝLÄÝIN . . . 448
ÝARYŇ ÝAGŞYSYN . . . 449
SEN DEK NAMARDY . . . 450
SOWRUP GIDIPDIR . . . 451
ELIP KADDYŇ DAL OLAR . . . 452
IL GEÇER . . . 453
MERT KYLDYŇ . . . 454
GALMAZ-A . . . 455
ŞALYK BILE . . . 456
GALMAGALY NEÝLEREM . . . 457
DÖNDI DÖWÜR ÝAMANA . . . 458
ÖLMESDEN BURUN . . . 459
SÜLEÝMAN NEÝLESIN . . . 460
BILMEZMIŇ . . . 461
KÖŇLÜM . . . 463
DUMAN PEÝDA . . . 464
NAZAR EÝLE . . . 466
SEDA BOLDUM . . . 468
ÇILIMKEŞ . . . 470
BIRNIÇE MYSAL . . . 471
BOLDUM GIRÝANA . . . 473
UÇDUM, ÝARANLAR . . . 475
OÝAN DIÝDILER . . . 476
DIWANA GELDI . . . 477
BIR NAN GETIRDI . . . 478
KÜLAHLY GELDI . . . 479
EÝÝAMY GÖRDÜM . . . 480
ÝAR ÇEKER . . . 481
LEWADA BELLI . . . 483
USSADA BELLI . . . 484
ZOR BOLAR . . . 486
SEÝRAN IÇINDE . . . 488
ATLY, ÝARANLAR . . . 489
ARAP TILLI, SÖWDÜGIM . . . 492
ÖTGÜL, PYRAGY . . . 493
MAGTYMGULY PYRAGY . . . 496
Sözlük . . . 509